TOM  BINGEM

# Hukugyň Hökmürowanlygy

Copyright © Tom Bingham, 2010
Ähli hukuklar goralan.
Ýazyjynyň şahsy emläk däl hukuklary goralyp saklanylýar.

Bu kitabyň türkmen diline terjimesi ÝHHG-nyň Aşgabatdaky Merkezi tarapyndan “Kazyýet ulgamynyň we kanunyň hökmürowanlygynyň garaşsyzlygy pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek” atly býujetden daşary gorlardan maliýeleşdirilýän taslamasynyň çäklerinde, Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň maliýe goldawy bilen ýerine ýetirildi.

Şu kitaby türkmen diline terjime etmek we elektron görnüşde Türkmenistanyň hukuk jemgyýetçiliginiň agzalarynyň arasynda ýaýratmak boýunça aýratyn bolmadyk ygtyýar ÝHHG-nyň Aşgabatdaky Merkezine United Agents LLP (12 - 26 Lexington köçesi, London, W1F OLE, +44 (0)20 3214 0800, www.unitedagents.co.uk) tarapyndan, kitabyň awtorlyk hukugynyň eýesi bolan Kornhilliň Lordy Binghemiň Emlägi guramasynyň adyndan berildi.

Şu kitapdaky beýan edilen awtoryň pikir-garaýyşlary ÝHHG-nyň Aşgabatdaky Merkeziniň ýa-da Beýik Britaniýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasynyň pikir-garaýyşlaryny şöhlelendirmeýär.

British Embassy
Ashgabat

Organization for Security and
Co-operation in Europe
**Centre in Ashgabat**

*Mazmuny*

*Sözbaşy*

I-nji BÖLÜM

1. Hukugyň hökmürowanlygynyň möhümligi
2. Käbir taryhy maglumatlar

II-nji BÖLÜM

3. Kanunyň elýeterliligi
4. Kanun – bu şahsy garaýyş däldir
5. Kanunyň öňündäki deňlik
6. Häkimiýetiň amala aşyrylmagy
7. Adam hukuklary
8. Dawalary çözmek
9. Kazyýet işine adalatly seredilmegi
10. Halkara kanunçylygynda hukugyň hökmürowanlygy

III-nji BÖLÜM

11. Terrorçylyk we hukugyň hökmürowanlygy
12. Hukugyň hökmürowanlygy we parlamentiň özygtyýarlygy

*Epilog*

*Elizabetiň şanyna*

*Sözbaşy*

2006-njy ýylda menden Kembrij uniwersitetinde ser Deýwid Wilýamsyň şanyna altynjy leksiýany okamagymy haýyş etdiler. Bu leksiýa (biziň bagtymyza ýatlamak üçin däl-de) çüňňür hormatlanýan alym ýuristiň, lideriň we şol uniwersitetiň kollejiniň ýolbaşçysynyň hormatyna ýola goýlan her ýyl geçirilýän leksiýady. Leksiýany gurnaýjylar maňa leksiýanyň temasyny özümiň saýlamagymy teklip etdiler. Bular ýaly teklip men ýaly döredijilik oýlanmalaryna baý bolmadyk adamlar üçin hemişe kynçylyk döredýär. Biz mekdepde we uniwersitetde her hepdede ýazmaly düzmämiziň temasyny bermeklerine öwrenişipdiris, hukuk tejribesinde hem ýagdaý şoňa meňzeşdi, ýagny: hak isleýjiler belli bir mesele bilen gelýärdiler we oňa jogap tapmak isleýärdiler, ýa-da kazynyň öňünde çözülmegini isleýän (kä halatlarda bolsa çözülmegini islemeýän) meseleleri bilen ýüz tutýardylar. Hiç mahal hem temany saýlamak erkinligi bolmandy.

Meň öz temam hökmünde «Hukugyň hökmürowanlygy» temasyny saýlap aldym. Meniň bu tema ýüzlenmegimiň sebäbi bu adalga elmydama hemmeleriň dilindedi, onuň doly manysyna düşünýändigime meniň hem ynamym ýokdy, şeýle hem bu adalgany ulanýanlaryň nämäni göz öňünde tutýandyklary barada gaty ynamym ýokdy. Her niçik hem bolsa, bu tema barada biraz oýlanmak peýdaly bolar diýip pikir etdim, üstesine-de, bu adalga golaýda, ilkinji gezek Britaniýanyň parlamentiniň namasynda ulanylyp  “hereket edýän konstitusion ýörelge” hökmünde beýan edildi.

Iri göwrümli gazetleriň hukuk meseleleri boýunça habarçylary bu leksiýa (diňe bir uly bolmadyk bendinden başgasyna) ähmiýet bermediler, belki-de belli sebäplere görä oňa “belli (tanyş) mesele” hökmünde garandyrlar, şeýle-de oňa hukuk meseleleri boýunça habarçylaryň isleglerini tutaşdyrmaga kömek edip biläýjek hökümet tarapyndan açyk tankyt ýetmezçilik edýärdi.  Muňa garamazdan Martin Kettl 2006-njy ýylyň 25-nji noýabrynda «The Guardian»  gazetinde bu temanyň ähmiýeti barada oýlanyp: “Bize hukugyň hökmürowanlygyna gowy düşünýän liderler gerek” diýip ýazypdy. (Edil şol gün gazetde “Bu kazy Beýik Britaniýada iň rewolýusion adammy?” atly sowal görnüşinde makala peýda boldy, olar meni bir-iki ýyl mundan ozal “Täze Iňlis rewolýusiýasyna ýolbasçylyk edýän radikal” hökmünde suratlandyrypdyrlar. Bu meniň öňki halypam, görnükli taryhçy Kristofer Hillini geň galdyrardy. Emma esasy sowal jogapsyz galypdy, men bolsa bu kitaba rewolýusion iş meýilnamasy hökmünde garaýanlaryň tamalarynyň boşa çykjakdygy barada duýdurmagy özüme borç hasaplaýaryn. Şondan bäri bu tema bolan gyzyklanmam, meniň pikirimçe, has hem ösdi. Munuň beýle bolmagyna hukugyň hökmürowanlygynyň, adam hukuklarynyň we

raýat azatlyklarynyň bir tarapdan, beýleki bir tarapdan bolsa terrorçylyk hüjümlerinden howpsuzlygyň arasyndaky arabaglanyşyk babatda ynjalyksyzlyklarymyň güýjemegi sebäp bolupdy. Bu tema bir leksiýanyň çäginde däl-de, eýsem has giňişleýin derejede garalmaga mynasypdyr. Emma bu kitapda men esasan şol we beýleki leksiýalarymda aýdan zatlaryma esaslandym.

Bu kitap, öňki kazy tarapyndan ýazylandygyna garamazdan, hukukçylara niýetlenen däldir. Ol hukuk kitaby bolmaga dalaş etmeýär. Bu kitap hukugyň hökmürowanlygyna salgylanmalar barada eşiden, ony erbet zat däl-de, gaýta gowy zat hökmünde kabul edýän, ony ähmiýetli hasaplaýan, emma onuň doly manysyna düşünmeýän we düşünmek isleýän okyjylar üçin niýetlenendir.

Men kitabyň 1-nji bölüminiň 1-nji babyny gysgaça umumy girişden başlap, şu günki günde Britaniýada we beýleki liberal demokratiýalarda hukugyň hökmürowanlygynyň biz üçin näme aňladýandygy we onuň näme sebäpden ähmiýetlidigi barada gürrüň edýärin. 2-nji bapda biziň häzirki hukuk hökmürowanlygy konsepsiýasymyzyň ugrunda bolup geçen käbir taryhy wakalar barada agzalyp geçilýär. Taryhy wakalary men örän seresaply we diňe Angliýa bilen bagly bolanlary saýladym. Belki-de, menden has sowatlylar başga taryhy wakalary saýlap has giňişleýin maglumatlar bilen üpjün edip bilerdiler. Emma men öz saýlan ugrumdan sowulmak meýlim ýok, meniň saýlan käbir mysallarym özboluşly görünmegi hem mümkin, sebäbi bu ugurda Britaniýalylaryň taryhy bar, we olar oňa sözüň doly manysynda guwanyp bilerler, üstesine-de, men ol taryhy wakalar barada ýeterlikli derejede gowy bilinýändir diýip pikir etmeýärin.

Wagty çäkli, üns berme çägi gysga bolan ýa-da awtobusly gitjek ýoly ýakyn aralykda bolan okyjylar 2-nji baby sypdyryp, göni 3-nji baba geçmek islegleri bolup biler, emma men olar beýle etmezler diýip umyt edýärin, sebäbi onda biziň häzirki ýagdaýa nädip düşendigimiz barada beýan edilýär (näme diýseň hem taryh gyzykly zat). 3-10-njy baplary öz içine alýan 2-nji bölüm kitabyň özenidir, bu bölümlerde men hukugyň hökmürowanlygynyň umumy kesgitlemesini düzüm bölümlerine bölmäge çalyşýaryn. Kitabyň 3-nji bölümi iki sany umumy temalary öz içine alýar. 11-nji bapda men terrorizmiň hukugyň hökmürowanlygyna edýän täsiriniň üstünde durup geçýärin: 2005-nji ýylyň 5-nji awgustynda Toni Bleriň aýdyşy ýaly oýnuň düzgünleri üýtgeýärmi? 12-nji bapda men parlamentiň hökmürowanlygynyň we hukugyň hökmürowanlygynyň özara baglanyşygyny ara alyp maslahatlaşýaryn: kyn mesele, sebäbi adatça parlamentiň hökmürowanlygy we hukugyň hökmürowanlygy Beýik Britaniýada biziň konstitusiýamyzyň özeninde ýatan iki sany düýpli ýörelgeler hasaplanylýar, emma olar doly sazlaşýan tarapdarlar bolman bilerler.

Men bu temanyň ara alnyp maslahatlaşylmagyna alymlar ýa-da kazylar hökmünde gatnaşan taraplaryň ählisine, şeýle hem köp sanly işlere gatnaşyp, hukugyň hökmürowanlygyna esaslanyp, ony düşündirmäge we goldamaga synanyşan hukuk maslahatçylaryna çäksiz minnetdarlygymy bildirýärin. Mundan başga-da, 2005-nji we 2008-nji ýyllar aralygynda meniň kazyýetde kömekçilerim bolup, materiallary gözläp tapmakda

işleriň aglabasyny bitiren Riçard Moulza, Metýu Sleýtere we Nikolas Gibsona, şeýle-hem meni köp ýyllaryň dowamynda ýalňyşlyklardan gorap saklan Diana Proktere çäksiz minnetdarlygymy bildirýärin. Elbetde bularyň hiç birisi hem meniň pikirlerime jogapkär däldir, beýle diýsem olar meniň bilen ylalalaşman hem bilerler. Şu kitabyň golýazmasyny, Uaý deryasynyň ýokarsyndaky gözel mekanynda, çap eden we täzeden çapdan çykaran Keýt Simmondsa aýratyn minnetdarlygymy bildirýärin. Galybersede, United Agents-den Kerolaýn Douneýe onuň ýardamy we goldawy üçin, şeýle-de şu kitabyň döredilmegini maslahat beren we köp sanly peýdaly teklipleri beren Penguin Books neşirýatyndan Stýuwart Proffite çäksiz minnetdarlygymy bildirýärin.

Ahyrynda, men sizden iki zat üçin ötünç soramaly. Birinjiden, çylşyrymly "ol" (oglan üçin) ýa-da "ol" (gyz üçin)" we "onuň (oglan üçin) ýa-da onuň (gyz üçin)", şeýle-de birlik sanda ulanylanda "olar" çalyşmalaryny ulanmazlyk maksady bilen, men esasan "ol (oglan üçin)" ýa-da "onuň (oglan üçin)" çalyşmalaryny ulandym. Men muňa şowinistik däl, gender nukdaýnazaryndan bitarap manyda düşüniler diýip umyt edýärin. Ikinjiden, meniň çykgytdaky eden salgylanmalarym özümiň gatnaşan işlerime degişlidir. Olar maňa has tanyş işler. Men bilmedim – belki - hut şu sebäpli Elizabet Şwarskopf *Desert Island Discs (Ýaşalmaýan adanyň diskleri)* programmada çykyş edende ýekelik wagtyny diňe öz aýratyn saýlanan ýazgylary bilen geçirmegi saýlap özüne teselli tapýandygy barada aýdýar.

I-nji BÖLÜM

# 1

# Hukugyň hökmürowanlygynyň möhümligi

"Hukugyň hökmürowanlygy" aňlatmasy Oksford uniwersitetiniň iňlis kanuny boýunça Winer professory, professor A.W.Daýsi tarapyndan oýlanyp tapyldy, ol 1885-nji ýylda çap edilen *"Konstitusion hukugy öwrenişe giriş"* atly kitabynda ony teswirläp geçýär (A.V. Dicey, Introduction to the Study of the Law of the Constitution). Kitap uly täsir galdyrýar we ol aradan çykýança we hatda aradan çykandan soň hem birnäçe gezek neşir edilýär. Ýöne şunda adalatly bellenilişi ýaly, ol aňlatmany oýlap tapan hem bolsa, bu aňlatmanyň esasynda ýatan taglymy öňe sürüp bilmändir. Awtorlaryň biri[1] bu taglymy Aristoteliň döwrüne çenli derňäpdir, häzirki zaman iňlis dilindäki terjimesine[2] görä, Aristotel hukugyň hökmürowanlygyna salgylanýar, ýöne terjime edilen parçanyň sözme-söz terjimesinde şeýle diýilýär: «(Ýurdy) raýatlaryň biri däl-de, hukuk dolandyrsa oňat bolar», we pikirini dowam edip: «Şonuň üçin kanunlaryň goragçylary hem kanunlara boýun egýärler» diýip belleýär. Başga bir awtoryň[3] bellemegine görä, 1866-njy ýylda (soňra Lordlar palatasynyň arz-şikaýatlara garamak boýunça birinji agzasy ýa-da Kazy-lord wezipesine bellenen) jenap Jastis Bläkbörn şeýle diýýär: "Adamy öz hususy işi boýunça kazyçylyk etmäge mejbur etmek - bu diňe bir biziň ýurdumyzda däl, eýsem ähli beýleki ýurtlarda hem hukugyň hökmürowanlygyna ters gelýär".[4] Şol awtoryň[5] bellemegine görä, "Kanunyň hökmürowanlygy" diýen aňlatmasy 1867-nji ýylda abzasyň sözbaşysy hökmünde ulanylypdyr. Şonuň üçin Daýsi bu babatda düýbünden täze zat oýlap tapmandyr. Ýöne onuň kitabynyň ägirt uly täsiri, adatça, hukugyň hökmürowanlygy bilen bagly bolan taglymlaryň ozal görlüp-eşidilmedik ýaýrawa eýe bolandygyny aňladypdyr.

---

[1] Brian Z. Tamanaha, *On the Rule of Law* (Cambridge University Press, 2004), sah. 8–9.

[2] *Aristotle's Politics and Athenian Constitution*, neşir edilen we terjime. John Warrington (J. M. Dent, 1959), kitap III, s. 1287, s. 97.

[3] J. W. F. Allison, *The English Historical Constitution* (Cambridge University Press, 2007), sah. 130, n. 11, sah. 154,sah. 157, n. 2.

[4] *'The Mersey Docks and Harbour Board' Trustees: William Gibbs and Others* (1866) LR 1 HL 93, 110.

[5] Allison, *Angliýanyň taryhy konstitusiýasy*, sah. 130, n. 11, salgylanma W. E. Hearn, *Angliýanyň hökümeti: Onuň gurluşy we ösüşi* (Longmans, Green, 1867), bap. 3, para. 7.

Daýsi hukugyň hökmürowanlygynyň üç manysyny seljeripdir. Onuň belleýşi ýaly, "biz, ilkinji nobatda, ýurduň adaty kazyýetlerinde adaty ýuridik usul bilen anyklanan kanunyň görnetin bozulan ýagdaýlaryndan başga ýagdaýlarda hiç bir adama temmi berlip bilinmeýändigini ýa-da oňa kanuny esaslarda beden ýa-da maddy ejirler çekdirilip bilinmeýändigini göz öňünde tutýarys".[6] Daýsiniň pikiri düşnüklidi. Eger-de kimdir birine - size ýa-da maňa – garşy jeza çäresi bellenilmeli bolsa, bu haýsydyr bir ugur tapyjy ministr ýa-da wezipeli adam tarapyndan sizi ýazgarmak üçin toslanyp tapylan düzgüniň bozulmagy üçin bolmaly däldir.

Jeza çäresi ýurduň hereket edýän kanunçylygynyň subut edilen bozulmalary üçin bellenilmelidir. Şeýle-de bu kazyýetlerden garaşylýan garaşsyzlygyň we bitaraplygyň ýoklugy zerarly hökümetiň tabşyryklaryny ýerine ýetirmek üçin saýlanyp alnan agzalardan düzülen tribunal tarapyndan däl-de, ýurduň adaty kazyýetleri tarapyndan anyklanan düzgün bozma bolmaly.

Daýsi öz ikinji pikirini şeýle beýan edipdir: "ikinjiden, haçan-da biz ýurdumyza mahsus häsiýetnama hökmünde "kanunyň hökmürowanlygy" hakynda gürrüň edenimizde biz diňe bir bizde kanundan ýokary hiç kimiň ýoklugyny däl-de, eýsem bu ýerde her bir adamyň öz eýeleýän derejesine ýa-da ýagdaýyna garamazdan, patyşalygyň adaty kanunynyň täsirine we adaty tribunallaryň ýurisdiksiýasynyň astyna düşýändigini göz öňünde tutýarys”.[7] Şeýlelikde, hiç kim kanundan ýokary bolup bilmez hem-de her kim şol kazyýetlerde ulanylýan kanunlara tabyn bolmalydyr. Olaryň birinjisi doktor Tomas Fulleriň (1654–1734-nji ýyllar) 1733-nji ýylda aýdan jümlesi: "Sen näçe beýik bolsaň hem Kanun senden beýikdir".[8] Beýle diýmek, eger siz Londonyň haýwanat bagyndaky pingwine ýaramaz çemeleşýän bolsaňyz, Siz Kenterberiýa arhiýepiskopy bolsaňyz hem aýyplanmakdan gaça durup bilmeýändigiňizi; eger-de siz sylaglary pula satýan bolsaňyz, siziň premýer-ministrdigiňiz hem sizi halas edip bilmejekdigini aňladýar. Ýöne ikinji pikir hem örän möhüm. Diňe arhiýepiskoplara we premýer-ministrlere degişli bolan ýörite kanun ýa-da kazyýet ýok: olar babatda hem galan hemmeler üçin ulanylyşy ýaly şol bir kazyýetde şol bir kanun ulanylýar.

Daýsi öz üçünji pikirini şeýle beýan edipdir:

"hukugyň hökmürowanlygynyň" ýene bir üçünji we başga manysy bar, onda "hukugyň hökmürowanlygy" ýa-da kanunylyk ýagdaýynyň agdyklyk etmegi Angliýanyň institutlarynyň aýratyn alamaty hökmünde beýan edilip bilner. Biz Konstitusiýada "hukugyň hökmürowanlygy" pikiriniň eriş-argaç bolup geçýändigini aýdyp bileris, şunda biz konstitusiýanyň umumy ýörelgeleriniň biz üçin kazyýetiň öňünde goýlan aýry-aýry ýagdaýlarda (meselem şahsy taraplaryň hukuklaryny ýa-da açyk mejlisiň hukuklaryny) kesgitleýän kazyýet çözgütleriniň

---

[6] A. V. Dicey, *An Introduction to the Study of the Law of the Constitution* (1885; 9-njy neşir., Macmillan, 1945), sah. 188.

[7] Ibid., p. 193.

[8] Lord Denning, Golýazmaly kagyzlaryň eýesi, muny *Gouriet v Union of Post Office Workers* sitata görnüşinde berýär [1977] QB 729, 762, haçanda ol şol wagtyň baş prokurorynyň çäkden geçen diýip pikir edende – ýalňyşlyk bilen, Lordlar palatasynyň soňra karar edişi ýaly: [1978] AC 435. Ol Dr. Fulleriň: *Gnomologiýa: Adagiýalar we göçme manyly aňlatmalaryna* salgylanana meňzeýär  (1733), munda sitata berilen sözlem 943 san bilen belgilendi.

netijesi bolup durýandygyna esaslanýarys; şol bir wagtyň özünde daşary ýurt döwletleriniň konstitusiýalarynyň aglabasynda aýry-aýry şahslaryň hukuklaryna berilýän howpsuzlyk (doly manysynda) konstitusiýanyň umumy ýörelgeleriniň netijesi bolup durýar, ýa-da görnüşi ýaly olardan gelip çykýar.[9]

Daýsiniň daşary ýurt döwletleriniň konstitusiýalaryna äsgermezlik bilen salgylanmasynyň tarapdarlary häzirki wagtda örän az bolardy. Ýöne ol öz döwrüniň adamydy we Tennison ýaly dabaralandyrmak isläpdir,

> Berk häkimiýetiň ýurdy,
> Adalatly we gadymy şöhradyň ýurdy,
> Bu ýerde azatlyk kem-kemden giňelýär
> Karardan karara.
>
> ("Siz menden näme üçin diýip sorasaňyz....")

Şeýlelikde, ol ýörelgäniň beýik jarnamalaryna ynanmandyr (we, meniň pikirimçe, onuň 1998-nji ýylda kabul edilen[10] Adam hukuklary hakyndaky kanuna örän özboluşly garaýyşlary bolardy), hem-de umumy hukuk boýunça kararlary kabul etmekligi kazyýet işinden kazyýet işine, haýallyk bilen, kem-kemden kabul etmegiň prosesine daýanmak isläpdir.

Daýsiniň taglymlary uzak wagtyň dowamynda kazylaryň pikirlenişine täsir edipdir[11] we häzir hem täsir edýän bolmagy mümkin, ýöne wagtyň geçmegi bilen olar alymlaryň güýçli tankydyna sezewar bolupdyr. Onuň daşary ýurtlar babatda getirýän deňeşdirmeleriniň ýalňyşlyga, galp düşünjelere getirýändigi we öz işlerini ýazan döwründe hökümetden zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap edýän britan raýatynyň duçar bolan meselelerini örän kiçeldip görkezendigi anyklanyldy.[12] Bu babatda ara alyp maslahatlaşmalar giňeldigiçe, hukugyň hökmürowanlygynyň dürli konsepsiýalary öňe sürüldi, we tä şu aňlatmanyň möhümdigi hakynda teswirçiler şübhelenip başlaýança dowam etdi. Şol sebäpli, professor Raz hukugyň hökmürowanlygy düşünjesini islendik syýasy ulgamyň oňyn jähtlerini gysgaça beýan etmek üçin ulanmak maksady barada pikirini aýtdy.[13] Professor Finnis hukugyň hökmürowanlygyny "adatça, hukuk ulgamynyň ýuridik taýdan oňat görnüşde bolýan işleriň ýagdaýyna berilýän at" hökmünde suratlandyrýar.[14]

Professor Judis Şklaryň bellemegine görä, bu aňlatma belki-de ideologik nukdaýnazardan hyýanatly ulanylmagy we çendenaşa köp ulanylmagy sebäpli manysyny ýitirendir: “Belki-de ol anglo-amerikan syýasatçylarynyň köpçülige ýüzlenip aýdýan sözlerini bezeýän ýene bir özüni dabaralandyryjy, çeper sözleýiş tärleriniň birine öwrülen bolmagy

---

[9] Dicey, Introduction, sah. 195.
[10] Meň ‘Dicey Revisited’ kitabynda teklip edişim ýaly [2002] *PL* 39, 46–8.
[11] Olar lord Hewartyň 1929-njy ýylda baş kazy hökmünde ýazan işinde şöhlelendirildi: *Täze Despotizm* (Ernest Benn). Hewart ministrlere we býurokratlara düşündirip bolmaýan güýç berlen diýip ynanýardy, bu bolsa Daýsiň pikirine gabat gelmeýär.
[12] Bingham, ‘Dicey Revisited’, sah. 51.
[13] Joseph Raz, ‘The Rule of Law and its Virtue’, in Raz, *The Authority of Law: Essays on Law and Morality* (Oxford University Press, 1979), sah. 210.
[14] John Finnis, *Natural Law and Natural Rights* (Oxford University Press, 1980), sah. 270.

ähtimal. Şol sebäpden dolandyryjy klasyň boş sözleriniň bu nusgajygyna akyl ýetirjek bolup tagalla etmek gerek bolup durmaýar".[15] 2003-nji ýylda Tomas Karoters şeýle belleýär "hukugyň hökmürowanlygynyň düýp esasy babatynda hem kesgitsizlik bar".[16] Buş bilen Goryň[17] arasyndaky dawaly işe garalanda kimiň 2000-nji ýyldaky prezident saýlawynda ýeňendigi barada karar kabul edilipdi we taraplaryň ikiside hukugyň hökmürowanlygyna salgylanypdylar; bu iş boýunça ABŞ-nyň Ýokary kazyýetiniň çözgüdi barada pikirini aýdanda Profesor Jeremi Woldron: "şol jadyly sözler aýdylanda hamala "Ura! Bizi goldaň" diýýän ýaly umumy pikir döretdi"- diýip aýdýar.[18] Profesor Braýan Tamanaha hukugyň hökmürowanlygyny "oňa akyl ýetirmekde köp gapma-garşylyklylygy" ýüze çykarýan "örän inçe düşünje" hökmünde hem-de onuň rehimlik diýen düşünjä meňzeşligini beýan edýär, ýagny "hemmeler onuň tarapdary, emma onuň nämedigi barada gapma-garşy pikirli"[19] diýip agzaýar.

Şu pikirlere ser salynsa hukugyň hökmürowanlygynyň manysynyň çendenaşa düşnüksiz we subýektiw aňlatmadygyny kabul etmek we onuň şeýleligi bilen razylaşmak örän özüne çekiji bolup durýar. Emma üç zat bu düşünjä garşy gelýär. Onuň birinjisi, kazylar örän köp sanly işler boýunça özleriniň kararlaryny çykaranlarynda hukugyň hökmürowanlygyna salgylandylar.[20] Şeýlelikde, garalýan işleriň birinde içeri işler ministrniň bir ýaş ganhoryň jeza möhletini ep-esli köpeldenligi barada gürrüň edilende, lord Steýn Lordlar palatasynda oturyp şeýle diýipdir: "Eger başga kesgitli bir şert ýok bolsa, parlament hukugyň hökmürowanlygyna garşy gelýän kanunlary çykarmaga synanyşmaly däldir. We hukugyň hökmürowanlygy hem maddy hem-de proseduralaýyn adalatlylygyň minimal standartlarynyň berjaý edilmegini üpjün edýär".[21] Şäherleriň we obalaryň gurluşyk meýilnamasy bilen bagly meseleleri boýunça kabul edilen çözgütlere garşy ýüz tutmalara degişli düýpgöter başga bir işde, lord Hoffman, Lordlar palatasynda geçirilen mejlisde şeýle diýipdir: "Şeýle-de bolsa, demokratik jemgyýetde bolmaly ýene bir degişli ýörelge bar. Ol hem hukugyň hökmürowanlygydyr."[22] Bu edaranyň we şoňa meňzeş köp sanly beýleki edaralaryň beýannamalary manysyz sözler hökmünde ret edilip bilinmez.

Ikinji garşylyk pikir bolsa häzirki döwürde hukugyň hökmürowanlygyna salgylanmalaryň ýokary derejeli halkara gurallarda suratlandyrylýandygyndan ybarat bolup durýar. Şeýlelikde, 1948-nji ýylyň Adam hukuklary baradaky ähliumumy jarnamasynyň

---

[15] Judith Shklar, 'Political Theory and the Rule of Law', in A. Hutchinson and P. Monahan (eds.), *The Rule of Law: Ideal or Ideology* (Carswell, Toronto, 1987), sah. 1.
[16] Thomas Carothers, 'Promoting the Rule of Law Abroad', Carnegie Endowment for International Peace, Rule of Law Series, No. 34 (January 2003), sah. 3.
[17] 531 US 98 (2000).
[18] Jeremy Waldron, 'Is the Rule of Law an Essentially Contested Concept (in Florida)?', in R. Bellamy (ed.), *The Rule of Law and Separation of Powers* (Ashgate, 2005), sah. 119.
[19] Tamanaha, *On the Rule of Law*, sah. 3.
[20] Golaýdaky mysallar üçin seret *R v Horseferry Road Magistrates' Court, ex p. Bennett* [1994] 1 AC 42, 62, 64, 67, 75, 76, 77; *A v Secretary of State for the Home Department* [2005] 2 AC 68, [2004] UKHL 56, paras. 2,74.
[21] *R v Secretary of State for the Home Department, ex p. Pierson* [1998] AC 539, 591.
[22] *R (Alconbury Developments Ltd. and Others) v Secretary of State for the Environment, Transport and the Regions* [2001] UKHL 23, [2003] 2 AC 295, [2001] UKHL 23, para. 73.

girişinde, ýorelgäniň hanym Eleonora Ruzweltiň ady bilen bagly bolan uruşdan soňky beýik beýannamasy, bu ýagdaý şeýle häsiýetlendirilýär: “adamyň zalymlyga we zuluma garşy soňky netije hökmünde aýaga galmaga mejbur bolmazlygy üçin adam hukuklaryny kanunyň hökmürowanlygy bilen goramak wajypdyr”. Beýik Britaniýanyň ilkinjileriň hatarynda bolup gol çeken 1950-nji ýylyň Adam hukuklary baradaky Ýewropa konwensiýasy Ýewropa ýurtlarynyň hökümetlerini “syýasy däpleriň, ideallarynyň, azatlygyň we kanunyň hökmürowanlygynyň umumy mirasy...”, diýip atlandyrýar. Beýik Britaniýanyň agzalyk edýän Ýewropa Bileleşigi baradaky Jemleýji wersiýasynyň 6-njy maddasynda şeýle diýilýär: “Bileleşik azatlyga, demokratiýa, adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormat goýmak we kanunyň hökmürowanlygy ýörelgelerine esaslandyrylandyr, bu ýörelgeler bileleşigiň agza-döwletleri üçin umumy ýörelgelerdir”. Şeýlelikde, hukugyň hökmürowanlygynyň örän wajyp ähmiýetli konsepsiýa bolup durýanlygy barada berk halkara ylalaşygy bar. Günorta Afrikanyň 1996-njy ýyldaky Konstitusiýasynyň 1-nji bendinde Respublikanyň esaslandyrylan gymmatlyklary bolan, “Konstitusiýanyň hökmürowanlygy we hukugyň hökmürowanlygy” sanalyp geçilýär. “Hukugyň hökmürowanlygy” iňlis aňlatmasy bolup, ol Beýik Britaniýada hem-de kanunlaryna Britaniýanyň kanunçylygynyň täsiri ýeten Irlandiýa, ABŞ, Kanada, Awstraliýa we Täze Zelandiýa ýaly ýurtlarda hem giňden ýaýrandyr, emma muňa garamazdan bu aňlatma Germaniýanyaň, Fransiýanyň, Italiýanyň, Niderlandlaryň we Ispaniýanyň ýurisprudensiýasynyň kanunçylygyna täsir eden ýurtlarynda hem ähmiýeti uludyr. Mysal üçin, Germaniýada *"Rehtstaata"* (“hukuk döwleti”), Fransiýada bolsa *“Etat de droite”* salgylanylýar, olar bolsa sözme-söz terjimede “hukuk döwletini” aňladýarlar.

Üçünji garşylyk pikiri ol hem häzirki döwürde hukugyň hökmürowanlygyna Britan statutynda edilen salgylanma bilen bagly. 2005-nji ýylyň Konstitusion özgertmesi baradaky aktynyň 1-nji Bölüminde bu aktyň, ýagny a) “hukugyň hökmürowanlygynyň hereket edýän konstitusion ýorelgesine” ýa-da b) “bu ýörelgä degişlilikde hereket edýän Lord-kansleriň konstitusion ornuna” ýaramaz täsirini ýetirmeýändigi barada aýdylýar. Aktyň 17(1) maddasyna laýyklykda, lord-kansler wezipä girişende kanunyň hökmürowanlygyna hormat goýjakdygyna we kazylaryň garaşsyzlygyny gorajakdygyna kasam etmelidir. Şeýlelikde, kazyýetler Parlamentiň namalaryna bilkastlaýyn (we kanunçylyk prosesiniň giçki tapgyrynda) girizilen düzgünnamalary manysyz diýip ret edip bilmeýärler, hatda olar ýokarda aýdylyp geçilen käbir has ötgür garaýyşlara duýgudaşlyk bildirýän bolsalar-da, çünki käbirleri (meniň pikirimçe) şeýle edýändirler.

Kanunçylyk taslamalaryny düzýänleriň iş tejribesi, adatça kazyýetler tarapyndan doly düşünmezlik ýa-da nädogry düşündirmek bilen bagly bolup biläýjek islendik mümkinçiligini aradan aýyrmak üçin, hemişe ulanýan adalgalarynyň näme aňladýandygyny anyk kesgitlemekden ybaratdyr. Käwagt olar bu ýagdaýy ýokary derejeli manysyzlyga çenli ýetirýärler. Meniň gowy görýän mysalym, 1979-njy ýylyň Banklar baradaky Kanunynyň (Angliýa we Uels) şikaýat (apelýasiýa) bilen ýüz tutmak tertibi baradaky Düzgünnamasynda getirilýär, onda: “Bu düzgünnamalardaky bar bolan islendik kadalara salgylanma bu

düzgünnamalarda bar bolan kadalara salgylanma bolup durýar" diýip aýdylýar. Bu ýerde hiç hili şübhe bolup bilmez. Şeýlelikde, Konstitusion özgertmesi baradaky kanunda kanunyň hökmürowanlygy ýaly wajyp düşünjäniň kesgitlemesiniň bolmagyny tama edip bolardy. Emma ýagdaý beýle däl. Kanunyň taslamalaryny düzüjiler Daýsiniň kesgitlemesiniň umumy kabul edilen, kemçilikleri ýok we has-da kämilleşdirilmegi hem talap etmeýän diýip pikir edendikleri üçin kesgitlemäni gözden sypdyrdylarmyka? Elbetde bu beýle däldir: kanunyň taslamalaryny düzüjiler örän tejribeli we başarjaň hukukçylar, olaryň halypalary bolsa Daýsiniň seljermesiniň käbir aýratynlyklaryna müňkür garap bilerdiler. Meniň pikirimçe, olar statuta girizmek üçin laýyk gelýän doly manyly kesgitlemäni işläp düzmegiň örän çylşyrymlydygyny boýun alan bolmaklary ähtimal. Olar kesgitlemäni aýryp kazylara çözgüdi kabul edenlerinde bu adalganyň näme aňladýandygyny özlerine kesgitlemäge ygtyýar berilse has gowy bolar diýip pikir eden bolmaklary mümkin. Şeýlelikde, kesgitleme umumy manylarda däl-de, anyk wakalara (işlere) salgylanmak arkaly oýlanylyp tapylyp bilner, we konsepsiýa wagtyň geçmegi bilen täze garaýyşlara we ýagdaýlara jogap bolup kämilleşip biler.

Hereket edýän hukugyň hökmürowanlygynyň konstitusion ýörelgesi statuta ýazylandan soň, kazyýet prosesine gatnaşýan taraplaryň oňa salgylanmagy diňe wagta bagly mesele bolup durýardy. Belki bu garaşylandan hem has irräk bolandyr, ýagny, agyr kezzapçylyga garşy göreşmek boýunça býurosynyň müdiriniň güman edilýän korrupsiýa tölegleri bilen bagly derňewi bes etmeli diýen kararyna garşy işde, ýagny tassyklamalara görä, şeýle tölegler BAE Systems Ltd. kompaniýasy tarapyndan Saud Arabystanyň wezipeli adamlaryna geçirilipdir. Bir kazyýet tarapyndan onuň çözgüdi hukugyň hökmürowanlygyna ters gelýär diýip ykrar edilipdir, muňa garamazdan Lordlar Palatasy bu beýle däl diýen netijä gelipdir, we şol sebäpli hukugyň hökmürowanlygyň şunuň bilen baglylykda näme aňladýandygy barada çözgüt kabul etmek gerek bolmandyr.[23] Emma mesele ýene-de ýüze çykar we iň bolmanda ýarpy-ýalta kesgitlemäniň işlenip düzülmegi bilen bagly wezipe tükeniksiz çözülmeýän mesele bolmagynda galyp bilmez. Şonuň üçin men biz aýgytly ädim ätmelidiris diýip pikir edýärin.

Meniň pikirimçe, hereket edýän konstitusion ýörelgäniň esasy özeni ol hem döwletdäki ähli adamlaryň, şol sanda döwlete degişli ýa-da döwlete dahylsyz edaralaryň, açyk yglan edilen, (umuman) gelejekde güýje girýän we kazyýetlerde açyk ýerine ýetirilýän kanunlardan peýdalanmaga hukuklary bolmalydyr we borçly edilmelidir. Bu tassyklama, 3-10-njy baplarda görkezilişi ýaly, gutarnykly däldir we hat-da iň barypýatan konstitusiýa boýunça alymlar hem bu kesgitlemäniň umumy ýörelge hökmünde takyklygyna garamazdan, ol hiç hili kadadan çykmasyz ýa-da şertsiz ulanylyp bilinerdi diýip aýdyp bilmezler. Käbir kazyýet işlerinde adalatlylygy diňe eger ol jemagatyň öňünde geçirilmeýän halatlarynda gazanyp bolýar; mysal üçin, haçanda önüm öndüriji gizlin we tehniki önümçilik prosesini

[23] *R (Corner House Research and another) v Director of the Serious Fraud Office (JUSTICE intervening)* [2008] UKHL 60, [2009] 1 AC 756.

bikanun ulanylmagynyň öňüni almak maksady bilen özüniň söwda bäsdeşine hak islegini bildirende. Emma, umuman aýdanyňda, meniň beýan eden düzgünlerden bolan gyşarmalarym jikme-jik garalmany we takyk delillendirilmäni talap edýär. Meniň çak edişime görä, elbetde Daýsi hem muňa sebäp bolandyr, bu kesgitlenen pikir 1690-njy ýylda beýik iňlis filosofy Jon Lokuň aýdan düýpli hakykatyny beýän edýär: "kanun gutaran ýerinde zalymlyk başlanýar".[24] Edil şuňa meňzeş pikir 1776-njy ýylda Tomas Peýn tarapyndan hem beýan edilipdir, onda ol şeýle diýýär: "Amerikada KANUN – PATYŞADYR. Çäksiz häkimiýetli döwletlerde patyşanyň kanun bolşy ýaly, erkin ýurtlarda kanun patyşa bolmalydyr, we başgaça bolup hem bilmez".[25]

Elbetde beýle diýildigi biziň kanuna ýaranjaňlyk edip huşumyzy ýitirmegimizi aňlatmaýar, hukukçylara beýlede dursun. Käbir halatlarda köp adamlar *Oliwer Twistiň* romanyndaky jenap Bamblyň aýdan sözlerini goldaýarlar: "Eger kanun şeýle çak edýän bolsa, .....onda kanun - samsyk, kemakyldyr". Käbir adamlar bolsa Şekspiriň *"Genri II"* kitabynyň *2-nji bölüminde* bir gozgalaňçynyň "Ilki bilen etmeli zadymyz, geliň ähli hukukçylary öldüreliň" diýen gedem sözlerini goldaýarlar. Eger sypmak mümkinçiligi bar bolsa durmuşynyň islendik wagtynda kazyýete baryp biljekleriň sany örän azdyr, bu ýerde italýan ýazyjysynyň kazyýet zallaryny beýan edip ýazan sözleri ýadyňa düşýär: "adam korrupsiýasynyň tutuk hassahanalary".[26] Kazylar barada bolsa köpçüligiň arasynda dürli pikirler bar (bir seretseňä olar gartaşan we ýagdaýy dogry seljerip bilmeýän hasaplanylýar ýene bir wagt bolsa olar jikme-jik we hemme taraplaýyn sorag-jogap alyşýan hasaplanylýar; ýa-da, bir seretseň olar hamala dinozawrlar ýaly betbagt jenaýatçylara agyr hökümler berýärler ýene bir wagt bolsa olar gowşak liberallar ýaly hiç kime temmi bermek islemeýäne meňzeýärler), elbetde bu makullanylmaýar. Hukugyň hökmürowanlygyna ynanmaklyk kanuna, ýa-da aklawçylyga, kazyýetlere ýa-da bolmasa kazylara gepsiz-gürrüňsiz haýran galmaklygy aňlatmaýar. Biz özümizde öňden dörän köp sanly ters pikirlerimiz bilen galyp bileris. Emma bu pikir bizi bir zat bilen ylalaşmagymyza elter, ol hem meniň ýokarda agzan ýörelgelerimi berjaý etmeýän döwletde däl-de , olary berjaý edýän ýa-da iň bärkisi berjaý etmäge synanyşýan döwletde ýaşamaklygy dogry hasaplajagymyzdyr. Gynansakda, hukugyň hökmürowanlygyny bozýan režimleri tapawutlandyrýan alamatlar hemmämize tanyşdyr: gijäniň ýarynda gapynyň kakylmagy, adamyň birden ýitip gitmegi, görkeziliş kazyýet prosesi, tussagdakylaryň genetiki synaglara sezewar edilmegi, gynamalaryň üsti bilen boýun aldyrmalar, düzediş häsiýetli we syýasy tussagdakylaryň lagerleri, gaz kameralar, genosid ýa-da etniki arassalama, rehimsiz uruş alyp barmaklyk. Bu sanawyň yzy tükeniksizdir. Käbir gyzma kazylar we gysyk aklawçylar bilen iş salyşanyň has gowy bolaýmasa.

[24] John Locke, *Second Treatise of Government*, bap. XVII, b. 202 (1690; Cambridge University Press, 1988), sah. 400.
[25] Thomas Paine, *Common Sense* (1776; Oxford University Press (World's Classics), 1995), sah. 34.
[26] Piero Calamandrei, *A Eulogy of Judges* (Princeton University Press, 1942, repr. 1992), bap. XII, sah. 95.

# 2

# Käbir taryhy maglumatlar

Bu bapda men biziň häzirki wagtda tanaýan görnüşimizdäki hukugyň hökmürowanlygyny gazanmagyň ugrunda faktlara esaslanylmadyk, käwagt bir bolýan we örän jikme-jik saýlanylyp-seçilip alnan wajyp taryhy wakalar barada agzap geçýärin.

## (1) Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy (Magna Karta) 1215 ý.

Meniň birinji agzap geçmek isleýän taryhy wakamyň biri hem Azatlyklaryň Beýik Hartiýasydyr. Megerem Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy barada hemmeler eşidendir. Käbirleri bolsa onuň Britaniýanyň kitaphanasynda ýa Solsberide ýa-da Linkolnda saklanylyp galynan üç sany asyl nusgalarynyň iň bolmanda birini görendir. Onuň manysyna düşünmek örän kyn. Ol latyn dilinde. Terjime edilen görnüşinde-de onuň aglaba bölegi örän çylşyrymly we düşünmek üçin örän agyr. 39-njy we 40-njy baplaryndaky terjime edilen adalgalary has hem çylşyrymly:

39. Hiç bir erkin adam tussag edilmeli ýa-da tussaghana salynmaly, hukuklary ýa-da emläkleri elinden alynmaly, ýa-da kanundan çykan diýlip yglan edilmeli ýa-da kowulmaly, ýa-da haýsy hem bolsa bir ýol bilen öz tutyan ornundan mahrum edilmeli däldir, we biz onuň garşysyna güýç ulanyp ýa-da bu işi ýerine ýetirmek üçin başgalary ugradyp hereket etmeli däldiris, eger ýurduň kanunyna laýyklykda kanuny çözgüt bolmadyk halatyndan başga ýagdaýlarda.
40. Hiç kime hukugy we adalatlylygy satmarys, olary berjaý etmekden boýun gaçyrmarys ýa-da soňa goýmarys.

Bu sözler Adalat ministrliginiň we Içeri işleri ministrliginiň edara kagyzynda häzir bar bolan boş çagyryşlarynyň deregine ýazylmaly.

Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy Rim Papasy tarapyndan birnäçe aýyň içinde ýatyryldy, onuň beýle edilmeginiň sebäbi bolsa onuň patyşa Ioandan mejbury ýol bilen alnandygy we köp ýaramaz wakalary ýüze çykarandygy bilen bagly boldy. Bu tapgyrda ol statut däldi, sebäbi ol döwürde parlament ýaly ygtyýarly gurama ýa-da edara ýokdy. Ol şol döwürde entäk hem özüniň irki tapgyryndaky oturdaşly kazyýeti ýa-da özüniň häzirki görnüşinde entäk oýlanyp tapylmadyk habeas corpus ýörelgesini şöhlelendirmeýärdi.[1] 39-njy babyň dili

[1] Sir W. Holdsworth, *A History of English Law*, tom. 2 (4th edn., Methuen/Sweet & Maxwell, 1936), sah. 215.

“düşnüksiz we kanagatlanarsyz” diýlip tankyt edildi ,[2] 40-njy bap barada bolsa şeýle diýlipdir: “köp zat barada habar berýär we özüniň döredijilerini geň galdyryp bilerdi”.[3]

Mundan başga-da, eger Runnymedde patyşa Ioana garşy duran baronlary dünýäni has gowy etmäge çalyşýan altruistik liberallar hökmünde hasap edilse, taryhyň üstünden güldügimiz bolardy. Muňa garamazdan, Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň möhürlenmegi diňe bu ýurtda däl, eýsem wagtyň geçmegi bilen tutuş dünýäde hem konstitusion landşafty üýtgeden waka öwrüldi.

Munuň üçin dört sany esasy sebäp bardy. Birinjiden, şol döwrüň beýleki Ýewropa hartiýalaryndan, şol sanda Wengriýanyň 1222-nji ýyldaky Altyn hartiýasyndan (Golden Bull) tapawutlylykda ol tutuş patyşalykdaky ähli erkin adamlar üçin peşgeş bolup durýardy.[4] Elbetde, şol döwürde hemme erkek adamlar (ýa-da aýallar) erkin däldiler. Muňa garamazdan, ol belli bir derejede ähli erkin adamlaryň arasynda ýuridiki deňlige ýol açdy, bileleşik duýgusynyň döremegine goşant goşdy, we belki-de Britaniýanyň 350 ýyl mundan ozal bolup geçen gan döküşikli raýat urşundan bäri başga raýat urşuny başdan geçirmändigini düşündirmäge ýardam berýändir.

Ikinjiden, we käbir mekdep taryhy kitaplarynda beýan edilen pikirleriň tersine, bu hartiýa zalym patyşanyň zulumyna we agyr salgytlaryna garşy seslenme däldi. Elbetde, patyşa Ioanyň patyşalyk eden döwründe ýurduň ilatynyň “berk hökümetiň tagamyny” dadyp görendikleri çyn. Ýurduň içinde dörän kynçylyklar patyşanyň Buthana bilen arasyndaky dawalary we onuň harby şowsuzlyklary sebäpli has hem güýçlenýärdi. Emma Erkinlikleriň Beýik Hartiýasynyň kökleri has çuňa gidipdi. Ol ep-esli derejede has irki modellere, şol sanda patyşa Genrih I-ň erkinlikler hartiýasyna we öňki patyşalaryň täç geýdirilende beren kasamlaryna esaslanýardy. Genrih I-ň hartiýasy 1100-nji ýylda patyşa tagta geçende onuň özboluşly manifesti hökmünde çap edildi, we onda patyşa ilaty öňki hökümetiň zyýanly we zalym salgytlaryndan azat etmäge söz berdi, agyr jeza çäreleriniň berilmegini gadagan etdi hem-de şol jeza çäreleriniň edilen jenaýatyň häsiýetini şöhlelendirýän jenaýata laýyk gelmelidigini talap etdi. Täç geýdirme dabarasynda sözlenen kasamynda ähli kazyýet çözgütlerinde adalatlylyk we merhemetlilik görkezjekdigine söz berildi, bu kasam (käbir üýtgedilmeler bilen) 1688-nji ýylda täç geýdirme kasamy baradaky Kanunyň 3-nji bölüminde getirilýär we 1953-nji ýylda Şa Zenany Ýelizaweta II-i tarapyndan kasam edildi. Ýolbaşçy häkimiýetler ylalaşyga geldiler. Doktor MakKeçni şeýle ýazýar:

Ioanyň Beýik Hartiýasynyň mazmunyna we ýazylyş stiline seretsek onda şeýle pikir döreýär, ýagny Angliýanyň Konstitusiýasy ýaly onuň garyşyk gelip çykyşy bar we bir reňkli adamlardan köp ata-babalaryň elementlerini miras edinipdir; emma onuň adaty gelip çykyş ugrunyň Genrih I-ň hartiýasynyň dowamy hökmünde anglo-sakson patyşalaryň kasamlaryndan we namalaryndan gelip çykandygyny inkär edip bolmaz.[5]

---

[2] J. C. Holt, *Magna Carta and Medieval Government* (Hambledon Press, 1985), sah. 196.
[3] W. S. McKechnie, *Magna Carta* (2nji neşir., James Maclehose, Glasgow, 1914), sah. 395.
[4] J. C. Holt, *Magna Carta* (Cambridge University Press, 1992), sah. 276–8.
[5] McKechnie, *Magna Carta*, sah. 94–5.

Edil şonuň ýaly-da, hartiýa ugrunda hazirki zamanyň beýik abraýly adamlarynyň biri ser Jeýms Holt şeýle ýazypdyr: "Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy angliýanyň jemgyýetine we syýasatyna birden goşulan zat däl-de, eýsem olar onuň içinde dörän.... Adamlar Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň ýörelgelerini 1215-nji ýyldan has öň göz öňünde tutupdyrlar, ara alyp maslahatlaşypdyrlar we kabul edipdirler. Olar oňa gowy düşünipdirler".[6] Bu wajyp zat. Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy duýdansyz ýüze çykan çökgünlige garşy durmak üçin döredilen parahatçylykly ylalaşyk däldi we taryhdan görnüşi ýaly hereket etmegini bes edip bilerdi. Ol güýje mahsus aýratynlyga eýedi çünki ol adamlaryň, iň bolmanda adamlaryň aýratyn wekilleriniň, erk-isleglerini aýan edýärdi.

Üçünjiden, hartiýanyň ýene bir ähmiýetli tarapynyň biri hem ol tertipsiz we haýbatly patyşalyk häkimiýetinden aç-açan boýun gaçyrmany, ýagny hat-da ýurtdaky ýokary häkimiýetiň hem käbir agalyk edýän düzgünlere boýun bolmalydygyny aňladýardy. Diňe on üçünji asyryň başyny göz öňümize getirip, biz bu ädimiň nä derejede ähmiýetli bolandygyna baha berip bileris. Häzirki wagtda Beýik Britaniýada biz ýokary kanun çykaryjylyk edarasy barada parlamentde Şa zenany, ýerine ýetiriji häkimiýeti barada onuň Alyhezretiniň ministrleri, we kazyýet edaralary barada onuň Alyhezretiniň kazylary hökmünde gürrüň edýäris, we beýle edilmegi ýuridiki nukdaýnazaryndan dogrudyr. Emma biz Şa zenanynyň öňünde dogry beýan edilen kanuny kabul etmekden başga çykalgasynyň ýokdugyny hem-de onuň hut özüniň ministrlerini ýa-da kazylaryny işe kabul etmäge ýa-da işden boşatmaga ygtyýarynyň ýokdugyny bilýäris. 1215-nji ýylda ýagdaý başgaçady. Bu kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetleri hakykatdan hem Alladan pata alan adam hasaplanýan Patyşanyň elinde jemlendi. Emma ol kanunyň çäklendirilmeginiň sebäpkäri boldy. Şol sebäpden hem Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň döredilmegi örän ähmiýetli pursat boldy. Ol anyk tanalýan, entäk başlangyç halyndaky kanunyň hökmürowanlygydy.

Dördünjiden, Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň ähmiýeti diňe onda aýdylýan pikirlerde dälde, eýsem geljekki nesilleriň onda aýdylan zatlarda nämä ynanandyklaryna we nämä nägilelik bildirendiklerinde bolmagy ähtimaldyr. Käbir ýagdaýlarda hyýalyýet hakykatdan has wajypdyr. "Öz taryhyňa nädogry düşünmek millet bolmagyň bir parçasyny" aňladýar diýýärler.[7] Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy bilen hem şoňa meňzeş ýagdaý boldy. Hyýalyýet birnäçe asyrlaryň dowamynda, hatda şu wagta çenli hem ylham beriji pikir boldy, mysal üçin, haçanda hökümet oturdaşly kazyýete haýsy hem bolsa bir çäklendirme girizmegi teklip eden wagtynda. Onuň täsiri belli bir ýere degişli däldir. 1991-nji ýylda bir amerikan ýazyjysynyň hasaplamagyna görä Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň federal we döwlet kazyýetleriniň 900-si Azatlyklaryň Beýik Hartiýasyna salgylanýarlar.

---

[6] Holt, *Magna Carta* (1992), sah. 295.

[7] Ernest Renan, sitata berilýär E. J. Hobsbawm, *Nations and Nationalism Since 1780: Programme, Myth, Reality* (Cambridge University Press, 1990), sah. 12

Ýarym asyryň dowamynda, ýagny 1940-njy we 1990-njy ýyllar aralygynda, Ýokary kazyýet tarapyndan altmyşdan hem gowrak işlerde şeýle salgylanmalar edildi.[8]

(2) Habeas corpus ("habeas korpus"): bikanun tussag astyna alynmaklyga garşy çykma

Meniň beýan edýän ikinji möhüm wakam bu "habeas corpus" ýa-da kararyň doly adyny bersek (onuň sarpaly gelip çykyşyny üýtgetmek bilen) "habeas corpus ad subjiciendum". Aýyplanýanyň ýa-da jenaýat etmekde günälenýäniň kazyýete gelmegini üpjün etmek üçin hökümiň çykarylýandygy on üçünji asyryň başyna çenli mälim bolupdyr, bu bolsa hatda şol döwürde hem kazylaryň günälenýän tarapyň öz öňlerinde duran wagty höküm çykarmaga artykmaçlyk berendiklerini bellemeli ýagdaýdyr.[9] Emma şol wagtlar bu kada günä bildirilýäniň azatlygyny goramak ýa-da adamyň saklanylmagynyň kanunylygyny derňemek üçin peýdalanylmandyr. Bu ýagdaý has soňky döwürde geldi, şonda kazyýetiň hökümi işi talap etmek baradaky buýruk bar bolan başga kazyýet hökümi bilen çykarylýardy (häzirki wagtda ol 'hökümi ýatyrmak barada' diýlip atlandyrylýar) we onuň işlenilmegi umumy hukugy ulanýan kazyýetleriň, ýagny özüniň adalatly ýurisdiksiýasyny dolandyrýan Kanselýariýa Kazyýetiniň hem-de gönüden-göni patyşanyň ýa-da Şa zenanynyň adyndan[10] hereket edýän Patyşalyk tarapyndan artykmaçlyk berlen Ýokary Kazyýetiniň arasyndaky iş ugrunda bäsdeşlik göreşi netijesinde mümkin bolupdy. Eýýäm bellenilişi ýaly, "habeas corpus"-yň hukuk goragynyň esasy serişdesi Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň önümi däldir, emma wagtyň geçmegi bilen taryhy nukdaýnazardan bolmasa-da, oňa şeýle görnüşde seredilip başlanyldy. Şeýlelikde, biz ser Uilýam Holdswortuň Birleşen Korollykda azatlygyň goralýandygy baradaky pikiriniň dogrudygy bilen ylalaşyp bileris: “Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň tutuş abraýyny hasaba almak bilen umumy ýörelge goldanylmadyk ýagdaýynda, şeýle ösüş hiç haçan hem bolup bilmezdi; hukuk düzgünleriniň bozulmalary baradaky aýry-aýry hökümleri oýlap tapmak arkaly bu ýörelgäniň durmuşa geçirilmedik ýagdaýynda hem, deň derejede bu ösüş hiç wagt iş ýüzüne geçirilmezdi”.[11]

Bu prosedura düýp manysy boýunça ýönekeýdir (we şeýle bolmagynda galýar). Bir betbagt adam (ony A.B. diýip atlandyralyň) özüni Onuň Alyhezretiniň (şeýle diýäýeliň) Karlaýl türmesinde ejir çekýän hökmünde duýýar. Ol özüni haýsydyr bir sebäp bilen bikanun tussag edildi diýip hasaplaýar. Şeýlelikde, ol häzirki formada (latyn görnüşi zaýa hasaplanýar) A.B.-niň bedenini kazyýete ýa-da Strand köçesinde ýerleşýän Adalat kazyýeti öýüniň etrap kazyýetine “onuň ele salynmagy we tussag edilmeginiň senesini we sebäbini görkezmek bilen, şunuň ýaly sebäbiň tussag etmek üçin kanunylygyny kesgitlemek üçin kazyýet seljerer

[8] David V. Stivison, ‘Magna Carta in American Law’, in Stivison (nş.), *Magna Carta in America* (Gateway Press Inc., Baltimore, 1993), sah. 103.
[9] Men öz jemlemämi R. J. Sarpyň *Habeas Corpus kanuny* atly peýdaly wakasyna esaslandyrdym (2nji neşir., Oxford University Press, 1989), sah. 1–8.
[10] Holdsworth, *History of English Law*, tom. 9, sah. 104–14.
[11] Ibid., sah. 104.

ýaly” getirmek baradaky buýrugy beren Karlaýl türmesiniň başlygynyň adyna ýazylan hökümiň çykarylmagy ugrunda çalyşýar.

Şeýlelikde, köne hökümiň düýp manysy (anyk aýdylanda “sizde beden bar”) saklanylýar, türmäniň başlygy kazyýete baryp, A.B.-niň tussaglykda saklanýandygyny tassyklamalydyr, A.B.-niň haçan saklanandygyny, iň esasy zat bolsa, onuň tussag astyna alynmagynyň ynamly hukuk esaslaryny, adatça, kazyýetiň güýji bar bolan hökümi görkezmeli. Eger-de ol tussag astyna almagyň ýerlikli hukuk esasyny subut etse, A.B. özüniň bolýan ýerinde ejir çekmegini dowam eder. Eger-de türme başlygy ony başarmasa, kazy A.B.-ni çykarmagy höküm eder. Men özüni bikanun türmede saklanylýar diýip pikir edýän tussag edilen adamy mysal getirdim. Emma bu prosedura, ruhy taýdan kesellileriň hassahanasynda mejbury saklanýan diýip pikir edýän näsagyň mysaly hem deň derejede degişlidir, şunda kazyýet hökümi hassahananyň müdirine ýa-da trastyna iberilýär.

1670-nji ýylda garalan Buşelliň işinde baş kazy Wogan “habeas corpus höküminiň häzirki wagtda kazyýet goragynyň iň adaty usuly bolup durýandygyny, onuň kömegi bilen adamyň, eger-de ol bikanun azatlykdan mahrum edilen bolsa, ýene-de öz azatlygyna eýe bolýandygyny”[12] ýönekeý delil hökmünde esaslandyrmagy başardy. Bu hökümiň ýönekeýligi – onuň güýjüdir we artykmaçlygydyr. Munuň özi dünýäde, kazylar tarapyndan işlenip taýýarlanylan hem-de ornaşdyrylan we beýleki ýerlerde, esasanda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ornaşdyrylan goraglylyk guraly hökmünde, haçanda bolsa bir wagtlar görlen kazyýet bikanunylygyna garşy iň netijeli guraldyr. Şeýlelikde adam kanuna esaslanmadyk ýagdaýda öz erkine garşy diktatoryň ýa-da ministriň, şeýle hem emeldaryň hökümi bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez. Şeýle hem ol, adatça şikaýat (apelýasiýa) arkaly garşysyna çykyp bolýan, kazynyň bikanun hökümi bilen hem tussag edilip bilinmez.

### (3) Gynamalaryň ýatyrylmagy

Angliýanyň orta asyr taryhy boýunça mekdep okuw kitaplarynda, eger-de olar belli bir görnüşe degişli bolsa, kazyýet gynamalarynyň suratlary we beýanlary görkezilýärdi: jenaýat etmekde aýyplanylýan adam elinde gyzdyrylyp eredilen demiri sakladylýan eken ýa-da suwa çümdürilýän eken, şunda ol gany zäherlenmän ýa-da gark bolman diri galsa, Taňrynyň özi onuň günäsizligini görkezýär diýlip düşünilipdir. Dürli ynançlara uýulýan döwürde munuň belli bir manysy bolupdyr hem-de şeýle ynama eýerýänler häzirki döwürde hem, uruş döwründe hem bar. Emma 1215-nji ýylyň Lateran Sobory şeýle gynama tejribesini rehimsizlik hökmünde ýazgardy. Şol sebäpli hem Angliýada, Uelsde we kontinental Ýewropada başga çäreleri ýerine ýetirmek gerek bolupdy. Dürli usullar saýlanyp alyndy.

Angliýada we Uelsde kabul edilen düzgün biziň häzirki döwürde görýän oturdaşlar kazyýetiniň esaslandyryjysy boldy. Aýyplanýan oturdaşlar kazyýetiniň öňüne getirilýär hem-de oňa günälidigi baradaky subutnamalar bildirilýär. Eger ynanylsa, ýekeje şaýat ýetik hasap

---

[12] *Bushell's Case* (1670) Vaughan 135, 136.

edilýärdi. Aýyplanýanyň özi özüni aklamak üçin görkezme berip bilmeýärdi, emma eger şaýatlary bar bolsa, olary çagyryp bilýärdi. Kazylar onuň günälidigini ýa-da günäsizdigini çözýärdiler. Kontinental Ýewropada ulanylýan kada düýbünden başgaçady. Ol ýerde kabul edilen rim hukugynyň nusgalary aýyplanýanyň üstüne günä ýüklenilmegi üçin iki şaýadyň bolmagyny talap edýärdi, olaryň biri beýlekisiniň sözlerini ýa-da ynandyrmalaryny tassyklamalydy. Emma adaty bolşy ýaly iki sany şaýat tapylmaýardy, aýyplanýan bolsa günäsini boýun almakdan boýun gaçyrýardy. Şeýlelikde, soňky agzalan kynçylygy ýeňip geçmek üçin häkimiýet edaralary günä bildirilýäne günäsini boýun almagyny mejbur etmek üçin gynamak düzgunini ulanýardylar, şeýle ýagdaý adatdan daşary seýrek gabat gelýän tejribe bolman, adaty kada öwrülipdir.

Bu wakanyň häzirki maksatlar üçin ähmiýetli tarapy, has irki döwürlerden başlap on bäşinji asyryň ahyryna çenli, Angliýanyň umumy hukuk kadasynyň (adaty kazyýetlerde her bir anyk ýagdaýda kazylaryň kabul eden we ýerine ýetirýän kanuny) gynamalaryň ulanylmagyny we gynamalar arkaly subutnamalaryň alynmagyny düýbünden gadagan etmegindedir.[13]

Bu ýigrenji düzgünden ýüz öwrülmegi, hakykatda umumy hukuk düzgüniniň tapawutly tarapyny görkezdi hem-de Forteskýu, Kouk we Bläkstown ýaly beýik iňlis ýazyjy – hukukçylaryň buýsanjy boldy, olar bu düzgüni Ýewropada kabul edilen iş tejribesiniň garşysyna goýdular. Angliýada gynama düzgüniniň aradan aýrylmagy Wolter ýaly örän abraýly adamyň buýsanç bilen beýan edýän meselesine öwrüldi. Umumy hukuk düzgünine eýerýän kazyýetler, potensial aýyplanýanlar babatynda ýa-da geljekki şaýatlar babatynda, gynama tejribesiniň ulanylmagyndan üzül-kesil ýüz döndermek bilen üç düşünjä gulluk edýärdiler: haýsydyr bir jenaýat üçin jenaýata çekilmedik adamlar babatynda gynama tejribesiniň rehimsizligi; günäni adamlaryň boýnuna goýmak üçin şeýle ýol bilen alnan subutnamalar ygtybarly däldir, sebäbi aýyplanýan çekip çydap bolmaýan jebire çydaman ony duruzmak üçin näme diýilse boýun alar; we bu tejribäniň oňa gatnaşýanlaryň, eger şeýle çemeleşmeden bähbit alan ýa-da bähbidiň bolmagyna bil baglan hemme kişiniň, şol sanda kazyýetleriň hem ynsan mertebesini peseldendigi baradaky ynam.

Umumy hukuk düzgünine eýerýän kazyýetleriň gynama düzgüninden ýüz öwrendiklerine garamazdan, Angliýada on altynjy asyrda we on ýedinji asyryň başynda hem gynama tejribesi dowam edipdir. Emma şeýle gynama düzgüni Şa zenanynyň adyndan Patyşa Geňeşi tarapyndan berlen hukuk ygtyýarnamalary esasynda ýerine ýetirilipdir, munuň özi köp derejede patyşa emri amala aşyrylanda we patyşa artykmaçlyklaryna eýe bolan kazyýetler diýlip atlandyrylýan edaralarda döwlete garşy jenaýat edilýär diýlip güman edilende (Gaý Fowks tarapyndan edilen jenaýat ýaly) gynamalaryň ulanylmagyna ygtyýar berlipdir, şeýle kazyýetleriň iň bellisi bolsa Ýyldyzlar edarasynyň kazyýetidir (Court of Star Chamber). Bu ygtyýarlygyň berjaý edilmegi parlamentiň umumy hukuk düzgüniniň hukukçy-

[13] Käbir degişli taryh we birnäçe degişli salgylanmalar Lordlar palatasynyň *A v Içeri işler ministrliginiň döwlet sekretary* pikirlerinde tapylyp biliner *(No. 2)* [2005] UKHL 71, [2006] 2 AC 221, hususanda şu paragraflarda. 11–12, 64–5, 81, 103–8, 129.

hünärmenleriniň we patyşalar neberesiniň arasyndaky göreşde möhüm meseleleriň birine öwrüldi, sebäbi hukukçylar üçin gynama tejribesi, olaryň biriniň sözi bilen aýdylanda “iňlis hukuk kadasynyň esasyny düzýän ýörelgelere doly garşy gelýär” we “aň-paýhas, adalat we ynsanperwerlik babatynda ýürek bulaýjy günä işdir”.[14] Bu baradaky taryh aýan bolmasa-da, hyýalyýetiň ýene-de hakykatdan möhüm bolmagynyň mümkindigi esasynda, gynamalara garşy çykyş eden umumy hukuk düzgünine eýerýänler bolan işlerden höweslendiriji itergi aldylar.

1628-nji ýylyň awgust aýynda Jon Felton atly deňizçi serkerde pyçak bilen Bukingem gersogy we Angliýanyň Ýokary admiralynyň lordy Jorj Wilýeni ölüm derejesinde ýaralady. Gersog patyşa Jeýms I-iň ýarany hem-de patyşa Çarlz I-iň ýakyn dostudy; patyşa Felton babatynda öz ýaranlarynyň atlaryny aýtmagy üçin gynamalary ulanmagyň mümkinçiligi barada kazylar bilen maslahatlaşdy. Bu wakada kazylar özara maslahatlaşyp, “Felton kanun boýunça gynamalara sezewar edilmeli däldir, sebäbi şeýle jeza biz üçin ýatdyr we biziň kanunymyz oňa ýol bermeýär”[15] diýip jogap beripdirler. Bu wakanyň hakykaty nämeden ybarat bolsa-da, esasy zat 1640-njy ýylda Uzak Parlamentiň ilkinji namalarynyň biriniň gynamalar arkaly subutnamalar alynýan Ýyldyzlar edarasy kazyýetiniň ýatyrylmagydyr. Şondan bäri Angliýada gynamalara ygtyýar berýän hiç hili resminama berilmändir. Westminster parlamentiniň ilkinji kararlarynyň birine laýyklykda, 1707-nji ýyldaky Birleşik hakyndaky namadan soňra Şotlandiýa hem Angliýanyň göreldesine eýerip başlady. Emma kontinental Ýewropada gynamak tejribesi köp ýyllaryň dowamynda dowam etdi: ýasama saçly we ýukajyk uzyn joraply görmegeý ýigitleriň eli-aýagy daňylgy bendilere aýylganç jebir berýändiklerini şekillendirýän suratlar saklanypdyr. Fransiýada gynamalar 1789-njy ýylda ýatyryldy; Italiýanyň dürli sebitlerinde, 1786-njy ýyldan (Toskana) 1859-njy ýyl (Neapol) aralygynda; Prussiýada gynamalar hakykatda 1740-njy ýylda ýatyryldy, emma resmi däl ýagdaýda 1805-nji ýyla cenli dowam etdi; Badende gynamalar 1831-nji ýyla çenli dowam etdi; Niderlandlarda gynamalar 1787-nji ýyldan 1798-nji ýyllar aralygynda ýatyryldy; Şwesiýada 1734-nji ýylda gadagan edildi, emma soňra kä wagtlar ulanyldy; Daniýada 1771-nji ýylda ýatyryldy; Russiýada gynamalar 1801-nji ýylda ýatyryldy, emma kä wagtlar 1847-nji ýyla çenli ulanyldy. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda gynamak tejribesi 1791-nji ýyldan başlap konstitusion esasda has rehimsiz ýa-da adaty bolmadyk gynamalar ýatyryldy (ser. aşakda).

Bularyň ählisiniň hukugyň hökmürowanlygyna näme dahyly bar? Meniň pikirimçe gowy dahyly bar. Ozallar käbir gynama tejribesiniň şeýle bir elhençdigi sebäpli, hatda döwletiň howpsuzlygy wehim astyna salynýar diýlende hem, hatda gynamalaryň ýatyrylmagy jenaýatçynyň azatlyga çykmagyna ýol açmagy mümkin bolanda hem, olaryň ulanylmagynyň goldanylmaly däldigi ykrar edildi. Şeýle bir ile sygmaýan zatlar bardyr, olary

[14] D. Jardine, *A Reading on the Use of Torture in the Criminal Law of England Previously to the Commonwealth* (1837), sah. 6, 12.
[15] Ser. *A* (No. 2), ýokarda (n. 13), parag. 11, 64, 81.

hatda ýokary häkimiýet elinde bolan adamlaryň hem özlerine etmäge ýol bermäge hiç haçan hiç hili hukugy ýokdur.

### (4) 1628-nji ýylyň Hukuk baradaky namasy

Meniň indiki durup geçjek esasy wakam 1628-nji ýylyň Hukuk baradaky Namasydyr, ol Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň we habeas corpus-yň gönüden-göni mirasdüşeridir hem-de mümkin beýleki islendik kanun ýaly hukugyň hökmürowanlygyna örän möhüm goşantdyr. Bu namanyň gelip çykyşy soňky ýyllarda ýiti ylmy jedelleriň meselesine[16] öwrüldi hem-de onuň içgin taryhynyň uly bölegi jedelli bolup durýar. Emma umumy ýagdaý ýeterlik derejede düşnüklidir. Jemgyýetçilik palatasy Bukingem gersogy babatynda duşmançylykly garaýyşly bolmak bilen, 1625-nji we 1626-njy ýyllarda Karl I-e daşary ýurtlarda harby hereketleri geçirmäge rugsat bermedi, şonda goşunlara Bukingem serkerdelik etmelidi. Patyşa öz harby meýillerinden ýüz döndermek islemedi hem-de bu işleri maliýeleşdirmek üçin güýç ulanyp pul serişdelerini almaly boldy. Şeýle salgyt salnanlaryň käbirleri tölemekden ýüz dönderdiler, beýleki birleri bolsa türmä basyldy, olaryň hatarynda “Bäş Rysar” ady bilen belli bolan ser Tomas Darnel, ser Jon Korbet, ser Wolter Erl, ser Jon Heweningem we ser Edmund Hempden bardy. Olaryň her biri azatlyga çykmak üçin habeas corpus hakynda kazyýet hökümini almaga çalyşdy. Ser Tomas Darnele irki döwürde inkär edildi we ol bu ugurda göreşmekden ýüz dönderdi. Beýleki dördüsi göreşmegi dowam etdirdiler, olaryň her biriniň örän güýçli aklawjysy bardy, olaryň hatarynda Jon Selden hem bardy. Olar pul tölemekden ýüz dönderilmeginiň tussag etmek üçin sebäp hökmünde görkezilmegine bil baglapdylar, şol sebäpli hem mejbur edilip töledilmeginiň kanunylygynyň kazyýetde seredilip ýalňyşdygy subut ediler diýip hasap etdiler. Emma patyşanyň tarapdarlary ilkibaşda tussag astyna alynmagynyň hem-de soňra rysarlaryň tussaglykda saklanylmagynyň “per speciale mandatum domini regis" ýagny Onuň Alyhezretiniň aýratyn hökümi bilen aýratyn hukuk esasynda amala aşyrylandygyny delillendirip, olaryň tamasyny üzdüler. Patyşanyň tarapynda durýan dört kazy baş kazynyň ýolbaşçylygynda bu işe garamak bilen, näme sebäpli rysarlaryň türmede saklanýandygyna kazyýet tertibinde düşünip bilmediler hem-de rysarlary türmä gaýtaryp salmak barada (gutarnykly çözgütsiz) ýönekeý kazyýet hökümini çykardylar.

Bu kazyýet seljermesi şeýle bir täzelik hem däldi we belkide şeýle bir geň galdyryjy hem däldi. Görnüşi ýaly, kazylaryň çözgütleri şertli (gutarnyksyz) häsiýete eýe bolup, girew almakdan ýüz dönderildi we adaty ýörelgä eýerildi. Talap edilýän karz pul serişdeleri ýygnalandan hem-de bu iş seljerilenden soňra rysarlar tussaglykdan boşadyldy we belkem olaryň niýetleri hemişe şular ýaly bolan bolmagy hem mümkin.

---

[16] Ser. J. A. Guy, ‘The Origins of the Petition of Right Reconsidered’, *Historical Journal* (1982), sah. 289–312; M. B. Young, ‘The Origins of the Petition of Right Reconsidered Further’, *Historical Journal* (1984), pp. 449–52; Mark Kishlansky, ‘Tyranny Denied: Charles I, Attorney General Heath, and the “Five Knights” Case’, *Historical Journal* (1999), sah. 58–83.

Şol döwürlerde ýerine ýetiriji häkimiýetiň günä bildirmezden ýa-da kazyýet seljermesini geçirmezden adamlaryň tussaglyga alynmagy geň galdyryjy ýagdaý däldi. 1628-nji ýylda Jemgyýetçilik palatasynyň wekilleri ýygnananlarynda, şeýle meselelere hiç hili gyzyklanma bildirmediler. Munuň özi Konrad Rasseliň ýazyşy ýaly, "Ýekeje meseläniň parlamentidi". Ol "Angliýanyň azatlyklaryny aklamak maksady bilen bilgeşleýin hem-de bilkastlaýyn" edildi[17] . "Bäş rysaryň" işiniň netijesi bu karary esaslandyrmaga hyzmat eden meseleleriň biri boldy. Parlamentiň ygtyýarnamasy bolmazdan şahsy emlägi karz bermäge mejbur etmek arkaly adamlaryň ellerinden almak; esgerleri ýerleşdirmek; hem-de harby ýagdaýda geçmek hem şonuň bilen baglydyr. Ser Edward Kok, ser Jon Eliot, Jon Pim, Jon Selden, Edward Littlton, ser Nataniel Riç, ser Robert Felips, ser Dadli Diggs, ser Jon Glanwill we beýlekiler ýaly hormatly adamlardan ybarat bolan abraýly edara bolup durýan parlamentiň ýolbaşçylary bu ugurlarda patyşanyň hereketleriniň özleriniň üýtgewsiz hukuk bolup durýar diýip hasaplaýan azatlyk taglymatyna wehim salýandygyny gördüler. Bäş rysaryň işi boýunça çözgüdiň döreden ynjalyksyzlygyna düşünmek kyn däldir: sebäbi hat-da girew bilen azatlyga çykarmak hakyndaky çözgüt şertli bolsa-da, hiç hili günä bildirmezden ýa-da Kazyýet seljermesini geçirmezden olary tussag astyna almaga Patyşanyň häkimiýetine garşy haýsydyr bir hukuk çäklendirmeleri barmyka diýen sorag ýüze çykýar, eger bar bolsa olar haýsylar.

Adatça şeýle ýagdaýlarda taraplaryň ikisi hem status-kwo ýagdaýyny goraýandyklaryny tassyklaýarlar. Jemgyýetçilik palatasynyň ýolbaşçylary Azatlyklaryň Beýik hartiýasyna hem-de has soňrakky bolup geçen ýagdaýlara salgylanýardylar, islendik täze ýörelgä esaslanmakdan ýüz dönderýärdiler. Patyşa öz tarapyndan ozalky kanunlara we ýörelgelere eýerýändigini yglan edip, özüniň bar bolan ygtyýarlyklarynyň islendik peseldilmegine garşy bolýardy. Emma iş ýüzünde jemgyýetçilik palatasynyň wekilleri ozalky hemme wagtdakydan beter, has aýdyň we hemmetaraplaýyn hukugyň hökmürowanlygyny ýola goýmaga çalyşýardy. 1628-nji ýylyň 26-njy aprelinde ser Tomas Uentfort jemgyýetçilik palatasynda "bu ýerde hiç haçan patyşa kanundan ýokardamy ýa-da kanun patyşadan ýokardamy diýen sorag babatynda ynjalyksyzlyklar döremejekdigine"[18] umyt bildirdi. Emma köpçülik bu meseläniň kanunyň peýdasyna çözülmegini isleýärdi. Olar şeýle netijä ýetmek üçin diňe bir syýasy esaslara däl-de, köpsanly belli hukukçylar öz hünärlerine laýyk gelýän esaslary öňe sürýärdiler. Sebäbi, bu jedelleriň sebäpleriniň biri patyşa ynamsyzlyk bolsa, beýleki bir sebäbi umumy hukugyň subýekti goramaga ukyplylygyna şübhedi.

"Eger bu kanun bolsa, onda öz azatlyklarymyz barada gürrüň bolup bilermi" diýip, 1628-nji ýylyň 22-nji martynda ser Robert Felips sorady.[19] Ýolbaşçylar kanuna ynamy

---

[17] *Parliaments and English Politics 1621–1629* (Oxford University Press, 1979), sah. 344, 343.

[18] Seret Robert C. Johnson *et al*. (eds.), *Commons Debates 1628* (Yale Center for Parliamentary History, 1977), tom. 3, sah. 98.

[19] Ibid., tom. 2, sah. 63.

dikeltmegi öňe sürdüler, bu bolsa patyşa bilen islendik amala aşyrylýan kadalaşdyrmalary aradan aýyrýardy.[20]

Şeýlelikde, närazy lordlar hem-de has närazy bolan patyşa tarapyndan 1628-nji ýylyň 7-nji iýunynda ahyry Hukuk hakynda nama kabul edildi, soňra patyşa özüniň beren razylygyny ýumşatmaga synanyşdy. Bu resminamanyň diňe nama görnüşindedigine garamazdan, oňa kanun hökmünde garalandygy we çap edilendigi bellemeli ýagdaýdyr.[21] Azatlyklaryň Beýik Hartiýasyna salgylanmak hem-de Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň 1354-nji ýylda kabul edilen gaýtadan seredilen görnüşindäki talabalaýyk düzgüne salgylanmak bilen, onuň V bendi aşakdaky görkezilişi ýaly beýan edilýär:

Şu ugurda şu maksatlara gulluk edýän görkezilen kanunlaryň we patyşalygyňyzyň beýleki gowy kanunlarynyň manysyna garamazdan siziň tabynlygyňyzdaky suw asty ýüzüjileri soňky wagtlarda hiç hili sebäpsiz tussag edildi; we haçanda olar boşamak üçin siziň Alyhezretiňiziň buýrugy esasynda habeas corpus hökümine laýyklykda kazylaryň öňünde peýda bolanlarynda olaryň sakçylaryndan olaryň saklanylmagynyň sebäbini tassyklamak hököm edilse-de, olar hiç bir sebäp tassyklap bilmändirler, emma günäli hasaplanýanlar Gizlin geňeşiň lordlary siziň Alyhezretleriňiziň ýörite buýrugy esasynda olary ýene-de hiç hili günä ýöňkemän türma gaýtaryldylar.[22]

We netijesi bolsa VIII bentde berilýär:

Şol sebäpden hem mundan soňra parlamentiň namasy esasynda umumy razylyk bolmasa hiç bir adamyň haýsy hem bolsa bir peşgeş, pul, haýyr-sahawat, salgyt ýa-da şoňa meňzeş tölegler etmäge mejbur edilmezligi, şeýlede hiç bir adamyň şol sebäpler üçin ýa-da ony etmekden boýun gaçyrany sebäpli jogap bermäge, ýa-da kasam bermäge, gatnaşmaga ýa-da tussag edilmäge, ýa-da başga ýollar bilen kemsidilmäge mejbur edilmezligi; hiç bir erkin adamyň ýokarda agzalan usullaryň haýsydyr biri arkaly tussag astyna alynmazlygy ýa-da türmede saklanylmazlygy üçin olar ümsümlik bilen siziň Alyhezretleriňize doga edýärler. We siziň Alyhezretiňiz ady agzalan esgerleri we deňizçileri uly höwes bilen aýyrar we siziň adamlaryňyz gelejekde agyrlyga sezewar edilmesin. We harby ýagdaý sebäpli kazyýet işine garamaklyk üçin ýokarda agzalan görkezmeler ret edilsin ýa-da ýatyrylsyn. We gelejekde şuňa meňzeş görkezmeler hiç bir adama ýa-da adamlara garşy berilmesin, olaryň reňki boýunça siziň Alyhezretiňiziň hiç bir subýekti ýurduň kanunlarynyň garşysyna ýok edilmesin ýa-da ölüm jezasy berilmesin.

Eger-de hukugyň hökmürowanlygy kämillige ýetdi diýip aýtmaga mümkinçilik berýän bir pursat bolsa, munuň özi meniň üçin Hukuk hakynda namanyň kabul edilmegidir.

### (5) Ser Metýu Heýliň kadalary

[20] Russell, *Parliaments and English Politics*, sah. 350.
[21] Elizabeth Read Foster, 'Printing the Petition of Right', *Huntington Library Quarterly*, 38/1 (Noýabr 1974), sah. 81–2.
[22] Petisiýanyň teksti köp ýerlerde tapyldy, aňsatlyk bilen J. P. Kenyon, *Stuart Konstitusiýasynda 1603–1688* (2nji neşir., Cambridge University Press, 1986), sah. 68.

Meniň bäşinji wakam – beýik taryhy waka, hatda düýbünden hem taryhy waka däldir. Bu kadalar eger-de Täze ýylyň gelýän wagty däl hem bolsa köp adamlaryň wagtal-wagtal kabul edýän çözgütleri ýalydyr: irden turmaly, köpräk işlemeli, sport bilen meşgullanmaly, azrak içmeli ýa-da şuňa meňseşler. D-r Jonson şunuň ýaly kadalaryň kabul edilmeginiň tarapdarydy. Käwagtlar biz bu kadalary kagyza ýazýarys, käwagtlar bolsa şeýle kadalar biziň öz işimizi näderejede ýerine ýetirýändigimiz bilen baglanyşyklydyr, edil ýarym hemişelik häsiýetimizi döretmek bilen, özümizi mynasyp derejede saklamaga synanyşýan ýalydyrys.

Ser Metýu Heýliň "hemişe ýatda saklanylmagy zerur zatlar" diýen sanawy şeýle iş usulynyň aýdyň mysalydyr. Heýl 1671-1676-njy ýyllar aralygynda patyşa tarapynyň baş kazysy bolupdy, onuň ýokarda agzalan kadalar sanawy bolsa 1660-njy ýyllara degişlidir, ol kazy hökmünde öz düzen kadalarynyň sanawyna eýeripdir. Onuň wesýetleriniň käbiri beýlekilerine garanyňda, häzirki döwür üçin hem uly ähmiýete eýedir, emma men sanawy dolulygyna getirýärin, Heýl şeýle ýazýar:

1. Kazyýet işini ýerine ýetiremde men Hudaýa, Patyşa we Ýurda bil baglaýaryn; şol sebäpli hem meň işimi:
2. (1) Dogry (2) Oýlanyşykly (3) Kesgitli ýerine ýetirilmelidirin.
3. Men öz düşünjäme ýa-da güýjüme daýanmaýaryn, Hudaýyň gudratyna we güýjüne esaslanyp, oňa sygynýaryn.
4. Kazy borjumy berjaý edenimde, öz hyjuwlarymy özümden has daşlaşdyrýaryn hem-de olaryň özüme täsir etmegine ýol bermeýärin.
5. Men tutuşlygyma we dolulygyma işe berilýärin, hemme beýleki iş aladalarymy we oý-hyýallarymy ýeri däl hasaplap, olary özümden daşlaşdyrýaryn.
6. Iş doly diňlenilýänçä hem-de taraplar öz pikirlerini beýan edýänçä, düýbünden öňünden haýsydyr bir netijä gelmek niýetinden saklanýaryn.
7. Islendik işe garalanda onuň başynda hiç haçan özümi hiç zada borçlandyrmaýaryn, öňünden bir çözgüde gelmekden saklanýaryn, ilki bilen iki tarapy hem diňleýärin.
8. Meniň häsiýetim meni rehimdarlyga iterýän hem bolsa, esasy işde hemme zady nazara almak gerekdir, ýurt üçin hem alada etmek gerek.
9. Halal işlerde juda kesirlikden özümi saklaýaryn, şunda pikirleriň dürlüligi köp zyýan getirýär.
10. Men adalatlylyk babatynda garyplara ýa-da baýlara rehimdarlyk bildirmek esasynda öňünden bir çözgüde gelmekden saklanýaryn.
11. Adalatly höküm çykarmak babatynda maňa meşhur bolan kazyýetde el çarpyşmalar hem ýa-da maňa ýigrenç hem, hiç zat täsir edip bilmeli däldir.
12. Adamlar men hakynda näme pikirdedir ýa-da näme diýerler diýip alada etmezlik üçin, özümi adalatlylyk ýörelgelerine laýyklykda berk saklaýaryn.
13. Günäliligiň ýa-da günäsizligiň subut edilmeginiň arasynda eger-de örän ýakyn baglanyşyk bar bolsa, rehimdarlyga we günä bildirilýänleri aklamagy ileri tutýaryn.
14. Diňe sözler arkaly aýyplanýan jenaýat işlerinde, haçanda indi zyýan ýetirilmeýän bolsa, özüňi saklamak adalatsyzlyk däldir.
15. Ganly jenaýatlarda delil aýan edilende, kazyýetde rehimsizlik zerurdyr.
16. Seljerilýän iş bilen baglanyşykly haçan hem bolsa we kim tarapyndan hem bolsa ähli islendik haýyşlardan ýüz döndermek.

17. Hyzmatkärleriňe (1) Seljerilýän haýsydyr bir işiň arasyny bölmezligi (2) Bellenilen möçberden artyk tölegi almazlygy (3) Sebäplere esaslandyrylmadyk ähmiýet bermezligi (4) Aklawçyny hödürlemezligi tabşyrmak.
18. Tabşyrylan işi has göwnejaý ýerine ýetirer ýaly gysga wagtlaýyn we az möçberde naharlanmak.

Mundan 350 ýyla golaý ozal düzülen bu sanaw uly ähmiýete eýedir, sebäbi onda ugrukdyryjy ýörelgeler beýan edilýär, olar häzirki döwre çenli kazynyň wezipesini oýlanyşykly alyp barmak üçin örän ýerlikli hasap edilýär. Heýl hem biz ýaly, kazylar jemgyýetiň gullugynda durmalydyr diýip hasaplaýar, olaryň möhüm işi çynlakaý, kimdir biriniň tarapyny almazdan, ýokary ussatlyk ünsi talap edýär. Ol özüniň şahsy duýgularyny öçürmelidigini, tarapgöýlük etmekden gaçmalydygyny hem-de ähli deliller hem-de iki tarap hem diňlenýänçä çözgüt çykarmakdan saklanylmagyny bilýärdi. Ol ýaşamalymy ýa ölmeli diýen meselelerde (“işewürlik maýasy – esasy iş”) jenaýatkäriň bähbitleriniň jemgyýetçiligiň we jebir çekeniň bähbitleri bilen deňeşdirilmelidigini, şeýle hem aýratyn zorlukly jenaýatlaryň gazaply jezalary talap edip biljekdigini, emma şeýle deňeşdirme deňeçer bolanda, özüniň jenaýatkäri aklamaga we rehimdarlyga ýykgyn etjekdigini ykrar edýär. Ol jemgyýetçilik pikirine garamazdan adalatly diýip hasap eden çözgüdini kabul edýärdi. Ol baýlaryň hem, garyplaryň hem tarapyny tutmaýardy. Ol heniz seljerilmegi tamamlanmadyk kazyýet işine hususy aklawçylaryň hiç hili wekiliniň gatnaşmagyny kabul etmeýärdi we işi öz elinde saklaýardy.

Munuň özi häzirki döwrüň kazylarynyň hem ýetmäge synanyşýan ýokary ölçegleridir. Elbetde kazylar hukugyň hökmürowanlygyny üpjün edýän ýeke-täk adamlar däldir, mümkin, olaryň iň möhümleri hem däldir. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde parlament we jemgyýetçilik pikiri habar berlende, islendik hukuk bozulmalarynyň ýüze çykarylmagyna we seljerilmegine taýýar bolmalydyr. Emma hukugyň hökmürowanlygyny saklamakda kazylaryň orny möhüm ähmiýete eýedir we Heýl kazylaryň öz borçlaryny nähili derejede berjaý etmelidikleri barada gymmatly we döwür babatynda has irki gözükdirmeleri berdi.

## (6) “Tussag edileniň kazyýete getirilmegi barada hököm hakynda (Habeas corpus)” kanuna düzedişler girizmek hakynda kanun, 1679-njy ýyl

Egerde 2001-2009-njy ýyllar aralygynda Kubanyň Guantanamo aýlagyndaky wakalar bolmadyk bolsa 1679-njy ýyldaky Habeas corpusa düzedişler girizmek hakyndaky kanun taryhyň näbelli sahypalarynyň biri bolup galardy.

Raýatlyk urşy tamamlanandan we Kronwel Arkalaşygyndan soňra monarhiýa dikeldilenden soň graf Klarendon Karl II-niň baş ministri boldy.

Ol özüniň wezipe ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirende tussag edilenleriň häzirki Birleşen Korollygyň iň alysdaky ýerlerine iberilmegini ýola goýupdy, onuň sebäbi şol alys ýerlerde, şol wagtlar Angliýada we Uelsde kazyýet tarapyndan goragyň guraly bolan habeas corpus kazyýet höküminiň hereket etmeýänligidir. Şeýlelikde, Klarendonyň pikir edişi ýaly, tussag

astyna alnanlar özleriniň günäkärlenmeginiň kanuna laýyk däldigini subut edip bilmeýärdiler. Munuň özi düşündirip bolmaýan patyşalyk häkimiýetinden lezzet almak üçin edilipdi, Klarendon wezipeden boşadylandan soň, onuň garşysyna iş gozgaldy. Oňa ýöňkelýän günäleriň biri, onuň öz döwründe tussag edilen adamlary "kanuna laýyklykda hereket etmek hukugyndan mahrum etmek üçin uzakda ýerleşýän adalara, garnizonlara we beýleki künjeklere" iberenligidir.[23] Klarendon gaçyp gidipdir we soňra gaçgaklykda ýogalypdyr. Emma onuň bilen bilelikde tussag edilenleri habeas corpus goragyndan mahrum etmegiň bu usulyna garşy hereket ýitip gitmändir.

Mese-mälim göze ilip duran bu hyýanatçylyklary düzetmek boýunça Jemgyýetler edarasy tarapyndan 1670-nji ýyllarda bäş hadysa babatynda çäreler geçirildi, emma bu çäreler her gezek, Lordlar edarasynda, tä 1679-njy ýylda habeas corpusa düzedişler girizmek hakynda ýene bir giň gerimli Kanun sesleriň köplügini alýança, her gezek şowsuzlyga uçraýardy. Lordlar edarasynda 57-den 55-e çenli ses köplük hasap edilýärdi, we (häzirki döwrüň taryhçysy) ýepiskop Bernetiň aýtmagyna görä, bu köplük lord Greýiň "hawa" diýlen sesleri sanaýjy hökmünde örän çişik Lordy 10 adamyň deregine sanandygy we muny onuň garşydaşlarynyň bilmändigini sebäpli sesleri köpeltmeginiň hasabyna gazanylypdyr.[24]

Bu gyzykly taryh, elbetde apokrifiki häsiýete eýe bolup bilerdi, emma ser Wilýam Holdswortyň paýhassyz awtor däldigini onuň kanuny taslamanyň kabul edilmeginiň "şeýle ýagdaýlarda, Bernetiň sesleriň köplüginiň ýalňyşlykda alnandygy baradaky hekaýatyna käbir aýratyn öwüşgin çaýýandygyny" beýan etmegi hem görkezýär.[25]

ABŞ-nyň terrorçylykda guman edilýänleri Guantanamo aýlagynda tussaglykda saklamagyň maksady hem edil ser Klarendonyň pikir edilişi ýaly tussag edilenlere içerki kanunçylykda göz öňünde tutulan habeas corpus hukugyndan peýdalanmaklaryna ýol bermezlik bolup Kubadaky amerikan harby bazasynda saklanylýanlaryň şol kanuna salgylanyp bilmejekleridir. Eger-de Guantanamoda ilkibaşdan Beýik Britaniýada 1679-njy ýylda talap edilişi ýaly kanunylyk berjaý edilenliginde köpsanly kazyýet seljermeleriniň hem-de adamlaryň ejir çekmeginiň öňüni alyp bolardy. Britan hukuk emeldarlary käbir terrorçylykda güman edilýänleriň Guantanamoda saklanylmagyna ýardam edipdirlermi diýlip berlen sowal jogapsyz galdy.

### (7) 1689-njy ýyldaky Hukuklar hakyndaky nama we 1701-nji ýylyň "Tagt mirasdüşeri hakyndaky" Kanuny

Haçan-da, 1688-1689 ýyllaryň rewolýusiýasy netijesinde Jeýms II tagtdan düşürilip, onuň ýerine Wilýam III (Niderlandlardan getirilen Oranskiý şazadasy) we onuň aýaly (Jeýmsiň gyzy) Mariýa II tagta çykarylanda, bu Rewolýusiýa "şanly" diýen ady aldy, sebäbi onda gan dökülmändi. Kanunyň hökmürowanlygynyň ösdürilmeginiň tarapdarlary üçin hem bu

---

[23] *Clarendon* (1668) 6 St Tr 291, 291, 330, 396.
[24] G. Burnet, *History of My Own Time* (1897), tom. 1, sah. 485.
[25] *History of English Law*, vol. 9 (3nji neşir., 1944), sah. 117–18 we n. 10.

Rewolýusiýa şöhratly boldy. “Azatlyklaryň Beýik hartiýasynda we “Hukuklar hakyndaky namada” patyşalaryň hem kanuna tabyn bolýandyklary baradaky aýdyň bolmadyk habarlary özünde jemleýärler. Emma Patyşa Ioan özüniň kynçylyk ýagdaýy tamamlanandan soň Azatlyklaryň Beýik hartiýasyndan ýüz öwürdi, Karl I bolsa Hukuklar hakyndaky nama 11 ýylyň dowamynda parlamente ýardam isläp ýüz tutmazdan ýeke-täk ygtyýarly patyşa hökmünde häkimlik etmek bilen jogap berdi. 1688 – 1689-njy ýyllarda habarlar has aýdyňrakdy, we şeýle bolmagynyň has netijeli sebäbi hem: teklip edilýän şertlere razy bolan ýagdaýynda, Wilýam Oranskä tagta çykmak hödürlenipdi. Syýasy filosoflaryň çaklaýyşlary ýaly däl-de, tagta geçmegi garaşylýan monarh bilen şol döwrüň syýasy liderleriniň arasynda konstitusion şertnama baglaşyldy. Bu şertnama taryhda 1689-njy ýyldaky Hukuklar hakynda nama diýen at bilen bellidir.

Jeýms II-niň gaçyp gitmegi ýurdy parlamentsiz hem-de parlamenti çagyrmak üçin gerekli häkimiýeti bolan patyşasyz goýdy. Jemgyýetler palatasy degişli şertleri taýýarlamak üçin otuz bäş adamdan ybarat komiteti belledi, eger-de Wilýam şol komitetiň taýýarlan şertlerine razy bolsa patyşa bolmalydy. Bu komitet haýran galdyryjy tizlik bilen işläp, jarnama taýýarlady, ol Wilýamyň we Meriniň wekilleri tarapyndan tä 1689-njy ýylyň 13-nji fewralynda çarşenbe güni Waýtholda Banket öýünde kabul edilýänçä, jikme-jik ara alnyp maslahatlaşyldy.[26] Diňe şondan soň geleşik baglaşyldy. Şondan soňra bolsa parlamenti çagyrmak mümkin boldy hem-de Wilýam we Meri bilen az-owlak düzediş girizilip, ylalaşylan Hukuklar hakynda nama kanun hökmünde kabul edildi. Bu kanuny patyşa 1689-njy ýylyň 16-njy dekabrynda tassyklady.[27]

Konwensiýalar, tertipnamalar we hukuklar hakyndaky namalar häzirki zamanyň işlenip taýýarlanan önümi, we 1689-njy ýyldaky Hukuklar hakynda nama bolsa şahsyýetiň hukuklarynyň goralmagyna bölekleýin gönükdirilendir diýen düşünjeler bar. Şunda Patyşanyň hem tabyn bolmaly kadalaryň işlenip düzülmegine esasy üns berildi. Bu kadalar ägirt uly we dowamly ähmiýete eýe boldy. Hiç bir patyşa indi hudaý tarapyn berlen häkimiýete daýanyp, kanundan rüstem bolup bilmez.[28] Parlamentiň ygtyýarlyklary we garaşsyzlygy yglan edildi,[29] onuň seljermeleriniň el degrilmesizligi goraldy[30] hem-de parahatçylyk döwründe onuň ygtyýarnamalary bolmazdan hemişelik goşun saklanyp bilinmez edildi.[31] Parlamentiň razylygy alynmazdan kanunyň hereketini togtatmak hukugy bikanun diýlip ykrar edildi.[32] “Soňky döwürde ýok bolan hem-de amala aşyrylan”[33] kanunlar ulanmazdan ýa-da kanunlary ýerine ýetirmezden oňmak hukugy hem şeýle hasap edilýärdi.

[26] David Lewis Jones, *A Parliamentary History of the Glorious Revolution* (HMSO, 1988), introduction, sah. 24–46.
[27] Ibid., sah. 49.
[28] Holdsworth, *History of English Law*,tom. 6, sah. 230.
[29] Bill of Rights, I.4, 8.
[30] Ibid., I.9.
[31] Ibid., I.6.
[32] Ibid., I.1.
[33] Ibid., I.2.

Bu ýagdaý soňraky kanunçylykda seljerilmelidi,[34] ýöne seljerilmän galdy.[35] Şahsy erkinlik we howpsuzlyk çendenaşa jerimeleriň talap edilmegini gadagan etmek,[36] örän köp möçberli girewiň bellenilmegini[37] we "örän rehimsiz hem-de adaty bolmadyk jezalaryň"[38] ulanylmagyny gadagan etmek ýoly bilen goralýardy.

Oturdaşlar kazyýetiniň goraglylygy üpjün edildi.[39]

Şulardan ugur alyp, häzirki döwrüň okyjylary ýaşaýan döwletiniň häsiýetine düşünip bilerler.

Emma bir zat ýetmeýärdi. Eger-de, ulanmaga ukyby hem-de islegi bolan kazylar bolmasa, oňaýly kanunlaryň çykarylmagynyň artykmaçlyklary hem köp däldir. Şeýle ýagdaýda häkimiýetler kanunlary çekinmezden äsgermän bilerler. Emma eger-de kazylar döwletiň ýokary häkimligine garşy kanunlary ulanmaly bolsalar, olar gorkuzylmakdan hem-de yzarlanylmakdan goralmalydyr. Hukuklar hakynda namany işläp taýýarlan komitet bu mesele boýunça seresaplylyk bildirdi hem-de özüniň ilkinji taslamasyna kazylaryň wezipede galmagyny kepillendirýän we olaryň zähmet hakyny goramak baradaky kadany girizdi.[40] Emma (Wilýam Oranskiý tarapyndan garşylyk bildirilende) namanyň köne hukuklaryny tassyklap we täzeleri döretmeli däldigi barada çözgüt kabul edilende, bu mesele ünsden düşürildi.[41] Şeýlelikde, bu meseläni indiki gezege çenli goýmak zerurlygy ýüze çykdy. Ol gün 1701-nji ýylda geldi, şonda parlament "tagt mirasdüşeri hakynda" kanunda şa zenany Annanyň protestant gelip çykyşly hukuk mirasdüşerini göz öňünde tutýan kanuny kabul etdi. Şonda iki edarada hem sesleriň köplügini alan[42] 1689-njy ýylda kabul etmek mümkinçiligi elden gidirlen düzgüni[43] güýje girizmek mümkinçiligi peýdalanyldy. Raýat talapnamasyndan ýa-da kazyýet tertibinde[44] amala aşyrylan hereketler üçin jenaýat yzarlamasyndan ýokary Kazyýet ulgamyny goramaga hukuk berýän örän köne hukuk bilen birlikde kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygynyň binýady dikeldildi. Soňra altmyş ýylyň dowamynda täze patyşa[45] tagta çykanda kazylaryň gaýtadan wezipä bellenilmezligini göz öňünde tutýan hukuk saklanyp galdy. D-r Jonson bu kadanyň ýatyrylmagyny oňlamandy. Ol "Kazy korrumpirlenen bolup biler ... Gartaşmagy bilen kazy ketjal bolup biler. Kazy köp babatda bu wezipä laýyk gelmän biler. Täze patyşa tarapyndan wezipä bellemek mümkinçiligi göwnejaý

---

[34] Ibid., XII.
[35] Holdsworth, *History of English Law*, tom. 6, sah. 240.
[36] Bill of Rights, I.10.
[37] Ibid.
[38] Ibid.
[39] Ibid., I.11.
[40] Lewis Jones, *Parliamentary History*, sah. 29.
[41] Ibid., sah. 38–40.
[42] Robert Stevens, 'The Act of Settlement and the Questionable History of Judicial Independence', *Oxford University Commonwealth Law Journal* (2001), sah. 259.
[43] Act of Settlement 1701, s. 3.
[44] Holdsworth, *History of English Law*, tom. 6, sah. 234–40.
[45] Stevens, 'The Act of Settlement', sah. 262.

bolup bilerdi..."[46] diýipdi. Kazylaryň kesgitlenmedik wagtyň dowamynda wezipelerini ýerine ýetirmegi dowam etdirip bilýän şol döwürlerde Jonsonyň ynjalyksyzlygyna düşünip bolardy. Emma, diňe bu babatda, taryh onuň bilen ylalaşmandy. Hakyky garaşsyz kazyýet ulgamy ýerine ýetiriji häkimiýetiň bikanunçylygyna garşy örän ygtybarly kepillikleriň biridir; kazyýet ulgamy awtoritar hökümetleriň pidasy bolup biler, muny Zimbabwe we Pakistan ýaly ýurtlaryň taryhy açyk görkezýär.

Hatda döwletdäki iň ýokary häkimiýetiň hem kanuna tabyn bolmalydygy ugrundaky ýol örän kötelli boldy. Bu ýolda patyşalaryň biriniň kellesi gitdi, beýlekisi bolsa tagtyndan agdaryldy. Emma Britaniýa Şöhratly rewolýusiýanyň miwesi bolmak bilen kanunyň hökmürowanlygy kämil we doly bolmadyk görnüşde agdaklyk eden ýurdy boldy.

(8) Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Konstitusiýasy

Birleşen Ştatlaryň Konstitusiýasy hukugyň hökmürowanlygynyň taryhynda aýgytlaýjy sepgit boldy. Munuň özi dürli hökümet edaralarynyň degişli ygtyýarlyklaryny hem-de borçlaryny kesgitleýän resminamany kemala getirmekde ilkinji synanyşyk däldi. Oliwer Kromwel özüne mahsus öňdengörüjilik bilen özüniň 1653-nji ýyldaky hökümet namasynda muny (soň görnüşi ýaly, şowsuz) öňünden gördi. Emma ABŞ-nyň Konstitusiýasy güýçli we netijeli merkezi hökümeti döretmekde şol bir wagtyň özünde aýry-aýry ştatlaryň özygtyýarlylygyny (ilkinji on düzedişde) saklamakda, häzirki döwrüň bir kommentatorynyň aýdyşy ýaly, şahsyýetiň esasy hukuklaryny "saýlaw despotizmiň görnüşinden"[47] goramakda täzeçil Konstitusiýa bolup durýardy. (Haçan-da lord Heýlşem 1976-njy ýylda "Dimblbi" çykyşynda düşünip ýa-da düşünmän "saýlaw diktatorçylygyny" örän nädogry ýatlap, bu jümläni getirende, meniň pikirimçe munuň özi diňe çaklama bolup durýar[48]). Bu Konstitusiýa şeýle hem häkimlik edýän ýokary gatlagyň görkezmesi esasynda emele gelen önüm bolman, giň gerimli, örän ýokary hilli pikir alyşmalaryň hem-de hakyky demokratiýa ýörelgeleri esasynda makullanylmagynyň miwesidigi sebäpli hem täzeçildir.

Emma Kostitusiýanyň kanunda berkidilmegi has düýpli täzelik bolupdy. Öňki taryh munuň näme üçin şeýle edilendigini düşündirmäge mümkinçilik berýär. Amerikan rewolýusiýasynyň baştutanlary iňlis umumy hukugyna düýpli düşünýän hem-de Azatlyklaryň Beýik hartiýasynyň goragynda durýan gymmatlyklary bilen tanyş meşhur hukukçylaryň birnäçesini saklaýardylar. Şeýlelikde, Britan patyşalygynyň özleriniň hasap edişi ýaly, bikanun talaplaryna garşylyk görkezmek bilen kolonizatorlar üçin (XVII asyryň ortalarynyň öz iňlis kärdeşleri ýaly), Azatlyklaryň Beýik hartiýasy bilen bolup geçen ýagdaýa

---

[46] James Boswell, *Johnsonyň durmuşy*, Oxford Standard Authors, J. D. Freeman tarapyndan düzüdilen 3nji neşir., ed. R. W. Chapman (Oxford University Press, 1976) sah. 619–20.
[47] Richard Henry Lee, Samuel Adams-a hatynda, 5 oktýabr 1787: seret Richard Labinski, *James Madison and the Struggle for the Bill of Rights* (Oxford University Press, 2006), s. 40.
[48] In *A Sparrow's Flight* (Collins, 1990), s. 318, Lord Hailshamyň aýtmagyna görä bu jümläni hem-de 1958-nji ýylda Harold Macmillan babatynda ulanylan "gaharlanmazak" we "gazaply" jümleleri tapan ol.

esaslanyp hem-de ony patyşalygyň (tassyklanylyşy ýaly) garşylyk görkezip bilmedik ýokary kanuny hasaplamak mahsusdy. Munuň özi Konstitusiýa kabul edilende onuň has ýokary kanunyň derejesine eýe bolmagynda gysgajyk ädim boldy, şunda ol halkyň güýçli erk-ygtyýaryna eýe bolmandy. Konstitusiýanyň VI maddasynda şeýle göz öňünde tutulýar:

Bu konstitusiýa hem-de Birleşen Ştatlaryň oňa bagly ähli şertnamalary; ABŞ-nyň häkimiýetine laýyklykda ähli baglaşyljak ýa-da baglaşylan ylalaşyklar ýurdyň ýokary kanuny bolmalydyr hem-de her bir ştatyň kazylary olara boýun bolmalydyr, şunda käbir ştatlaryň konstitusiýalarynda we kanunlarynda bu talaba garşy düşünjeler bar bolsa-da.

Şeýlelikde, Kongres (1-nji madda), Prezident (2-nji madda) we federal kazyýet häkimiýeti (3-nji madda) hiç-hili başga namalar esasynda däl-de, Konstitusiýa bilen ýa-da Konstitusiýa laýyklykda berkidilen ygtyýarlyklara eýe bolmalydyrlar. Munuň özi Beýik Britaniýanyň parlamentinde Patyşalygyň nazaryýet ýüzünde kanunçylyk kuwwatyna eýe bolan ýagdaýyna garşy gelýärdi hem-de garşy gelmegini dowam edýärdi (bu barada aşakdaky 12-nji bapda has giňişleýin düşündirilýär). Bu mesele, iň bolmanda Atlantikanyň günbatar tarapynda şol wagtlar doly kanagatlanma bilen kabul edilipdi. Şeýle baha Erkin ekerançylar üçin “Erkin adam” hem-de Rod Aýlendiň Erkin adamlar jemgyýetleri tarapyndan 1788-nji ýylyň 20-nji martynda berlipdi. Britaniýanyň parlamentinden ýazyjy “Olar iň ýokary kanunçylyk edarasy bolup durýar hem-de olaryň ygtyýarlyklary çäklendirilen däldir we Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň[49] ýatyrylmagyna gönükdirilendir” diýip aýdypdyr. Kongres bolsa “olaryň ygtyýarlyklary iň ýokary hem däldir, çäklendirilmedik hem däldir, ol konstitusiýa esasynda kesgitlenilýär: hem-de oňa berilmedik ähli ygtyýarlyklar ştatyň Kanun çykaryjy edaralarynda galýar” diýýär.[50] Şeýlelikde, men ilkinji gezek Konstitusiýada beýan edilen kanunyň diňe bir ýerine ýetiriji häkimiýet we kazylar üçin däl-de, eýsem kanun çykaryjy edaranyň özi üçin hem iň ýokary kanun bolmalydyr diýip pikir edýärin. Şol sebäpli hem Tom Peýn “AMERIKADA KANUN PATYŞADYR” diýip dogry aýdypdyr (ýokarda 1-nji Baba seret). Birleşen Ştatlaryň Ýokary kazyýeti tarapyndan düşündirilişi ýaly, bu konstitusion hukuga onuň ozal hiç haçan we hiç ýerde eýe bolmadyk häkimiýetiň berilmegi bilen, hakykatdan hem hukugyň hökmürowanlygyna tarap ösüş boldy.

### (9) 1789-njy ýyldaky Adam we raýat hukuklary baradaky Fransuz jarnamasy

1789-njy ýyldaky Adam we raýat hukuklary baradaky Fransuz jarnamasy Russonyň hem-de on sekizinji asyryň Magaryf eýýamynyň beýleki filosoflarynyň garaýyşlaryny beýan etdi. Bu jarnama ilkinji gezek Amerikanyň Garaşsyzlyk jarnamasynda berkidilen ýörelgeler bilen ruhlanyp, Amerikadan gaýdyp gelen Markiz de Lafaýet tarapyndan ilkinji gezek işlenip taýýarlanyldy we öňe sürüldi.

---

[49] Seret, mysal üçin, Bernard Bailyn (ed.), *The Debate on the Constitution* (Library of America, 1993), bölümler 1 we 2.

[50] Ibid., bölüm 2, s. 369.

Bu Jarnamada adamlaryň deňhukukly we erkin dogulýandygy we şeýle bolmagynda galýandygy; islendik syýasy birleşigiň maksadynyň adamyň tebigy hem-de üýtgewsiz hukuklaryny üpjün etmek bolup durýandygy; milletiň özygtyýarly häkimiýetiň çeşmesi bolup durýandygy; azatlygyň başga bir kişä zyýan ýetirmeýän ähli hereketleri etmek mümkinçiliginden ybaratdygy; kanunyň diňe jemgyýet üçin zyýanly hereketleri gadagan etmäge hukugynyň bardygy; kanunyň umumy erk-islegiň beýanydygy; hiç kimiň kanunda hem-de onuň esasynda düzülen beýleki namalarda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başgaça günäkärlenip, saklanylyp ýa-da tussag edilip bilinmejekdigi; kanunyň diňe berk we jedelsiz zerur bolan jezalary bellemelidigi hem-de özbaşdaklyk esasynda jezanyň ýol berilmesizdigi; heniz adamyň günäsi subut edilmänkä, hiç kimiň günäkär diýlip hasap edilmeli däldigi, zerur bolup durmaýan islendik gereginden artyk gazaply çärelerden gaça durmalydygy, onuň kanun arkaly berk öňüniň alynmalydygy; hiç kimiň öz pikirleri üçin, hatda dini garaýyşlary üçin hem, eger-de şeýle garaýyşlaryň beýan edilmeginiň jemgyýetçilik tertibini bozmaýan şertinde, ýanalmagyna ýol bermeli däldigi; öz pikirleriňi we garaýyşlaryňy erkin beýan etmegiň adamyň iň gymmat bahaly hukuklarynyň biridigi; adamyň we raýatyň hukuklarynyň kepillendirilmegi üçin döwletiň ýaragly güýçleriň saklanylmagynyň zerurdygy; döwleti dolandyrmak boýunça çykdajylara umumy tölegleriň zerurdygy; ähli raýatlaryň döwlet salgytlarynyň bellenilmeginiň zerurlygyny özleriniň ýa-da öz wekilleriniň üsti bilen kesgitlemäge hukugynyň bardygy; jemgyýetiň islendik emeldardan onuň alyp barýan işleri barada hasabat soramaga hukugynyň bardygy; hukuklaryň kepilliginiň üpjün edilmeýän hem-de ygtyýarlyklaryň bölünmeýän jemgyýetiniň Konstitusiýasynyň ýokdugy; we ahyrynda bolsa emläge hukugyň eldegrilmesizdigi hem-de mukaddesligi sebäpli, hiç kimiň açyk jemgyýetçilik zerurlygy esasynda kanun tarapyndan kesgitlenilen hem-de adalatly we öňünden öwezini dolmak şerti bilen, başgaça ýagdaýda hiç kimiň emläginden mahrum edilip bilinmejekdigi barada jar edilýär. Bu kadalaryň käbiri häzirki döwür üçin adaty bir zat bolup görünýär.

(10) Amerikanyň Hukuklar hakyndaky namasy

ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň 1791-nji ýylyň 15-nji dekabrynda güýje giren ilkinji on düzedişi Amerikanyň Hukuklar hakyndaky namasy hökmünde mälimdir. Ol köp meseleleri gurşap alýar, olaryň käbiri Hukuklar hakynda Britaniýanyň namasyna çalymdaşdyr, käbirleri bolsa ýörite britan nusgasyndan tapawutlanýar ýa-da onuň çäklerinden çykýar. Kanun çykaryjylyk häkimliginiň amala aşyrylmagyny çäklendirmek üçin işlenip taýýarlanylan 1-nji maddada “Kongresiň haýsydyr bir dini bellemäge ýa-da erkin uýmaga gadagan edýän, söz ýa-da metbugat ýa-da halkyň parahatçylykly ýygnanyşmagyny hem-de hökümete öz talaplaryny kanagatlandyrmak baradaky namalar bilen ýüzlenmäge erkinligini çäklendirýän kanunlary çykarmaly däldigi” göz öňünde tutulýar. 2-nji maddada “Azat döwletiň howpsuzlygy üçin göwnejaý guramaçylykly milisiýanyň zerur bolşy ýaly, halkyň ýaragy

edinmek hem-de ony götermek hukugy bozulmaly däldir” diýlip bellenilýär. 3-nji madda parahatçylyk we uruş döwründe goşunyň nähili ýerleşdirilmelidigini kesgitleýär, munuň özi amerikan rewolýusiýasyndan soň aýratyn möhüm meseledir. 4-nji madda has umumy ähmiýete eýedir: "Halkyň öz şahsyýetini, ýaşaýyş jaýyny, resminamalaryny hem-de emlägini esaslandyrylmadyk öý dökülmelerinden hem-de tussag edilmelerinden gorag hukugy bozulmaly däldir. Öý dökülmegine hiç bir ygtyýarnama kasam ýa-da dabaraly beýannamalar bilen berkidilen ýeterlik deliller bolmazdan, başgaça ýagdaýda berlip bilinmez; şundan öýüň dökülmegine ygtyýar berýän resminamada barlag edilmäge degişli ýeriň, tussag edilmäge degişli adamlaryň ýa-da goşlaryň jikme-jik beýany görkezilmelidir." Şeýlelikde, Angliýada bolşy ýaly, hiç hili adaty bolmadyk öý dökmeler we şahsyýeti barlamak işlerine ygtyýar berlip bilinmez. 5-nji madda şol döwürleriň Britaniýadaky kazyýet işiniň ýagdaýyny beýan edýär, sebäbi ol käbir babatda üýtgedilendir:

Hiç bir adam agyr ýa-da masgaraçylykly beýleki jenaýaty üçin jenaýaty subut edilmezden ýa-da Ýokary kazyýet tarapyndan günäsi boýnuna goýulmazdan başgaça jogapkärçilige çekilip bilinmez, şunda uruş wagty hem-de jemgyýet üçin howply beýleki ýagdaýlarda hakyky gulluga çagyrylanlaryň gury goşun ýa-da harby-deňiz güýçlerinde ýa-da milisiýada gozgalan işler muňa girmeýär; hiç kim şol bir eden jenaýaty üçin iki gezek ölüm jezasyna ýa-da şahsyýetiniň eldegrilmesizliginiň bozulmagyna sezewar edilip bilinmez; hiç kim jenaýat işinde özüne garşy şaýat bolmaga mejbur edilip bilinmez; hiç kim degişli hukuk seljermeleri geçirilmezden ömründen, azatlygyndan ýa-da emläginden mahrum edilip bilinmez; hususy emläk adalatly öwezini dolmazdan, jemgyýetçilik üçin peýdalanylmaga alnyp bilinmez.

Amerikan hukuk ulgamynda mukaddes diýlip hasap edilýän “degişli hukuk seljermeleri” diýilýän adalga Azatlyklaryň Beýik Hartiýasynyň 39-njy babynyň (ser. (1) ýokarda) has giçki terjimesinden gelip çykýar. 6-njy madda hem şol döwrüň Britaniýadaky kazyýet ulgamynyň ýagdaýyny açyp görkezýär hem-de britan kazyýet ulgamynyň çäklerinden çykýar:

Islendik jenaýat işi gozgalanda, günäkärlenýäniň ozal kanun esasynda kesgitlenilen, jenaýatyň bolup geçen ştatynyň we okrugynyň tarapgöýlige ýykgyn etmeýän oturdaşlar kazyýetinde tizden-tiz we açyk kazyýet seljermesine hukugy bardyr; aýyplanýanyň özüne bildirilýän günäniň düýp mazmuny hem-de delillendirmeleri barada habardar bolmaga hukuky bardyr, onuň özüne garşy görkezme berýän şaýatlar bilen ýüzbe-ýüz duşuşmaga, öz tarapyny çaljak şaýatlary almak üçin hökmany prosesden peýdalanmaga hem-de özüni goramak üçin aklawçynyň kömegine hukugy bardyr.

Bu hukuklaryň üçünjisi amerikan hukukçylaryna “ýüzleşmek (şaýat bilen) hakyndaky kada” ady bilen belli onda dönüklik üçin ser Wolter Reliniň garşysyna geçirilen kazyýet seljermesinde umumy kabul edilen adalatsyz proseduradan ýüz dönderme boldy, haçanda baş prokuror (ser Edward Kouk) aýyplanýan tarapyň ynanýan esasy şaýadyny çagyrmakdan düýbünden ýüz öwrüpdir, we soňra şaýat hem öz görkezmelerinden ýüz öwürdi. 7-nji madda

islendik raýat seljermesinde oturdaşly kazyýetiň hukugyny saklap galýar, şunda meseläniň bahasy ýigrimi dollardan ýokary bolmalydyr. Britaniýanyň Hukuklar hakynda namasyndan (ser (7) ýokarda) göçürilip alnan 8-nji maddada "Möçberi örän ýokary bolan girew talap edilmeli däldir ýa-da gereginden artyk jerimeler salynmaly däldir, ýa-da rehimsiz ýa-da adaty bolmadyk jezalar berilmeli däldir" diýen düşünje beýan edilýär. 9-njy maddada Konstitusiýada beýan edilmedik aýry-aýry hukuklaryň saklanylmagy göz öňünde tutulýar we 10-njy maddada Konstitusiýa esasynda Federal Hökümetine berilmedik ygtyýarlyklary ştatlaryň garamagynda saklamagy göz öňünde tutulýar. Amerikanyň Hukuklar hakyndaky namasy uzak wagta çeken jedelli mesele boldy,[51] emma 1791-nji ýylda kepillendirilen hukuklar amerikan raýatlarynyň häzirki wagtda hem peýdalanýan hukuklary bolmagynda galýar.

(11) Uruş kanunlary we adatlary

Men indi has tapawutly beýleki ugruň ösüş aýratynlyklaryny seljermäge geçýärin, ol bir çäkde birbada bolup geçmedi hem-de şol sebäpli möhüm waka hökmünde degişli derejede beýan edilmeýär. Ol okgunly ösüşiň soňky ýüz ýylyň ýa-da şoňa golaý döwrüň içinde bolup geçen hem bolsa, asyrlaryň dowamynda güýje girdi. Men (häzirki wagtda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kadalaşdyrylýan ius ad bellum) güýç ulanmak hem-de uruş ýa-da harby çaknyşygy (ius in bello) alyp barmak babatynda hem hukuk taýdan ykrar edilen standartlary ornaşdyrmak synanyşygyny göz öňünde tutýaryn. Uruş döwründe rehimsizlik edilmegini saklamagyň kadalary örän gadymy döwürlerde[52] we orta asyrlarda[53] hem bolupdyr. Şunda Riçard II 1385-nji ýylda we Genrih V 1415-nji ýylyň Aginkur wakalary wagtynda öz esgerleriniň duşman babatynda[54] hereketlerini kadalaşdyrýan permanlary çykarypdyrlar. Jentili (1552-1608)[55] hem-de Grotiý (1583-1645)[56] ýaly awtorlaryň täsiri astynda adaty halkara hukugynyň toplumlary ösdürilip başlanýar, ol öz gözbaşyny Şwesiýanyň patyşasy Gustaw Adolf II tarapyndan 1621-nji ýylda gol çekilen hem-de özleriniň borçlary hökmünde garaýan milletleriň iş ýüzündäki hereketlerinden abraýa eýe bolan urşuň 150 kadasy ýaly çeşmelerden alyp gaýdýar. Wagtal-wagtal şunuň ýaly kadalar, mysal üçin, 1785-nji ýylda Birleşen Ştatlaryň we Prussiýanyň arasynda baglaşylan şertnamada bolşy ýaly, ikitaraplaýyn şertnamanyň meselesi bolupdyr, ol dostluk we söwda hakynda şertnama bolandygyna garamazdan, olaryň arasynda uruş bolan halatynda ulanylmaly kadalary özünde jemläpdir.

---

[51] Seret Labinski, *James Madison and the Struggle for the Bill of Rights*.
[52] Coleman Phillipson, *The International Law and Custom of Ancient Greece and Rome* (Macmillan, 1911), tom. 2, sah. 166–384.
[53] Maurice Keen, *The Laws of War in the Later Middle Ages* (Routledge and Kegan Paul, 1965).
[54] Seret Juliet Barker, *Agincourt* (Abacus, 2006), sah. 169, 223.
[55] Özüniň *De Jure Belli* atly iň möhüm işini çap edende ol Oxfordda raýat hukugy boýunça professordy.
[56] *De Jure Belli et Pacis* (1625).

Şeýlelikde, 23-nji maddada söwdagärleriň, zenanlaryň, çagalaryň, alymlaryň, fermerleriň we beýlekileriň goraglylygy kesgitlenilýär. 24-nji maddada harby ýesirlere nähili garamalydygy göz öňünde tutulýar we bu madda şeýle başlanýar: “harby ýesirleri örän uzak hem-de ýaramaz şertleri bolan ýurtlara ibermek ýa-da olary darajyk hem-de jan-saglyga zyýanly ýerlere dykmak ýoly bilen ýok edilmeginiň öňüni almak üçin ylalaşýan iki tarap birek-birege hem-de bütin dünýä, özleriniň şertnamada bellenilen kadalara eýerjekdiklerine dabaraly ýagdaýda söz berýärler.[57] ABŞ-da raýat urşy döwründe Awraam Linkoln Frensis Liberden ygtyýarlyklary aldy hem-de *Birleşen Ştatlaryň hökümet goşunlary we Demirgazyk goşuny* üçin aýratyn meşhur bolan söweşjeň ýagdaýda ulanylmaly *Uruş Kodeksine* gol çekdi. (Liber Kolumbiýa uniwersitetinde taryh boýunça professor bolupdyr: 1800-nji ýylda Berlinde doglan, ol 1827-nji ýylda Birleşen Ştatlara göçüp gitmezden ozal, 1815-nji ýylda ýetginjek ýaşyndaka Blýuheriň ýolbaşçylygynda garaşsyzlyk ugrunda Grek urşuna gatnaşypdyr).

Soňky bir ýarym asyryň dowamynda halkara kazyýetleriň we tribunallaryň çözgütleri hem-de alymlaryň garaýyşlary uruş mahalynda özüňi alyp barmagyň ýol berilýän kadalarynyň kesgitlenilmegine öz täsirini ýetirdi, şonda bu köptaraply meseläniň dürli ugurlaryna degişli halkara konwensiýalarynyň köpsanlysy agdyklyk edýärdi. Bu konwensiýalaryň taryhynda köpsanly gahrymanlar peýda bolupdy, olaryň kimdir birini beýlekileri goýup agzamak hem kemsidiji ýagdaýy emele getirýär. Ýöne şeýle bolsa-da, olaryň käbirleri has-da tapawutlydy. Olaryň hatarynda Žan-Anri Dýunan 1862-nji ýylda “Solferino barada ýatlama”[58] atly kitaby neşir etdi. Onda awtoryň özüniň hem gatnaşan söweşiniň aýylganç wakalary beýan edilýär, bu kitap 1864-nji ýylda ýaralylara seretmek hakynda Ženewa konwensiýasynyň[59] döredilmegine hem-de Halkara Gyzyl Haç komitetiniň[60] döredilmegine itergi berdi. Şeýle hem şu ýerde Aleksandr II-ni ýatlamak ýerlikli bolar, ol Sankt-Peterburg maslahatyny çagyrdy. Onda uruş mahalynda öldürmeýän, emma elhenç ten ýaralaryny salýan 400 grama çenli agramdaky partlaýjy top oklaryny ulanmagy gadagan etmek hakynda 1868-nji ýylda Jarnamasy kabul edildi, ony on dokuz döwlet makullady.[61] Aleksandr II-niň bu başlangyjy onuň agtygy Nikolaý II tarapyndan dowam etdirildi, ol 1899-njy ýylda birinji Gaaga parahatçylykly maslahatyny çagyrdy, bu maslahat üç sany konwensiýanyň we üç sany jarnamanyň kabul edilmegine ýol açdy. Beýik Britaniýa ilkibaşda garşy bolup, soňra goşulan jarnamalarynyň biri Britan-Hindi arsenalyndaky Kalkuttanyň golaýynda ýerleşýän[62] Dum-Dum diýen ýerde ilkinji gezek taýýarlanylan okuň görnüşi barada boldy. Ikinji Gaaga parahatçylykly maslahaty 1907-nji ýylda çagyryldy, bu maslahat ilkinji

---

[57] Seret Adam Roberts we Richard Guelff (redaktorlar.), *Documents on the Laws of War* (3nji neşir., Oxford University Press, 2000), s. 4.
[58] Halkara Gyzyl haç komiteti tarapyndan täzeden çap edilen, Jenewa, 1986.
[59] Bu Jarnama 1949 ýylyň dört sany Jenewa Jarnamalarynyň birinji bilen ýeri çalşyryldy, on maddadan ybarat bolan asyl nusgadaky görnüşiniň has giňeldileni.
[60] Seret Caroline Moorehead, *Dunant’s Dream: War, Switzerland and the History of the Red Cross* (HarperCollins, 1998).
[61] Seret Roberts we Guelff (red.), *Documents*, sah. 53–7.
[62] Ibid., sah. 63–6.

Prezident Teodor Ruzweltiň, soňra bolsa Patyşa Nikolaý II-niň başlangyjy boýunça geçirildi, olaryň jemleri boýunça hem on üç konwensiýa we bir jarnama işlenip taýýarlanyldy, olaryň aglabasy gury ýerde we deňizde uruş alyp barmagyň ugurlaryna degişlidi.[63] Ikinji jahan urşundan soň, Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda kabul edilen köpsanly konwensiýalaryň hatarynda  Birleşen Milletler Guramasynyň 1948-nji ýyldaky genosidiň (gyrgynyň) öňüni almak hem-de bu ugurda jenaýat üçin jeza bermek hakyndaky Konwensiýasyny aýratyn bellemek gerek, ol Kubanyň, Hindistanyň we Panamanyň[64] wekiliýetleriniň Baş sekretara iberen haýyşnamalarynyň netijesidir. Şeýle hem Halkara Gyzyl Haç komitetini esaslandyryjylaryň biri Gustaw Muanýeni hormatly adamlaryň bu örän gysgaldylan sanawyna, goşasym gelýär, ol 1872-nji ýylda 1864-nji ýylyň ýaralylara seretmek hakyndaky Ženewa konwensiýasynyň düzgünleriniň bozulmalaryna garamak üçin Halkara jenaýat kazyýetini döretmäge çagyrdy. Onuň bu islegi 1998-nji ýylyň Halkara jenaýat kazyýetiniň Rim statutyny tassyklamak arkaly ýerine ýetirildi. Şunda, gynansak-da, Ilkinji tapgyrlarynda bu başlangyjyň güýçli tarapdary bolan hem-de 1993-nji we 1994-nji ýyllarda[65] ozalky Ýugoslawiýa we Ruanda üçin döredilen halkara jenaýat tribunallarynyň güýçli tarapdary bolan Birleşen Ştatlar ahyrsoňy özüniň harby gullukçylarynyň daşary döwletiň kazyýetiniň hukuk gerimine tabyn bolmaklaryny islemändigi sebäpli bu Halkara jenaýat kazyýetine gatnaşmakdan ýüz dönderdi. Bu kadalaryň ählisini netijesiz hem-de berjaý edilmegi kyn hökmünde hasap edilip aňsatlyk bilen äsgermezlik edip bolardy. Adamlaryň köpüsi şeýle hem etdiler. Emma bu kadalaryň belli bir derejede ähli - bu urşuň elhençliklerini başdan geçiren - söweşýän taraplaryň, ýaralylaryň, harby ýesirleriň, zenanlaryň, çagalaryň, raýat adamlarynyň, söweşmeýän taraplaryň – kanunyň hökmürowanlygynyň ýeňşi hökmünde ykrar edilmegine getirendigini nazara alynmalydyr.

## (12) Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy

Meniň iň soňky belläp geçmek isleýän esasy wakam ýakynda döredilen  Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda, taraplaryň 48-siniň “razy” diýip ses bermegi, sekizisiniň saklanmagynda[66] Parižde kabul edilen Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasydyr, şunda taraplaryň hiç biri garşy ses bermedi. Britaniýanyň ilkibaşdaky isleglerine hem-de örän abraýly fransuz wekili we gepleşikleri geçiriji Rene Kasseniň[67] meýillerine garamazdan, bu Jarnama ýerine ýetirilmegi üçin hökmany däldi (häzir hem şeýle). Emma Azatlyklaryň Beýik Hartiýasyna, 1689-njy ýyldaky Hukuklar hakyndaky nama, 1789-njy ýylyň adamyň we raýatlaryň hukuklarynyň

[63] Ibid., sah. 67–137.
[64] Ibid., sah. 179–94.
[65] Ibid., sah. 565–72, 615–21, 667–97.
[66] Byelorussia, Czechoslovakia, Poland, Ukraine, USSR, Yugoslavia, South Africa and Saudi Arabia.
[67] Mary Ann Glendon, *A World Made New* (Random House, 2001), p. 58; Gérard Israël, *René Cassin* (Desclée de Brouwer, 1990), s. 204.

Fransuz Jarnamasyna hem-de Hukuklar hakyndaky Amerikan namasyna esaslanmak bilen, bu Jarnama adam hukuklarynyň umumy ölçeglerini üpjün etdi, olaryň esasynda soňra resmi şertnamalaýyn borçnamalar döredildi we ol raýat we syýasy hukuklar baradaky 1966-njy ýylyň Halkara pakty, 1966-njy ýylyň ykdysady, durmuş we medeni hukuklary baradaky Halkara pakty, 1966-njy ýylyň jyns kemsidilmeleriniň ähli görnüşleriniň ýok edilmegi baradaky Halkara pakty, 1950-nji ýylyň Adam hukuklary baradaky Ýewropa konwensiýasy, 1969-njy ýylyň Adam hukuklary baradaky Amerikan konwensiýasy, 1981-nji ýylyň Adamyň we halklaryň hukuklarynyň Afrika hartiýasy hem-de 1994-nji ýylyň Adam hukuklary baradaky Arap konwensiýasy ýaly sebitleýin şertnamalaryň döredilmegine itergi berdi.[68]

Ählumumy jarnamanyň awtorlary köp çeşmelere ýüzlenipdirler ýa-da maslahatlary alypdyrlar, şol sanda Haksliden (Julian we Oldosdan), H.G. Wellsden, Teýýar de Şardenden we Benedetto Kroçeden.[69] Jarnamanyň awtordaşlygy käbir çaprazlygy döretdi, Rene Kasseniň goşandy uly bolsa-da, mümkin, ol has artdyrylyp görkezilendir.[70] Ilkinji taslamany taýýarlan görnükli kanadaly halkara hukukçy Jon Hamfriniň pikirine görä, Jarnamanyň "awtory ýok", sebäbi "onuň taýýarlanylmagyna ýüzlerçe adamlar goşantlaryny goşdular".[71]

Emma Papa Ioann XXIII 1963-nji ýylda Terrisde "Pasem" resminamasynda belleýşi ýaly, "Jarnama örän wajyp nama" bolup, lideriň wezipesini hususan-da, dört adam: Eleonora Ruzwelt, Rene Kassen, Liwandan Çarlz Malik hem-de Hytaýdan P.S.Çang ýerine ýetirdiler. Eger, hukugyň hökmürowanlygy häzir adamyň esasy hukuklarynyň goralmagyny talap edýän bolsa, mümkin, şolaryň dördüsi köp babatda beýlekilere garaňda, tutuş dünýäde diýen ýaly şol ýörelgäniň kabul edilmegi hem-de şondan soň ençeme ýurtlarda bu kanuny hökmany we netijeli etmek üçin görlen çäreler üçin tarypa mynasyp bolup durýarlar.[72]

---

[68] Gillian D. Triggs, *International Law: Contemporary Principles and Practices* (Butterworth, 2006), sah. 884–5.
[69] Glendon, *World Made New*, sah. 51, 56.
[70] Ibid., s. 65.
[71] Ibid., s. 47. Gyzykly zat, ýagny Humphrey we Cassin jogapkärçilikleriň beýanyny deklarasiýa goşmak isläpdirler: *ibid*., s. 76.
[72] Men bu babyň bölümi leksiýada kesgitledim: "Hukugyň hökmürowanlygyny döretmekde we saklamakda liderligiň roly" , ony men 2007ý. 21-nji sentýabrynda Middle Temple Hallda okapdyrm, Jamestownda 400 ýyllygy bellemek dabarasynda.

II-nji BÖLÜM

# 3

# Kanunyň elýeterliligi

1-nji bapda men hukugyň hökmürowanlygynyň hereket edýän ýörelgesiniň esasy özeni hökmünde beýan eden pikirlerimi kesgitledim: ýagny, döwletde ähli adamlar we häkimiýet edaralary, goý döwlete degişli bolsun ýa-da hususy bolsun, açyk yglan edilen, (umuman) gelejekde güýje girýän we kazyýetlerde açyk ýerine ýetirilýän kanunlardan peýdalanmaga hukuklary bolmalydyr we borçly edilmelidir. Soňra men şeýle görnüşde beýan edilen ýörelgäniň hemme zady öz içine almaýandygyny we tutuş dünýäde ulanylyp bilinmeýändigini ykrar etdim. Şu we indiki baplarda men hukugyň hökmürowanlygynyň düzümlerini jikme-jik öwrenmäge çalyşýaryn. Men muny sekiz sany ýörelgeleri öňe sürmek arkaly ýerine ýetirýärin. Bärde hiç hili jady ýok. Beýlekiler, belki-de, başga ýörelgeleri oýlap tapardylar ýa-da şu ýörelgeleri başgaça beýan ederdiler. Emma meniň pikirimçe, hukugyň hökmürowanlygynyň biz üçin şu ýerde we edil häzirki wagtda näme aňladýandygyny kesgitlemek üçin biz umumy ýörelgäni sypdyrmaly däl.

## (I) Kanun mümkin boldugyça düşnükli, aýdyň we öňünden kesgitläp bolýan bolmaly

Näme üçin ol beýle bolmaly?

Meniň pikirimçe onuň üç sany sebäpleri bar. Birinjisi, we has aýdyň görnüşlisi ol hem, eger siz we men eden ýa-da etmedik hereketimiz üçin yzarlanma, jerime tölegine we ähtimal türme tussagyna sezewar edilmeli bolsak, onda biz jenaýat jezasynyň gorkusy astynda biziň näme etmelidigimizi ýa-da etmeli däldigimizi hiç hili kynçylyksyz anyklamaga mümkinçiligimiz bolmaly. Beýle diýildigi bank talaňçylarynyň bankyň NatWest şahamçasyny talamazdan ozal adatça özleriniň aklawçylary bilen maslahatlaşýandyklaryny aňlatmaýar, ol köp jenaýatlaryň talaňçylykdan az derejede aýdyňdygyny we biziň köpümiziň kanunyň dogry tarapynda saklanmaga dyrjaşýandygymyzy aňladýar. Jenaýat hukugynyň möhüm funksiýalarynyň biri hem jenaýat hereketiniň öňüni almak bolup durýar we eger-de biz etmeli däl hereketimiziň nämedigini bilmesek we ony aňsat anyklap bilmesek bize onuň öňüni almak kyn bolar.

Ikinji sebäbi hem birinjä çalymdaş, emma ol jenaýat hukugy bilen bagly däl. Eger-de biz raýat (ýagny jenaýat däl) kanunynyň bize berýän hukuklaryny gorap saklajak bolsak ýa-da onuň bize ýükleýän borçnamalaryny berjaý etjek bolsak biziň öz hukuklarymyzy ýa-da borçlarymyzy bilmegimiz zerurdyr. Eger şonuň ýaly bolmasa biz hukuklarymyzy talap edip ýa-da borçnamalarymyzy berjaý edip bilmeris. Mysal üçin, eger siz öz hukugyňyzy aňsatlyk bilen öwrenip we talap edip bilmedik ýagdaýyňyzda gyş wagty ýangyç almak üçin berilýän kömek puluna hukugyňyzyň bolmagynyň peýdasy bolmaz. Edil şonuň ýaly-da siz hapany görnüşleri boýunça dürli hapa gutylaryna salyp ýok etmek borçlaryňyzy ýerine ýetirip bilersiňiz eger siz näme sebäpden beýle edýändigiňize gowy düşünseňiz.

Üçünji sebäp hemmelere belli däl, emma örän gyzykly. Söwda, maýagoýumlar we telekeçilik işiniň şowly alnyp barylmagy adatça söwda hukuklaryny we borçlaryny elýeterli kadalaşdyryjy hukuk kadalary esasynda üpjün edilýär. Taraplaryň hukuklary we borçlary düşnüksiz we aýdyň kesgitlenilmedik ýurtda hiç bir adam uly pul serişdesi bilen bagly telekeçilik işi bilen meşgullanmak islemez. Bu barada Angliýanyň söwda hukuklarynyň atasy hasaplanýan lord Mensfild 250 ýyl mundan özal şeýle diýipdir: “Söwdagärleriň gündelik gepleşikleri we eýeçilikleri mylaýymlyga we sypaýyçylyga bagly bolmaly däldir; ol işiň hakyky özeninden alnan jaýdar manyny berýän aňsat tanalýan we saklap bolýan kadalara bagly bolmalydyr”.[1] Şol bir manyda ol: “Ähli söwda amallarynda aýdyňlyk bolmalydyr: we diýmek, kadalaryň takyk we aýdyň bolmagy möhümdir. Sebäbi şeýle ýagdaýda söwdagärler (ýagny maýadarlar we telekeçiler) näme esasynda hereket etmelidiklerine gowy düşünerler”[2] diýýär. Diýmek, bu könelişen düşünje däl. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Federal ätiýaçlyk bankynyň öňki başlygy Alan Grinspenden golaýda resmi däl ýagdaýda ykdysady ösüşiň ähmiýetli faktory diýip näme hasaplaýandygy barada soranlarynda ol pikirlenip: “Hukugyň hökmürowanlygy” diýip jogap beripdir. Mundan başgada, “*The Economist*” gazetinde golaýda çap edilen bir makalada şeýle diýilýär: “Hukugyň hökmürowanlygyna adatça syýasy ýa-da hukuk meselesi hökmünde garalýar... Emma soňky on ýylyň dowamynda hukugyň hökmürowanlygy özüniň ähmiýetini ykdysadyýetde hem has artdyrdy...Hukugyň hökmürowanlygy diňe adalatly jemgyýeti şöhlelendirýän we goldaýan özboluşly bir gowy zat hasaplanman eýsem beýleki eşretleriň, esasan hem ösüşiň sebäbi hökmünde gowy görülýär”.[3] Soňra makalada hukugyň hökmürowanlygynyň we ykdysady ösüşiň arasyndaky baglanşygyň güýji barada ykdysatçylaryň arasynda bolup geçen jedel dogrusynda hem agzalýar, bu ýerde kadadan çykma hökmünde Hytaýa üns berilýär, emma hiç bir tarap baglanşyk ýok diýip aýdyp bilmeýär.

---

[1] *Hamilton v Mendes* (1761) 2 Burr 1198, 1214.
[2] *Vallejo v Wheeler* (1774) 1 Cowp 143, 153.
[3] ‘Ykdysadyýet we hukugyň hökmürowanlygy: Jeňňelikde tertip’, *Ykdysadçy*, 13 mart 2008, sah. 95–7, Baş geňeşçi we söwda direktory Tim Cowen tarapyndan sitata hökmünde aýdyldy, BT Global Services, in ‘ “Yza galan adalat ret edilen adalat”: Hukugyň hökmürowanlygy, Ykdysady ösüş we ýewropa bileleşiginiň kazyýetleriniň gelejegi’, 2008-nji ýylda Wenada geçirilen Hukugyň hökmürowanlygy boýunça Bütindünýä forumy üçin taýýarlanan hasabat.

Şu ýörelgäniň ähmiýetini nazara almak bilen biz tutuş dünýäniň kazyýetleriniň bu barada kesgitli beýan etmeklerine geň galyp bilmeris.

1975-nji ýylda Lordlar palatasynda lord Diplok şeýle diýýär: “Hukugyň hökmürowanlygynyň konstitusion ýörelge hökmünde kabul edilmegi, raýatyň haýsy hem bolsa bir herekete başlamazdan ozal ondan gelip çykýan hukuk ýörelgeleriniň nämeden ybaratdygyny bilmegini talap edýär ”.[4] Birnäçe ýyl soňra ol şol pikirini ýene bir gezek gaýtalaýar: “Başlangyç adalatlylyk ýa-da Ýewropanyň kazyýetiniň (Ýewropa bileleşiginiň kazyýet edarasy) ulanýan konsepsiýasyny ulansak, hukuk aýdyňlygynyň zerurlygy raýatlaryň berjaý etmeli düzgünleriniň hemmelere düşnükli çeşmelere salgylanmak bilen raýatlar (ýa-da olaryň doly ygtyýarly hukukçylary) tarapyndan kesgitlenilmegini talap edýär”.[5] Strasburgdaky Ýewropanyň adam hukuklary boýunça kazyýeti manydaş tekst bilen ýüzlenýär:

Kanun degişli derejede elýeterli bolmalydyr: raýatyň belli bir işe degişlilikde hukuk kadalary ulanylýan şertlerinde laýyklyk görkezijisini görmäge mümkinçiligi bolmalydyr ... eger-de kada raýata özüniň alyp barşyny düzetmäge mümkinçilik berýän takyklyk bilen düzülen bolmadyk ýagdaýynda ol kanun hökmünde garalyp bilinmez: raýat – eger zerur bolsa maslahatyň kömegi bilen - şol hereket sebäpli bolup biljek netijeleri öňünden kesgitläp  biler ýaly ýagdaýda bolmaly.[6]

Awstraliýanyň hem Baş kazysy hukugyň hökmürowanlygynyň ýörelgeleri babatynda awstraliýanyň kazyýetleriniň gelen ahyrky netijelerini agzap geçende şeýle diýýär: “kanunyň mazmuny köpçülik üçin düşünikli bolmalydyr”.[7]

Bu ýagdaýda şeýle sowal ýüze çykýar: bu düzgün şu günde nä derejede gowy berjaý edilýär?  Bu sowalyň jogaby elbetde ýurtlara görä tapawutlanýar. Kontinental Ýewropa ýurtlarynda, mysal üçin, Germaniýada, Fransiýada, Italiýada we Niderlandlarda kanunlaryň aglaba bölegi gysgaça, ykjam düzülen kodekslerde beýan edilýär. Umumy hukukly ýurtlaryň köpüsinde (mysal üçin Awstraliýada) kanunlary düşünikli, gysga we aýdyň etmek ugrunda köp tagallalar edildi. Britaniýada jogap garalýan belli bir kanunyň çeşmesine baglylykda tapawutlanýar. Garalmaga degişli üç sany esasy çeşmeler bar. Olaryň birinjisi, Parlamentiň Namalarynda bellenen  Parlament tarapyndan kabul edilen kanunlar, olaryň üstüne Parlamentiň Namasy esasynda ygtyýarlandyrylan ministrler ýa-da beýlekiler tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy düzgünler hem goşulmaly. Ikinjisi, presedent hukugy, Angliýanyň ýa-da Uelsiň, Şotlandiýanyň ýa-da Demirgazyk Irlandiýanyň kazylary tarapyndan kabul edilýän kararlar olaryň belli bir işlerde eden çözgütlerini kadalaşdyrmak üçin düzgünleri kesgitleýär. Şeýle ýol bilen kabul edilen kanun umumy hukuk (kanun) bolýar, ol statut tarapyndan ýatyrylyp bilner, emma onuň dowamly taryhy bar, ol özüniň  kämilligini ýitirmedi we käbir ugurlarda agdyklyk edýän çeşme hem bolup durýar.  Üçünji çeşme – Ýewropa

[4] *Black-Clawson International Ltd. v Papierwerke Waldhof-Aschaffenburg AG* [1975] AC 591, 638 D.
[5] *Fothergill v Monarch Airlines Ltd.* [1981] AC 251, 279 G.
[6] *Sunday Times v United Kingdom* (1979) 2 EHRR 245, 271, para. 49.
[7] Murray Gleeson, ‘Courts and the Rule of Law’, Melbourne University, 7 noýabr 2001.

Bileleşiginiň kanuny, bu barada men entäk jikme-jik durup geçerin. Onuň hukuk güýji bar, ol özüniň degişli hemişe ösýän ugurlarynda hem statutdan hem-de umumy hukukdan agdyklyk edýär, we häzirki wagtda hukugyň ähmiýetli çeşmesi bolup durýar.

## Statut hukugy

2007-nji ýylyň 11-nji iýulynda şol wagt liberal demokratlaryň lideri bolan Menzis Kempbell Jemgyýetçilik palatasynda eden çykyşynda şeýle diýýär: "soňky on ýylyň dowamynda 382 sany parlamentiň namalary kabul edilipdir, şol sanda on sany saglygy goraýyşa degişli aktlar, on iki sany bilime degişli namalar, jenaýat işi boýunça adyl kazyýetlige degişli ýigrimi dokuz sany namalar we 3000-den hem gowrak täze jenaýat işleriniň görnüşleri kabul edildi".[8] Professor Entoni King 1992-nji ýylda çap edilen makala ünsi çekýär, ondaky hasaplamalara görä 1979-njy we 1992-nji ýyllar aralygynda parlament Angliýanyň we Uelsiň ýerli öz-özüni dolandyryş edaralaryna gönümel degişliligi bolan 143 sany namany kabul edipdir, we şu umumy sandan azyndan 53-si hereket edýän ýerli öz-özüňi dolandyryş ulgamynda düýpli özgerişlikleriň bolmagyna täsirini ýetiripdir.[9] 2006-njy ýylda takmynan 5000 sahypalyk parlamentiň namalary we takmynan 11500 sahypalyk ministrler tarapyndan düzülen kadalaşdyryjy namalar kabul edilipdir. Ser Menzisiň belleýşi ýaly: "Mantra "Bilim, bilim, bilim" bolaýjak ýaly görünse-de hakykat ýüzünde "Kanunlar, kanunlar, kanunlar" bolupdy". Kanun çykarmak boýunça ýokary işjenlilik biziň dolandyrşymyzyň hemişelik häsiýetine öwrülen ýaly görünýär.

Bu gowy zat dälmi? Kanunlara girizilen üýtgetmeler ýa-da olaryň ulanylyşy barada maglumatyň berilmeginiň tarapdarlary, olaryň näme aňladýandygy barada maglumatlary Internediň üsti bilen tapyp bilerler we şol üýtgetmeleriň ýurduň talaplaryna nämäniň has gowy laýyk gelýändigi babatynda parlamentiň garaýşy bolup durýandygyna hiç hili şübhe ýok. Şu pikirleriň ikisinde hem güýç bar, emma olar biziň soňky ýyllarda syn edýän kanun çykaryjylyk akymy sebäpli, hususan-da jenaýatçylyk ulgamynda, hukugyň hökmürowanlygy bilen bagly ýüze çykan ynjalyksyzlyklarymyzy aradan aýyrmaýar. 2003-nji ýylyň jenaýat işi boýunça adyl kazyýetligi hakyndaky Kanuny mysal hökmünde getirip bileris. Jenaýat işlerine garaýan ýokary hünärmen derejeli we abraýly kazy Kanunyň kadalaryny bir ýagdaýda "labirint" we "çendenaşa çylşyrymly"[10] diýip suratlandyrýan bolsa, başga bir ýagdaýda "örän başyňy çaşyryjy" diýip suratlandyrýar. Mundan daşary ol şeýle diýýär: "Parlamentiň islegini kesgitlemek üçin bize taryhy düşündiriş kadalary az goldaw berýär, olar arkaýynlyk ýyllarynda we pikiriň hem-de diliň kanunçylykda bolmaly ýönekeýligi we aýdyňlygy kadadan

---

[8] Hansard, H.C., 11 iýul 2007, böl. 1455.
[9] Anthony King, *Britaniýanyň konstitusiýasy* (Oxford University Press, 2007), s. 176, Kanuny proses boýunça Hansard Society komitetiniň hasabatyna salgylanma, *Kanuny ýazmak* (Hansard Society, London, 1992), sah. 19, 291.
[10] Rose LJ in *R v Lang* [2005] EWCA Crim 2864, [2006] 1 WLR 2509, parag. 16 we 53.

çykma däl-de, öz-özünden bolmaly zat ýaly hasaplanýan wagtda düzülen".[11] Şeýlelikde, şuňa meňzeş kanunlara hat-da uly ýaşly we tejribeli kazylar üçin hem düşünmek we özleşdirmek kyn bolup durýar. Meseläniň bir bölegi parlamentiň komitetiniň tankyt eden "ähli hökümetleriň örän gysga wagtyň içinde örän ähmiýetli kanuny parlamentden geçirmek tendensiýasynda" jemlenýär.[12] Meseläniň ýene bir bölegi dürli Namalaryň we kadalaşdyryjy namalaryň kadalarynyň arasyndaky salgylanmalara güýçli derejede bagly Britaniýanyň parlament agzalarynyň adaty tejribesinde bolup biler, bu ýagdaý okyjyny birnäçe kanunçylyk namalarynyň içinden dowamly gözlegi amala aşyrmaklyga iterýär. Munuň hemmesiniň bahasy bar. Jenaýatçylyk kanunlaryna ýa-da proseduralaryna üýtgetmeleriň girizilmegi şikaýatlaryň (appelýasiýalaryň) sanynyň köpelmegine getirýär, we şübheli kazyýet ýalňyşlyklaryny ikinji basgançakly kazyýete yzyna ugratmak üçin döredilen Jenaýat işlerini gözden geçirýän topar höküm çykarmak boýunça kadalaryň çylşyrymlylygyny salgylanmalaryň dowamly çeşmesi hökmünde suratlandyrýar.[13] Elbetde bu ýagdaýda, kimdir biriniň kömegi bilen bolsa-da, kanunyň nämedigini anyklamak isleýän adaty adam utulýar.

Ýaňy-ýakynda bolup geçen ýagdaý kanun bilen bagly bulaşyklygyň näme sebäplerden döreýändigini görkezýär.[14] Bir adam temmäkiniň kontrabandasynda aýyplanýar we 2007-nji ýylda günäli diýlip yglan edilýär. Jemgyýetçilik işi üçin hökümi çykarylýar we emlägini elden almak üçin buýruk haty alynýar. Onuň emlägini elden almak baradaky ordeniniň öňündäki jogapkärçiligi onuň tölemeli pajyny tölemekden boýun gaçyrandygy bilen baglydy. Onuň jogapkärçilik çekýändigini delillendirmek üçin aýyplaýjy tarap 1992-nji ýylyň käbir kadalaryna esaslandy. Birinji basgançakly kazy onuň jogapkärçilik çekýändigi bilen kanagatlanyp oňa £66 120 funt sterling möçberinde töleg tölemegi ýa-da tölemedik ýagdaýynda ýigrimi aý tussaghanada geçirmegi belleýär. Aýyplanýan tarap şikaýat edýär. Onuň şikaýaty ikinji basgançakly (Apelýasiýa) kazyýetiň üç sany uly kazylary tarapyndan garalýar, olar delilleri diňläp çözgütlerini hat üsti bilen berjekdiklerini aýdýarlar. Kazylar aýyplanýanyň 1992- nji ýylyň kadalaryna laýyklykda paç tölemäge jogapkärdigi barada netijä geldiler we konfiskasiýa etmek barada orderini tassyklaýan çözgüdiň taslamasyny ýaýratdylar. Emma kazyýet çözgüdiniň resmi derejede yglan edilmeziniň öň ýany olar 1992-nji ýylda kabul edilen kadalaryň 2001-nji ýylda kabul edilen dürli kadalar sebäpli temmäki önümler babatynda ulanylmaýandygyny öwrenýärler. Ne birinji basgançakly kazyýetiň kazysy, ne prokuror, ne aklawçy ne-de ikinji basgançakly (apelýasiýa) kazyýetiň kazylary soňky kadalar barada bilmeýärdiler we olaryň hiç hili günäsi ýokdy. Şikaýat (apelýasiýa) rugsadyny berýän çözgüdi kabul edende Ikinji basgançakly kazyýetiň kazysy lord Tulsonyň aýdyşy ýaly:

---

[11] Rose LJ in *R (Crown Prosecution Service) v South East Surrey Youth Court* [2005] EWHC 2929 (Admin), [2006] 1 WLR 2543, para. 14.

[12] The Renton Report on the Preparation of Legislation (1975).

[13] Criminal Cases Review Commission, Annual Report and Accounts, 2007/8, s. 16.

[14] *R v Chambers* [2008] EWCA Crim 2467, 17 oktýabr 2008.

Haýsy hem bolsa bir akylly adama gözleg ulgamyny ulanyp belli bir tema boýunça ähli kanunlary öwrenmäge mümkinçilik berýän statut hukugy barada salgylanmaly doly maglumat binýady ýok. Bu nämäni aňladýar, ýagny köp ýagdaýlarda kazyýetler kanunyň nämedigini ýa-da kazyýetiň gyzyklanýan senesinde näme aňladandygyny aýdyňlaşdyryp bilmeýärler we işe degişlilikde ýüz tutmaly kadalary babatynda kazyýetler aýyplanýan we aýyplaýjy taraplaryň berjek maglumatyna doly derejede bagly bolup durýarlar. Bu gözgyny ýagdaý bilen bagly mesele jogapkär edaralar tarapyndan birnäçe gezek gozgaldy...[15]

Bu ýagdaý barada "*The Guardian*" gazetinde habar we düşündiriş berende Marsel Berlins asyrlar boýy hereket edip gelýän ýörelgäni täzeden gözden geçirmegi teklip edýär: "eger kanunyň nämedigini öwrenmek mümkinçiligi düýbünden ýok bolaýmasa kanuny bilmezlik jogapkärçilikden boşatmaýar".[16] Bu ýaňsylanyp ýazylan zatdy. Emma 1988-nji we soňra 1995-nji ýyllarda Italiýanyň Konstitusion kazyýeti karar çykardy, bu karara laýyklykda eger kanunyň kesgitlemesi düşnüksiz we çapraz gelýän netijelere getirýän bolsa, kanuny bilmezlik raýat üçin aklanma hökmünde gulluk edip biler.[17]

Bolmalysy ýaly kabul edilen hem bolsa kanunçylygyň häzirki göwrüminiň we stiliniň hukugyň hökmürowanlygyny üpjün etmek üçin laýyk gelýändigi ýa-da gelmeýändigi babatda ikirjiňlenme döretmelidir sebäbi köp kanunlaryň temasy isleseň-islemeseňde örän çylşyrymly.

## Presedent hukugy

Kazylar kanunçylygyň düşnüksizligini we çylşyrymlylygyny tankytlamaga taýýar. Emma aýnadan edilen jaýlarda ýaşaýanlara daş zyňmak maslahat berilmeýär. Käbir kazyýet çözgütleriniň uzynlygy, jikme-jikliligi we köp sözlüligi (diňe bärde däl eýsem ABŞ, Kanada, Awstraliýa we Täze Zelandiýa ýaly ýurtlarda hem) kanunyň belli bir derejede düşüniksiz ýagdaýda bolmagyna getirip biler.

Kazyýetde kazylar tarapyndan çözülýän köp işlerde mesele kanunyň nämeligi barada gozgalanokda, faktlar barada gozgalýar. Adaty ýagdaý, haçanda iki sany awtomobil sürüjileri göni ýoluň bir böleginde çaknyşyp bir-birlerini ýoluň ýalňyş tarapyndan sürdüň diýip aýyplaýarlar. Hakykatyň nämedigini bilmek üçin kazy elinde baryny etmeli, oňa "Bilemok" diýmäge ygtyýar berlenok diýlen ýaly, emma netijede sürüjileriň ikisi-de deň derejede günäli bolup çykmagy hem mümkin. Şeýle ýagdaýlarda faktlar örän ähmiýetli we meseläni çözmek kyn bolup biler. Kazy kabul edilen çözgüdi beýan edýän hökümi çykarmaly. Emma islendik hukuk meselesiniň çözülmegi gerek bolmagy gümäna. Muňa garamazdan, köplenç ýeke özi oturýan birinji basgançakly kazy hukuk meselesini çözmeli bolar, we bu hemişe diýen ýaly şeýle haçanda garalýan iş okrug (welaýat) kazyýetiniň (adatça iki kazy), ikinji basgançakly

---

[15] Ibid., para. 28.
[16] 'A Kafkaesque Excuse for Ignorance of the Law', *Guardian*, 3 noýabr 2008, s. 12.
[17] Ewoud Hondius, 'Hukukda many we manysyzlyk', 28 noýabr 2007, Ýewropanyň hususy hukugy kafedrasynyň başlygy bolanda aýdylan sitata Utrecht uniwersiteti, Kluwer-Deventer, 2007, s. 23, sitata edilen Joseph Kimble, 'Ýönekeý diliň tankydyna jogap', *Scribes Journal of Legal Writing*, 5(1994–5), sah. 51–85.

kazyýetiniň (adatça üç sany kazy), ýa-da Lordlar palatasynyň (adatça bäş kazydan ybarat topar, emma kä halatlarda ýedi we seýrek ýagdaýda dokuz kazy) önümçiliginde bolsa başgaça bolýar. Şu kazylaryň hemmesi birmeňzeş zady aýtman (ýa-da aýtmagyň manysy hem bolmaz) bir-birinden tapawutlanýan çözgütleri çykaryp biler we kähalatlarda bir-birleri bilen razylaşman hem biler. Ine hut şu ýerde düşnüksizlige eltýän uzynlyk, jikme-jiklilik we köp sözlülik meseleleri ýüze çykyp biler.

Bu mesele Lordlar palatasynyň soňky üç ýylyň içinde üç sany dürli wakalar boýunça ýüzlenen soraglaryna salgylanmak arkaly şöhlelendirilip bilner.[18] Sorag şeýledi: eger-de ýerli häkimiýet adamyň öýüm diýip ýaşap oturan, emma biziň gozgalmaýan emlägi kireýine almak/bermek we ýaşalýan awtofurgon duralgasy üçin meýdançalar hakyndaky hereket edýän kanunymyza laýyklykda ýaşamaga hukugy bolmadyk (sebäbi kireý möhleti gutaran ýa-da oňa çykmaly diýlip duýduryş berlen), jaýyna eýe bolmaga synanşýan bolsa, onda ol adam Ýewropanyň adam hukuklary baradaky jarnamasynyň 8-nji maddasy tarapyndan goralýan öz öýüne sarpa goýulmak hukugyna esaslanyp mejbury jaýdan çykarylma garşylyk görkezip bilermi? Bu ýerde Ýewropanyň adam hukuklary baradaky jarnamasy aşakdaky 7-nji bapda ara alnyp maslahatlanylyşy ýaly 1998-nji ýylyň adam hukuklary hakyndaky kanun tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Bitarap synçy bu soraga jogap “hawa” ýa-da “ýok” ýa bolmasa “kähalatlarda” diýip pikir edip biler, we eger jogap “kähalatlarda” bolsa onda haýsy ýagdaýlarda 8-nji madda esaslanyp bolýandygy we haýsy ýagdaýlarda esaslanyp bolmaýandygy barada maglumat berilmegini islär. Bu ýagdaýda bu soraga jogap bermekde ikinji basgançakly (apelýasiýa) kazyýetiň we lordlar palatasynyň arasynda hat-da lordlar palatasynyň öz agzalarynyň arasynda hem pikirleriň deň gelmedigini görkezdi. Diňe lordlar palatanyň özünde bu sorag on bäş sany özbaşdak esaslandyrylan çözgütleriň dowamynda garaldy, ol 500-den hem gowrak paragrafdan we 180 sahypadan hem köp çap edilen ýuridiki hasabaty öz içine aldy. Hatda şeýle tagallalardan soň hem degişli kanunyň doly düşnüklidigi ýa-da şu meseläniň ahyry çözülendigi babatynda şübhe galýar.

Üç sany işiň iň soňkusy ikinji basgançakly (apelýasiýa) kazyýetiň garamagyna goýlanda, bu kazyýet, lordlar palatasynda agzalarynyň köplügi tarapyndan kabul edilen çözgüde dogry many bermek üçin bar güýji bilen tagalla edip (soňra palata ýalňyş çözgüdiň edilendigini boýun alýar) köplügiň çözgüdini beýan edip ýeketäk karar bilen çykyş edýär. Bu ylalaşmadyk taraplara şeýle diýmäge we bu ugurda özleriniň sebäplerini beýan etmäge mümkinçilik bererdi, emma aşaky kazyýetlere ulanylmaly kanun babatynda has aýdyň we düşnükli görkezme berer diýip hasap edildi.

Bu çözgütleriň haýsy görnüşde iň gowy ýol bilen berilmelidigi barada has giňişleýin jedeliň bir bölegidir, bu meselede tejribe düýpli tapawutlanýar. Kontinental Ýewropadaky däbe görä kazyýet bir bitewi ygtybarly ses bilen çykyş edýär, närazylyga ýol berilmeýär,

---

[18] *Harrow London Borough Council v Qazi* [2003] UKHL 43, [2004] 1 AC 983; *Kay and others v Lambeth London Borough Council, Leeds City Council v Price* [2006] UKHL 10, [2006] 2 AC 465; *Doherty and others v Birmingham City Council* [2008] UKHL 57, [2008] 3 WLR 636.

(aýratyn hem Fransiýada) çözgütler gysgaça, az sanly deliller bilen beýan edilýär. Hatda biziň öz ýurdumyzda hem tejribe üýtgeýär. Şeýlelikde, ikinji basgançakly (apelýasiýa) kazyýetde (jenaýat işler boýunça bölüm) bir bitewi çözgüt bolmaly, eger başlyklyk edýän kazy ulanylmaly kanuna laýyklykda kazyýetiň agzalarynyň hersiniň aýratyn çözgüt çykarmagy has talabalaýyk görülýär diýip pikir eden ýagdaýynda kadadan çykma bolup biler,[19] bu ugur iş ýüzünde hiç wagt ulanylmady. Diýmek, eger-de kazyýetiň bir agzasynyň pikiri beýlekileň pikiri bilen gabat gelmese ol özüniň  şübhesini ýuwutmaly bolýar. Bu tejribe birnäçe ýylyň dowamynda Gizlin Geňeşiň Kazyýet komitetinde dowam edip gelipdir, ol ýerde Imperiýadan we soňra Arkalaşykdan, Men adasyndan we Normandiýa adalaryndan arz-şikaýatlara garalýardy, emma welin çözgütler bilen razy bolmadyk agzalar özleriniň närazylygyny hasabat kitapçasynda beýan edip bilýärdiler, bu ýazgylary welin hiç kim hiç wagt görmändir. Belki-de bu ýagdaý olaryň wyždanyny köşeşdirmäge kömek edendir. Munuň tersine, raýatlardan gelýän arz-şikaýatlar seredilýän kazyýetlerde we lordlar palatasynda jenaýat işleri boýunça arz-şikaýatlara garalanda şeýle däp bardy, ýagny, islendik kazy özüniň pikirini aýdyp bilýärdi we onuň pikiri bilen närazy kazylaryň hem özleriniň pikirlerini aýtmaga mümkinçilikleri bardy. Muňa garamazdan, ikinji basgançakly (apelýasiýa) kazyýetiň tejribesi indi raýat işleri boýunça bir bitewi çözgüt çykarmaga ýykgyn edýär (hasaplamalara görä[20] häzirki wagtda her üçünji çözgüt şeýle kabul edilýär diýen ýaly), soňky ýyllaryň dowamynda lordlar palatasy käbir ýagdaýlarda şikaýat (apelýasiýa) komitetiniň bir gutarnykly pikirini berýärdi.[21]

Birnäçe pikirleriň bolmagynyň we närazylygyňy beýan edip bilmek azatlygynyň tarapdarlary şeýle çemeleşmäni amala aşyrýarlar sebäbi bu tejribe kanunyň haýyrly kämilleşmegine ýardam berýär we iki tarapyň hem goldanylmazlygyny talap edýän ahyrky çözgüde getirýän kanagatlanarsyz ylalaşyklaryň öňüni alýar. Bu pikiriň güýçli we ynamly tarapdarlary bar. Meniň pikirimçe, iki sany möhüm şertler berjaý edilen ýagdaýynda, bu tejribe hukugyň hökmürowanlygyny pese düşürmeýär.

Birinjisi, birnäçe özbaşdak pikirleriň berlendigine we kazyýetiň käbir agzalarynyň razydygyna ýa-da närazydygyna garamazdan kazyýet (ýa-da onuň köplügi) tarapyndan kesgitlenilýän hukuk kadasy aýdyň bolmaly. Diňe kesgitlenen hukuk kadasy islendik beýleki kazyýeti borçlandyrýar ýa-da  islendik başga işi dolandyrýar, we eger kazyýet bu hukuk kadasyny aýdyň etmese ol biziň häzir ara alyp maslahatlaşýan ýörelgämize laýyklykda öz borçnamasyny asla berjaý etmeýär.

Ikinji şert bolsa kanuny işläp taýýarlamakda kazylaryň oýnaýan ornuna degişlidir. Öňler kazylar kanuny düzmän diňe kanunyň näme aňladýandygyny beýan edýärler diýerdiler. Bu pikiriň häzirki wagtda tarapdarlary örän az. Käbir kazylar, merhum lord Denning ýaly, kanuny işläp taýýarlamakda özleriniň ornuna guwanýarlar; käbir kazylar bolsa

---

[19] Supreme Court Act 1981, s. 59.

[20] By Dr Roderick Munday, of Peterhouse, Cambridge.

[21] Birinji şeýle hadysa *R v Forbes-da boldy*  [2001] 1 AC 473, emma bu otuz ýyl öňki ýeketäk presedentden soň boldy, ýagny *Heatonnyň Transport (St Helens) Ltd. v Transport and General Workers Union* [1973] AC 15, 94.

bu meselede has sadarak. Emma garalmaly işler täze soraglaryň ýüze çykmagyna sebäp bolyar we kazylar olara jogap bermeli. Olar näme jogap berseler-de olaryň jogaplary köplenç hukuk kadalaryny kesgitlär. Şol sebäpden, kazylar kanunyň işlenip taýýarlanylmagynda belli bir orny eýeleýärler, we olaryň şeýle etmegi netijesinde umumy hukuk kämilleşýär. Emma käbir çäkler bardyr, we bu örän möhüm şertdir. Kazylar häzire çenli temmi berilmä[22] degişli bolmadyk jenaýat hereketlerini temmi berilmä degişli etmek maksady bilen täze jenaýat düzgün bozmalaryny döretmek ýa-da hereket edýän düzgün bozmalaryň gerimini giňeltmek üçin kanuny işläp taýýarlap bilmeýärler, bu ýagdaý esasy ýörelgäni bozardy, sebäbi bu ýörelgä laýyklykda adam hereket edilen wagtynda jenaýat işi hasaplanylmaýan hereket üçin jenaýat temmisine degişli edilmeli däldi.[23] Raýat işlerinde hem biz Awstraliýanyň Ýokary kazyýetiniň kazysy Heýdon bilen razylaşyp bileris, kazynyň aýtmagyna görä iň soňky çäge ýetirilen kazyýet işjeňligi hukugyň hökmürowanlygynyň ölümini aňladyp biler:[24] Kanuny öňki hereket edýän çyzygyndan biraz öňe süýşürmek ýa-da ony häzirki zaman garaýyşlara we tejribelere laýyklykda uýgunlaşdyrmak bir zat we kanuny innowasion we akylsyz usul bilen düýpgöter üýtgetmäge synanyşmak bolsa başga zat, beýle edilse hukugyň hökmürowanlygyna ters gelýän pikirleriň alamatlary bolan kanunyň düşnüksiz we öňünden çak edip bolmaýan görnüşde bolmagyna getirer. Bu elbetde, belli bir ýagdaýda utulýan tarap üçin agyrdyr, sebäbi kazyýet işi entäk dowam edip durka derwezeleriň ýeri üýtgedilýär. Eger ýer üýtgedilme düýpli we düşnüksiz bolsa, bu ýagdaý kanunlaryň gelejekde täsir etmeli diýen mundan öň maslahat berilýän kadany bozup biler.

## Ýewropa Bileleşiginiň kanuny

Beýik Britaniýa Rim Ylalaşygyna goşulşyp Ýewropa Bileleşiginiň agza-ýurdy bolanyndan soň (ol döwürde "Umumy bazar" diýlip atlandyrylýardy) 1972-nji ýylda parlament "Ýewropa Bileleşigi" hakyndaky kanuny kabul etdi. Beýle diýildigi indi ýurtda Bileleşigiň kanunlarynyň hereket etmelidigini aňladýardy. Ýewropanyň kazyýet edarasy Bileleşigiň ýokary milliüsti kazyýeti we şeýle bolmagyna-da galýar, oňa kanuny düşündirmek ýgtyýarlygy berlen. Ol Rim Ylalaşygynyň kadalarynyň agza ýurtlara gönümel täsiriniň bardygy we Bileleşigiň kanynçylygynyň agza ýurtlaryň islendik gabat gelmeýän milli kanunçylygyndan agdyklyk edýändigi barada eýýäm düýpleýin ähmiýetli işlerde ýolbaşçylyk etdi.[25] Eger-de milli kazyýet işi çözmek üçin Bileleşigiň kanunçylygy bilen bagly sorag bilen ýüzbe-ýüz bolan ýagdaýynda we kesgitli jogap tapylmadyk ýagdaýynda, milli kazyýet  şu mesele boýunça

---

[22] *R v Withers* [1975] AC 842, 854, 860, 863, 867, 877; *R v Rimmington* [2005] UKHL 63, [2006] 1 AC 459, para. 33.

[23] Häzirki wagtda Ýewropanyň adam hukuklary hakyndaky jarnamasynyň 7-nji maddasynda berkidilen.

[24] J. D. Heydon, 'Judicial Activism and the Death of the Rule of Law', *Quadrant* (January–February 2003).

[25] *Algemene Transport-en-Expeditie Onderneming van Gend en Loos NV v Nederlandse Belastingadministratie* [1963] ECR 1; *Costa v ENEL* [1964] ECR 585.

çözgüt kabul etmegi üçin bu soragy Ýewropanyň kazyýetine ýollap biler[26] (ahyrky şikaýat (apelýasiýa) kazyýetlerinde şeýle edäýmeli). Bu şikaýat etme prosedurasy däl – ol milli kazyýetlere işi çözmek üçin niýetlenen – emma Bileleşigiň kanunçylygy bilen bagly mesele Ýewropanyň kazyýetiniň kararyna laýyklykda çözülmeli.

Şeýlelikde, Birleşen Korollyk kadalaşdyryjy namalarda we kesgitlemelerde kabul edilen Ýewropanyň kanunçylygyna we ylalaşyklaryna, eýýäm biziň öz kanunlarymyzyň bir bölegi bolan kazyýetler tarapyndan berjaý edilmäge degişli Ýewropanyň kazyýetiniň çözgütlerine laýyklykda hereket etmäge borçlandy. Bu elbetde, hukugyň hökmürowanlygy nukdaýnazaryndan seretsek mesele döretmeýär, sebäbi (Ýewropa Bileleşigi baradaky Ylalaşygyň 6-njy maddasyna laýyklykda) Bileleşik hukugyň hökmürowanlygyny öz içine alýan ýörelgeler esasynda döredilen. Şol sebäpden bu meseläni jikme-jik ara alyp maslahatlaşmak zerurlygy ýok.

Emma Ýewropanyň kanunçylygy we çözgütleri olara laýyklykda hereket etmäge çalyşýan Britaniýanyň kazyýetleri üçin iki sany meseläni orta atýar. Birinjisi, kanunçylyk. Mesele kanuny düzüjileriň işi bien bagly, kanunçylygyň gelip çykyşyny göz öňüne getirsek beýle ýagdaý hökman ýüze çykaýmaly, sebäbi  olar dürli agza ýurtlardan, olaryň iş usullary Britaniýanyň kazyýetlerine tanyş usullardan tapawutlanýar we olar kadalary dürli institutly we adatly agza ýurtlarda birmeňzeş ulanyp bolar ýaly görnüşde düzmäge ymtylýarlar. Kanunyň tekstini ýönekeýje okanyň bilen onuň belli bir garalýan işde nähili ulanmak üçin niýetlenendigine göz ýetirmek hemişe başartmaýar. Bu köplenç şeýle, haçanda milli kanunçylygy halkara tekste laýyklykda utgaşdyrmaly bolsa, şeýle tekst dürli taraplaryň dürli maksatlaryny şöhlelendirip biler. Emma meseleler çözülmezçe däl we eger-de ikirjiňlenme ýüze çyksa, Ýewropanyň Kazyýetiniň pikirini soramak mümkinçiligi bardyr. Ikinji mesele çözgütler bilen baglydyr. Kontinental Ýewropanyň keşpi boýunça döredilen Ýewropanyň Kazyýeti hiç hili gapma-garşylyksyz bir bitewi çözgüdi kabul edýär.  Kazyýet durmuşynyň fakty (adamyň durmuşynda hem şeýle) dürli akyllaryň şol bir meselä tapawutly garaýandygyny göz öňünde tutýar, bu hakykatdan hem şeýledir, sebäbi birnäçe kazylar hukuk ulgamlary, medeniýetleri we adatlary tapawutlanýan ýurtlarda kemala gelýär. Bir bitewi çözgüdiň teksti dürli kazylaryň pikirlerini göz öňünde tutmaga synanyşar, emma ony sazlaşdyrmak prosesi ýollarynyň islenilmezden ýoýulmagyna we çylşyrymlaşdyrylmagyna getirip biler. Käbir ýagdaýlarda Britaniýanyň kazyýetlerinden salgylanma boýunça Ýewropanyň Kazyýetinden karar alanlarynda, karary anyklamak üçin goşmaça salgylanma etmeklik soralypdyr. Ýokarda beýan edilen milli kontekst boýunça garaýyş bu ýere hem degişli: çözgüdiň haýsy görnüşde bolandygyna garamazdan hukugyň hökmürowanlygy kadanyň aýdyň beýan edilmegini talap edýär.[27]

[26] Ýewropa bileleşiginiň ylalaşygy, madda 234.

[27] Men bu babyň bölegini "Hukuk näme?" atly leksiýamyň dowamynda esaslandyrdym, leksiýa Lord Cooke Thorndonyň şanyna 2008-nji ýylyň 4-nji dekabrynda Täze Zelandiýada Wellington berildi.

4

# Kanun – bu şahsy garaýyş däldir

## (2) Ýuridiki hukuk we jogapkärçilik meseleleri adatça şahsy garaýşyňa görä däl-de, kanunyň ulanylmagy bilen çözülmeli

Daýsi emeldarlara çözgüt kabul etmekde özleriniň şahsy garaýyşlaryna laýyklykda hereket etmek ygtyýarlyklaryň berilmegine düýbünden garşy bolupdyr. Onuň pikirine görä bu ýagdaý hukugyň hökmürowanlygyna ters gelýän eden-etdilige gapy açdy. Onuň bu pikiri birnäçe ýyl soňra Angliýanyň baş kazysy lord (Lord Hýuwart) tarapyndan gyzgyn gollanma tapdy. Ol 1929-njy ýylda "*Täze despotizm*" ady bilen neşir edilen täsirli we giňden okalýan çekeleşme häsiýetdäki makalasynda şol döwrüň kanunçylyk we administratiw tejribelerine garşy aýgytly hüjüme başlady. Hususan-da, onuň göwnüne ýaramadyk tejribeler şulardan ybaratdy, ýagny: ministrlere parlamentiň namasyna üýtgetmeler girizmäge ýa-da ony ýatyrmaga mümkinçilik berýän ygtyýarlyklaryň berilmegi, kazyýet häsiýetli çözgütleriň býurokratlara geçirilmegi we statutda olaryň kabul eden çözgütleriniň hukuk nägileliklerinden goralmagynyň göz öňünde tutulmagydyr. Öňki käri bolan žurnalist hökmünde galamyndan peýdalanyp Hýuwart şeýle ýazýar: "eger agaç ýaramaz miwe getirýän bolsa, onda şeýle miwe näçe köp bolsa şol hasyldan geljek zyýan şonçada köp boljakdygyna bagbanyň düşünmegi hökman däl".[1] Ol şol döwürde agaç köp zyýanly miwe getirýär diýip düşünýärdi.

Lord Hýuwart kän mysal getirdi. Olaryň biri 1925-nji ýylda kabul edilen Derejelendirmek we Bahalandyrmak hakyndaky kanunyň 67(1) bendi:

Haýsy hem bolsa bir aýratyn ugurda bu kanunyň ulanylmagy, ýa-da islendik bir ugur üçin birinji bahalandyryş sanawynyň taýýarlanylmagy, ýa-da şu kanunyň islendik bir kadasynyň girizilmegi bilen bagly islendik kynçylyk ýüze çykanda (saglyk) Ministr karary bilen kynçylygy aradan aýryp biler ýa-da haýsy hem bolsa bir bahalandyryjy komiteti döredip ýa-da talabalaýyk derejede bahalandyryjy komitetiň döredilmegini yglan edip biler ýa-da onuň pikiriçe gerekli ýa-da sanawyň taýýarlanylmagyny ýa-da ýokarda agzalan kadalaryň girizilmegini üpjün etmek üçin talabalaýyk hasaplanýan başga bir hereketleri edip biler, we şeýle kararyň islendigi bu kanunyň kadalaryny üýtgedip biler, eger onuň şeýle bolmagy ministre zerur görünse.

---

[1] Lord Hewart of Bury, *The New Despotism* (Ernest Benn, 1929), sah. 13.

Hýuwartyň ýene bir salgylanan mysaly, 1925-nji ýylda kabul edilen "Şäheriň meýilleşdirilişi" hakyndaky kanunyň 1(3) bendi:

"Ýer gurluşyk üçin ulanylyp bilner" diýen aňlatma açyk desgalary, köçeleri, gara ýollary, seýilgähleri, dynç alyş zolaklaryny üpjün etmek üçin ýa-da şäher gurluşyk meýilnamasyna laýyklykda ýeriň üstünde ýa-da astynda islendik gurluşyk häsiýetli bolan ýa-da bolmadyk işleri ýerine ýetirmek üçin ulanylyp bilinjek islendik ýeri öz içine almaly, we (saglyk) ministriň ýeriň gurluşyk üçin ulanylmalydygy ýa-da ulanylmaly däldigi baradaky çözgüdi ahyrky we jedelsiz bolmalydyr.

Hýuwart şeýle kanunlar hukugyň hökmürowanlygyny bozup ministrlere çendenaşa köp we jedelsiz ygtyýarlyklar berýär diýip zeýrenýärdi (tejribe ýüzünde ol ygtyýarlyklar wezipeli ýolbaşçylar tarapyndan ýerine ýetirilmeli).

Onuň beýle diýmeginde many bardy.

Aýdaly, parlament maýyplykdan ejir çekýän adamlara grant bermek üçin meýilnama kabul edipdir, meýilnama laýyklykda şol granta degişlilik baradaky çözgüt durmuş üpjünçiligi ulgamyna jogapkär ýerli wezipeli adamlar tarapyndan kabul edilmeli we ol çözgüt kazyýetde şikaýat edilmäge degişli däldir. Darem şäherinde ýaşaýan hanym Smit maýyplykdan ejir çekýan diýip grant almak üçin ýerli emeldara arza bilen ýüz tutýar, arzasynda ol näme üçin özüni grant almaga hukukly hasap edýändiginiň sebäplerini hem beýan edýär. Emeldar onuň arzasyny hiç hili sebäbini düşündirmezden kanagatlandyrmakdan boýun gaçyrýar. Hanym arzasynyň näme üçin kanagatlandyrylmandygynyň sebäbini bilmek isleýär. Emeldar öz jogabynda ony grant almaga hukukly däl hasaplaýandygyny aýdýar, sebäbi (a) onuň maýyplygy fiziki taýdan däl-de, psihiki taýdan; (b) ol grant almaklyga dalaş etmek üçin maýyplykdan uzak wagtyň dowamynda ejir çekmändir; we (ç) onuň maýyplygy ýeterlik derejede agyr däl. Indi hanym Smit aklawçynyň ýa-da raýatlara maslahat bermek boýunça býuronyň maslahatlaryndan peýdalanyp emeldara grant almak üçin näme sebäpden psihiki taýdan maýyplygyň hasaba alynmaýandygy, kabul ederlik döwür bolmagy üçin kesgitlenen möhletiň dowamlylygy we grant almaga maýyplygyň haýsy agyrlyk derejede bolmalydygy barada soraglar bilen ýüzlenýär. Şeýle-de ol özüniň Nýukaslda ýaşaýan aýal dogany hanym Braunyň maýyplyk derejesiniň özüniňkä meňzeşligine garamazdan onuň grant alandygy barada hem aýdýar. Emeldar jogabynda hanym Smitiň soraglaryna jogap bermekden boýun gaçyrýandygy, çözgüdiň diňe özüne baglydygy we özüniň hanym Smit grant almaga degişli däl diýip karar kabul edendigi barada ýazýar. Hanym Smitiň Nýukasldaky aýal dogany hanym Braun dogrusynda bolsa emeldar ol zolaga jogap bermeýändigi barada we eger-de ol zolaga jogapkär emeldar başgaça pikirlenýän bolsa, goý şeýle-de bolsun diýip jogap berýärin. Daremiň emeldarynyň çözgüdine garşy şikaýat etmek üçin netijeli serişdeleriň ýok sebäpli şeýle tertip hukugyň hökmürowanlygyny aç-açan bozardy. Hanym Smitiň grant almaga hukugy ýerli emeldaryň eden-etdiligi bilen däl-de, kanun tarapyndan çözülmelidir.

Bu ýörelge elbetde diňe döwlet tarapyndan berilýän granta degişli däl. Biz özümiziň töleýän salgytlarymyzyň ýerli salgyt gözegçisiniň çözgüdi bilen däl-de, jikme-jik kesgitlenen

kanun tarapyndan dolandyrylmagynyň tarapdary. Ol özüniň täze düzgünlerini oýlap tapmaly däl-de, kesgitlenen kadalary ulanmaly, bu onuň borjydyr. Şeýle-de onuň kanun boýunça tölenilmäge degişli salgytlardan boşatmaga ygtyýary ýok: bir kazynyň gysgaça aýdyşy ýaly: "Raýat kanun tarapyndan salgyt tölemäge degişli edilmelidir, we kimdir biriniň kararyna laýyklykda salgytdan boşadylmaly däldir".[2]

Beýle diýildigi raýatyň hukuklaryna ýa-da borçlaryna täsir edýän her bir çözgüdiň kazyýet ýa-da tribunal tarapyndan kabul edilmelidigini, ýa-da administratiw çözgütlerini sazlaýan ölçegler kanunlarda ýa-da kanunlara laýyklykda kabul edilen kadalarda bellenilmelidigini aňlatmaýar. Tejribe ýüzünde biziň çylşyrymly jemgyýetimizi dolandyrmak boýunça jogapkär ýolbaşçylar tarapyndan her gün örän köp çözgütler kabul edilýär, mysal üçin öýsüz galanlara öý bölüp bermek, mekdep ýerlerini paýlaşdyrmak, meýilleşdirmek üçin rugsat bermek, ýurda girmek üçin rugsat bermek we şuňa meňzeşler. Esasy zat şeýle çözgütler bellenen ölçeglere esaslanan we kanuna laýyklykda garşysyna arz-şikaýat edilmä degişli bolmaly, emma welin eger çözgüt ony kabul eden tarap üçin hukuk nukdaýnazaryndan aýdyň we göwnejaý bolsa, onuň garşysyna edilen arz-şikaýat şowsuz bolup biler.

Daýsiniň we Hýuwartyň delilleriniň umumy manysynyň kabul edilendigine garamazdan, eger-de raýatlaryň hukuklaryna ýa-da borçlaryna täsir edýän çözgütler kabul edenlerinde ministrleriň ýa-da hakimiýet wekilleriniň hiç hili ygtyýarlyklary bolmasa, onda bu ýagdaýy iň soňky derejä ýetirmek howpy bardyr. Ulgam şeýle oturdylan üýtgedip bolmaýan derejeli aýratyn çemeleşmäni talap edýän özboluşly ýagdaýlary hasaba almaýar, bu bolsa adalatsyzlygyň çeşmesiniň subutnamasy bolup biler. Mysal üçin, immigrasiýa ulgamyna degişli meselelerde ýurda girmek üçin rugsat bermek ýa-da immigrasiýa düzgünleriniň synaglaryndan geçip bilmedik, ýöne welin onuň şahsy taryhy ýa-da ýagdaýlary oňa duýgudaşlyk görkezmekligi talap edýän taraplara ýurtda galmaga rugsat bermek boýunça Döwlet Sekretarynynyň ygtyýarlyklaryny ulanmak üçin kazylar ony uly höwes bilen ýygy-ýygydan çagyrýardylar. Duýgudaşlykly garaýşyň bolmagyny talap edýän ýagdaýlarda biz Döwlet sekretaryny eli bagly we meselä gatyşyp bilmeýän halda görmek islemeýäris.

Ministrler we wezipeli adamlar barada aýdylan zatlar kazylara hem degişli. Takmynan ýüz ýyl mundan ozal Danfermlaýndan lord Şouň aýdyşy ýaly: "Konstitusion hukuklaryny kazyýet ygtyýarlygy ulgamynda saklamakdan boýun gaçyrmaklyk azatlyk esaslaryny daşdan guma süýşürmekligi aňladýar".[3] Ýaňy-ýakynda başga bir uly kazy hem meňzeş pikirini beýan edipdir: "Eger-de gürrüň kazyýet çökgünligi barada gidýän bolsa.... onda agalyk ediji güýç öz şahsy garaýşyňa görä hereket etmeklik däl-de, kanun bolmalydyr".[4] Kazylaryň işi özleriniň şahsy isleglerini kanagatlandyrmak däl-de, kanuny ulanmakdan ybaratdyr. Kazylaryň öz şahsy garaýşlaryna görä hereket etmeli bolýan ugurlary hem bar, emma olar örän çäklendirilendir.

---

[2] *Vestey v Inland Revenue Commissioners* [1979] Ch 177, 197, per Walton J.
[3] *Scott v Scott* [1913] AC 417, 477.
[4] *D v National Society for the Prevention of Cruelty to Children* [1978] AC 171, 239 G.

Adaty kazyýet durmuşynda raýat meselelerine garaýan kazylara öz kararlaryny öz içine almaýan çözgütleri kabul etmelidiklerini häli-şindi ýatladyp durýarlar. Şeýlelikde, söwda taraplar şertnamany doly baglaşdylarmykä, wesýet beriji wesýetnamany ýazanda akyly ýerindemikä, betbagtçylykly hadysanyň pidasy epilepsiýa geçirdimikä, gämi suwa goýberilende ýüzmek üçin ýaramlymykä, ýodajyk ýyllaryň dowamynda köpçülik tarapyndan ulanylýarmykä, täze oýlanyp tapylan tapyndy täzemikä, ulagyň tekeri ýol heläkçiligi bolmazdan öň ýany ýaryldymykä we şuňa meňzeş çekeleşikler ýüze çykyp biler. Şeýle ýagdaýlarda kazy haýsy delilleri almalydygyny we haýsy delilleri ret etmelidigini çözmeli, ähtimallyga baha bermeli, şu meselä degişli ähli resminamalara we bilermeniň delillerine garamaly we diňe şondan soň öz kararyny çykarmaly. Ol öz şahsy garaýşlaryna görä hereket etmeli däl-de, karar kabul etmelidir. Ol özüniň kararyny däl-de, kazyýetiň hökümini çykarmalydyr. Hökümi çykarandan soň, onuň indi taryhçyňkydan tapawutlylykda öz karary ýok, taryhçy Patyşa Jonuň 1215 ýylda Runnymedde “Azatlyklaryň Beýik Hartiýasyny” ýerine ýetirmändigini çözmeli, haçanda ähli deliller onuň ony ýerine ýetirendigini görkezýär.

Emma käzyýet häkimiýetiniň käbir hereketleri adatça öz kararyna laýyklykda ulanylýan hökmünde beýan edilýär. Mysal üçin, eger-de aýyplanýanyň jogapkärçiligi we ýetiren zyýany subut edilen bolsa, käbir kazyýet gorag serişdeleri, esasanda ýetirilen zyýan bilen baglylykda kanun boýunça talap edilip bilner, beýlekiler bolsa, hususan-da kazyýet gadaganlygy kazynyň öz kararyna görä ulanylýan hasaplanylýar, ýagny, hat-da eger jogapkärçilik subut edilen hem bolsa, kazy gadaganlygy çykarmaga borçly däldir. Gadaganlygy çykarmalymy ýa-da çykarmaly dälmi kazynyň özüniň kararyna görä çözülýär. Emma özüniň kararyny ýerine ýetirilmegini ugrukdyrmak üçin düzgünler ýetişdi. Eger aýyplanýanyň özüni alyp barşy kanuna garşy bolup, hak isleýjä zyýan ýetirýän bolsa, ýetirilen zyýanyň hem öwezi dolunmaýan bolsa, we eger aýyplanýan adam hak isleýjiniň arz edýän hereketini etmegini dowam edýän bolsa, onda kazy aýyplanýan adama şol hereketi etmegi gadagan edýän kazyýet gadaganlygyny çykarmaga borçlydyr. Kazynyň öz garaýşyna görä hereket etmek ygtyýarlygy bardyr, emma bu ygtyýarlygyň diňe ady bar, sebäbi ol diňe bir taraplaýyn ulanylyp bilner.

Kanunlardaky “edip biler” sözi (“hökman etmeli” ýa-da “etmeli” sözlerden tapawutlylykda) adatça öz garaýşyna görä hereket etmek ygtyýarlygy berlen ýaly düşünilýär: kazy (ýa-da ministr ýa-da başga biri) näme gerek bolsa edip biler, emma ony etmäge borçly däl. Şeýlelikde, kazyň jenaýat prosesinde delilleriň berilmegini düzgünleşdirýän kadalara laýyklykda delilleriň berilmegini öz şahsy garaýşyna görä gadagan edip bilmeýändigine garamazdan, 1984-nji ýylda kabul edilen Polisiýa we jenaýat delilleri baradaky kanunyň 78 (1) maddasynda kazylara öz şahsy garaýşyna görä hereket etmek mümkinçiligi göz öňünde tutulýar. Bu bölümde şeýle diýilýär:

Islendik kazyýet önümçiliginde kazyýet aýyplaýan tarapyň daýanýan delilleriniň berilmegine rugsat bermän biler, eger-de ähli ýagdaýlary, şol sanda delilleriň alnan ýagdaýlaryny göz öňünde tutulanda kazyýet üçin delilleriň rugsat berilmegi işiň adalatlylygyna ýaramaz täsir etjekdigi aýdyň bolsa.

Kazyýet “edip biler”: diýmek onuň öz şahsy garaýşy bolup biler. Emma kaziýet bu ygtyýarlykdan peýdalanyp biler, haçanda kazyýete agzalan meselelere baglylykda deliliň kabul edilmegi, ony kabul edip bilmez ýaly derejede garalýan işiň adalatlylygyna ýaramaz täsir etjekdigi aýdyň bolsa (mysal üçin, eger şaýadyň görkezme bermek üçin aldanandygy ýa-da satyn alnandygy subut edilen bolsa). Ýagdaý nähili bolsa-da kazyýetden öz şahsy garaýşyna görä hereket etmek däl-de, çözgüt kabul etmek talap edilýär. Eger delilleriň kabul edilmegi işiň adalatlylygyna ýaramaz täsir etjekdigi aýdyň bolmasa, kazyýetiň delil berilmegini gadagan etmek üçin ýgtyýary ýokdyr (şeýle hem kazyýet aklawçylaryň daýanýan delilleriniň berilmegini gadagan etmäge hukugy ýokdyr). Emma, eger-de kazyýete deliliň kabul edilmegi, ony kabul edip bilmez ýaly derejede garalýan işiň adalatlylygyna ýaramaz täsir etjekdigi aýdyň bolsa, onda deliliň berilmegini gadagan etmek üçin öz garaýşyna görä hereket etmek ygtyýaryndan peýdalanyp biler. Islendik kazyýet garaýyşlarynda bolşy ýaly garaýşyň nähili ulanyljakdygyny netijeli kesgitleýän deslapky çözgüt kabul etmelidir.

Birleşen Korollykda raýat işleriniň çäginde  çykdajylaryň öwezini dolmak boýunça çözgüt kazyň şahsy garaýşynda diýip hasap edilýär. Emma ol entäk hem erkin derejeli şahsy garaýyş däldir. Adaty düzgün boýunça, utulan tarapa utan tarapyň işiň dowamynda edilen çykdajylarynyň öwezini dolmak barada buýruk  berilýär. Şeýlelikde, utulan hak işleýji adatça jogap berijiniň çykdajylarynyň öwezini dolýar: ol hak islegini gozgamaly däl eken. Utulan jogap beriji adatça hak işleýjiniň çykdajylarynyň öwezini dolýar: ol degişli tölegi töläp hak islegini goramaly däl eken. Kähalatlarda dawanyň şertleri deň paýlanylýar we taraplaryň hiç biri utujy bolmaýar. Soňra kazy çykdajylary taraplaryň şowlulyk we şowsuzlyk derejelerini şöhlelendirer ýaly  görnüşde bölmeli, we buýruk çykarmak zerurlygy ýok diýen karara gelip biler. Aýratyn ýagdaýlarda utan tarapyň çykdajylarynyň öwezini dolmak talapy kanagatladyrylman bilner we köplenç serişdeleri bolmadyk utulan tarap şol tölegleri tölemek boýunça buýrukdan boşadylyp bilner. Emma ulanylmaly umumy ýörelgeler düşnükli we eden-etdilik mümkinçiligi örän çäklidir.

Iş kesilen jenaýatçylara höküm çykaranlarynda kazylaryň özleriniň garaýyş derejesinden peýdalanmaklary möhümdir diýip giňden (hem dogry) hasaplanýar, sebäbi eger-de olar jenaýat işine jeza çäresini bellemeli bolsalar, olar bir jenaýatyň başga jenaýatdan we bir jenaýatçynyň başga jenaýatçydan tapawudyny hasaba alyp bilmezler. Bu adalatsyzlyga getirip biler, sebäbi jenaýatlaryň agyrlyk derejeleri hat-da şol bir häsiýetli jenaýat bolsa hem, bir-birinden giňden tapawutlanýar, we aýratyn jenaýatçylaryň şertleri düýbünden gapma-garşy bolup biler. Parlament adatça şeýle garaýşyň gymmatyny ykrar edýär we köplenç iň ýokary jeza çäresini belleýär, we seýrek halatlarda öňünden kesgitlenen ýa-da minimal jeza çäresini belleýär. Muňa garamazdan, eger jenaýatyň jeza çäresiniň agyrlygy kazyýetiň ters pikirlenmegi ýa-da ýüzgörüjiligi ýa bolmasa üýtgeýänligi esasynda bellense, bu hem adalatsyzlygyň çeşmesi bolar (mysal üçin, birnäçe ýyl mundan öň bolup geçen bir işde kazy agyr jenaýat üçin ýyl kesilen kazyýetde işi garalýan jenaýatça adatça

özüniň jenaýatçyny tussaghana ugradýandygy, emma şol gün kazynyň doglan güni bolandygy sebäpli beýle etmejekdigini aýdypdyr). Şeýle-de, ýaşaýan ýeriňe görä hüküm lotereýasy ýaly, ýurduň dürli ýerlerinde hökümiň agyrlyk derejesi tapawutlanýan bolsa adalatsyz bolardy.

Häzirki çäreler kazynyň höküm çykarmakda özüniň garaýşynyň saklanylmagyny göz öňünde tutýar, emma üç usul bilen çäklendirilýär. Birinjiden, jeza çäresini kesgitlemek boýunça gollanmalar we çözgütler aýan edilýär, onda dürli jenaýatlar üçin degişli höküm çäkleri görkezilýär, jenaýaty  güýçlendirip ýa-da gowşadyp bilýän faktorlar kesgitlenilýär. Ikinjiden, Täç kazyýetinde (Crown Court) hökümi çykarylan tarap özüniň çykarylan hökümine garşy şikaýat etmäge synanşyp biler, we eger ikinji basgançakly kazyýet hökümi öňki çözgütler we gollanmalar esasyndaky aýratyn faktlara laýyklykda çendenaşa agyr hasap etse, hökümi degişli derejesine çenli peselder. Üçünjiden, Baş Prokuror hökümi çendenaşa ýeňil hasap edip, ony ikinji basgançakly kazyýete geçirmek ugrunda rugsat bermäge synanşyp biler. Kähalatlarda şeýle ýagdaýlar ýüze çykdy, ýagny iş kesilen adama bellenen hökümiň laýyk gelmeýändigi bilen baglylykda köpçülik  adalatly nägileligini bildirýär we şeýle hökümiň garşysyna aýyplaýjy şikaýat edip bilmeýär; bu täze dörän güýç ikinji basgançakly kazyýete, Baş prokuroryň arzasy boýunça esassyz ýeňil hökümi degişli derejesine çenli ýokarlandyrmaga mümkinçilik bermek üçin girizilýär.  Emma jemgyýetçilik we syýasy bellikleri ynamly gollanma bolup hyzmat etmeýär. Greýg Swini atly çaga ogrusyna we jenaýatça 2006-njy ýylda berlen höküm bilen bagly köpçüligiň nägileligi we içeri işler ministriniň tankydy käbirleriň entäk hem ýadyndadyr. Baş prokuror içeri işler ministriň bu işe gatyşmagyny netijesiz hasaplapdyr we hökümi çendenaşa ýeňil hökmünde kazyýete ýollamandyr. Hökümi beren tejribeli kazy gollanmalarda we öňki çözgütlerde bellenen derejelere laýyklykda hereket edipdir.

Hukugyň hökmürowanlygy resmi adamlaryň ýa-da kazyýet adamlarynyň ähli garaýyşlardan mahrum bolmaklaryny talap etmeýär, emma ol  garaýyşlaryň erkin bolmazlygy üçin şertsiz bolmazlygyny talap edýär. Hiç bir garaýyş ýuridiki nukdaýnazaryndan boşadylan bolup bilmeýär.

# 5

# Kanunyň öňündäki deňlik

(3) Obýektiw tapawutlyklaryň üýtgemegine ýol berýän ýagdaýlaryndan başga, ýer eýeçiligi barasyndaky kanunlary ähli adamlar üçin deň ulanylmalydyr

Biziň eramyzyň I asyrynda Apostol Pawel öz döwri üçin akyla sygmajak ýagdaýdaky hukuk kemsidilmeden ýüz öwürdi: "Jöhitlerde ýok, greklerde, baglylykda ýok, erkinlikde, erkekde ýok zenanda, çünki siziň ähliňiz Iisus Hristosda birsiňiz".[1] Onuň bu sözleriniň üns çekiji bolmagy, onuň özüniň gul eýeçiligini kabul edýän, aýallary hukuk taýdan kemsidýän we rimiň raýatlaryna artykmaç hukuk berýän jemgyýetden gelip çykanlygydyr. Ol diňe rimiň raýaty bolanlygy üçin, heniz kazyýet jogapkärçiligine çekilmezden garşylyk bildirmäge we Rimde Sezara ýüzlenmäge mümkinçiligi boldy: "Sen Sezara ýüzlendiňmi?" – diýip Fest sorady we "Sezaryň ýanyna hem gidersiň" diýdi.[2]

Meniň pikirimçe, häzirki döwürde Britaniýalylaryň köpüsi hakykatdan hem, kanun öňündäki deňligi biziň jemgyýetimiziň düýp özeni hasaplaýar. Baýlar we garyplar üçin aýratyn kanun bolmaly däldir. Biziň ählimiz Kromwelli polkownik Tomas Reýnboronyň 1647-nji ýylda Patnide harby çykyşlarda köpçülik öňünde aýdan sözleriniň hakykatyny kabul etmelidiris: "Men hakykatdan hem Angliýada ýaşaýan iň garyp adamyň, iň wajyp adam ýaly ýaşamaga mümkinçiligi bar diýip pikir edýärin".[3] Ýöne biz adamlaryň käbir toparlaryna belli bir möhüm deliller esasynda gatnaşygyň tapawutly bolmalydygyny hem kabul etmelidiris. Munuň iň aýdyň mysaly – çagalardyr. Çagalar belli bolşy ýaly, ululara görä has pes düşünjelidir, şonuň üçin hem olara gatnaşygymyz ululara bolan gatnaşygymyzdan tapawutly bolmalydyr. Şeýlelikde belli bir ýaşa ýetmedik çagalar jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli däldir (Beýik Britaniýada ikuçsyz on ýaşdan kiçi çaganyň hiç hili jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilinmez diýip hasaplanýar, bu ýaş Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde bellenen ýaşdan kiçidir); olaryň günäsi subut edilen ýagdaýynda, olara beriljek jeza adatça

---

[1] Epistle to the Galatians, 3: 28. Meniň sitatam Injiliň awtorlaşdyrlan nusgasyndan (Patyşa Jeýms) alynan.
[2] Acts of the Apostles, 16: 22–40; 22: 24–30; 25: 10–12.
[3] Thomas Rainborough (or Rainborowe), 29 oktýarb 1647, in C. H. Firth (ed.), *The Clarke Papers*, Camden Society, New Series, 49 (1891), vol. 1, s. 301.

ululara berilýän jeza ýaly bolmaly däldir; şeýle hem, olar kazyýet önümçiliginde belli bir amatlyklardan peýdalanýarlar. Ruhy taýdan keselli adamlar ýene bir mysaldyr: egerde olar daş töweregindäkilere ýa-da özleri üçin howply bolsalar, onda olary çäklendirmek gerek bolmagy mümkin. Tussaglara bolan garaýyş hem tapawutlydyr, çünki tussag edilmegiň özi başgalar üçin elýeter bolan, käbir hak we hukuklaryň (esasan hem şahsy azatlygyň) çäklendirilmegini aňladýar. Bu ýurtda ýaşamaga hukugy bolmadyk raýatlara gatnaşyk hökmany ýagdaýda immigrasion maksatlar sebäpli bu ýurtda ýaşamaga hukugy bolan adamlaryň gatnaşygyndan tapawutlydyr, sebäbi ýaşamaga hukugy bolmadyk raýatlara ýurda gelmek üçin ýa-da ýurtda bolmak üçin rugsat gerek, raýatara bolsa gerek däl. Bu mysallaryň hiç biri (elbetde olaryň sany köpräk hem bolup biler) mesele däldir, çünki bu adamlaryň ýagdaýy dogrudan hem tapawutly bolany üçin kanun olara tapawutly garaýar. Ýöne deň garamaklygyň umumy düzgüninden çykýan islendik hereket, differensiasiýaly gatnaşygyň hakyky sebäpler esasynda ýüze çykandygyna göz ýetirmek üçin, örän düýpli öwrenilmelidir. Bu şeýle bolmadyk ýagdaýynda 3-nji ýörelgä (3) ters bolar.

Ähli adamlaryň kanunyň öňünde deň bolmaly ýörelgesi indi köp sorag soramasyz kabul edilip bilner, ýöne biziň şuňa ýetip bilmegimiz üçin belli bir wagt gerek boldy. Mysal üçin, Britaniýada 1772-nji ýyldan soň umumy iňlis kanuny gul eýeçiligine garşy çykdy. Şol ýylda Jeýms Somersetiň (ýa-da Sommersett – onuň öz adyny nähili ýazandygy doly belli däl) uly kazyýet işi çözüldi.[4] Somerset Afrikada dogulypdy, ýöne Wirginiýa ugradyldy, ol ýerde bolsa Stýuart atly biri tarapyndan satyn alyndy we belli bir wagt aralygynda Massaçusetsde bolanyndan soň ony Londona getirdi.[5] Ol bu ýerde gaçypdy, emma tutulsa hem Stýuarta gulluk etmäge garşy boldy. Elbetde, Stýuart ony güýç bilen Ýamaýka gidýän gämä iberdi we gämi ugraýança ony zynjyrlap sakladylar. Gul-eýeçiligine garşy çykýan Londonyň lobbisi barlag kazyýet işini geçirmek üçin, sabyrsyzlyk bilen bir işiň gozgalmagyna garaşýardy we soň şu işi saýlap aldy. Habeas korpus buýrugy çykarylyp, gäminiň kapitanyna ugradyldy we Lord Baş Kazy bolan Lord Mansfildiň öňünde birnäçe uzaga çekýän işe seretmeler başlandy. Onuň bilen iň ýakyndan bagly aforizm bolan: “Angliýanyň howasy gul dem alardan juda arassa” – Lord Mansfildiň kararynda dälde, ony garaşylmaýan çeşmeden ýagny Kazyýetiň Ýyldyz Palatasyndan[6] alan, aklawjynyň[7] düşündirişlerinde ulanylmagy geň galdyryjydyr. Şeýle hem,

[4] *Somerset v Stewart* (1772) Lofft 1, 20 ST 1

[5] F. Shyllon, *Black Slaves in Britain* (Oxford University Press, 1974), bölüm. 6, 7 and 8; P. Fryer, *Staying Power: The History of Black People in Britain* (Pluto, 1984), ss. 120–26; J. Oldham, ‘New Light on Mansfield and Slavery’, *Journal of British Studies*, 27 (1988), s. 45; E. Fiddes, ‘Lord Mansfield and the Sommersett Case’ (1934) 50 *LQR*, s. 499; W. Wiecek, ‘*Somerset*: Lord Mansfield and the Legitimacy of Slavery in the Anglo-American World’, *University of Chicago Law Review*, 42 (1974–5), s. 86; A. Samuels, ‘What Did Lord Mansfield Actually Say?’ (2002) 118 *LQR*, ss. 379–81.

[6] *Cartright’s case*, 1569.

[7] Seret Tom Bingham, ‘ “The Law Favours Liberty”: Slavery and the English Common Law’, University of Essex and Clifford Chance Lecture, 2003, ss. 15–16.

soňundan Lord Denningiň aýdyşy ýaly[8] Lord Mansfildiň jemleýji sözüni “Garalary azat ediň” diýip dälde, ondan az tolgundyryjy sözler bolan “şeýlelikde, garalar azat edilmeli”[9] diýip tamamlamagy hem geň galdyryjydyr. Bu çözgüt Somerset üçin azatlygy aňladýardy we abolisionistler üçin bolsa ýeňişi. Mundan beýläk Britaniýada baglylar we erkinler ýokdy. Ýöne *Oksforduň Milli Biografiýa sözlügi* Somerset barada ähtimal gynanç bilen şeýle belläp geçýär: “Haçanda ol 1772-nji ýylyň iýul aýynda Westminster-Halldan çykanynda [Lord Mansfildiň öz peýdasynda kabul eden çözgüdinden soňra], ol şonuň bilen birlikde taryhy ýazgylardan hem çykdy. Şu wagta çenli onuň durmuşy (ýa-da ölümi) barada hiç hili maglumat ýok we ol başgalar tarapyndan dolandyrylýan wakalaryň merkezinde diňe bir kölege hökmünde galýar”.[10]

Şeýlelik bilen, bir söweşde örän wajyp söweşiň ýeňişi gazanylypdy, ýöne uruş dowam edýärdi we gynansak hem, Britan kanunlary katolikleriň, başga pikirlileriň we jöhitleriň dini ynançlaryna deň garaman olara garşy çäklendirilmelere ýol bermek bilen çäklenmän, eýsem olaryň özi hem girizýärdi, şeýle hem zenanlara garşy jynsy nukdaýnazardan hiç bir esassyz çäklendirmeleri girizýärdi.

Bu ýurtda aýallaryň ses berme hukugy diňe 1928-nji ýylda peýda boldy.[11] Deňsizlikden ejir çekmekde Britaniýa ýeke däldi. Özüniň gerimi boýunça köptaraplaýyn bolan, Adam we raýat hukuklarynyň Fransuz rewolýusion jarnamasynda, adamlaryň belli bir synplaryna hukuklaryny gadagan edýän düzedişler girizilipdi. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda kabul edilen Billi Hukuklary, dürli ugurlary boýunça ösýän we özgerýän hem bolsa, *Somersetiň işinden* soň togsan ýylyň dowamynda Günortada hereket eden gul eýeçilik institutyna degmedi. XX asyrda käbir Ýewropa ýurtlarynda jöhitleriň, gomoseksuallaryň we jögüleriň hukuklarynyň kemsidilmegine kanuny ygtyýar berlendigi hemme kişä mälimdir.

(3) ýörelgä antikwar gyzyklanma nukdaýnazardan garamak amatly bolardy. Ýöne Beýik Britaniýada we başga ýerlerde raýatlygy ýoklara bolan gatnaşyga görä, bu hakykat bolmazdy. Öň belläp geçişimiz ýaly, Beýik Britaniýada ýaşamaga hukugy bolmadyk adamyň ýagdaýy, ýaşamaga hukugy bolan adamyň ýagdaýyndan görnetin tapawutlydy, biriniň ýurtdan çykarylmaga degişli bolmagy, beýlekisiniň bolsa degişli däldigidir. Bu ýörelgä degişli bolan, iň wajyp tapawut we üýtgeşiklik adamlarda garşylyk ýüze çykarmaýardy we hakykatdan hem hökmanydy. Ýöne 1983-nji ýylda Lordlaryň Palatasynyň işinde Lord Skarmeniň aýdyň düşündirişi ýaly, bu tapawuda degişli bolmadyk differensiasiýa ýol berilýän däldir:

Habeas korpus goragy köplenç diňe Beýik Britaniýanyň ýaşaýjylaryna degişli ýaly edip aýdylýar. Bu dogrudan hem diňe Britaniýanyň ýaşaýjylaryna degişlimi? Presedent hukugynyň bu soraga aýgytlaýjy “ýok” jogabyny

---

[8] A. T. Denning, *Freedom Under the Law* (Stevens, 1949), s. 7; and *Landmarks in the Law* (Stevens, 1984), ss. 218–19. Lord Denning relied on, emma ýalňyş alynan, Lord Campbell’s *Lives of the Chief Justices of England* (John Murray, 1849), vol. 2, s. 419.
[9] Shyllon, *Black Slaves*, pp. 91–3; *Somerset v Stewart* 20 ST 1, col. 23.
[10] The *ODNB* Ruth Paley tarapyndan girizilen.
[11] Representation of the People (Equal Franchise) Act 1928.

berendigini aýtmak ýeterlikdir. Her bir adam öz hukuklarynyň çäklerinde biziň kanunlarymyzyň goragyndan deň peýdalanyp bilýär. Beýik Britaniýanyň raýatlary bilen başgalaryň arasynda hiç bir tapawut ýokdur. Iňlis kanunlaryna tabyn bolýan adam onuň goragyna hukugy bardyr. Lord Mansfild *Sommersettiň işi* (1772) 20 St T 1 bilen birlikde "garalara" erkinlik bereni bäri, bu ýörelge kanunyň içinde bardyr.[12]

Bu sözlerde ýetirilmek islenilýän habar iňňän aýdyň görünýär. Ýöne bu parlamente 2001-nji ýylyň Terrorçylyga garşy, jenaýatçylyk we howpsuzlyk kanunynda halkara terrorizm bilen baglanşygynyň bardygyna güman edilen Beýik Britaniýanyň raýaty bolmadyk adamlara günä yglan etmän ýa-da kazyýet işini geçirmän möhletsiz tussag etmäge rugsat bermekden saklamady we şol bir bada, günäkärlenmäge ýeterlik delilleri bolan Beýik Britaniýanyň raýatlaryny bu jogapkärçilikden boşatdy. Bu kanun Lordlaryň Palatasy tarapyndan Ýewropanyň adam hukuklary baradaky Konwensiýasy[13] bilen utgaşmaýandygy tassyklandy we 2005-nji ýylyň iýul aýynda Londonda bolup geçen terrorist hüjümleri daşary ýurtlylar tarapyndan däl-de, Beýik Britaniýanyň raýatlary tarapyndan gurnaldy. Hökümet nähili hem bolsa Britaniýanyň raýatlaryny şonuň ýaly ýagdaýda tussag etmeklik "örän gorkuly ädim" boljak we "şunuň ýaly gazaply ygtyýarlyklary soňundan aklamak örän kyn bolar" diýip hasap etdi, bu bolsa öz gezeginde parlamentiň bilelikdäki komitetine hökümetiň beren düşündirişi barada "diýmek ol daşary ýurt raýatlarynyň azatlyk hukuklaryny, Beýik Britaniýanyň raýatlarynyň edil şonuň ýaly hukuklary bilen deň görmeýär" diýip belläp geçmäge mejbur etdi.[14]

Ýöne şu nukdaýnazardan, Beýik Britaniýa ýeke-täk ýa-da iň howply jenaýatçy hökmünde garamak ýalňyş bolardy. Amerikanyň akademik awtory Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna salgylanyp, belläp geçişi ýaly (aşakda 11-nji baba seret) "Raýat hukuklaryny öz içine alýan islendik Hökümet howpsuzlugy ugrundaky başlangyjy – şol sanda gürrüň üçin jenaýaty, etniki profillemäni, baglanyşyk boýunça günäni, jenaýat işi gozgalmazlygy üçin administratiw çäreleri ulanmak we öňüni alyş tussag işlerini amala aşyrmaklyk iş ýüzünde raýatlygy ýoklar üçin ulanmaga niýetlenendi[15]. Meniň pikirimçe amerikanyň beýik kazysy, Kazy Justice Jeksonyň 1949-njy ýylda Amerikanyň Ýokary Kazyýetinde aýdan synynda çuňňur many bar:

Men şäherleriň, ştatlaryň we Federal Hökümetiň öz ygtyýarlyklaryny olaryň ýaşaýjylarynyň arasynda tapawutlylyk etmezden, kanunyň ulanylýan obýekti bilen adalatly baglanşygy bolan käbir ýagdaýlarda ýüze çykýan pähimli differensiasiýanyň daşynda amala aşyrmaklaryny sahabatly taglymat hasap edýärin. Bu deňlik ýöne bir hyýaly adalat däldir. Konstitusiýany düzenler bilýärdi we biz şu gün bu hakda ýatdan çykarmaly däldiris, ýagny çekinmeýän we paýhassyz hökümete garşy göreşmekde, onuň wezipeli adamlarynyň ilatyň azlyk edýän toparlaryny mejbur etjek bolýan hukuk ýörelgeleriniň ähli adamlara deň derejede täsir etmelidigini talap etmekden has täsirli tejribeden başga kepilli tejribäniiň ýokdugyny ýatdan çykarmaly

---

[12] R v Secretary of State for the Home Department, ex p. Khawaja [1984] AC 74, 111–12.
[13] *A v Secretary of State for the Home Department* [2004] UKHL 56, [2005] 2 AC 68.
[14] [14] Ibid., parag. 64–5, sitata 'Counter-Terrorism Powers: Reconciling Security and Liberty in an Open Society' (February 2004), Cm. 6147, para. 36.
[15] David Cole, *Enemy Aliens* (The New Press, New York, 2003), s. 85.

däldiris.Tersine, olara birnäçeleri saýlamaga we diňe şolara garşy kanuny ulanyp, has köp ejir çeken ýüze çykan ýagdaýynda, olaryň jogapkärçilikden gaçmagyna mümkinçilik bermek, rehimsizlige ýol açmagyň iň täsirli ýolydyr. Kazyýetler kanunlaryň adalatlylgyny üpjün etmek üçin, kanunlaryň iş ýüzünde deň ýöremegini talap etmekden başga, has täsirli ýollary ýokdur.[16]

Altmyş ýyl geçeninden soň biz muňa "ämin" diýip bileris. Biziň goşup biljek zadymyz, hukugyň hökmürowanlygy mundan azyny talap edip bilmez.

[16] *Railway Express Agency Inc. v New York* 336 US 106, 112–13 (1949).

# 6

# Häkimiýetiň amala aşyrylmagy

(4) Ministrler we ähli derejelerdäki döwlet işgärleri olaryň özüne berlen ygtyýarlyklaryny, ol ygtyýarlyklaryň niýetlenen maksatlary üçin, ak ýürekden we adalatly ýerine ýetirmelidirler, ol ygtyýarlyklaryň çäginden geçmeli we sebäpsiz ulanmaly däldirler

Bu ýörelge elbetde biziň ýaňy seredip geçen iki ýörelgämizden gelip çykýar we hakykatdan hem bu ýörelge olara mahsus diýip aýdyp bolar. Ýöne bu ýörelge barada aýratyn bellenip geçilmegine mynasypdyr, çünki köp adamlar onuň kanunyň ýokary hökümdarlygynyň düýp esasynda bar diýip hasap edýärler. Bu hakykatdan hem şeýledir. Şoňa göräde, demokratiýanyň raýatlary özleriniň wekili institutlaryna talabalaýyk kabul edilip, hakynda ulanylýan ähli adamlary baglaýan kanunlary kabul etmeklige ygtyýar berýän hem bolsalar we bu kanunlary ýerine ýetirmek jogapkärçiligi ýerine ýetirji häkimiýete, şol döwrüň hökümetine we onuň gullukçylaryna ýüklenýär, adatça ýerine ýetirji häkimiýete şol kanunlara laýyklykda gyşarnyksyz hereket etmekden başga ygtyýarlyk berilmeýär.

Kazyýetleriň döwlet edaralarynyň kanuny berjaý etmeklerini üpjün edýän önümçiligi, kazyýet gözegçiligi ady berildi. Dewid Blankett (2001-2004-nji ýyllar aralygynda içeri işler ministri): “Kazyýet gözegçiligi täze dörän zat. 1980-nji ýyllaryň başyndan bäri bar...”.[1] Ol mamla, kazyýet gözegçiliginiň ygtyýarlary soňky otuz-kyrk ýylda öňküsine garanyňda has giň amala aşyrylýar. Ýöne bu asyrlar bäri ulanylyp gelýän köne güýçler. Hukuk goraýyş serişdelerine adaty berilýän latyn dilindäki atlar hem şol ýerden gelip çykýar: «habeas corpus», “certiorari”, “mandamus”, “quo warranto” we ş.m., XX asyryň ahyrynda bularyň hiç haýsysynyň oňa degişliligi ýokdur. «habeas corpus» we “certiorari” bilen biz eýýäm tanyşdyk. “Mandamus” görkezmesi boýunça kazyýet şahsdan, korporasiýadan, ministrden, ýa-da kazyýet oturdaşlaryndan kanuny borçnamasyny ýerine ýetirmegini talap edýär. “Quo warranto” buýrugy bilen belli bir edaranyň ýa-da şahsyň haýsy esasda belli bir hukukdan peýdalanandygy barada maglumat talap edilýär.

---

[1] David Blunkett, *The Blunkett Tapes* (Bloomsbury, 2006), s. 607.

“Kazyýet gözegçiligi” şu işleriň örän oňat düşündirişi bolup durýar, sebäbi başgalar tarapyndan edilen hereketleriň kazylar tarapyndan barlanýandygyny görkezýär. Bu kadalaýyk wezipedir, çünki bu kazylaryň işi bolup, bu ugurda olar ussat bilermenlerdir. Ýöne olar çözgüt kabul edýän garaşsyz şahslar däldir we onuň ýaly hereket etmäge haklary ýokdur. Uly ähtimallyk bilen, olar garaýan işleri boýunça bilermen bilimleri ýokdur. Olar kanunçylygyň barlagçylary bolup durýar: şondan artykmaç däl, şondan az hem däl.

Bu örän wajypdyr. Haçanda parlament kanuna ýa-da beýleki kada karar esasynda belli bir gullukça (mysal üçin Döwlet sekretary, prokuror ýa-da Jenaýatçylyga garşy göreşme bölüminiň ýolbaşçysy) ýa-da ýörite edara (mysal üçin ýaşaýyş jaý ulanyş edarasy, jemgyýetçilik gulluklary, saglygy goraýyş edarasy, deňiz portunyň geňeşi ýa-da ruhy keseller merkeziniň ýolbaşçylary) belli bir kararlary almak üçin ýörite ygtyýarlyklary bereninde, ol bu ygtyýarlyklary başga birine bermeýär. Ol şol şahsyň ýa-da edaranyň öň bellenen syýasatyň dolandyryş ýörelgelerine laýyklykda hereket etmegine garaşýar, ýöne ol şol şahsyň ýa-da edaranyň öz kararyny degişli tejribäni we bar bolan çeşmeleri göz öňünde tutup almagyna garaşýar. Ol, özüm has gowy bilýän diýip pikir edýän haýsam bolsa bir kazynyň karar kabul etmegine garaşmaýar ýa-da şony niýetlenmeýär. Ýöne alnan kararyň kanuna laýyk bolmagyna garaşylýar. Bu hukukçylaryň subut ediji prezumpsiýa diýip atlandyrýan ýagdaýy: ýagny gutarnykly we ýalana çykaryp bolmajak.

Pikir edilişi ýaly hem, kanunlar kazyýetde täzeden garalmagyny haýyş etmeklige getirjek kanundan daşary ýagdaýlary ýüze çykarmak üçin işlenip düzüldi, ýöne şu ýagdaýda hem, kazyýete düşýän iş, bar bolan çözgüdi ýatyryp, karar kabul edýän bellenen şahsa, başga kanuna laýyk çözgüt kabul etmegini buýurmakdan; ýa-da edilmegini teklip edilýän, emma edilen ýagdaýynda kanuna ters geljek işi etdirmezlikden;  ýa-da çözgüt kabul edýän şahsa kanuna laýyklykda etmeli işini ýerine ýetirmeýän ýagdaýynda işini ýerine ýetirmekligini buýurmakdan ybaratdyr.

Kanuna ters gelýän we täzeden garalmagy üçin üstünlikli haýyş edip boljak ýagdaýlar dürli görnüşde dürli teswirleýjiler we edaralar tarapyndan beýan edildi, ýöne şu ýörelgä degişli edilenleri iş ýüzünde ulanyp boljak barlag sanawyny düzýär. Birinjiden, bu kanuny ygtyýarlyklar wyždanlylyk bilen, ýagny ak ýürekden ýerine ýetirilmeli. Parlament ondan pes derejäni tama etmez diýip çaklanýar. Dogrudan hem, kazyýet gözegçiliginiň birinji ýörelgesi hökmünde, kazyýet çözgüdi wyždanlylyk bilen ýerine ýetirilmeli, diýip aýdylýar.[2] Wyždansyzlygyň ýüze çykarylan işleri örän seýrek duş gelýär, ýöne 1991-nji ýylda Appelýasion kazyýetiň kazysy “[bu] çözgütler meniň pikirimçe, wyždansyzlyk bilen garalan ýagdaýynda, ýagny başgaça aýdanymyzda ar almak niýeti bilen kabul edilen bolmaly. Ýagny häkimiýetden hyýanatçylykly peýdalanmak, jemgyýetiň bähbidine ters gelýär” diýdi.[3]

Häkimiýet islendik ýagdaýda adalatly boljak şekilde amala aşyrylmalydyr, çünki hökümetiň öz raýatyna adalatly garamaly (munuň göni ters niýeti görünmedikçe) diýip

[2] *Holgate-Mohammed v Duke* [1984] AC 437, 443 D.
[3] *R v Derbyshire County Council, ex p. Times Supplements Ltd*. (1991) 3 Admin LR 241, 253 A.

garaşylýar. Elbetde, belli bir ýagdaýlarda adalatyň nämäni talap edýändigi dawaly soragdyr. Ýöne adaty adalat diýip atlandyrylýan düzgünleriň talaplary birinjiden, çözgüt kabul edýän adamyň aňynyň öňden baha bermek ýa-da şahsy islegleri bilen garyşan bolmaly däl we ikinjiden, özi hakynda ters çözgüt alnan adam özüniň sesini eşitdirmäge hukugy bardyr (bu düzgüniň ähmiýetliligi onuň latyn dilindäkisi bilen tassyklanýar “audi alteram partem”, beýleki tarapy hem diňle). Bu ýörelge kazylaryň örän uly ähmiýet berýän ýörelgesidir, we onuň üstünde

deliliňi esaslandyryp boljak, gerek bolan çaklama diýip beýan edildi ... ýagny adaty adalatyň ýörelegeleriniň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin gerek diýip hasaplanýan goşmaça talaplary goýup, Kanunyň özüniň guraýan goşmaça önümçiligiň talaplarynyň üstüni kazyýetiň özi ýetirmelidir ... Bu mesele boýunça garalýan işlerde, administratiw hereketleriň netijesinde ejir çekip biljek taraplaryň goragynyň işiň gidişinde adalatlylygyny üpjün edýän şertlere gerek bolan ýagdaýynda kazyýetleriň salgylanyp biljek

esasy düzülýär.[4]

Ömürlik möhlet bilen tussag edilen jenaýatçynyň, şertli wagtyndan öň göýberilmegi hakynda meselä garalmagynyň möhletini geçmişe gönükdirip uzadanda, şu iş hakynda Lord Steýn (1-nji bapda sitirlenýär) 1997-nji ýylda şeýle diýdi: “Kanunyň hökümdarlygy bolsa, adalatyň maddy we önümçiligiň iň az standartlaryny üpjün edýär.”[5]

Kanun tarapyndan berilýän çözgütleri kabul etme ygtyýarlyklary elmydama Kanunyň syýasatyny we maksatlaryny öňe sürjek şekilde amala aşyrylmalydyr we olary bozmak ýa-da haýsam bolsa başga bir obýekti öňe sürmek üçin däldir. We aýdylyşy ýaly:

Parlament Kanunyň syýasatyny we maksatlaryny öňe sürmek üçin öz ygtyýary boýunça hereket etmek mümkinçiligini bermeli; Kanunyň syýasaty we maksatlary Kanuny tutuşlaýyn beýan etmek arkaly kesgitlenmeli, şeýle hem düzmek elmydama kazyýetiň hukuk meselesi bolup durýar. Bu meselede berk we çalt ugry saýlap almak mümkin däl, ýöne Ministr özüniň ýalňyş düşünişi ýa-da başga bir sebäp bilen öz garaýşyny Kanunyň syýasatyna we maksatlaryna päsgelçilik bermek üçin ulanmak islese we ejir çeken adamlar kazyýetiň goragyna hukuklary ýok bolsa, onda biziň Kanunymyz örän kemçilikli bolar.[6]

Bu sözler arzalara seljeriş geçirmek üçin komitet bellemäge ygtyýarlygy bolan Oba hojalyk ministriniň, hiç bir sebäpsiz muny etmekden ýüz öwüren ýagdaýynda aýdylypdy. Bu ýörelge hakynda has ýiti bellenip geçilipdi: “Jemgyýetçilik maksatly berlen kanuny ygtyýarlyklar, doly dälde, ynam esasynda berilýär, ýagny olar diňe kanuny we dogry şekilde ulanylyp bilner, parlament hem bu ygtyýarlyklary berende talaby şunuň ýalydy.[7] Käbir ýagdaýlarda, kanunda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklar, bolsada, örän seýrek, gös-göni

---

[4] *R v Secretary of State for the Environment, ex p. Hammersmith & Fulham London Borough Council* [1991] 1 AC 521, 598 D–G.
[5] *R v Secretary of State for the Home Department, ex p. Pierson* [1998] AC 539, 591 E.
[6] *Padfield v Minister of Agriculture, Fisheries and Food* [1968] AC 997, 1030 B–D.
[7] *R v Tower Hamlets London Borough Council, ex p. Chetnik Developments Ltd*. [1988] AC 858, 872.

ýalňyş maksatlar üçin ulanylýar. Ýatda galyjy mysallaryň biri, 1980-nji ýyllarda Westminsteriň şäher geňeşi, özüniň emlägini satmak boýunça kanuny ygtyýarlygyny geňeşdäki kärendeçileri goňşy palatalardaky eýelik etjeklere çalyşmak üçin ulanmagydyr, sebäbi goňşy palatalardan eýeçilik etjekleriň kärendeçilere görä, köplük bolan (Konserwatiw) partiýa ses bermek ähtimallygynyň has ýokary bolmagydyr. Şol ýagdaýda iş kazyýete has giç gelip, onuň bu beýany gadagan etmegine ýa-da çäklendirmegine mümkinçiligi bolmady. Ýöne geňeşiň iki öňdebaryjy agzasynyň bilkastlaýyn kanuna ters gelýän hereketlere ýol berendikleri subut edildi we olar geňeşiň 31 million funt sterling möçberinde çeken zyýanynyň öwezini dolmaga mejbur edildi (ýöne ol zyýanynyň diňe belli bir böleginiň öwezi dolundy).[8]

Bu ýönekeý ýörelge, kanuny häkimiýeti amala aşyrmak isleýän islendik şahs, özüne berlen ygtyýarlygyň daşynda ýa-da oňa ters gelýän hereket etmeli däldir. Bu ýörelge gadymy wagtdan gelýänligi üçin, köplenç onuň latyn ady ulanylýar: ultra vires, ygtyýarlyklaryň daşynda. Bu dogry pikirdir. Egerde direktoryň düzgün bozýan okuwçyny iki hepdelik okuwdan daşlaşdyrmaga ygtyýarlygy bar bolsa, onda onuň okuwçyny bir aýlyk daşlaşdyrmaga kanuny haky ýokdur. Egerde ýerli häkimiýet kanuna laýyklykda 10 million funt sterling karz almaga hukugy bar bolsa, onda onuň 100 miilion funt sterlingi almaga kanuny haky ýokdur. Egerde hassahananyň ýolbaşçylarynyň agyr psihiki keselli adamy güýç bilen saklamaga kanuny mümkinçiligi bar bolsa, onda onuň sagdyn adamy güýç bilen saklamaga kanuny haky ýokdur. Egerde kanuny çäklendirmeleri ýuridiki jogapkärçilik çekmezden bozmak mümkinçiligi bolan bolsady, onda bu çäklendirmeleriň manysy galmazdy. Işleriň birinde, egerde buýrugyň jenaýat işini işlemäge mümkinçilik berýän bolsa onda onuň ultra vires bolýandygy (ygtyýarlygyň daşyna çykýandygy) kabul edildi, çünki “parlament kanuny ygtyýarlyklaryň jenaýat işini işlemäge mümkinçilik bermegini göz öňünde tutmandy”.[9]

Esassyzlyk bu işiň has çylşyrymly ýeridir, çünki esassyz çözgüdi ýatyrmak üçin çagyrylan kazy, çözgüdi özi kabul etmeli bolan bolsa nähili hereket ederdim diýen pikire gyzyp biler we diňe özüniň başga çözgüt kabul etjekdigi sebäpli alnan çözgüdi esassyz saýyp biler. Bu barlagy käwagt oýlanşykly däl diýip beýan edýärler we bu belkide has dogry ulanylyşydyr, çünki bu esasda bolmalysy ýaly hem kazyýetiň goşulyşmak derejesiniň örän ýokarydygy bellenýär. Käbir ynandyryjy munuň nä derejede ýokarydygyny görkezmek üçin ulanylýardy: işleriň birinde hukukçy lord döwlet sekretarynyň görkezmeleriniň netijesi “şeýle bir manysyzdy welin, ol ähtimal öz duýgularyny ýitiren bolmaly”[10] diýip belläp geçmegi makul gördi, ýöne soňky işlerde dawaly çözgüdi esassyz ýa-da oýlanşykly däl diýip hasaplaýan kazylar tarapyndan bu barlagyň gaýtalanmak meýli bar. Barlagyň has ortodoksal we oňat görnüşi bu, dawaly çözgüdiň karary alnanda edilen hereket “öz borçlaryna talaballaýyk baha berýän abraýly biriniň hiç haçan kabul etmejek çözgüdi bolup bilermi”

[8] *Porter v Magill* [2001] UKHL 67, [2002] 2 AC 357.
[9] *R (Smeaton) v Secretary of State for Health [2002] EWHC 886 (Admin), [2002] 2 FLR 146, para. [67].*
[10] *Nottinghamshire County Council v Secretary of State for the Environment* [1986] AC 240, 247 G.

diýen soragy bermek.[11] Ýöne hatda şu barlag hem, örän seresaplylyk bilen geçirilmeli, çünki dogry bellenip geçilişi ýaly iki sany paýhasly [şahs] şol bir faktlaryň jemi esasynda öz derejelerini we abraýlaryny ýitirmezden düýbünden dürli netijelere gelip bilerler.

... Her bir paýhasly pikir dogry däldir we her bir ýalňyş pikir esassyz däldir. Çözgütleriň belli bir toplumy bar we bu çözgütleriň çäginde hiç bir kazyýet şahsyň karar eden çözgüdini özüniň çözgüdi bilen çalyşmaga meýil etmeli däldir.[12] Köp halatlarda kabul edilen çözgüt "ony kabul eden şahs üçin elýeter bolan paýhasly çözgütleriň çäginde" ýerleşýärdimi diýip soramak ýeterlik bolýar.[13] Ýöne çözgütler, egerde olar logiki däl ýa-da başga bir çözgüt bilen utgaşmaýan bolsa, esassyz diýip ykrar edildi.[14]

Egerde kazylar aslynda garanyňda başgalara degişli ygtyýarlyklary özleri amala aşyran bolsalar, bu häkimiýeti zor bilen almak bolardy we olaryň özi kanuna ters hereket ederdi. 1983-nji ýylda Hemlindäki sapaklarynda Lord Heýlşamyň belläp geçişi ýaly, 1-nji bapda üstünde durup geçen Tomas Fulleriň ("Sen hiç haçan beýik dälsiň, kanun senden has beýikdir") diýen sözi ministrlere degişli bolşy ýaly, edil şol derejede-de kazylara hem degişlidir.[15] Ýöne, ministrleri, ýokary derejeli işgärleri we döwlet edaralaryny jogapkärçilige çekmek üçin kazyýet häkimiýetini talabalaýyk ulanan ýagdaýynda häkimiýete eýe çykmaly däldir. Olar hukugyň hökümdarlygynyň talap edýän, konstitusion häkimiýetini amala aşyrýandyr. Bu elbetde, çözgütleri dawaly bolanlary oňat görnüşde görkezýän däldir. Bu has hem şol döwrüň hökümeti üçin örän ähmiýetli çözgütleri kabul edýänlere degişlidir, syýasy ýagdaýyň nähilidigine garamazdan. Hökümet başgalara garanyňda has hem ýeňilşe sezewar bolmak islemeýär, çünki ol özüni jemgyýetiň bähbitlerini goramak üçin hereket edýän diýip hasaplaýar we çykdajylardan hem-de puşmanlykdan başgada olar özleriniň syýasy garşydaşlarynyň ýaňsylanýan geplerini çekmeli bolýarlar (kim edarada işleýän bolsa, şonuň ýaly hereket eden bolmagy mümkin). Bu kanunyň hökümdarlyk edýän hökümetiniň gutulgysyz netijesidir. Dünýäde hökümetiň kazyýet çözgütleriniň ählisini kabul edýän ýurtlar bardyr, ýöne ähtimal biziň hiç haýsymyz ol ýerlerde ýaşamak islemezdik.

---

[11] *Secretary of State for Education and Science v Tameside Metropolitan Borough Council* [1977] AC 1014, 1064 E.
[12] *In re W (An Infant)* [1971] AC 682, 700 D–E.
[13] *Boddington v British Transport Police* [1999] 2 AC 143, 175 H.
[14] Mysal üçin. *R (A) v Liverpool City Council* [2007] EWHC 1477 (Admin), para. [39]; *R v Secretary of State for the Home Department, ex p. Freeman*, 2 iýun 1998.
[15] Lord Hailsham of St Marylebone, *Hamlyn Revisited: The British Legal System Today* (Stevens, 1983), s.49

# 7

# Adam hukuklary

## (5) Kanun adam hukuklarynyň maksadalaýyk goralmagyny üpjün etmelidir

Bu ýörelge Kanunyň hökmürowanlygynyň çäklerinde, ählumumy kabul ediljek ýörelge däldir. Daýci, nygtalyşy ýaly özüniň kanunyň hökmürowanlygynyň baş ýörelgesine şunuň ýaly wajyp many bermändi.[1] Professor Razyň ýazyşy ýaly:

> Adam hukuklaryny we giň ýaýran garyplygy inkär etmeklige, jyns kemsidilmesine, gender deňsizligine we dini ynanç sebäpli ýanamalara ýol bermeklige esaslanýan demokratik däl hukuk ulgamy, aslynda kanunyň hökmürowanlygynyň ýörelgesine, günbataryň has ösen demokratiýalaryndan has gowy laýyk gelýän bolup biler ... Bu ulgam kanuny ulgamlaryň arasynda çäksiz derejede iň erbet ulgam bolup biler, ýöne ol bir nukdaýnazardan oňat bolup biler, olam kanunyň hökmürowanlygynda ... Kanun ... Kanunyň hökmürowanlygy bozmazdan gul eýeçiligini oturdyp biler.[2]

Bu käbir ykdysadyýetçileriň kanunyň hökmürowanlygynyň "inçe" kesgitlemesine ýakyndyr.[3] Beýleki tarapdan Jefri Marşalyň belläp geçişi ýaly, Daýsiniň indi raýat azatlyklary diýip nämeleriň atlandyryljakdygyny agzaýan beýik işiniň V-XII baplarynda, "Kanunyň hökmürowanlygy" atly kitabyň II bölümi bardyr. Marşalyň belläp geçişi ýaly "Okyjylary Daýsiniň olary Iňlisler üçin kanunyň hökmürowanlygynyň manysynyň bir bölegi etmek isleýär diýip pikir edeni üçin bagyşlap bolar."[4] Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň we ondan soňra çykan resminamalaryň ählisiniň adam hukuklaryny kanunyň hökmürowanlygyna bagly edişi ýaly, Ýewropanyň Adam hukuklary boýunça kazyýeti hem "Konwensiýanyň esaslanýan kanunyň hökmürowanlygynyň baş ýörelgesine salgylandy".[5] Ýewropa Komissiýasy demokratizasiýa, kanunyň hökmürowanlygyna, adam hukuklaryna

---

[1] Paul Craig, 'Formal and Substantive Conceptions of the Rule of Law: An Analytical Framework' [1997] PL 467, 473–4.

[2] J. Raz, 'The Rule of Law and its Virtue', in Raz, *The Authority of Law: Essays on Law and Morality* (Oxford University Press, 1979), ss. 211, 221.

[3] 'Order in the Jungle', *The Economist*, 15 mart 2008, s. 96.

[4] Geoffrey Marshall, 'The Constitution: Its Theory and Interpretation', in Vernon Bogdanor (ed.), *The British Constitution in the Twentieth Century* (Oxford University Press, 2003), s. 58.

[5] *Engel v The Netherlands* (No. 1) (1976) 1 EHRR 647, 672, para. 69. *Golder v United Kingdom* (1975) 1 EHRR 524, 589, para. 34 seret.

sarpa goýmaklyga we oňat dolandyryşa aýraüzülmez bagly alamatlar hökmünde yzygider garaýar.[6]

Şeýelikde, Professor Raz'yň tassyklamasynyň logiki güýjüni kabul etsek hem, men onuň geriminiň çäklerinde adam hukuklaryny öz içine alýan "ýogyn" kesgitlemesine düýpgöter garşy çykardym. Meniň pikirimçe, öz ilatynyň belli bir gatlaklaryny ýowuz basýan ýa-da yzarlaýan hökümete kanunyň hökmürowanlygyna uýýan hökmünde garalyp bilinmez, hatda yzarlanýan milli azlyklaryň konsentrasion lagerine äkidilmegi we ýaş gyzlaryň dagyň eteginde mejbury saklanmagy, talabalýyk kabul edilen we gyşarnyksyz berjaý edilýän kanunlara laýyklykda ýerine ýetirilýän hem bolsa. Şeýlelik bilen, meniň pikirimçe, 2005-nji ýyldaky konstitusion reformasy baradaky Kanunyň 1-nji bölüminde berkidilen we dünýäniň döwletleriniň aglaba köplüginde giňden kabul edilen, "kanunyň hökmürowanlygynyň bar bolan konstitusion esasyndan" mahrum etmek bolardy. Bu esas Russiýa Federasiýasynyň Konstitusion Kazyýetiniň Prezidenti (W.D. Zorkin) tarapyndan, 2007-nji ýylyň 6-njy iýulynda Hukukçylaryň Halkara Assosiasiýasynyň Moskwada geçiren simpoziumynda hukugyň ahlagy barada okan leksiýasynyň çäklerinde kabul edilipdi we ol şeýle diýipdi:

> Liberal kanunlaryň kabul edilmegi, halkara hukugyň umumy esaslarynyň we kadalarynyň ykrar edilmegi, şeýle hem, degişli döwlet we jemgyýetçilik institutlarynyň döredilmegi ýaly edilýän ädimler hakyky hukuk düzgüni üçin ýeterlik däldir. Kanun çykaryjy namalaryň kanunyň düýp manysyny adamzadyň özüniň ösüşiniň anyk derejesindäki düşünişine laýyklykda görkezmegi hem wajypdyr. Beýik akyldar Spinozanyň aýdyşy ýaly, kanun azatlygyň matematikasydyr.
>
> Kanun diňe bir syýasy häkimiýet ýa-da hökümet tarapyndan mejbur edip boljak zat bolmaly däldir. XX asyrda bir-biri bilen bir wagtda hereket eden iki sany hukuk pajygasy bolup geçdi. Olaryň biri totalitar Sowet Kommunizmi we beýlekisi bolsa German Nasizmi. SSSR-de Stalin döwrüniň nazaryýetçisi bolan Wyşinskiniň tagallalary bilen kanun statut hukugy bilen deň saýyldy we kanun proletariatyň islegi (has dogrysy diktaturasy) bilen deň saýyldy. Şeýle logikanyň netijesinde hökümet tarapynda statut hukugy görnüşinde höküm edilen zat kanuny bolýardy.
>
> Gitler kommunistik taglymatyna düýbünden ters bolan taglymatyň ýoly bilen ýöreýärdi, ýöne netije şol bir netijedi. Nasist Germaniýada kanun nemes halkynyň isleginiň beýany edilip görkezilýärdi, nemes halkynyň islegi bolsa Fürer'de jemlenýärdi. Netijede kanun statut hukuklaryny jemi görnüşinde hereket edýärdi.
>
> Iki sistema hem millionlarça adamlary öldürýärdi, sebäbi, ikisi hem kanuny özüne görä ulanýardy we statut hukugynda jemlenipdi.

Elbetde, kanun bilen haýsy hukuklary goramalydygyny we onuň bozulanlygy üçin nähili çäre görmelidigini döwletleriň özi kesgitlemelidir.

Ýöne bu örän çylşyrymlydyr, sebäbi fundamental hukuklar we azatlyklar barada ýeke-täk garaýyş ýok, hatda ösen milletleriň arasynda-da ýok. Käbir ösüp barýan ýurtlarda şahsy hukuklary goramaklyga garanyňda, ykdysady ösüşe has ýokary üns berilýär we käbir yslam ýurtlarynda bolsa, başga ähli ýerde gymmatlykly bolan hak we hukuklara örän az ýa-da hiç üns berilmeýär. Esasy adam hukuklarynyň käbirleriniň daşky çäkleriniň dürs däldigini kabul

[6] Mysal üçin, *Commission Communication to the Council and Parliament*, 12 mart 1998, COM (98) 146 seret

etmelidiris. Ýöne, standartlar wagtyň geçmegi bilen üýtgesede we araçäkleri düzýän kazyýet bar hem bolsa, şu jemgyýetiň çäklerinde islendik belli bir wagt çäginde araçäkleriň nireden geçirilmelidigi barada uly derejede razylyk bardyr. Meniň pikirimçe, Beýik Britaniýada we ösen günbatar ýa-da günbatarlaşdyrylan ýurtlarda düýpli esas hökmünde garalýan hukuklary we azatlyklary kesgitlemek mümkindir we kanunyň hökmürowanlygy olaryň goralmagyny talap edýär.

Men şu babyň göwnejaý çäklerinde bu ýurtda esasy adam hukuklary boýunça berilýän goragyň ählisini gysgaça beýan etmekden başga mümkinçiligim ýok. Ýöne men pikir alyşmalarda we kazyýet işlerinde has köp duş gelýän hukuklar barada gysgaça aýdyp, käbir netijeleri dykgatyňyza ýetirjekdirin: köp sanly ýyllaryň dowamynda umumy hukuk we statut şunuň ýaly hukuklaryň goragyny üpjün edýär; şonuň ýaly goragda açyk ýerler hem bardy; Ýewropanyň Adam hukuklary baradaky Konwensiýasynda hem-de 1998-nji ýyldan bäri hereket edip gelýän Adam hukuklary baradaky kanunda berkidilen hukuklar we azatlyklar hakykatdan hem “fundamentaldyr”, ýagny Beýik Britaniýa ýaly demokartik jemgyýetde ýaşaýan hiç bir adam bu kepilliklerden ýüz öwürmeli däldir; we käbirleriniň pikir edişi ýaly, şahsyň hukuklary, onuň içinde ýaşaýan jemgyýetiniň jemgyýetiň hukuklaryndan üstün däldir. Adam hukuklary baradaky kanundan göz öňünde tutulan Hukuklar baradaky konwensiýa meniň synym üçin örän oňat esasdyr.

## 2-nji Madda: Ýaşamak hukugy

Bu madda “her bir adamyň ýaşamak hukugynyň kanun bilen goralýandygyny” we kanuny ýol bilen biriniň öldürilmeginiň kanun tarapyndan örän berk çäklendirilýändigini (mysal üçin, haçanda adamyň janyna howp salýan kanuna ters gelýän zor salynmakdan goramak üçin) göz öňünde tutýar. Bu kadadan çykmalar häzirki wagtda jenaýat üçin berlen jeza hökmünde döwlet tarapyndan adamyň janynyň alynmagyny öz içine almaýar. Ýaşamak hukugy ähli hukuklaryň arasynda iň esasy hukuk hökmünde beýan edilendir,[7] dogrudan hem eger adam diri däl bolsa, onda ol hiç bir hukugyndan hem peýdalanyp bilmez.

Garaşylyşy ýaly hem, Beýik Britaniýa bu wajyp hukugy örän köpden bäri gorap gelýär, hususanda adam öldürmekligi, bilkastlaýyn däl öldürmekligi, çaga öldürmekligi we awtoulagy howply ulanmak arkaly ölüme sebäp bolmaklygy jenaýat işleriniň hataryna goşmak arkaly, ewtanaziýa etmeklige ýol bermän, şeýle hem geleňsizlik sebäpli, ýöne jenaýatçylykly bolmaýan ölümler üçin raýat jogapkärçiligine çekmek arkaly. Öz janyňa kast etmek 1961-nji ýyldan bäri jenaýat işi däl, ýöne başga birine öz janyna kast etmeklige kömek bermek şu wagt hem jenaýat işi bolup durýar. Bu Ýewropanyň adam hukuklary baradaky kazyýetiniň, 2-nji maddany beýan eden wagty, agza-ýurtlarynyň wajyp borçnamalaryna sebäpsiz adam janyny almazlyklygyny karar etmegi bilen utgaşýandyr. Ýöne ol mundan has hem öňe gidip, 2-nji maddany beýan edeninde, wajyp borçnamalaryň sanawyna adamyň

[7] Human Rights Committee, General Comment 14, (1994) 1 IHRR 15–16.

janyny iň ýokary derejede gorajak kanunlaryň ulgamyny, ätiýaçlyk çärelerini, düzgünlerini we ýerine ýetirilmegini mejbur ediji serişdeleri goşdy.[8] We mundan soň hem has öňe gidip, 2-nji maddany beýan edeninde, agza-döwletleriň esasy borçnamalaryna goşmaça prossesual borçnamalary hem goşdy: ýagny ýokarda bellenip geçilen esasy borçnamalaryň biriniň bozulmagy ýa-da bozulma ähtimallygy netijesinde adamyň ölümi ýüze çykan we bu ölümde döwlet wekilleriniň gatnaşygynyň bolandygyna şübhe dörän ýagdaýynda, resmi garaşsyz edara tarapyndan köpçülige açyk seljeriş işiniň geçirilmegini üpjün etmeklikdir.[9] Şeýlelikde, 2000-nji ýylyň 21-nji martynda Feltamdaky Ýetginjekleriň Tussaghanasynda ýowuz jynsparaz tussag öz aziýaly ýaş kameradaşyny urup öldürmeginiň netijesinde, Lordlar Palatasy 2003-nji ýylyň oktýabrynda bu jenaýatçylygyň ýagdaýlaryny anyklamak üçin[10] köpçülige açyk seljeriş işiniň geçirilmegini buýurdy. Egerde Adam Hukuklary baradaky Kanun bolmadyk bolsa, onda bu işi başlatmak mümkinçiligi örän pes bolardy.

Ölüm ýüze çykan ýerinde 2-nji madda ulanylýar, şu sebäpli hem, ol ölen adam üçin çekilen zyýanyň öwezini dolmaga mümkinçilik bermeýär. Ýöne ölen adamyň maşgalasy we ýakyn hossarlary kanun öňünde ejir çeken hökmünde bolýar: olaryň näme bolup geçendigini ýüze çykarmyklykda kanuny gyzyklanmasy bardyr we şeýle ýagdaýyň gaýtalanmagynyň öňüni almak üçin, bu işden sapak alynjakdygyny bilmekden özlerine az hem bolsa teselli alyp bilýärler. Bu ýerde pida bolanyň hukuklaryny jemgyýetiň hukuklaryndan artykmaç görkezip biljek hiç bir ýagdaý ýokdur. Konwensiýanyň kadasyndan çykma bolan, haçanda adamyň özüni jenaýatçylykly zorlukdan goramagy üçin adam öldürmeli bolan ýagdaýy, adamyň öz janyny we emlägini goramagy üçin güýç ulanmagyna rugsat berýän umumy hukugyň has giň kadalary bilen utgaşýar, ýagny öldüren adamyň nukdaýnazaryndan faktlara garanyňda, ulanylan güýç gereginden artykmaç bolmaly däldir. Umumy kanun pidalary goragsyz goýmaýar, ýöne gereginden artykmaç güýç ulanyp, adam öldürmeklige hem rugsat bermeýär.

## 3-nji Madda: Gynamaklygy gadagan etmek

Konwensiýanyň 3-nji maddasy "hiç kimiň gynamaklyga ýa-da ynsanperwerliksiz ýa-da mertebäni kemsediji garaýşa ýa-da jeza sezewar edilmeli däldigini" göz öňünde tutýar. 2-nji maddada düşündirilişi ýaly, umumy hukuk (ondan soňra statut gelýär) birnäçe asyr mundan ozal gynamalara garşy çykypdy, 1689-njy ýylyň Billi bolsa ýowuz we adaty däl jezalary ulanmagy gadagan edýärdi. Adamlara garşy zorluk ulanmagyň köp görnüşleri örän uzak wagtyň dowamynda jenaýat jogapkärçilikli ýa-da raýat hukuk jogapkärçilikli, ýa-da ikisinede hem degişli bolupdy. Konwensiýanyň gadagan edýän ýagdaýlaryndan goralmaklyga adamlaryň köpüsiniň berýän ähmiýetine şübhe ýokdur.

---

[8] The House of Lords summarized the European case law in *R (Middleton) v West Somerset Coroner* [2004] UKHL 10, [2004] 2 AC 182, para. 2.
[9] Ibid., para. 3.
[10] *R (Amin) v Secretary of State for the Home Department* [2003] UKHL 51, [2004] 1 AC 653.

Ýöne nähili hem bolsa durmuş üýtgeýär. 1993-nji ýylda Gizlin geňeşiň Kazyýet komiteti Ýamaýkanyň kanuny esaslara laýyklykda ýerine ýetirlen ölüm jezasy baradaky şikaýatyna garamalydy, ýagny hökümi çykarylyp, ölüm jezasyna garaşýanlaryň kamerasynda ölüm jezasyna çenden aşa uzak wagt garaşan aýyplanýanlara bu jezanyň ýowuz we adaty däldigi (Ýamaýkanyň Konstitusiýasynyň 17(2)-nji maddasynda ulanylýan dil) baradaky meselä seretmelidi. Ol (öňki alnan karary üýtgedip) munuň dogrudan hem şeýledigini karar etdi.[11] Irlandiýanyň Beýik Britaniýanyň garşysyna gozgan, Demirgazyk Irlandiýada saklanan milletparazçylara garşy ulanylan çäreleri baradaky işi boýunça Ýewropanyň Adam hukuklary baradaky Kazyýeti şeýle karary kabul etdi, gürrüňi edilýän çäreleriň ynsanperwersiz ýa-da mertebäni kemsidiji bolmagyna garamazdan, gynama däldir[12], ýöne ähtimal şol faktlara esaslanyp, häzirki döwürde täze çözgüt kabul ediler. Soňraky işleriň birinde Ýewropanyň Adam Hukuklary baradaky Kazyýeti şeýle karar kabul etdi:

Konwensiýanyň häzirki zaman şertleriň nukdaýnazaryndan düşündiriş berilmeli janly gural bolup durýandygyny nazara alyp ...geçmişde 'gynamakdan" tapawutlylykda "ynsanperwersiz we mertebäni kemsidiji" diýip beýan edilen çäreler, geljekde başgaça beýan edilip biliner ...şeýlelikde, adam hakuklaryny we esasy azatlyklaryny goramak pudagynda talap edilýän has ýokary standartlar, hökmany ýagdaýda demokratiki jemgyýetleriň esasy gymmatlyklarynyň bozulmalaryna has berk baha berilmegini talap edýär.[13]

Şotland işleriniň birinde, Barlinnidäki tussaghanada bolan şertler şeýle pes derejede bolanlygy sebäpli, 3-nji madda ters gelýärdi.[14] 3-nji maddanyň Umumy hukugyň hereket ediş çäklerini giňeldendigi aýdyňdyr.

## 4-nji Madda: Gul eýeçilgini we mejbury zähmeti gadagan etmek

4-nji madda "Hiç kimiň gul eýeçiliginde ýa-da mejbury tabynlykda saklanylmagy däldigini" göz öňünde tutýar. Mundan başgada ol, "hiç kimiň mejbury ýa-da hökmany zähmete sezewar edilmeli däldigini" göz öňünde tutýar, emma bu düzgünden käbir kadadan çykmalar hem bar (tussaghanalardaky iş, hökmany harby gulluk ýa-da harby däl başga (alternatiw) gulluk, örän möhüm adatdan daşary ýagdaýlara garşy durmak gullugy, adaty raýat borçlaryny ýerine ýetirilmegi).

Bu umumy iňlis kanunyna we statutyna hiç hili goşant goşmaýar. Ol gul eýeçiligini gadagan edýär, ýöne şol bir bada ýigriminji asyrda Ýewropanyň käbir böleklerinde belli bolan mejbury zähmeti hem gadagan edýär. Ýenede bir sapar, hiç bir paýhasly adam bu goragdan

[11] *Pratt v Attorney-General for Jamaica* [1994] 2 AC 1, departing from *Riley v Attorney-General of Jamaica* [1983] 1 AC 719.
[12] *Ireland v United Kingdom* (1978) 2 EHRR 25.
[13] *Selmouni v France* (1999) 29 EHRR 403, para. 101; *A v Secretary of State for the Home Department* (*No*. 2) [2005] UKHL 71, [2006] 2 AC 221.
[14] *Napier v Scottish Ministers* [2005] 1 SC 229.

ýüz öwürmez, kadadan çykmalar bolsa, umumy jemgyýetiň bu goraga bolan mätäçliklerini tassyklaýar.

## 5-nji Madda: Azatlyk we howpsuzlyk hukugy

5-nji madda örän wajypdyr we köp sanly işlerde ulanylandyr. Ol “her bir adamyň azatlyga we şahsy eldegrilmezlige hukugy bardyr” diýip jar etmeginden başlaýar. Ondan soňra, ol “aşakda bellenip geçilen ýagdaýlaryň we kanunda göz öňünde tutulan tertibiň daşynda, hiç kim azatlykdan mahrum edilip bilmez” diýip dowam edýär. Bu işler günä yglan edilen hökümden soň tussag edilmäge degişlidir; kazyýetiň buýrugyny bozanyndan soňra tussag etmek; şübhelenilýäni jenaýat jogapkärçiligine çekmek ýa-da ony täze jenaýat önümçiliginden saklamak ýa-da jenaýat önümçiliginden soň gaçyp gitmezligi üçin tussag etmek; kämillik ýaşyna ýetmedigi okuwa ibermek ýa-da ygtyýarly edara geçirmek üçin saklamak; psihiki keseli bar bolanlary, arakhorlary ýa-da neşekeşleri, sergezdanlary ýa-da ýokanç keselli adamlary saklamak; ýa-da ýurda bikanun girmegiň öňüni almak üçin, şeýle hem deportasiýa ýa-da ekstradisiýa edýänçäň saklamak bolup durýar. Ýokarda sanalyp geçilen ýagdaýlardan başga, hiç bir adam azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

Bu esasy düzgünler birnäçe goşmaça düzgünler bilen hem goldanylýar. Tussag edilýän şahsa düşünýän dilinde, onuň näme üçin we haýsy günä sebäpli tussag edilýändigi barada aýdylmalydyr. Ol gysga wagtyň içinde kazyýetiň öňüne çykarylmalydyr we degerli wagtyň içinde işine seredilmegine ýa-da bolmasa ähtimal girewiň hasabyna azatlyga çykarylmaga hukygy bardyr. Tussag edilen, özüniň tussag edilmeginiň kanunalaýyklygyny gysga wagtyň içinde çözüp biljek, kazyýet işi gozgap biler we onuň bikanun bolan ýagdaýynda onuň azatlyga çykarylmagy barada karary Kabul edip biler. Her bir bikanun tussag edileniň çeken zyýanynyň öwezi dolunmalydyr.

Birnäçe ýyl mundan ozal Ýazgylaryň Sakçysy bolan Limingtonly Lord Donaldson şeýle diýip belläp geçdi: “Biziň ählimiz, raýatyň kanun öňünde iň esasysy azatlyk bolup durýandygyna ynanjak ýagdaýda terbiýelendik we muňa ynanýarys”.[15] Bu Magna Carta-nyň (Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy), Habeas corpus-yň, Hukuklaryň Petisiýasynyň, Şanly Rewolýusiýanyň we Jeýms Sommersetiň wakasynyň şaýatlyk edýän hakykatyndan başga hakykat ýokdyr. Asyrlaryň dowamynda britaniýaly raýatlar Britaniýada şahsy azatlygyň goralyşy ýaly dünýäniň başga hiç bir ýerinde goralmaýar diýip, ýöne ýere pikir etmändirler. Ol elbetde Habeas corpus arkaly goralýardy, ýöne şol bir bada-da kazyýet gözegçiligi we bikanun tussag etmeklige jenaýat işi hökmünde garalmagy bilen, şeýle hem şu wagt hereket edýän raýat kanuny bilen goralýar. Ýokarda bellenilip geçilen tussag etmeklige rugsat berýän sebäpler umuman esasy kanunlara ters gelmeýär we britan maslahatçylary tarapyndan ylham berlen bolup biler.

---

[15] *R v Secretary of State for the Home Department, ex p. Cheblak* [1991] 1 WLR 890, 894.

Emma, Adam hukuklary baradaky Kanunyň Parlament (kazyýetleri we döwlet edaralaryny Konwensiýanyň düzgünlerine görä hereket etmegi borçlandyrýan) ygtyýarlyklary bilen azatlygyň kanun bozmalaryny ýüze çykarmaga we bu babatda köpçülige habar bermäge kazyýetlere ygtyýarlyk berýändigini hem inkär edip bolmaz. Egerde bu kanun bolmadyk ýagdaýynda, kazyýetler bu azatlyk hukugy babatynda kanun bozmalary barasynda öwezini dolmaga mümkinçiligi bolmazdy. *Belmarş*[16] işi diýilýän, günäleri bildirilmän we kazyýet işi geçirilmän terrorçylykda şübhelenip tussag edilen topary mysal alyp bolar. Başga bir mesele terrorçylykda şübhelenip, her gün ýörite öýlerde ýowuz şertlerde 18 sagatlap saklanýan topara degişlidir.[17] Iki işde hem, esassyz azatlykdan mahrum edilendigi anyklandy. Ýöne her işde-de, arz-şikaýat edilýän ýagdaýlaryň dogrudan hem azatlykdan mahrum edilmekmi ýa-da däldigini anyklamak zerurdyr. Eger-de polisiýanyň işgäri kanunda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklarynyň çäklerinde şahsy saklamak, gözleg geçirmek we sorag etmek üçin gysga wagtlaýyn saklaýan bolsa, onda bu şahs azatlygyndan mahrum edilen bolmaýar.[18] Haçanda 2001-nji ýylda polisiýa närazylyk bildirip köçä çykanlary Oksford Sirkinde birnäçe sagadyň dowamynda saklanynda, kazylaryň we hünärmenleriň arasynda olaryň azatlykdan mahrum edilip-edilmändigi barada tapawutly garaýyşlar boldy we şonda Lordlar Palatasy azatlykdan mahrum etmegiň bolmandygyny ykrar etdi.[19]

Elbetde terrorçylykda we şuňa meňzeş günälerde şübhe edilýänleriň ählisini tussag edip, könekeriň aýdyşy ýaly, açaryny hem zyňmak isleýänler bardyr. Ýöne şübhe edilýän adam kesgitleme boýunça heniz hiç bir günäsi subut edilmedik adam bolup durýar. Şübheler, belli bir esasly bolsa hem, ýerliksiz bolup biler, muňa kazyýetiň käbir pajygaly ýalňyşlyklary şaýatdyr. Polisiýanyň ofiserleri we howpsuzlygyň resmi adamlary ýalňyşyp bilerler. Hiç bir jenaýat işini etmedik we ony etmäge niýeti bolmadyk adamy, uzak wagtlaýyn azatlykdan mahrum etmeklik örän adalatsyz hereketdir. Ösen ýurtlaryň hiç haýsysy adalatsyzlyga ýol bermeli däldir.

## 6-njy Madda: Kazyýet işini adalatly seljermek hukugy

Bu maddanyň hukugyň hökmürowanlygy üçin ahmiýeti örän uludyr, onuň üçin hem ol özüne aýratyn ýörelge talap edýär: aşakdaky 9-njy baba seret.

## 7-nji Madda: Kanuna esaslanmadyk jeza çäresiniň berlip bilinmezligi

[16] *A v Secretary of State for the Home Department* [2004] UKHL 56, [2005] 2 AC 68.
[17] *Secretary of State for the Home Department v JJ and others* [2007] UKHL 45, [2008] 1 AC 385.
[18] *R (Gillan) v Commissioner of the Police of the Metropolis* [2006] UKHL 12, [2006] 2 AC 307.
[19] *Austin v Commissioner of Police of the Metropolis* [2007] EWCA Civ 989, [2008] QB 660, [2009] UKHL 5, [2009] 1 AC 564; R. Clayton and H. Tomlinson, *The Law of Human Rights* (2nd edn., Oxford University Press, 2009), para. 10.53.

Bu madda “Hiç kimiň eden ýa-da etmedik hereketine esaslanyp, egerde şol hereket milli ýa-da halkara kanunçylygyna laýyklykda jenaýat işi diýip hasaplanmaýan bolsa, haýsam bolsa bir jenaýat işinde günäkär hasaplanmaly däldigini göz öňünde tutýar. Şeýle hem, jenaýat işiniň önümçilik döwründe hereket edýän kanunçulyga laýyklykda iň agyr jezadan has agyr jezasy hem berilmeli däldir.” Öňdebaryjy nasistlere niýetlenen Nurnberg prossesini öz içine almak üçin, halas ediji şert bardyr, ýagny olaryň eden we etmedik hereketleri şol döwürde ösen milletleriň kabul eden umumy hukuk esaslaryna laýyklykda jenaýat işi hasaplanýardy.

Bu islendik çaganyň düşünip biljek ýönekeý adalatyň düzgünidir we ol Rim imperiýasy döwründen başlap köp sanly hukuk ulgamlarynda ulanylyp gelendir. Ol Britan kanunçylygynda hemme wagt ýerine ýetirilmesede, örän uzak wagtdan bäri hereket edýändir: Genrih VIII-niň[20] döwründe Roçesteriň ýepiskopynyň Riçard Rouz atly aşpeziniň diriligine gaýnadylyp öldürmek hakynda (ol ýepiskopyň aşhanasynda nahara awy goşupdyr) karar çykaryldy. Ýöne bu örän köne döwürde bolupdy. Käwagt täze kanunlaryň nukdaýnazaryndan çylşyrymly meseleler ýüze çykyp bilýär, emma bu hakynda uzak wagtdan bäri kanun açyk we aýdyňdyr: siziň şol döwürdäki jenaýat diýlip hasaplanmaýan eden etmişiňiz üçin size jezalandyrmaly däldir we eden etmişiňiz döwründe berip boljak iň agyr jezadan has agyr jeza berip bolmaýandyr.

## 8-nji madda: Şahsy we maşgala durmuşyny hormatlamak hukugy

Ýewropa Konwensiýasynyň 8-nji maddasy ähli beýleki maddalardan bir jähtde we şu wagta çenli üstünde duran maddalarymyzdan başga bir jähtde tapawutlanýar.

Ol belli bir netijäni kepillendiriýän (ýaşamak, azatlyk, adalatly kazyýet we ş.m.) beýleki maddalardan tapawutlylykda şahsy we maşgala durmuşyny hormatlamak hukugyny kepillendirýär. 8.1 maddada şeýle diýilýär “Her bir adam özüniň şahsy we maşgala durmuşynyň, özüniň öýüniň we hat alyşmagynyň hormatlanmagyna hukygy bardyr”. Bu biziň özümizde saklap biljek şahsy we hususy durmuşymyzyň çäkleriniň bardygyny we umuman aýdanymyzda hökümetiň bu çäklere goşulmaga hakugynyň ýokdugyny ykrar edýär.

Ýöne 8.1 maddasyndaky hormatlanma, jemgyýetçiligiň kadadan çykmasy diýip häsiýetlendirilip bilner, ýagny belli bir örän talapgär şertler ýerine ýetirilen ýagdaýynda, umuman jemgyýetiň bähbitleri üçin belli bir şahsyň hukuklary çäklendirilip bilner. Bu jemgyýetçilik kadadan çykmasy az-kem tapawutly görnüşinde 9, 10 we 11-nji maddalarynda hem ulanylyp bilner. 8.2 maddasynda meniň belleýşim ýaly, jemgyýetçilik kadadan çykmasy indikini göz öňünde tutýar:

Kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga we demokratik jemgyýetde gerek bolan milli howpsuzlygyň, jemgyýetçilik howpsuzlygynyň bähbitlerini ýa-da ýurdyň ykdysady hal-ýagdaýyny üpjün etmek, bidüzgünçiligiň

[20] 22 Henry 8, cap. 9.

we jenaýat işleriniň öňüni almak, beýleki adamlaryň saglygyny ýa ahlagyny, ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny goramak ýagdaýlaryndan başga halatlarda şu hukugyň amala aşyrylmagyna döwlet häkimiýetiniň goşulmagyna ýol berilmeýär.

Şeýlelik bilen, jemgyýetiň has möhüm bähbitleri üçin bir adamyň hukuklary çäklendirilip bilinjekdigi kabul edilýär, ýöne diňe şu üç şert ýerine ýetirlen ýagdaýynda: goşulma diňe kanuna laýyklykda (başga makalalarda kanunda bellenen tertipde diýýärler, bu has dogry many berýär) amala aşyrylmaly; goşulmanyň belli bir bellenen maksady bolmaly; we bu diňe talap edilen, bähbitli we esasly[21] bolmak bilen çäklenmän, eýsem demokratik jemgyýetde gerekli we barabar bolmalydyr.

Bu ugurda umumy hukugyň berýän goragy birsudurly däldir. Ony jenaýat maksatly we raýat hukuklaryna degmek (sözüň giň manysynda) we şahsyň eldegrilmesizlik hukugyny bozmak üçin çäre hökmünde ulanyp başladylar. Taryhda şahsyň öýüniň eldegrilmesizligini goramaklyk ygtybarlydyr. Şeýlelik bilen, ähtimal taryhdaky iň tanymal Iňlis hukukçysy Ser Edward Kouk, örän ýerlikli şeýle diýipdi “Adamyň öýi – onuň galasydyr”[22], graf Çatem bolsa edil şol derejede ýerlikli şeýle diýipdi:

Öz öýündäki iň garyp adam, patyşanyň ähli güýçlerine garşy durup biler. Onuň öýi gowşak – üçegi yrgyldaýan – şemallaryň içinden geçip duran – tupan girip bilýän – ýagyn geçip duran haraba öý bolup biler, emma Angliýanyň patyşasy girip bilmez, hatda onuň ähli ýaragly güýçleri girmäge milt edip bilmez![23]

Emma bu örän öňki döwürlerde bolup geçen wakalar. Ýaňy ýakynda “Bosagadan ätläp”[24] atly kitapçada hökümetiň “siziň öýüňize girip boljak 266 sany usuly” beýan edilýär (we indi muňa örän düýpli kembaha hökmünde garaýarlar – 11-nji baba seret). Şahsy öýe girmek üçin şu sebäpleriň ählisi parlament tarapyndan rugsat alyndy we Konwensiýanyň kabul edýän haýsam bolsa bir maksatlary bilen esaslandyrylyp bilner, şeýlelik bilen Kouk bilen Çatemiň pikir edişi ýaly däl-de, iňlisleriň öýleriniň öňki döwürlere garanyňda has portdygy aýdyňdyr. “Adamlaryň öz şahsyýetine, öýlerine, resminamalaryna we emläklerine degişlilikde esassyz gözleglerden we tussag edilmekden goranmak hukugy bozulmaly däldir...” diýýän Amerikanyň Konstitusiýasynyň Dördünji düzedişiniň berýän goragyny hiç bir iňlis kanuny üpjün edip bilmeýär. Ýewropanyň kazyýeti özüniň göwnejaý bolmaýan çözgüdi bilen hökümeti kanunlary işläp düzmäge mejbur edýänçä, umumy kanun hökümetiň şahsy telefon gepleşiklerini diňlemeginiň öňüni alyp bilmedi.[25] Şeýle hem, umumy kanun şahsy

---

[21] *Handyside v United Kingdom* (1976) 1 EHRR 737, para. 48; *Silver v United Kingdom* (1983) 5 EHRR 347, para. 97.
[22] *Institutes: Commentary upon Littleton, Third Institute* (1628), cap. 73.
[23] House of Lords, date unknown. Brougham’s *Statesmen in the Time of George III*, First Series (1845).
[24] Harry Snook, *Crossing the Threshold: 266 Ways the State Can Enter Your Home* (Centre for Policy Studies, 2007).
[25] *Malone v Metropolitan Police Commissioner* [1979] Ch 344; *Malone v United Kingdom* (1984) 7 EHRR 14; Interception of Communications Act 1985.

durmuşyň goragyny üpjün edýän ýeterlik düzgünleri işläp taýýarlamady[26], şol bir bada hem tussag edileniň ynamy we özüniň hukuk maslahatçylary bilen bolan ýazyşygynyň gizlinliginiň goragyny üpjün edýär.[27]

Umumy kanun şahsy garaşsyzlygyň ýüz tutmalaryna ýeterlik derejede doly jogap berip bilenok we Konwensiýanyň nukdaýnazaryndan garalan işleriň tejribesiniň görkezişi ýaly bu örän çylşyrymly meseledir. Şeýle bolsada, 8-nji maddada hukugynyň düýp manysy aýdyňdyr, goragyň daşky çäkleri has nätakykdyr. Ýewropanyň Kazyýeti "şahsy durmuş" sözüniň adamyň şahsyýetiniň aýrylmaz bölegi bolup durýan ýa-da onuň jemgyýetde şahsyýet hökmünde hereket etmegine degişli häsiýetleri[28] öz içine alýandygyna düşünýär, ýöne bu islenilmeýän hem bolsa, şol bir bada 8-nji maddanyň bozulmagy bolup durýan aralaşmalary tapawutlandyrmaga kömek edýän çäkler hem geçirilýär, emma hukugyň bozulmasy ýok ýerinde kazyýetiň işini çylşyrymlaşdyrýar. Bu ugurda iş geçirmek çylşyrymly bolup biler, ýöne ähmiýetsiz bolup bilmez. Döwlet edaralary tarapyndan jemgyýet barada ýygnaýan maglumatlary geometriki progressiýada köpeldigiçe (aşakda 11-nji baba seret), hökümetiň kanuny gyzyklanmasynyň "Uly Doganyň" ýüregedüşgünç gözegçilgine öwrülmegi baradaky karary kabul etmegiň talabynyň ähmiýeti gün-günden artýar.

## 9-njy Madda: Pikir, wyždan we dini ynanç azatlygy

9.1 madda häzirki zaman plýuralist jemgyýetiniň esasy gymmatlyklaryny berkidýär. Bu madda "Her kimiň pikir, wyždan we dini ynanç azatlygy hukugynyň bardygyny; bu hukuk özbaşyňa ýa-da biri bilen bilelikde dini ynanjyňy we dünýägaraýşyňy üýtgetmekligi, köpçüligiň öňünde ýa-da aýratynlykda öz diniňi ýa-da tagzym edýän dünýägaraýşyňy, öwrenişiňi, ýerine ýetirişiňi we uýuşyňy öwretmekligi öz içine alýar." Öňki baplarda belläp geçişimiz ýaly, öz diniňi ýa-da dünýägaraýşyňy öwretmeklik 8.2 maddasyna laýyklykda jemgyýetiň kadadan çykmasy bolup durýar. Şeýlelik bilen, egerde siz öz ynanjyňyzy özüňizde saklaýan ýa-da öz pikirdeşleriňiz bilen paýlaşýan ýagdaýyňyzda islän zadyňyza ynanyp bilersiňiz, ýöne siz öz dünýägaraýşyňyzy başgalara zyýan ýetirjek görnüşinde tejribe ýüzünde alyp baran ýagdaýyňyzda, onda demokratik jemgyýetde talap edilýän we belli bir maksada gönükdirilen kanuna laýyklykda siziň hereketleriňize çäklendirme girizilip bilner.

Indi bu ýörelgä (çylşyrymly wakalardan soň) günbatar ýurtlarynda esasy düzýän hökmünde garasalar hem, jemgyýetiň derejesi ähtimal oňa ýetmän biler, çünki islendik jemgyýetde makul çäkleriň daşyna çykýan hökmünde garajak käbir bilermenler tapylar. Egerde dürli dinleriň tarapdarlary dini sebäpler zerarly alkogolly içgilerden ýa-da et iýmekden ýüz öwürseler hem, bu hereketler umumy jemgyýetiň bähbitlerine garşy

[26] *Wainwright v Home Office* [2003] UKHL 53, [2004] 2 AC 406, para. 26. That was a pre-Convention case, and the claimant established a breach of Article 8 in the European Court: *Wainwright v United Kingdom* (2007) 47 EHRR 40.
[27] *R (Daly) v Secretary of State for the Home Department* [2001] UKHL 26, [2001] 2 AC 532.
[28] *R (Razgar) v Secretary of State for the Home Department* [2004] UKHL 27, [2004] 2 AC 368.

gelmeýär. Ýöne biziň jemgyýetimiz ýaly jemgyýet başga dine we adatlara uýýanlary nä derejede hormatlaýan hem bolsa, adamlaryň özlerini pida etmegi, dul aýallaryň öz adamsynyň ölüm odunda ýakylmagy ýa-da aýallaryň jyns organlarynyň haraplanmagy bilen razylaşyp bilmezdi. Dünýäniň köp sanly ýurtlarynda bir erkek adamyň kanuna laýyklykda birnäçe aýaly bolup bilýär, ýöne bu ýurtda beýle däl, bir wagtda bir aýal ýeterlikdir.

Hakykaty aýtsak bu mysallar ýönekeýjedir. Meseleler çäklere ýakyn şertlerde gutulgysyz ýüze çykýandyr. Egerde dinleriň talaby bolan kesilmedik saçlarynda darak (onuň bilen bilelikde bolsa selle) dakmaly bolan sikhler, başgalaryň geýmegi hökmany bolan motosikl sürenlerinde tuwalga ýa-da gurluşyk alnyp barylýan ýerde kaska geýmekden boşadylmalymy? Berlen jogap “hawa”.[29] Rastafarianlar tussaghana düşenlerinde edil beýlekileriň saçlaryny kesdirişleri ýaly, öz dredlerini kesdirmelimi ýa-da ulanmasy gadagan bolan kenebi ulanmaklaryna rugsat berilmelimi? Iki soragyň hem jogaby “ýok”. Tussaghanalaryň dolandyryjylaryna rastafarianlara özleriniň dredlerini kesdirmezliklerine rugsat bermekleri üçin görkezme berildi, ýöne neşe serişdeleri baradaky kanun olara edil başgalar bilen deň derejede degişlidir.[30] Käbir ene-atalaryň dini dünýägaraýyşlaryna ters gelse hem, bu işe ahlaky jähtden garanyňda döwlet mekdeplerinde çagalara beden jezasynyň berilmegini gadagan edip bilermi?  Lordlar Palatasy bu bolup biler diýip karar etdi.[31] Okuwçylarynyň köpüsi musulman bolan we dolandyryşynyň aglaba bölegi musulmanlardan düzülen mekdep, bir okuwçynyň geýmek islän eşiginiň musulman häkimiýetiniň tassyklan egin-eşik düzgünine laýyk bolmagyny talap etmäge hukugy barmy? Lordlar Palatasy hukugy bar diýip ykrar etdi.[32] Ýöne dini nyşanlaryň we egin-eşikleriň ulanylmagy bilen bagly meseleler ähtimal gaýtalanyp durar.

Kanunyň hökmürowanlygy dünýägaraýşyň we dine uýmagyň azatlyklary ýaly esasy hukuklaryň goralmagyny talap edýär, ýöne olaryň absolýut bolmagyny talap etmeýär. Şahsyň hukuklary başgalaryň hukuklary bilen deňeşdirilmeli we bu çäkleriň geçirilmegi talap edilýär.

## 10-njy Madda: Söz azatlygy

1644-nji ýylda Jon Miltonyň *“Areopagitica” atly* kitaby çap edilenden soň sözlemegiň azatlygynyň Britaniýada we başga ýerlerde doly manyda berjaý edilmese hem ähmiýetine düşünildi. Bu onuň getiren sebäbiniň nukdaýnazaryndan ähmiýetlidir: “Taglymatlaryň ählisi ýerde oýnalmagy üçin şemalyň ugruna erkinlige göýberilen hem bolsa, hakykat meýdandadyr, we biz oňa ygtyýarlaşdyrjak we onuň güýjüne ýalňyş baha berjek bolup, zyýan edýäris. Oňa we ýalana garşy göreşmäge mümkinçilik beriň: Hakykatyň ýagdaýynyň erkin we

[29] Motor-Cycle Crash Helmets (Religious Exemption) Act 1976, re-enacted in the Road Traffic Act 1988 and the Motor-Cycle (Protective Helmets) Regulations 1980; Employment Act 1989.

[30] *R v Williams* (1979) 1 Cr App R (S) 5; *R v Dandi and Daniels* (1982) 4 Cr App R (S) 306.

[31] *R (Williamson) v Secretary of State for Education and Employment* [2005] UKHL 15, [2005] 2 AC 246.

[32] *R (SB) v Governors of Denbigh High School* [2006] UKHL 15, [2007] 1 AC 100.

açyk göreşde ýaramazlaşandygyny gören barmy?" Jemleýji kararlar adamlaryň ýetýän häzirki zaman demokratiýasynda, olaryň maglumat bilen doly üpjün edilen we gapma-garşylykly pikirleriň hem-de işleriň alternatiw ugurlarynyň arasyndan saýlamaga mümkinçiliginiň bardygynyň ähmiýeti has hem artýar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri elbetde aýgytlaýjy orny eýeleýär. Öň belläp geçişimiz ýaly: "häzirki zaman gatnaşyk demokratiýanyň talabalaýyk işlemegi üçin, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň garaşsyz, işjeň, ýokary hünärli we gyzykly bolmagyny talap edýär."[33] Şonuň üçin hem biz "her kimiň erkin sözlemäge hukugy bardyr" diýip başlaýan 10.1 maddasynyň manysy barada şübhelenip bilmeris. Şeýlelikde, biziň öz-özümiz bolmaga azatlygymyz (8-nji madda), islän zadymyz barada pikir etmek azatlygymyz (9-njy madda) we islän zadymyz barada sözlemäge we ýazmaga, şeýle hem öz garaýşymyzy köpçülige äşgär etmäge azatlygymyz bardyr (10-njy madda). 10.1 maddanyň dowamy şeýle diýýär: "Bu hukuk öz garaýşyňda durmaklygy, şeýle hem hökümet tarapyndan goşulyşmasyz we döwlet çäklerine garamazdan maglumatlary hem-de pikirleri almak we ýaýratmak erkinligini öz içine alýar. Bu madda hökümetlere ýaýlym, telewideniýe we kino kompaniýalaryň işini ygtyýarlandyrmagyny gadagan etmeýär." Milton döwründäki Angliýa garanyňda, onuň arzuwynyň amala aşyrylmagy örän ýakyn bolandyr.

10.2 madda öňden bellenen şertleri göz öňünde tutmak bilen jemgyýetiň kadadan çykmalaryny öz içine alýar, ýöne berlen obýektleriň has uzyn sanawy bilen: olar territorial bitewiligi, beýleki şahslaryň abraýynyň we hukuklarynyň goragyny, gizlin tertipde alnan maglumatlaryň äşgär edilmeginiň öňüni almaklygy we kazyýet häkimiýetiniň abraýyny we tarapsyzlygyny goldamagy öz içine alýar.

Adam Hukuklarynyň kanunyna laýyklykda 10-njy madda güýje girýänçä, Beýik Britaniýada adamlaryň öz pikiriňi aç-açan beýan etmäge (Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan tapawutlylykda) kanuny hukuk ýokdy. Bu Beýik Britaniýada köpçülikleýin diskurslaryň berk çäklendirilendigini aňlatmaýar. Bu iş ýüzünde gadagan edimedik zatlar barada her kimiň islän zadyny ýazyp we aýdyp biljekdigini aňladýar. Bu hukuk, töhmet atyjy ýa-da mertebäni kemsidiji sözlere ýa-da başgalaryň harytlaryny adalatsyz ýamanlamalara ýa-da kazyýeti hormatsyzlamaga ýa-da awtorlyk hukugynyň bozulmagyna ýa-da ahlaga ters hereketlere ýa-da pitneçilige ýa-da gozgalaňa öjükdirijilere ýa-da jenaýat işine ýa-da resmi gizlinlikleriň üstüni açmaklyga garşy ulanylýan gadaganlyklaryň ýoklugynda örän dar araçäkde hereket edýärdi.

Strasburgdaky Ýewropa kazyýetiniň alýan çözgütleriniň meýili, Beýik Britaniýada öňden bar bolan sözleme azatlygyny has-da giňeltmekden ybaratdy, mysal üçin, kazyýete hormat goýmazlyk[34] we töhmet diýlip subut edilen ýagdaýynda[35] öwezini dolmak bilen

---

[33] *McCartan Turkington Breen v Times Newspapers Ltd*. [2001] 2 AC 277, para. 1.

[34] *Sunday Times v United Kingdom* (1979) 2 EHRR 245, makullanmadyk, Lordlar palatasynyň kanuny. Lordlar palatasynyň köplük karary *Harman v Secretary of State for the Home Department* [1983] 1 AC 280, görnüşine görä, ol hem, *Harman v United Kingdom* (1984) 35 DR 53 işinde-de ulanylan bolsa makullanmazdy, iş heniz çözülmedik.

baglanyşyklydyr. Teswirçileriň köpüsiniň, esasan hem köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde işleýänleriň pikiri boýunça, Britaniýanyň töhmet baradaky kanuny juda ýowuz, şeýle hem, käbir başga ýurtlarda, esasan hem Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda agdyklyk edýän, metbugatyň jemgyýetçilik işgärlerini tankytlama azatlygy ýokdyr. Munuň maksady, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine derňemekde, aýdyňlaşdyrmakda, habar bermekde we teswirlemekde berip boljak iň ýokary azatlygy bermek, ýöne şol bir bada hem ilkinji nobatda  jemgyýetçilik we syýasy işleriň başynda duranlaryň makul goragyny hem üpjün etmekdir.

## 11-nji Madda: Ýygnanyşmak we bileleşmek azatlygy

11-nji madda şu wagt üstünde durup geçen ähli hukuklardan gelip çykýar. Biziň öz-özümiz bolmak, islän zadymyz barada pikir etmek, islän zadymyz barada sözlemek we (şu madda laýyklykda) biziň göwnümize ýaraýan jemgyýeti saýlamak azatlyklarymyz bar: biz biziň bilen iş salyşmak islän adam bilen bileleşip bileris. Şeýlelikde, 11.1 madda "her bir adamyň parahat ýygnanyşyklar hukugynyň we başgalar bilen bileleşme azatlygynyň, şol sanda öz bähbitlerini goramak üçin hünär boýunça bileleşikleri guramaga we olara degişli bolmaga hukugynyň bardygyny" göz öňünde tutýar. Kärdeşler arkalaşygyna girmek hukugy, oňa girmeklikden boýun gaçyrmaklygy hem öz içine alýar.[36] Bu hakyky saýlawdyr. Ýöne 11.2 maddada biz ýenede täze goşundy bilen, ýagny jemgyýetiň kadadan çykmasyna duş gelýäris: "Bu madda harby gullukçylar, polisiýa we hökümetiň diwany tarapyndan bu hukuga kanuny çäklendirme goýmagyna päsgelçilik bermeýär".

Şu ýerde bu madda ýene-de, nähili hem bolsa ýygnanyşmalara we bileleşiklere rugsat bermeýän, ýöne gadaganlyklaryň bolmazlygyna bagly bolup durýan bu ýurtda hereket edýän kanunyň çäklerinden öte daşa çykýar. Emma bu maddanyň esasan hem iki sebäpden wajyplylygy kabul edilip bilner. Birinjiden, adam jemgyýet jandarydyr we onuň hoşallykly hem-de talabalaýyk durmuşda ýaşap bilmegi jemgyýete we başgalaryň goldawyna bagly bolup durýar, şonuň üçin hem, olar gözlemek mümkinçiliginden mahrum edilmeli däldir. Ikinjiden, ýygnanyşmalaryň we bileleşmeleriň demokratik hem-de syýasy tarapy bardyr, ýagny adamlara ýekelikde etjek bolanlaryndaka garanaýňda, jemlenip özleriniň ynanýan sebäplerini has täsirli aýan etmeklige we bu barada ýöriş geçirmäge mümkinçilikleri bolýar. Azatlykdan mahrum edilmegiň aýratynlygy, tussag edilenler özlerine tarapdar saýlamak azatlygyndan mahrum edilýär we bu olaryň jezasynyň bilkastlaýyn aýratynlygydyr. Gözegçilige alynýan şübheliler hem, örän ýowuz çäklendirmelere sezewar edilýär, ýagny olaryň duşuşyp bijek ýa-da olaryň ýanyna gelip biljek adamlar çäklidir.[37] Elbetde käbir ýagdaýlarda bu azatlygy çäklendirmek gerek bolýar, mysal üçin, haçanda pitne bolmagyna

---

[35] *Tolstoy Miloslavsky v United Kingdom* (1995) 20 EHRR 442.
[36] *Young, James & Webster v United Kingdom* (1981) 4 EHRR 38.
[37] *Secretary of State for the Home Department v JJ and others*, above (n. 17), para. 20.

garaşylan mahalynda. Emma, meniň pikirimçe, biziň hiç haýsymyz hökümet tarapyndan biziň jemgyýetçilik gatnaşyklarymyzy düzgünleşdirmegini islemeris.

## 12-nji Madda: Durmuş gurmak hukugy

12-nji madda "nika ýaşyna ýeten erkek adamyň we zenanyň maşgala gurmak hukugyny düzgünleşdirýän milli kanuna laýyklykda nika baglaşmaga we maşgala gurmaga hukuklarynyň bardygyny" göz öňünde tutýar. Şeýlelik bilen, döwletler hakyky nika baglaşylmagy üçin ýaşy we başarjaňlygy düzgünleşdirip hem-de berjaý edilmeli işleriň kadalaryny belläp bilerler (Beýik Britaniýanyň edişi ýaly). Bu mesele boýunça galan zatlarda bolsa jemgyýetde kadadan çykmalar ýok. Şol bir wagtyň özünde, Beýik Britaniýada bir jynsly jübütler kanun tarapyndan kabul edilen raýat ýoldaşlygyny gurup bilýärler, bir jynsly jübütleriň nikalaryny resmileşdirýän kanun ýokdur (käbir Amerikanyň ştatlarynda bolşy ýaly) we şu wagta çenli 12-nji madda şuny talap edýän görnüşde beýan edilmedi.

Şu maddany ulanmakda öte geçilýän ýeri bu, elbetde, dürli jynslaryň we dinleriň wekilleriniň arasyndaky nikalary gadagan etmekdir, şeýle hem, hökümetiň belli bir ýewgenik standartlaryna gabat gelmeýänleriň mejbury agta edilmegidir. Häzirki zaman Britaniýada şu hukugyň iş ýüzünde ähmiýetli boljakdygy şübheli görnüp biler. Ýöne, ýaňy-ýakynda bolup geçen işleriň topary, Içeri işler ministrliginiň käbir immigrantlardan raýat nikasyny baglaşyp bilmegi üçin döwlet sekretaryndan şahadatnama almagyny talap edýän düzgünininiň, bu hukugy bozýandygyny ýüze çykardy.[38] Şeýle hem, bu düzgünüň kemsidijililigi (we Içeri işler ministrligi munuň bilen ylalaşdy) ykrar edildi, ýöne bu bizi kanunda bar bolan indiki madda alyp barýar.

## 14-nji Madda

14-nji madda "Şu Konwensiýada göz öňünde tutulan hukuklardan we azatlyklardan peýdalanmakda, adamyň jynsyna, teniniň reňkine, diline, dinine, syýasy ýa-da başga bir garaýşyna, milli ýa-da sosial gelip çykyşyna, milli azlyklara degişliligine, emlägine, dogluşyndaky ýa-da başga bir derejesine görä kemsidilmeli däldir" diýip göz öňünde tutýar.

Bu madda barada iki sany bellik ýerliklidir. Birinjiden, ol kemsidilme barada aýratyn gadagan etmekligi göz öňünde tutmaýar. Siz özüňiziň kanuny esasda ýokarda bellenilip geçilen esaslaryň biri boýunça kemsidilendigiňiz barada esassyz goşmaça şikaýat edip bilmersiňiz: siz has öňe gidip, özüňiziň şu Konwensiýada göz öňünde tutulan azatlyklardan we hukuklardan peýdalanmagyň nukdaýnazaryndan gadagan edilen kemsidilmäniň pidasy bolandygyňyzy subut etmeli bolarsyňyz. Siz aslynda Konwensiýanyň berýän azatlyklarynyň

---

[38] *Sunday Times v United Kingdom* (1979) 2 EHRR 245, makullanmadyk, Lordlar palatasynyň kanuny. Lordlar palatasynyň köplük karary *Harman v Secretary of State for the Home Department* [1983] 1 AC 280, görnüşine görä, ol hem, *Harman v United Kingdom* (1984) 35 DR 53 işinde-de ulanylan bolsa makullanmazdy, iş heniz çözülmedik.

ýa-da hukuklarynyň bozulandygyny subut etmeli däl, ýöne siz kemsidilmäniň Konwensiýanyň haýsam bolsa bir maddasynyň çäklerinde (ýa-da işlerde ulanylýan dile laýyklykda hereket ediş çäginde) bolup geçendigini görkezmelisiňiz.

Ikinjiden, belläp geçmeli zadymyz 14-nji maddanyň öz içine alýan gerimi örän giňdir. Berlen esaslaryň sanawy ähli zady içine alýandyr we kemsidilme bolup, onuň esaslarynyň ählisini öz içine alýandyr. Ýöne hatda şu uly sanaw hem ähli zady göz öňünde tutup bilmeýär: "islendik esasda" kemsidilme gadagandyr, şonuň üçin hem beýleki esaslar aýrylmaýar;[39] we "ýa-da başga bir derejä" diýen sözleriň manysy, elbetde, Konwensiýany işläp düzen adamlaryň pikirini etmedik ýagdaýlaryny öz içine almak üçin ýeterlik derejede giň bolmalydyr. Ol şahslary ýa-da şahslaryň toparlaryny bir-birinden tapawutlandyrýan ... "şahsy häsiýet" hökmünde beýan edilendir.[40] Şahsyň hünär derejesi, iş derejesi, harby derejesi we KGB-däki öňki işi, olaryň ählisi talabalýyk diýip ykrar edildi.[41]

Bu madda, sözüň giň manysynda, kanun öňündäki deňlik ýörelgesini durmuşa geçirýär. Adamlaryň zenan, gomoseksual, tanymal bolmaýan jynsa degişli, teniniň reňki gara, jöhit ýa-da jögi ýa-da milli azlyklaryň dilinde gürleýän ýa-da komminist ýa-da aristokrat ýa-da mülkdar bolanlary üçin, Konwensiýada bellenilip geçilen hukuklardan we azatlyklardan peýdalanmaklaryny çäklendirmäge ýol berilmesizdir. Hukuk baradaky hartiýalar we biller tanymal bolmaýan milli azlyklary goramak üçin hereket edýändir. Jemgyýetleriň ählisinde diýen ýaly, köplükler (adatça baýlardan we hökümi güýçli adamlardan ybarat) öz aladasyny özleri edip bilýär.

Konwensiýanyň esasy böleginiň esasy maddalaryna soňy bilen birnäçe teswirnamalar goşuldy, olaryň birnäçesine Beýik Britaniýa kanuny güýjüni berdi. Olaryň ikisi barada şu ýerde agzap geçmeklik maksadalaýykdyr.

### Birinji Teswirnama. 1-nji Madda. Emlägiň goralmagy

Bu madda iki abzasdan ybaratdyr. Birinjisi: "Her bir fiziki ýa-da ýuridiki şahsyň özüniň emlägini parahat maksatlarynda ulanmaga hukugy bardyr. Jemgyýetiň bähbitleri üçin we kanunda hem-de halkara hukukda göz öňünde tutulan şertlerden başga ýagdaýlarda hiç bir adam öz emläginden mahrum edilip bilinmez." diýip bellenilýär. Ikinji abzas takyklamadyr: "Öňki düzgünler, hökümetiň umumy maksatlary üçin emlägiň ulanylyşyny gözegçilikde saklamak we salgytlaryň, ýa-da jerimeleriň ýa-da beýleki tölegleriň tölenmegini üpjün etmek üçin gerek diýip hasaplaýan kanunlaryny ulanmak hukugyny hiç hili ýagdaýda kemsitmeýär."

Bu madda iki işi ýerine ýetirýär. Birinjisi, ol adamlaryň emläkleriniň ýa-da serişdeleriniň öwezini dolmazdan esassyz mahrum etmegi gadagan edýär. Zimbabwedäki ak tenli mülkdarlaryna degişlilikde edilen hereket bu bozmanyň örän aýdyň mysalydyr. Emma,

---

[39] *Rasmussen v Denmark* (1984) 7 EHRR 371, para. 34; *James v United Kingdom* (1986) 8 EHRR 123, para. 74.
[40] *Kjeldsen, Busk Madsen and Pederson v Denmark* (1976) 1 EHRR 711, para. 56; *R (Clift) v Secretary of State for the Home Department* [2006] UKHL 54, [2007] 1 AC 484, para. 27.
[41] See Clayton and Tomlinson, *Law of Human Rights*, 2nd edn., para. 17.136.

ikinjiden, bu madda jemgyýetiň bähbitleri üçin şahsy emläk hukugynyň kemsidilip boljakdygyny hem kabul edýär. Ähtimal döwlet täze ýol geçirmek ýa-da howa menzilini gurmak üçin meniň mülkümi elimden almak islär, ýöne ilkibaşda şeýle etmegiň talabalaýykdygyny subut edip, maňa mülkümiň öwezini dolmalydyr. Ähtimal meniň fabrikamyň howany ýa-da ýakyndan geçýän derýany hapalamazlygy üçin meniň öz mülkümi ulanyşymyň gözegçilikde saklanmagy gerekdir. Belkide meniň girdeji ýa-da döwlet salgydyny tölemedik ýa-da kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirmedik ýagdaýymda, meniň harytlarymyň käbirini elimden almak we satmak gerek bolup biler. Ýöne bularyň ählisi kanunyň hökmürowanlygynyň talap edişi ýaly, kanuna laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

## Birinji Teswirnama. 2-nji Madda. Bilim almak hukugy

Birinji Teswirnamanyň 2-nji maddasy “Hiç kime bilim almak hukugynda ýüz öwrülmeli däldir” diýip jar etmekden başlaýar. Bu ähli adamyň öz islän okuw edarasynda öz islän ugry boýunça okadylmagyny talap etmäge hukugy bar diýmek däldir. Bu onuň öz hökümetiniň berýän, şonuň ýaly biliminiň elýeterliginiň adalatly bolmagyny üpjün etmelidigini aňladýar.[42] Madda: “Hökümet bilime degişli islendik wezipäni öz üstüne alanynda, ene-atalaryň öz dini we filosofik garaýyşlaryna laýyklykda şonuň ýaly öz çagalaryny bilim we okuw bilen üpjün etmek islegine sarpa goýmalydyr” diýip dowam edýär. Bellenilip geçilen meseleler jynsy gatnaşyk baradaky hökmany sapaklary[43], dini sapaklary[44] we bedeni jezalandyrmalary[45] öz içine alýar. Bu maddanyň düýp manysy, Beýik Britaniýada ençeme ýyllaryň dowamynda amala aşyrylyp gelinýän bilim syýasaty bilen utgaşýar: ýagny belli bir ýaşa çenli bilim hökmany bolmalydyr; ýurduň bilim edaralary ähli adamlar üçin açyk hem-de elýeter bolmalydyr; we ene-atalaryň makul isleglerine mümkin bolan derejede sarpa goýulmalydyr.

## Netije

1950-nji ýylda Ählumumy Jarnamanyň we Ikinji Jahan Urşunyň yzýany duşuşyklaryň geçirilmegi we Ýewropa Konwensiýasynyň kabul edilmegi saýlanan wagty boýunça tötänleýin däldir. Konwensiýa ýokarda bellenilip geçilen ähli hukuklaryň yzygider bozulýan wagty we Ýewropa kontinentine zyýan ýetiren ýanamalara we zalymlyga jogap bolupdy. Günbatar Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlary, öz ýurtlarynda ýaşaýan adamlaryň esasy we düýpli hukuklary diýip hasaplaýan hukuklaryny we azatlyklaryny kesgitlemek üçin başlaryny bir ýere jemläpdiler. Gepleşikleriň görnükli gatnaşyjylary iňlisler we fransuzlardy. Institutlarynyň we adatlarynyň gazanan ýeňişleri bilen tassyklanan diýip hasaplaýan britaniýalylar özlerine öwrenere zat bardyr diýip pikir etmeýärdiler, ýöne beýleki şowuna

[42] *Belgian Linguistic Case (No. 2)* (1968) 1 EHRR 252, para. 3.
[43] *Kjeldsen, Busk Madsen and Pederson v Denmark*, above (n. 40).
[44] *Valsamis v Greece* (1996) 24 EHRR 294.
[45] *Campbell and Cosans v United Kingdom* (1982) 4 EHRR 293, para. 36.

düşmedikler bilen öz gymmatlyklaryny paýlaşmagy möhüm hasaplaýardylar. 1789-njy ýyldaky Adamyň we Raýatyň Hukuklarynyň Jarnamasyna buýsanýan fransuzlar hem, özlerine öwrenere kän zat ýok diýip pikir edýärdiler. Olaryň ikisi hem, ähli garaýyşlaryň özünde däldigini görmelidiler.

Soňky on ýylyň dowamynda Adam Hukukary barasyndaky Kanuny we ony Beýik Britaniýada güýje girizen Konwensiýa käbir toparlarda aýyplamalara sezewar boldy we elbetde şu ýerde we Ýewropanyň kazyýetinde esasly sebäplerden razylaşyp bolmajak çözgütler bardyr. Ýöne Konwensiýanyň çen edilýän ýetmezçilikleriniň köpüsi oňa nädogry düşünmeklik bilen baglydyr we netijede tankytçylaryň iki soraga jogap bermegi gerek. Ýokarda bellenilip geçilen hukuklaryň haýsysyndan ýüz öwürerdiňiz? Bu hukuklaryň kanun bilen goralmadyk ýurtda ýaşamak islärdiňizmi? Şu babyň başynda bellenilip geçilen tassyklamany gaýtalaýaryn: kanunyň hökmürowanlygy adamlaryň esasy hukuklarynyň talabalaýyk goragyny üpjün etmelidir. Döwlet häkimiýet edaralary üçin kanuna laýyklykda hereket etmek gowy başlangyçdyr, ýöne egerde belli bir ýurtda kanun adamlaryň esasy hukuklary hökmünde garalýan zatlaryň goragyny üpjün etmeýän bolsa, onda bu ýeterlikli däldir. Ýewropa konwensiýasyna gatnaşyjy ýurtlaryň ählisinde Konwensiýa tarapyndan kepillendirilen merkezi hukuklar goralýandyr, muňa garamazdan öz ýurdunda hukugyny goramakda şowsuzlyga ugranlar Strasburgda ýerleşýän Ýewropa kazyýetine ýüz tutmaga synanyşyp bilerler. Ähtimal Konwensiýa goşulyp biljek başga hukuklar hem bardyr, ýöne bar bolanlaryň hiç haýsysyny aýyryp bolmaz. Emma şu wagt iň wajyp meseleleriň biri, Konwensiýanyň hereket ediş çägini giňeltmek däl-de, eýsem häzirki wagtda seredilýän ägirt köp sanly işlere Strasburgdaky Ýewropa kazyýetiniň seretmäge mümkinçiliginiň barlygy ýa-da ýoklugydyr.[46]

[46] *Guardian*, 11 April 2009, s. 36 seret.

# 8

# Dawalary çözmek

(6) Taraplaryň özara çözüp bilmeýän arassa niýetli raýat dawalaryny çenden aşa çykdajysyz ýa-da wagt ýitirmesiz çözüp bilmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilen bolmalydyr

Adamlaryň öz raýat hukuklaryny we talaplaryny beýan etmek üçin kazyýete ýüz tutmaga mümkinçiliginiň bolmalydygy, her bir adamyň kanuna boýun egýändiginiň we onuň bilen goralandygynyň esasyndan gelip çykýan aýdyň netijesi ýaly bolup görünýär. Berjaý edip bolmajak hukugyň we bitirilmejek talabyň hiç kim üçin gymmatlygy ýokdur.

Belkide Utopiýada hiç haçan raýat dawalary ýüze çykmaýar: raýatlar dostlukda ýaşaýarlar we sazlaşykly durmuş orun alýar. Emma biz hakykatdan hem dawalaryň ýüze çykýan sub-utopiki dünýäsinde ýaşaýarys we bu dawalaryň diňe bir ýa-da beýleki tarapyň adalatsyzlyk, gödek hereket, gaharjaňlyk, gysgançlyk we keçjallyk eden ýagdaýynda ýüze çykýar diýip pikir etmegimiz ýalňyşlyk bolardy. Elbetde taraplaryň bu häsiýetleri kazyýet prosesinde bilinmeýän zat däl. Ýöne birkemsiz aňly we düşünjeli adamlaryň şertnamanyň manysyna, ulag daşamalaryna, wesýetnama, şeýle hem betbagtçylygyň jogapkärçiligine ýa-da ene-atalar aýrylşanyndan soň çagalaryň terbiýesi baradaky borçlulygyna, ýa-da pyýada ýodalar barada ýa-da mejlisiň kararynyň ulanylyşyna ýa-da ministriň ýa-da ýerli häkimiýetiniň jogapkär işgäriniň çözgüdine düýbünden başga garaýyşlary bolup biler. We şu ýagdaýda çözgüt kabul etmek gerek bolýar. Işe dahylly bolan taraplaryň bähbidini ýa-da umuman jemgyýetiň bähbidini goramaklyk üçin däl, çünki ýeňiş güýçliniň tarapynda bolmagy mümkindir (häzirki zaman dilinde aýdanymyzda, dawada iň güýçli adamlary iberýän tarap ýeňiş gazanýar).

Meniň bu ýerde aýdýan zatlarymyň hiç biri, dawalary çözmek üçin käwagt "alternatiwa", ýöne has dogrusy "goşmaça" diýip atlandyrylmaly usullar barada aljyraňňy ýa-da biperwaýlyk bilen garalmagyna sebäp bolmaly däldir. Olaryň biri hem, köp sanly gatnaşyklarda raýat dawalaryny çözmegiň iň gowy usuly araçylyk ýa-da ýaraşdyrmaklyk bolup durýar. Bu proses taraplaryň dawaly garaýyşlaryny we maksatlaryny öwrenip, taraplary ikitaraplaýyn bähbitli netijä gelmeklige ynandyryp biljek bitarap araçynyň ýa-da ýaraşdyryjynyň işe çekilmegini göz öňünde tutýar. Eger-de şu netijä ýetilse, onda taraplaryň hiç biri doly manyda kanagatlanyp bilmez, sebäbi ähtimal olaryň hiçisi özüniň umyt eden

maksadyna doly ýetip bilmeýär, ýöne şol bir bada hem, olaryň hiç biri ýeňliş bilen bagly kemsitmeden we antagonistik kazyýet prosesi bilen bagly ýakymzyslykdan ejir çekmeýär. Mümkin, ýetilen ylalaşygyň şertleri, mejbur edilen şertlerden has gowy berjaý ediler. Eger-de ylalaşyga gelinmese hem (bu köplenç şonuň ýaly hem bolýar), taraplaryň sarp eden wagty we puly, kazyýete ýüz tutup sarp etjek wagtyna we puluna görä örän ujypsyzdyr.

Araçylygyň we ýaraşdyrmaklygyň alternatiwasy arbitraždyr: garaşsyz bir arbitri, oňa berlen garaýyşlaryň çäginde dawany çözüp bermegi üçin taraplaryň özleri saýlap belleýärler. Bu taraplaryň ylalaşygy esasynda dawa döremezden öň ýa-da döräninden soň ýerine ýetirilip bilner, ýöne bu ýerine ýetirilenden soňra, arbitr taraplaryň ikisi üçin hem hökmany bolan we kazyýet tertibinde ýerine ýetirilmeli çözgüdi kabul etmäge hakugy bardyr.

Ýöne nähili hem bolsa, taraplaryň özara düşünişmezlikleri çözmäge synanşan we başarmadyk ýagdaýlary hem bolýar; haçanda olar araçylyk ýa-da ýaraşmak prosesi barada ylalaşyp bilmänlerinde ýa-da bu proses ikitaraplaýyn bähbitli netijä gelmeýän bolsa; haçanda olar arbitraža razylaşmadyk ýa-da islemedik ýagdaýlarynda; şeýle hem jemgyýetçilik we abraýly kazyýetiň çözgüdi gerek bolan ýagdaýynda, mysal üçin, haçanda mejlisiň çykaran kararynyň manylylygy, standart täjirçilik şertnamasy ýa-da resmi taydan edilen hereketiň kanunylygy barada gürrüň edilende. Şonuň ýaly ýagdaýda kanunyň hökmürowanlygy kazyýetiň elýeter bolmagyny talap edýär. Şu talap ýerine ýetirlende hukuk ulgamlarynyn köpüsi (elbetde şol sanda iňlis ulgamy hem) iki sany ähmiýetli päsgelçilik bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Bularyň birinjisi, çykdajylar, ikinjisi hem işleriň gijikdirilmegidir.

Birleşen Korollykda adalatyň hemmeler üçin edil Ritz myhmanhanasy ýaly açykdygyny uly kinaýa bilen aýdýarlar. Bu bir täze şikaýat däldir. Üç ýüz elli ýyl mundan ozal hem şunuň ýaly zatlar aýdylýardy: ‘Adalat meselesinde ähli adamlar gijikdirmeler sebäpli şikaýat edýärler ... Kazyýetde öz hukugyňy goranyňdan keselläniň ýagşy ... Ol adam 5 funt sterlingini gaýtarmak üçin 10 funtyny sarp etdi’.[1]

Meseläniň gelip çykýan ýeri düşnükli: az sanly adam hünärmeniň kömegine ýüz tutmazdan kazyýet talabynyň güýjüne baha bermäge we kazyýet işini alyp barmaga ukyply bolýar; ýöne aklawçylar hem, edil santehnikler we elektrikler ýaly adatça eden işi üçin töleg alýarlar; şeýlelikde kazyýet işleriniň örän köp zähmet talap edýändigini we hatda iň adaty işiň hem örän uzak dowam edýändigini aňladýar, mysal üçin, iň uzak dowam edýän ýürek operasiýasyndan hem uzakdygy sebäpli bahanyň ýokary bolmak tendensiýasy bardyr. Eýýäm 1424-nji ýylda garyplara hukuk kömegini bermek boýunça dünýäde ilkinji edara “egerde haýsam bolsa bir garyp bendäniň öz işini bitirmäge ýeterlik ýeserligi ýa-da serişdeleri bolmasa” onda oňa mugt hukuk kömegini bermeli diýen çözgüdi kabul edeninde, şotlandiýalylar şeýle meseläniň bardygyny kabul etdiler. Ýetmiş ýyl soňra iňlisler hem bu göreldä eýerdiler[2], ýöne bu usullaryň hiç haýsysy kanagatlandyryjy däldi.[3] XIX asyryň

---

[1] John Cook, *Unum Necessarium: or, the Poore Man’s Case* (1648), p. 66; Christopher Hill tarapyndan agzalyp geçilen, *Liberty Against the Law* (Allen Lane, 1996), s. 266.

[2] E. J. Cohn, ‘Legal Aid for the Poor: A Study in Comparative Law and Legal Reform’, (1943) 59 LQR 250, 253, n. 8.

ahyrlarynda Londonyň Ist-Endinde ýerleşen Mensfild-Haus we Toýnbi-Holl etrapçalarynda we beýleki ýaşaýyş şertleri pes etraplarynda ýaşaýan giçki wiktorianlara mahsus praktiki filantropiýanyň joşmagy netijesinde, garyplar üçin meýletinçiler bilen üpjün edilen hukuk maslahatynyň birnäçe merkezi (turuwbaşdan "garyplaryň aklawçylary" diýip bilinýän) açyldy.[4] Emma muňa garamazdan, has täsirli çäreler görülýän kontinental ulgamda iş tejribesi bar bolan bosgun-alymlaryň tankydy bilen goldanýan kanagatlandyrylmadyk mätäçlikleriň bardygy has giň möçberde kabul edilip başlanýar. Olardan biri Dr. E.J.Kon iş barada örän aýdyňlaşdyryjy beýan etdi:

Hukuk kömegi – bu häzirki zaman hökümetiniň öz raýatlarynyň öňündäki borçlanýan hyzmatydyr. Bu Hökümetiň we raýatyň arasyndaky häzirki zaman gatnaşyklaryň baş ýörelgesinde, özüni gorardan has ejiz bolan raýatlaryň talap edip biljek, raýatyň şahsyýetiniň goragynyň bir bölegidir. Häzirki zaman hökümetiniň ilatyň has garyp toparlaryny işsizlik, hassalanmak, garrylyk, sosial gysylma we ş.m. ýaly umumy ýaşaýyş howplaryndan goramaga synanyşy ýaly, edil şonuň ýaly hem, olaryň hukuk meseleleri ýüze çykanda olary goramaga borçludyr. Hakykatdan hem, şeýle goragyň delili, goragyň başga görnüşleriniň islendik delillerinden has saldamlydyr. Döwlet ýokunç keselleriň (epidemiýalaryň) ýüze çykmagyna, uly ýaş we ykdysady çökgünler üçin jogapkärçilik çekýän däldir. Ýöne döwlet kanun üçin jogapkärdir. Ýene bir sapar gaýtalap geçeliň, bu kanun hemme raýatlary garyp ýa-da baýdygyna garamazdan goramak üçin döredilendir. Şonuň üçin hem, döwlet öz guralynyň garyplar we baýlar üçin deň işlemegine jogapkärdir.[5]

Üýtgetme etmeklige zor salmanyň ýokary derejesine uruşdan soňky Attliniň hökümetiniň gazanan üstünlikleriniň arasynda beýikleriň, ýöne kän abraýy bolmadyk üstünikleriniň biri bolan, 1949-njy ýylyň Hukuk kömegi we maslahaty baradaky Kanunynda ýetildi. Ýarym asyrlyk wagtyň dowamynda bu ulgam serişdeleri bolmadyk adamlara kazyýete arza berip özüni goramaklyga mümkinçilik berdi. Ulgam ýetmezçiliksiz däldi: ol köp sanly ynama mynasyp däl kazyýet arzalarynyň döwlet tarapyndan maliýeleşdirilmegine getirdi we jogapkär tarap köplenç hususy tarap däldi. Ýöne onuň bahasy – onuň öz-özüni ýok etmegidi. 1988-1996(7) ýyllary aralygynda, raýat (şol sanda jenaýat) hukuk kömeginiň çykdajylarynyň ösüş depgini puluň hümmetiniň gaçmak depgininden has ýokary bolup, umumy döwlet çykdajylarynyň örän çalt ösýän bölümi bolup durýardy. Şeýlelik bilen, ähtimal durmuşyň oýnunyň netijesinde, leýboristleriň täze hökümeti şertli töleg ylalaşyklaryny we ätiýaçlandyrmanyň belli bir görnüşlerini çalyşmaga maksat edinip, raýat hukuk kömegini azaltmaklygy borçlandy. Lord Wulf tarapyndan raýat kazyýet işleriniň çykdajylaryny azaltmak we hukuk maslahatçylary we aklawçylary bilen örän öňat mugt shemalary ornaşdyrmak boýunça alyp barýan aýgytlaýjy tagallalaryna garamazdan, kanagatlandyrylmadyk köp sanly mätäçlikleriň täzeden ýüze çykmagy barada alada edilmelidir.

---

[3] R. Egerton, 'Historical Aspects of Legal Aid', (1945) 61 LQR 87.
[4] Şu waka gysgaça Tom Binghamyň, 'Lecture at Toynbee Hall on the Centenary of its Legal Advice Centre', in *The Business of Judging* (Oxford University Press, 2000)-da agazalyp geçilýär, ss. 391–407.
[5] Cohn, 'Legal Aid for the Poor', p. 256.

Egerde töleg etmäge mümkinçiligi bolmadyk garyp talapgäre hukuk goragynyň berilmezligi hukuk düzgünininiň bir duşmany bolýan bolsa, hukuk goragynyň serişdeleriniň gijikdirilmegi hem ikinji duşmanydyr. Gladstounyňky[6] diýlip hasaplanýan meşhur aforizm "Adalatyň gijikdirilmegi – adalaty ret etmekdir" we belli Korol Jon Magna Carta-da (Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy) söz berişi ýaly "Ne kanuny gijikdirerin, ne-de ret ederin". Ýöne dört asyr geçeninden soň Gamlet "kanunyň gijikdirilmegi" öz janyňa kast etmäge[7] sebäpleriň biri diýip belläp geçmegi has meşhurdyr, we XIX asyryň başlarynda Kansler Kazyýetindäki islendik dawany, Dikkensiň "Sowuk öýde" örän dogry suratlandyryşy ýaly, Gamletiň yza tesen ädimini ädeni üçin bagyşlanyp bilnerdi. Elbetde kazylar özleriniň kabul edýän çözgütlerini örän oýlanşykly kabul etmäge çalyşmalydyr, emma XIX asyryň başynda Lord Eldonyň tejribesinde[8] bolşy ýaly çözgüt kabul etmek üçin birnäçe ýyl sarp edilen ýagdaýynda, oýlanmaga ýol bererli makul wagtdan has köp wagt sarp edilýärdi.

Beýik Britaniýada bu gün XIX asyryň başyndaky Kansler Kazyýetiniň taýy ýokdur. Ýöne soňky döwürde Lord Wulfyň ýolbaşçylygynda kazyýet işlerini çaltlandyrmak boýunça tagallalaryň edilýändigine garamazdan, gijikdirmeklik ýalňyşlyk bolup durýar we Beýik Britaniýadan Strasburga kazyýet işiniň gijikdirilmegi (işleriň birinde 9 ýyla golaý) sebäpli ýetýän arzalar, öz-özüňden hoşal bolmaklykdan saklanmalydyr.[9] Başga ýerlerde bolýan has uzak gijikdirmeleri görkezmek ýeterlik bolup bilmez.

Gijikdirme diňe bir islenmeýän zat dälde, eýsem çykdajylary hem artdyrýar, çünki tejribäiň aýdyň görkezişi ýaly, iş näçe uzaga çekdigiçe, çykdajylary hem şonça artýar. Käbir ýurtlarda, esasan hem Italiýada, gijikdirme meselesi has hem ýiti durandyr. Şeýle hem ol Luksemburgda ýerleşen Ýewropa Kazyýetiniň üstünden arz edilmegine hem sebäpdir, 2007-nji ýylyň ahyrynda agza-döwletleriň ýüz tutmasy boýunça deslapky çözgütler boýunça işe garamak 19.3 aýyň dowamynda, gönüden-göni çäreler üçin 18.2 aýyň dowamynda, arza-şikaýatlar boýunça bolsa 17.8 aýyň dowamynda seredilýär. Ýewropa Kazyýetiniň işini azaltmak üçin döredilen birinji basgançakly kazyýetinde adaty işler boýunça işi seljermäniň ortaça dowamlylygy 29.5 aý boldy.[10] Işleriň şeýle uzak dowam etmeginiň sebäbi Luksemburgdaky kazyýetleriň we olaryň kazylarynyň ýaltalygy däldir. Şeýle ýagdaýyň bolmagy üç sany sebäbe baglydyr: iş ýüküniň artmagyna getirýän kazyýetleriň şowlulygy; Jemgyýetiň ulalmagy; we terjime etmegiň kynçylyklary. Häzirki wagtda, soňky geçirlen giňeltmäniň netijesinde Ýewropa Bileleşiginde ýigrimi üç resmi dil ulanylýar we terjime

---

[6] Tim Cowen tarapyndan, galama alynan 'Justice Delayed is Justice Denied' for the World Justice Forum in Vienna-da bellenilip geçilýär, 2–5 iýul 2008, s. 11, n. 21.

[7] *Hamlet*, Act 3, sahna 1, l. 72.

[8] In *Darnell v United Kingdom* (1993) 18 EHRR 205, adalatsyz işden kowmak boýunça, kazyýet seljermeleri dokuz ýylyň dowamynda seredildi. In *Robins v United Kingdom* (1997) 27 EHRR 527, bahalar boýunça dawany çözmek üçin dört gerek boldy.

[9] In *Darnell v United Kingdom* (1993) 18 EHRR 205, adalatsyz işden kowmak boýunça, kazyýet seljermeleri dokuz ýylyň dowamynda seredildi. In *Robins v United Kingdom* (1997) 27 EHRR 527, bahalar boýunça dawany çözmek üçin dört gerek boldy.

[10] Cowen, 'Justice Delayed', s. 18.

etmek sebäpli gijikdirmäniň ortaça dowamlylygy ýedi aýdyr.[11] Adatça bu düzgünlerde gijikdirmäni kabul edip boljak däldigi bilen ylalaşylýar we habarly bir teswirçi şeýle belläp geçdi: ‘Birleşmek boýunça berlen arzanyň täjirçilik üçin manysynyň bolmagy üçin, çözgüt çykarmak üçin sarp edilip bilinjek iň uzak wagt alty aý bolmalydyr.’[12]

Raýat dawalarynyň çalt we elýeter çözgüdi bolmagy, maksada ýetip bolmajak sepgitdir we şeýleligine galmagy hem mümkindir. Raýat hukygy ýurtlaryna (Fransiýa we Germaniýa ýaly) garanyňda, bu Beýik Britaniýa (we Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Kanada, Awstraliýa, Hindistan we ş.m.) ýaly umumy hukuk ýurtlarynda, bu has hem äşgärdir. Munuň sebäbi, Umumy ýurisdiksiýa kazyýetlerinde kabul edilen çekişmeli proseduralar, gymmat bahaly hukukçylaryň taýýarlanmagyna, çykyş etmegine we işi çekişmegine örän bagly bolany üçindir. Olaryň işi çözmek üçin gerek boljak ähli maglumatlary kaza taýýarlap bermekleri garaşylýar we kazy bitarap kazy hökmünde haýsy işi saýlap aljakdygyny karar etmeli. Raýat hukugy ýurtlarynda, hak-heşdekleri taraplaryň hasabyndan tölenýän aklawçylaryň kazyýetdäki ähmiýeti pesdir, haky-heşdekleri hökümetiň hasabyndan tölenýän kazynyň ähmiýeti bolsa uludyr. Raýat hukugy boýunça kazynyň işe gözegçilik etme mümkinçiligi, umumy hukuk boýunça kärdeşininkiden has ulydyr. Ýöne hatda, raýat hukugy ýurtlarynda, dawalary çalt we elýeter çözme maksady ýetilmesi örän çylşyrymly maksatdyr. Ýöne ýurt bu maksada ýakynlaşdygyça, (şu nukdaýnazardan) kanunyň hökmürowanlygy hem has oňat üpjün edilýändir.

---

[11] Ibid., ss. 24, 25.
[12] Ibid., s. 19.

9

# Kazyýet işine adalatly seredilmegi

## (7) Döwlet tarapyndan göz öňünde tutulan kazyýet işine seljeriş düzgünleri adalatly bolmalydyr

Adalatly kazyýet işiniň geçirilmegi, kanunyň hökmürowanlygynyň esasy talabydyr. Bu hukukdan aýdyň bolşy ýaly we ilkinji nobatda jenaýat kazyýet işinde peýdalanmalydyr, ýöne bu ýörelgäniň ýeterlik derejede agras dili bu hukugyň jenaýat işiniň çäginden çykýandygyny gös-göni görkezmek üçin saýlanandyr. Fiziki şahslaryň, kompaniýalaryň ýa-da döwlet edaralarynyň gatnaşýandygyna garamazdan bu hukuk raýat kazyýet işlerini hem öz içine alýandyr. Bu hukuk köptaraplaýyn kazyýet işlerine, ýagny, adaty manyda ne jenaýat, ne-de raýat işi bolan işlere hem degişlidir: ters çözgüt kabul edilen ýagdaýynda bir ýa-da birnäçe tarapyň örän agyr netijelere sezewar bolmagyna getirjek kazyýet işleri. Kazyýet işleriniň şu üç görnüşiniň şol bir usul boýunça işlemegi talap edilmeýär, iş ýüzünde olar bu usulda hem işlemeýär. Ýöne käbir ýörelgeler olaryň üçüsine hem degişlidir.

Birinjiden, adalatlylygyň diňe bir tarap üçin dälde, iki tarap üçin hem adalatlydygyny kabul etmelidir. Ulanylýan iş önümçiligi garalawça ýa-da talapkärä öz işini subut etmäge, edil şonuň ýaly aýyplanýana hem günäsizdigini subut etmäge adalatly mümkinçilik döretmelidir. Kazyýet işinde haýsy hem bolsa diňe bir tarapyň bähbidine has köp üns berilse bu adalatly kazyýet işi bolmaýar, (Ýewropanyň işlerinde ulanylýan dil bilen aýdanymyzda) taraplar deň tutulmaýar.[1] Bu ýagdaýlar käwagt gözden salynyp, jenaýat işlerinde “esassyz” diýip garşy çykmalara sebäp bolýar, aslynda bolsa garşy çykmanyň sebäbi, onuň goraga zyýan ýetirýänligi bolmalydyr. Hakykat iş ýüzünde elbetde, garalawçy tarapyň ähli subutnamalary aýyplanýan tarapyň goragyna zyýan ýetirýär ýa-da zyýan ýetirmelidir.

Ikinjiden, adalatlylyk düşünjesiniň wagtyň bir böleginde doňup galman, eýsem dowamly özgerýändigini kabul etmek gerek. Bu degişlilikde jenaýat işlerinde has hem aýdyňdyr. 1821, 1824, 1826 we 1834-nji ýyllardaky şowsuzlyklardan soň, 1836-njy ýylda, aýyplanýan tarapyň aklawçysyna oturdaşlaryň öňünde aýyplanýanyň adyndan (egerde oňa olaryň öňüne çykmaga rugsat berilse) çykyş etmek mümkinçiligi döredildi.[2] Şeýlelik bilen,

[1] Mysal üçin, *Engel v The Netherlands (No. 1)* (1976) 1 seret, EHRR 647, para. 91.
[2] T. Goriely, ‘The Development of Criminal Legal Aid in England and Wales’, in R. Young and D. Wall (eds.), *Access to Criminal Justice: Legal Aid, Lawyers and the Defence of Liberty* (Blackstone Press, 1996), s.29

garalawçy oturdaşlara aýyplanýanyň näme üçin günäkärdigini aýdyp bilýärdi, ýöne onuň näme üçin günäkär däldigini aýdyp biljek aklawçy ýokdy. Jenap Jastis Houkins özüniň "Ýatlamalarynda"[3] 1840-njy ýylda Old-Beýlide ogurlyk üçin aýyplanyp iş kesileniň, oturdaşlaryň ykdysady çözgüdi bilen bilelikde bary ýogy iki minut elli üç sekunt dowam eden kazyýet işini ýatlaýardy: "Jenaplar, meniň pikirimçe sizde şübhe ýok? Mende ýok." Diňe birnäçe asyr mundan ozal, aýyplanýana özüniň işi boýunça kazyýet önümçiliginde görkezme bermäge rugsat berildi. Ýigriminji asyryň ilkinji otuz ýylynda özüne goragy üpjün etmäge serişdeleri bolmadyklara hukuk kömegini bermek synanyşyklary magistratlaryň we kazylaryň duşmançylykly hereketi we obstruksiýasy sebäpli lapykeçlige ugrady.[4] Eýýäm asyryň ortasyndan soňra käbir ilkinji derejedäki kazylary kazyýet işleriniň netijesini, subutnamalaryň oturdaşlara degişli bolup durýandygy barada ýatlatmalar sebäpli ýumşadylan tendensioz (bir taraply), käwagt bolsa ýerliksiz dilewarlyk görnüşde günäkärleýji çözgüde dogry getirip başladylar. Entek ýaňy-ýakynda, garalawçy tarapyň ellerinde bar maglumatlary aç-açan etmek borjunyň bolmazlygy, netijesi pajygaly bolan kazyýet ýalňyşlyklaryna getirdi. Käbir ýurtlarda (Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň günorta ştatlary we Karib adalarynyň käbir bölekleri) aklawçylygyň hiliniň pes derejeliligi adalatsyzlygyň çeşmesidir. Haçan hem bolsa biriniň kämil adalata ömürlik ýetildi diýip biljek we şol döwrüň nukdaýnazaryndan şu günki hereket edýän hukuk ulgamlarynyň ählisi heniz kabul etmedik esaslar sebäpli kemçilik diýip ykrar ediljek bir döwrüniň geljekdiginiň ähtimallygy örän pesdir.

Üçünjiden, kanunyň hökmürowanlygy bilen dolandyrylýan häzirki zaman demokratiýasynyň konstitusiýasy kazyýetlerde çözgüt kabul edýän şahslaryň garaşsyzlygyny üpjün etmeli we meniň şu ýerde bu sözi ulanmagymyň sebäbi kazyýet häsiýetli çözgütleri kabul edýän ähli adamlary olaryň kazydygyna ýa-da däldigine garamazdan (ýa-da magistrat ýa-da oturdaş) göz öňünde tutmak üçindir. Bu ýörelgäniň ýörelge hökmünde kabul edilmegi giňden ýaýrandyr. 2-nji bapda gysgaça bellenip geçilişi ýaly, Beýik Britaniýada kazyýet häkimiýetiniň garaşsyzlygynyň esasy, kazylaryň hökümet tarapyndan esassyz işden boşadylmagyndan goraýan 1701-nji ýylda çykarylan Düzgünleşdirme baradaky Kanun bilen tutuldy. Goşmaça gorag 2005-nji ýylyň Konstitusion özgertmesine girizilendir, ýagny 3.1 bölüminde "Lord-Kansler, patyşalygyň beýleki ministrleri we kazyýet ulgamy ýa-da adalatyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly meseleler boýunça jogapkärleriň ählisi kazyýet häkimiýetiniň dowam edýän garaşsyzlygyny goldamalydyrlar" diýip bellenýär. 3.5 bölümi dowam edýär: "Lord-Kansler we patyşalygyň beýleki ministrleri kazyýet häkimiýetine aýratyn gatnaşyk arkaly anyk kazyýet çözgütlerine öz täsirini ýetirmäge synanyşmaly däldirler". Lord-Kansler kazylaryň garaşsyzlygyny gormaklygy göz öňünde tutmalydyr we bu barada kasam etmelidir. Geçmişde Lord-Kansler kazy, kazyýet häkimiýetiniň ýolbaşçysy şeýle hem, Angliýanyň we Uelsiň baş kazylaryny

[3] (1904), vol. 1, chap. IV, s. 34.
[4] See Tom Bingham, 'Lecture at Toynbee Hall on the Centenary of its Legal Advice Centre', in *The Business of Judging* (Oxford University Press, 2000), ss. 394–95.

bellemeklige jogapkär ministr bolup durýardy. 2003-nji ýyldan bäri ol kazy däl, 2005-nji ýyldan bäri bolsa kazyýet häkimiýetini hem dolandyrmaýar. Kazylary bellemekdäki orny hem ep-esli derejede peseldi. Ýöne 2005-nji ýyldan bäri Lord-Kansler Adalat meseleleri boýunça döwlet sekretarynyň ornuny eýeleýändir we adalat ulgamynyň bitewiligi boýunça esasy ministrlik jogapkärçiligini hem çekýändir. Ol häzirki wagtda hem, kazylar bilen ýygy-ýygydan duşuşyp durýar. Üstünde durlup geçen 2005-nji ýylyň Kanunynyň bölümlerinde sözüň kesgitli manysynda kazylar barada gürrüň edilýär, ýöne garaşsyzlyk diňe bir kazylara gerek bolman, eýsem gürrüňi edilýän ugurlarda çözgüt kabul edýänleriň ählisi üçin gerekdir.

Şu statut çeşmeler kazylaryň ministrlerden we hökümetden garaşsyz bolmalydygyny aýdyň görkezýär. Bu garaşsyzlyk ýörelgesi, hökümetden başga birinden ýa-da zatdan garaşsyz bolmagyny talap edýärmi? Hawa, talap edýär. Onuň içinde karar kabul edijileriň ýerli häkimiýetden, islendik görnüşli bähbitli maksatlardan, jemgyýetiň we parlamentiň pikirlerinden, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden, syýasy partiýalardan we gysmaga synanyşýan toparlardan, öz kärdeşlerinden, esasan hem özünden uly kärdeşlerinden garaşsyz bolmagyna çagyryş bardyr. Gysgaça aýdanymyzda, olaryň öňünden çykýan meseleleri hukuk ýa-da işiň esasyna laýyklykda çözmekden saklap, özleriniň işini ýerine ýetirýän hasaplap, başga bir görnüşde çözmäge mejbur etjek islendik adamdan ýa-da zatdan garaşsyz bolmalydyrlar. Egerde karar kabul edýän adamyň zähmet haky ýa-da wezipesinde bolmaly möhleti, özleriniň kararlaryna degişli adamlara bagly bolan bolsady, onda bu olaryň garaşsyzylygyna gönden-göni howp salardy. Egerde karar kabul edijiniň işde ösmek mümkinçiligi, onuň kararlarynyň hökümete ters gelýäni üçin mümkin däl boljak bolsa, onda bu hem onuň garaşsyzlygyna öňki belläp geçen howpumyz ýaly howp salardy (beýleki ýurtda bolup geçişi ýaly, ýöne soňky ýyllarda Beýik Britaniýada bu mümkin däldir).

Garaşsyz adwokaturanyň bolmagynyň ähmiýeti, garaşsyz kazyýet ulgamynyň ähmiýetinden pes däldir. Çünki olar, nä derejede halanmaýan we ýigrenilýän hem bolsa özüne wekilçilik edip bilmeýänlere gorkusyz wekilçilik edýärler.

Karar kabul edýäniň garaşsyz bolmagynyň talaby, onuň bitarap bolmagy bilen ýakyndan baglydyr. Ýewropa Konwensiýasy kazyýetiň hem garaşsyz hem-de bitarap bolmagyny talap edýär. Bu karar kabul edýän şahsyň meselelerini çözmekde mümkin bolan iň ýokary derejede bitarap çemeleşmelidigini we işiň esasy boýunça hukuky we delilli jogap bermäge taýýar bolmalydygyny aňladýar. Hakykatdan hem, garalýan işe üçünji taraplaryň täsirlerinden garaşsyz karar kabul edýän şahs, ähtimal bitarap bolup biler, ýöne ýene-de onuň pikirlerini üýtgedip biljek öz şahsy islegleriniň we ters pikirleriniň täsirinde galyp biler. Elbetde, karar kabul edýän kazylar we beýleki şahslar robot däl-de, adam bolanlygy üçin, olar hökmany ýagdaýda belli bir derejede özleriniň terbiýesiniň, tejribesiniň we geçmişiniň öňümi bolup durýarlar. Olaryň meseleleri çözmek üçin ulanýan akyllary arassa zygyr mata bolup bilmez. Ýöne olar özleriniň pikirlerine täsir edip biljek islendik keseki pikirleriň öňüni

almaga we güýç gaýyrman jan etmelidirler we egerde olar esassyzlygyň ýüze çykmagyna getirjek esassyzlygy ýa-da soraglary aňýan bolsalar, onda olar bu mesele boýunça çözgüt kabul etmekden ýüz öwürmelidirler. Bu zatlaryň ählisinde jenap Matýu Heýl (2-nji bapda bellenip geçilen) öz döwründen öňe gidipdi.

Taryhda, bu ýurtda kazylar bilen hökümetiň arasyndaky gatnaşyklar bu günkisine görä has ýakyndy we iň ýokary kazyýet weziplerini syýasy goldaw bilen bellenenler eýeleýärdi. Bu gün Beýik Britaniýanyň dünýäniň beýleki ýurtlarynda bolşy ýaly ussat we garaşsyz kazyýet ulgamy bar we bellenşikler giň gerimli maslahatlar geçirýän, ýöne syýasy wekili bolmaýan garaşsyz saýlama geňeşleriň hödürlemesi boýunça amala aşyrylýar. Bu kazyýetleriň bökdençsiz işlemegi üçin gerek bolan, administratiw derejede ýakyndan we dostlukly gatnaşyklaryň bolmagyna päsgelçilik döretmeýär, ýöne kazylaryň alýan kararlarynyň diňe özleri tarapyndan alýandygyny kepillendirýär.

Şu nukdaýnazardan üç sany görelge alarlyk hekaýa ýerlikli bolup biler. Olardan birinijisi Beýik Britaniýada 1928-nji ýylda edilen kanun çykaryjy teklip bilen baglydyr. Egerde bu teklip kabul edilen bolsady, ministriň pikiri boýunça düýpli hukuk meselesi ýüze çykan ýagdaýynda ol bu meseläni Ýokary kazyýete geçirmäge haky bolardy. Ýokary kazyýet bolsa özüniň ýerlikli hasaplan taraplaryny diňläp bu mesele boýunça çözgüt kabul ederdi.[5] Bu teklip Lordlar Palatasynyň kazyýet agzalarynyň dowamly ýerliksiz aýyplamalarynyň sebäbi boldy. Tankydyň düýp sebäbi bolsa kazylaryň biri tarapyndan (Lord Merriweýl) şeýle beýan edildi: “Bu Onuň aly hezretleriniň kazylarynyň işine degişli däl we hiç haçan olara degişli däldi, esasan hem, düzgünleşdirme kanuny kabul edileninden soň, ýagny, administrasiýanyň işine haýsy hem bolsa maslahat beriji hökmünde gatnaşmak; ýa-da administrasiýa maslahat bermeklige gatnaşmak.”[6] Teklibiň kemçiliklerini görmek kyn däl. Egerde kazylar, uly ähtimallyk bilen çak edilýän delillere esaslanyp, belli bir hereketleriň kanuny boljakdygyny hökümete habar berseler, onda olar özlerini bu mesele boýunça garaşsyz we tarapsyz çözgüt kabul etmekden mahrum edýärler. Esasan hem, haçanda garalawçy hakyky delillere esaslanyp bu hökmany hereketleriň kanuna ters gelýändigi barada dawa açan ýagdaýynda. Ýöne iň azyndan 1928-nji ýylda berlen teklip Ýokary kazyýetiň köpçüligiň öňünde we resmi beýan eden pikirini öz içine alýardy. Bolup biljek hereketleriň kanunylygy baradaky hökümet bilen kazyýetiň arasyndaky üsti açylmadyk çekeleşmäniň bolmagy makul bolmazdy. Şonuň ýaly hem, kazy kazyýet işini geçirmek hakyndan mahrum edilerdi, ýöne şol bir bada egerde kazy öz bähbidiniň bardygyny aýdyp, öz-özüni diskwalifisirlemedik bolsa, garalawçyň kazynyň garaşsyzlygyna we ýüzgörüjiliginden şübhe edip, dawa açmak üçin gerek maglumatlary bolmazdy. Bu nä derejede aýan hem bolsa, ýakynda bolan tejribe ministrleriň ählisiniň bu pursada düşünmeýändigini görkezýär.

Kazyýet ulgamynda syýasy bitaraplyk elmydama ýerine ýetirilmeýärdi we ol häzir hem ýerine ýetirilmeýär. Bu federal kazylaryň (şol sanda ýokary kazylaryň) we kazyýet

---

[5] Lord Hewart of Bury, seret, *The New Despotism* (Ernest Benn, 1929), s. 119.
[6] Ibid., s. 124.

agzalarynyň prezidentiň teklip etmegi we senatyň tassyklamagy bilen bellenilýän Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda has hem dogrudyr. Şeýlelik bilen, prezident özüniň syýasy garaýyşlaryna eýerýän kazylaryň bellenmegini üpjün edip bilýär. Kazy Brandeýs Prezident Wudro Wilsonyň kanun çykaryjy maksatnamasynyň baş arhitektory bolupdy. Ikinji Jahan Urşy döwründe kazy Frankfurter baş ýörelgesi we syýasat barada prezident Ruzwelt bilen günde diýen ýaly gürleşýärdi, şeýle hem prezidentiň çykyşlarynyň käbirlerini taýýarlamaga kömek berýärdi. Kazy Fortas Wýetnamdaky uruş, poladyň bahasyny galdyrmak we transport iş taşlaýşynyň öňüni almak baş ýörelgesi ýaly meseleler boýunça prezident Lindon Jonsona maslahat berýärdi.[7] Örän hormatlanýan jenap Ouen Dikson Awstraliýanyň baş kazysy wezipesinde bolan wagty (1952-1964), ol ştatlaryň gubernatorlaryna konstitusion meseleler boýunça maslahat berýärdi we 2003-nji ýylda Awstraliýanyň metbugatyna “indi örän ýerliksiz hasaplanjak” diýdirjek usulda, Arkalaşygyň hökümetine daşary syýasat boýunça maslahat berýärdi.[8] Biziň hemmämiziň bilşimiz ýaly Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda baş kazynyň bellenmegi ýiti syýasy çekelişigiň sebäbidir, Jorj Buşuň 2000-nji ýylda prezident saýlawlarynda üstünlik gazanmagyny üpjün eden “Buş Gora garşy” işi boýunça Ýokary Kazyýetiň kabul eden çözgüdi bolsa, “adaty syýasy tarapdarlygy äşgär etmek” diýip häsiýetlendirildi.[9] Britaniýada kanunyň hökmürowanlygy kazylaryň syýasy taýdan bitarap bolmagyny berk talap edýär.

Ikinji görelde alarlyk hekaýa (bu hakda maňa Oksforduň Häkimiýet boýunça Professory Wernon Bogdanor ýatladypdy), Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Ýokary Kazyýetiniň suw paýlanyşyk baradaky aýgytlaýjy, belkem raýat hukuklaryna degişli iň akly haýran ediji çözgüdine barabardyr: Braun Bilim geňeşine garşy[10], kazyýet döwlet mekdeplerindäki (ýagny hususy däl) jynsy segregasiýany konstitusion gurluşa ters diýip kabul eden wakasy. Şol döwür 1954-nji ýyldy we Eýzenhauer prezidentdi. Onuň terjimehal düzüjisiniň beýan edişine görä, kazyýet işi dowam edýän wagty,

> ol [Eýzenhauer] Uorreni [Baş kazyny], Braunelli [Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Baş prokurory], segregasiýanyň tarapdarlarynyň wekili bolup çykyş edýän aklawçy Jon U. Dewisi we başgada birnäçe hukukçyny öz ýanyna agşamlyk naharyna çagyrdy. Eýzenhauer öz sag tarapynda oturan Uorreniň ýanyna Dewisi oturtdy. Agşamlyk naharynyň dowamynda Eýzenhauer, Uorrreniň aýdyşyna görä, “Dewisiň nä derejede gowy adamdygyny aýdyp bermek üçin köp zada razy boldy”. Haçanda myhmanlar naharhanadan çykyp başlanlarynda, Eýzenhauer Uorreni elinden tutup, günortalylar barada şeý diýdi: “Bu adamlar erbet adamlar däl. Olary alada goýýan zat, mekdepde olaryň eýjejik gyzlarynyň ýanynda ýaşy geçen uly negrleriň oturmagydyr”.[11]

---

[7] Tom Bingham, ‘Judicial Ethics’, in *The Business of Judging*, p. 77; D. Edwards, ‘Judicial Misconduct and Politics in the Federal System: A Proposal for Revising the Judicial Councils Act)’, (1987) 75 Calif LR.

[8] Philip Ayres, *Owen Dixon* (The Miegunyah Press, Melbourne, 2003), ss. 235–8, 249–50, 258–9; we seret 121 LQR (2005), p. 158, sitata the Solicitor General for New South Wales in the *Sydney Morning, Herald, 21 iýun 2003.*

[9] Anthony Lewis, reviewing *The Nine: Inside the Secret World of the Supreme Court* by Jeffrey Toobin in *New York Review of Books*, 20 dekabr 2007, s. 61.

[10] *Brown v Board of Education of Topeka et al. 347 US 483 (1954).*

[11] Stephen Ambrose, *Eisenhower the President* (Allen and Unwin, 1984), s. 190.

Braunyň wekili çagyrylan ýa-da çagyrylmadyk bolsada agşamlyk naharynda ýokdy. Nähili hem bolsa, Uorren prezidentiň täsirine düşmän, çözgüdi Braunyň bähbidine kabul etdi. Ýöne elli ýyl geçeninden soň hem, prezident Eýzenhaueriň çaklaýşy ýaly şol eden hereketleri akyla sygar ýaly däldir. Ol kazyýetiň çözgüdine garşy durjak bolmady we hatda tersine onuň güýje girmegi üçin aýgytlaýjy işleri hem geçirdi, ýöne muňa garamazdan Uorreniň garaýşynda bu iki sany uly adamyň ýürekdeş gatnaşyklarynyň soňudy. Uorreniň jenaýat kazyýet işlerinde öz razylygyny bermezligi, birnäçe wagtdan soň Eýzenhaueri ol barada, meniň iň uly ýalňyşlygym "şol akmak köpeý ogly Erl Uorreni bellemegim" bolandyr diýmäge mejbur etdi.[12] Meniň pikir edişimä görä, Beýik Britaniýada ýerine ýetiriji häkimiýet tarapyndan kazyýet işiniň netijesine täsir etme şuňa meňzeş synanşygy örän köp ýyllaryň dowamynda bolan däldir.

Meniň üçünji görelde alarlyk hekaýam has ýakyn wagtlardan. Bu hekaýa içinde ady geçýän şahsyň – Lord Hardiniň Şotland kazyny, naýynsap hereket etmezligine we öz şahsyny tankyt etmäge sebäp bermezligine garamazdan, syýasy we kazyýet wezipelerin utgaşdyrmanyň duzaklaryny görkezýär.[13] 2000-nji ýylda kazy bolmazdan öň Lord Hardi, Şotlandiýanyň hukuk ulgamynda köneden gelýän abraýly edarada, Angliýada, Uelsde we Demirgazyk Irlandiýada Baş prokuratura meňzeş edarada hukukçy lord bolup işleýärdi. Hukukçy lord hökmünde ol Şotlandiýa baradaky kanunyň taslamasynyň (soňrasyndan ol 1998-nji ýylda Şotlandiýanyň namasy hökmünde kabul edildi we Şotlandiýa ygtyýarlyklaryň berilmegini göz öňünde tutýardy) Lordlaryň Palatasyndan geçirilmegine jogap berýärdi. Patyşalyga garşy anyk hereketleri ýerine ýetirilmegi barada kazyýet çözgüdiniň ýa-da kararynyň kabul edip bolmazlygy barada düzediş girizilmegi teklip edildi. Şeýlelik bilen kazyýetiň hökümete hökümini ýöretmäge mümkinçiligi bolmazdy. Lord Hardi Şotlandiýanyň kanunlary bu meselede sözüň doly manysynda aýdyňdyr we düzediş girizmeklik gerek däl diýip, bu düzedişe berk garşylyk görkezdi. Bu düzediş girizilmedi. Birnäçe ýyl geçeninden soň, Şotlandiýadaky kazyýet önümçiliginde taraplaryň biri, patyşalyga garşy anyk hereketleri ýerine ýetirilmegi barada kazyýet çözgüdini ýa-da kararyny kabul edip boljakdygyny dile getirdi. Kazy onuň tersine karar kabul etdi. Ol arza berdi. 2002-nji şol arza sereden kazylaryň biri Lord Hardini we arza kanagatlandyrylmady. Şol wagt taraplar Lord Hardiniň Lordlaryň Palatasynda eden ylalaşygy barada bilenokdylar we Lord Hardi bu barada aýtmandy. Ýöne haçanda arzaçy bu ýagdaýy öwrenende ol Lord Hardiniň öň bu meselä gatnaşygynyň bolmagy onuň adalatsyz hereket edmegine getirendigini we netijede kazyýet çözgüdini ýatyrandygyny esas tutunyp, şikaýat kazyýetiň çözgüdine garşy çykdy. Bu garaýyş 2005-nji ýylda şikaýat kazyýet tarapyndan kabul edildi we öňki çözgüdi ýatyrdy, şeýle hem bu Lordlaryň Palatasy tarapyndan hem kabul edildi. Eger-de Lord Hardi özüniň bu meselä gatnaşygynyň bardygyny başdan aýdan bolsa, şunuň ýaly mesele ýüze çykmazdy.

---

[12] Ibid.

[13] *Davidson v Scottish Ministers* [2005] SC (HL) 7.

Jenaýat işleri boýunça kazyýet önümçiligi

Jenaýat işleri boýunça adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugy, “her bir Britaniýaly raýatyň aýrylmaz hukugydyr” diýip häsiýetlendirilýär.[14] Şeýle hem, “jenaýat işinde aýyplanýan adalatly kazyýetiň öňünde jogap bermelidir we egerde ony adalatly kazyýet jogapkärçiligine çekmäge mümkinçilik bolmasa, onda ony kazyýet jogapkärçiligine-de çekmeli däldigi hakykatdyr” diýip bellenip geçilýär.[15] Şeýle hem, adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugy, “esasy düzüji we hökmanydyr” diýip häsiýetlendirilýär.[16] Kazyýet işiniň adalatlylygyny goramak üçin, hukuk ulgamy ýüzýyllaryň dowamynda ösüp we wagtyň geçmegi bilen özgerip geldi. Kazyýetiň (kazynyň we oturdaşlaryň) garaşsyz we bitarap bolmalydygy barada iki düzgüniň üstünde biz eýýäm durup geçdik. Üçünji düzgüne laýyklykda, kazyýet işi doly bolmasa-da, esasy bölegi we alnan çözgüdi köpçüligiň öňünde bolmalydyr. Beýik Britaniýada we (ýaýran düşünjäniň tersine) bütin Ýewropada ulanylyp boljak dördünji düzgün, aýyplanýan günäsi doly subut edilýänçä ol bigünä hasaplanýandygyndan ybaratdyr. Bu esaslara Ýewropanyň Konwensiýasy belli bir möçberli iň az hukuklary goşdy we olar Konwensiýa kabul edileninden soň işlenip düzülen hem bolsa, ondan öň olaryň hiç haýsysy Beýik Britaniýada belli däldi.[17] Aýyplanýana aýdyň we düşnükli görnüşde, haýsy jenaýat işinde gänäkärlenýändigi aýdylmalydyr. Oňa özüniň goragyny taýýarlamak üçin ýeterlik wagt we serişde berilmelidir. Oňa özüni goramaga ýa-da onuň öz aklawçysy tarapyndan wekilçilik edilmegine rugsat berilmelidir; egerde ol özüne hukuk wekilini hakyna tutmaga mümkinçiligi ýok bolsa, onda adalatyň bähbitleri muny talap eden ýagdaýynda oňa mugt aklawçy berilmelidir. Oňa öz garşysyna çykyş edýän şaýatlary sorag etmäge we özüniň şaýatlarynyň kazyýete gelmegine we olaryň öz bähbidine şonuň ýaly hem öz tersine beriljek görkezmeleriniň eşidilmegine mümkiçilik berilmeli. Eger-de kazyýet işi aýyplanýanyň düşünýän dilinde alnyp barylmaýan bolsa, onda terjimeçi kömek bermelidir. Onuň özüniň bähbidine boljak maglumatlary aýan etmäge haky bardyr, çünki olar garalawçy tarapy gowşadyp, onuň özüni güýçlendirýär. Meniň pikirimçe, bu hukuklaryň ählisi esasy hukuklar hökmünde adamlaryň köpüsini haýran galdyrar. Ýöne bu ugurda meseleleriň doly çözülmedik ýerlerem bar.

Egerde aýyplanýan, özüniň ýok ýerinde işi geçirilip, iş kesilip we jezasy berlen bolsa, näme etmeli? Beýik Britaniýada adaty düzgüne laýyklykda aýyplanýan kazyýet işine hökman gatnaşmalydyr (eger-de ol nädogry hereketi üçin çykarylmadyk bolsa), ýöne kazynyň aýyplanýanyň ýok ýerinde kazyýet işini başlap başlamazlyk boýunça çäkli ygtyýarlyklary bardyr, egerde kazyda aýyplanýanyň kazyýet işine öz erki boýunça gatnaşmaýandygyna

[14] *R v Bentley, decd*. [2001] 1 Cr App R 307, 334.
[15] *R v Horseferry Road Magistrates' Court, ex p. Bennett* [1994] 1 AC 42, 68, repeated in *Attorney General's Reference (No. 2 of 2001)* [2003] UKHL 68, [2004] 2 AC 72, 85, para. 13.
[16] *Brown v Stott* [2003] 1 AC 681, 719.
[17] Article 6(3) of the European Convention (Ýewropa konwensiýasynyň 6 (3) maddasy).

ynamy bar bolsa, şeýle hem aýyplanýan gatnaşmasa hem adalatly kazyýet işini geçiriljekdigine göz ýetirse, elbetde bu şert günäkälenýäne wekilçilik etjek aklawçynyň doly görkezme berilen ýagdaýyň daşynda ýerine ýetirilmegi örän şübhelidir.[18] Käbir ýurtlarda bu iş başgaçadyr. BBC-niň we Guardian-yň, hormatly (we hormatlanýan) hukuk boýunça teswirleýjisi Marsel Berlins, Ýewropa ýurduna (haýsy ýurtdygy belli däl) geleninde özüniň tussag edilendigini, şeýle hem özüne birnäçe ýyl mundan ozal onuň habary bolman kazyýet işiniň geçirlendigini, özüniň habary bolmadyk jenaýat işi boýunça ýyl kesilip, bir ýyllyk tussag edilme jezasynyň berlendigini habar berendiklerini aýdyp berdi.[19] Bu hökman kanunyň hökmürowanlygyna ters gelýär diýmek däl, egerde – örän uly egerde – şonuň ýaly şertlerde kazyýet işi geçirilip, ýyl kesilen şahsyň, saklanan wagty öňki kazyýet işi geçirilmedik ýaly, gaýtadan kazyýet işiniň geçirilmegine ýa-da arza berip, gaýtadan doly kazyýet işiniň geçirilmegine haky bar bolan ýagdaýynda. “Birnäçe gün gorag astynda saklananymdan soň, maňa arza ýazmaga mümkinçilik berdiler we işler nähili hem bolsa biraz düzeldi” diýip Berlins ýazýar, şeýlelik bilen onuň ýagdaýy gelen badyna tussag edilip jezasy hem ýerine ýetirlen ýagdaýa garanyňda erbet hem däldi. Ýöne hiç kimiň habary bolmadyk kazyýet işinde ýyl kesilip, şertli tussag edilmek mümkinçiligi, britan duýgylaryna (instinktlerine) ters gelýär. Tejribe ýüzünde has köp duş geleni üçin has ikuçly hasaplanýan ýagdaý, haçanda garalawçy tarap aýyplanýana peýdaly boljak we oňa bildirilmeli maglumatlary saklanynda ýüze çykýar, sebäbi garalawçy tarap maglumatlar aýyplanýana bildirilse jemgyýetçilik bähbitlerine ters geler diýip hasaplaýar. Mysal üçin, maglumatlary beren adamyň ady aýan bolan ýagdaýynda bu adama şahsy howp abanyp biler ýa-da gizlin polisiýanyň geçiren işleri barada ýa-da goranmaga degişli gizlin maglumatlary aýdyp biler. Ýa-da mysal üçin, çaga garşy zalym hereket edilen işlerde, jemgyýetçilik gulluklarynda bar bolan çaga degişli örän gizlin maglumatlaryň we olaryň çeşmesiniň üsti açylyp bilner. Şeýle işiň kynçylygy anykdyr: eger-de aýyplanýana maglumat bildirilmese onuň adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugy depelenen bolup biler, bildirilen ýagdaýynda bolsa jemgyýetçilik bähbitleri. Talap edilen ýagdaýynda kazy maglumatyň üstüni açyp boljakdygy ýa-da bolmajakdygy barada çözgüt kabul etmeli. Ýöne bu ýagdaýyň özi hem meselelidir, sebäbi goranýan tarap aýyplanýan tarapyň haýsy maglumaty gizläp saklajak bolýandygyny bilmeýär we delillendirilen garşy çykmaklygy taýýarlamakda kynçylyk çekip biler; ýa-da iň azyndan, olar kazydan talap edip bolýandygyny bilerler. Bu kazyýet işiniň aýyplanýanyň we onuň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilmeli we taraplaryň bilmeýän zatlary barada kazyda maglumat ýok diýen esasy ýörelgeden çetleşmäni aňladýar. Şunuň ýaly islendik çetleşme alada ederlik ýagdaýdyr. Eger-de kazy, seredilýän soraglaryň dogrudan hem aýyplanýana peýda berýändigine göz ýetirse, şeýle hem maglumatlaryň üstüniň açylmagy hakykatdan hem jemgyýetçilik bähbitlerine zyýan ýetirýän bolsa we maglumatyň bölekleýin ýa-da gysgaça beýany meseläni çözmeýän bolsa, onda kaza çözgüt kabul etmek örän kyn bolýar: eger-de aýyplanýana maglumatlar

[18] *R v Hayward* [2001] EWCA Crim 168, [2001] QB 862; *R v Jones (Anthony)* [2002] UKHL 5, [2003] 1 AC 1.
[19] *Guardian, 8 sentýabr 2008, s. 16.*

görkezilmeýän bolsa, onda geçirilýän kazyýet işi adalatly hasaplanyp bilinermi? Eger-de ol bu şeýle bolup biler diýip karar kabul etse, ol maglumatlary gizläp saklamaga rugsat berip, alnyp barylýan kazyýet işiniň adalatlylygyny gözegçilikde saklar. Eger-de ol bu şeýle bolup bilmez diýip hasaplasa, onda ol garalawçy tarapa maglumatlaryň üstüni açmaklygy buýrar we olar maglumatlaryň üstüni açmaly ýa-da işi dowam etdirmekden ýüz öwürmeli bolar. Bu islenilmeýän bir ýagdaýdyr, ýöne onuň Ýewropa Konwensiýasyna laýyklykda aýyplanýanyň adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugyna laýyk gelýär diýip hasaplanýar.[20]

Örän ýakynda bolup geçen bir iş[21], bu ýurtda asyrlardan bäri ulanylyp gelýän çetleşmäniň üstüni açdy. Bu iş täze ýyl mynasybetli gijeki şowhunlygyň ahyrynda iki adamyň ölümli atyşygynyň netijesinde ýüze çykdy. Işiň delilleri aýyplanýanyň tersinedi, ol adam öldüreninden soň galp pasport ulanyp Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gidipdi we yzyna gaýtarylanyndan soň soraglara jogap bermekden bütinleý ýüz öwürýärdi. Ýöne haçanda ol Old-Beýlide adam öldürmekde iki madda boýunça aýyplanyp, kazyýetiň öňüne çykanynda adaty bolmadyk iş geçirildi. Ýedi sany şaýat, aýyplanýanyň garşysyna şaýatlyk edendikleri bilnen ýagdaýynda, öz janlarynyň howp astynda boljakdygyny dile getirdiler. Bu ýedi şaýat arasynda aýyplanýany atyjy adam hökmünde tanan ýeke-täk şaýat bardy. Eger-de aýyplanýana ýyl kesilmeli bolsa, onda olaryň şaýatlyk etmegi hökmanydy. Ol özüniň şowhunlyga gatnaşandygyny, ýöne adam öldürilmezinden öň gaýdandygyny boýun alypdy. Şeýlelik bilen işiň netijesi tanamaklyga baglydy. Kazy şaýatlaryň gorkusynyň hakykydygyny kabul etdi we işiň dowamynda munuň bilen ylalaşdy. Şaýatlaryň howpsuzlygyny we buýruk bermesiz olaryň şaýatlyk etmegini üpjün etmek üçin, kazy birnäçe karar kabul etdi. Şaýatlar görkezmelerini ýalan at bilen bermelidiler. Şaýatlaryň öý salgylary we şahsy maglumatlary, şeýle hem olary tanamaga sebäp bolup biljek islendik maglumatlar aýyplanýandan we onuň wekillerinden gizlendi. Aýyplanýanyň aklawçysyna şaýatlara olary tanamaklyga sebäp bolup biljek soraglary soramak gadagan edildi. Şaýatlar görkezmesini perdäniň arkasynda berip, olary diňe kazynyň we oturdaşlaryň görmäge mümkinçiligi bardy. Şaýatlaryň hakyky sesleri kaza we oturdaşlara eşidilýärdi, aýyplanýana we onuň wekillerine bolsa tanap bilmezlikleri üçin üýtgedilen mehaniki ses eşidilýärdi. Aýyplanýanyň aklawçysy şaýatlary görüp bilýärdi ýöne oňa suratlandyrmaga haky ýokdy we dogry edip onuň bilen paýlaşyp bilmejek maglumatyny almakdan boýun gaçyrdy. Aýyplanýany tanatjak subutnamalaryň anyklygyna we dogrulygyna aýgytlaýjy derejede bagly işiň gidişiniň manysy, aýyplanýan tarapa bu işiň gidişine garşy çykmaga mümkinçilik bermezlikden ybaratdy. Muny bilmezden onuň goralmagyna başlanyp bilinmezdi. Soralmagy garaşylýan soraglary ("Siz aýyplanýany näçe wagt bäri tanaýarsyňyz? Siz onuň bilen nä derejede ýakyn tanyş? Siz onuň bilen nirede tanyşdyňyz?") bermäge rugsat ýokdy.

Öňden gelýän umumy kanunda goýulan (we Ýewropa Konwensiýasynda görkezilen) düzgüne laýyklykda jenaýat işi boýunça kazyýet işinde aýyplanýan kazyýetiň öňüne çykyp,

---

[20] *R v H* [2004] UKHL 3, [2004] 2 AC 134 esaslanýan Lordlar palatasynyn kararyndan alynan gysga bölek

[21] *R v Davis* [2008] UKHL 36, [2008] AC 1128.

beýleki tarapyň şaýatlaryny garşylyklaýyn sorag etmäge hukugy bolmalydyr. 2-nji bapda belläp geçişimiz ýaly Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Konstitusiaýasynyň altynjy Düzeltmesi muny kepillendirýär. Parlament ýaňy üstünde durup geçen Old-Beýlidäki kazyýet işiniň dowamynda, bu düzgüni üýtgetmek boýunça kanun çykaryjy karar kabul etmedi, ýöne ondan soň ol muny üýtgetdi. Ýöne kazy bu işde özüniň täze ýoly bilen ýöremedi: ol 1990-njy ýyldan bäri käbir kazyýet çözgütleri bilen bilelikde wagtyň geçmegi bilen ösen tejribe bilen gitdi. Şeýlelik bilen, ol örän gysga wagtda ýola salnan ugur bilen ýöredi. Ýöne seljermäniň netijesinde bu çözgütleriň hiç haýsysy şol sapar ulanylan işiň gidişine tassyklanylmady. Şeýlelik bilen, seredilýän işiň düýbünde duran sorag örän gysgady: ulanylan işiň gidişine aýyplanýany adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugyndan mahrum etdimi? Ilkinji derejeli kazysy muňa ýok diýip jogap berdi we arz-şikaýat kazyýeti hem bu jogap bilen ylalaşdy. Ýöne Lordlaryň Palatasy umumy hukuk ýa-da Ýewropa Konwensiýasynyň nukdaýnazaryna garanyňda onuň şeýle bolandygyny biragyzdan karar etdiler. Bu işiň gidişine görnetin kanunyň hökmürowanlygy bilen utgaşmaýardy, çünki ony kabul etmek üçin hiç hili kanuny esas ýokdy we bu hakykatda aýyplanýany adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugyndan mahrum edipdi. Şonuň üçin hem, aýyplanýanyň arzasy kabul edildi. Bu işe täzeden seredilmelidi, emma aýyplanýany adam öldüren şahs hökmünde görkezjek deliller bolman, ähtimal kazyýet seljermesini dowam etmäge mümkinçilik bolmaz.

## Raýat talap arzalary

Taryhda adatça, Beýik Britaniýada bolşy ýaly, raýat arzalarynyň taraplary kazyýet işinden öň doly taýýarlykly bolmaga mümkinçilikli bolýardy, we bu işiň gidişine il içinde “gizlin kazyýet işi” adyny aldy. Emma düzgünler soň üýtgedi. Häzirki wagtda raýat arzalary boýunça adalatly kazyýet işiniň talaplaryna laýyklykda, heniz kazyýet işi başlamazdan ozal taraplaryň ellerinde bar bolan ähli işlerini we oňa degişli maglumatlaryň ählisini aýan etmeli bolýarlar.

Kanunyň syýasatynyň talaby, kazayýet işine garamaklyk “kartlar açyk görnüşde” geçirilmelidir. Muny gazanmak üçin, birinjiden, arzaçydan nämelere esaslanyp arza berýändigi barada jikme-jik hat üsti bilen beýan etmegi talap edilýär. Ol kazyýet işinde arzasynda beýan eden işinden tapawutly iş barada çykyş edip bilmeýär. Jogapkär hem, öz gezeginde, näme üçin arza garşy çykýandygyny hat üsti bilen beýan etmeli. Ol ýöne bir arzadan ýüz öwürip, kazynyň we arzaçynyň pikirlerinde onuň goragy nämedi diýen sorag galdyryp bilmeýär. Edil şonuň ýaly hem, kazyýet işinden öň mälim eden gorag ugrundan başga goragy ulanyp bilmeýär. Şeýlelik bilen, kazyýetde “ilkinji ok atylmazdan” “söweş zolagy” belli bir derejede kesgitlenmelidir.

Ikinjiden, taraplar kazyýet işinde esaslanýan islendik resminamalaryny we öz işlerine ters täsir etjek islendik resminamalaryny, kazyýet işindäki islendik tarapa ters täsir etjek resminamalaryny ýa-da garşy tarapyň işine peýda berjek islendik resminamalaryny bir-birine

açmalydyrlar.[22] Bu örän möhüm işiň gidişindedir, çünki bu taraplaryň özüniň delillerini tassyklaýan resminamalary görkezip, özüne ters gelýän resminamalary saklamaga mümkinçilik bermeýär we seýrek bolmadyk ýagdaýlarda ýyllar geçip, taraplar tapawutly zatlar aýdan ýagdaýynda, şol döwürde düzülen ýa-da ýazylan hatlar, gündelik ýatlamalar, ýazgylar we teswirnamalar hakykata has ýakyn bolup durýandyr. Aklawçylar köplenç, adatça netijesiz hem bolsa, garşy tarapyň resminamalarynyň arasynda olaryň işini puja çykarjak bir-iki sany resminamanyň bolmagyny umyt edýärler, ýöne bu usul bilen äşgär edilen resminamalar örän gyzykly bolup biler we köplenç taraplar bu işiň gidişiniň nä derejede ýadadyjydygyna haýran galýarlar. Maglumatlar nä derejede şahsy hem bolsa, olary gizläp saklamaga rugsat berilmeýär.

Üçünjiden, häzirki günde geçmişdäki ulanylan tejribeden tapawutlylykda, taraplar kazyýet işine çagyrjak şaýatlarynyň görkezmelerini hem özara çalyşmalydyrlar. Sagat on birde duýdansyz gelip, ähli zatlary äşgär etjek gizlin şaýadyň günleri geçmişde galdy, telewizion sahnasy üçin uly ýitgi, emma adalat üçin bolsa uly ýeňişdir. Taraplaryň biri gizlin oturyp, garşy tarapy “gabawa salmaga” haky ýokdur.

Resminamalary bir-biriňe açmagy umumy düzgüninden käbir çäkli kadadan çykmalar bardyr, olaryň ikisiniň üstünde durup geçmek gerek. Birinjisi, käwagt “hünär ýuridiki aýratyn hukuk” diýip atlandyrylýan, bu şowsuz we nädogry berlen at, çünki ol aýratyn hukuk ýuridiki hünäre degişli ýaly görkezýär, hakykatda bolsa ol müşderä degişlidir. Bu maglumatlary äşgär etmekligiň kadasyndan çykmanyň maksady, müşderä berlen hukuk maslahatlarynyň hilini we gizlinligini goramakdan ybaratdyr. Öň belläp geçişimiz ýaly,

> bu kadadan çykmanyň maksady kazyýet işine gatnaşjak taraplaryň öz hukuk maslahatçylaryndan hiç zady gizlemän aýdyp bilmeklerini we maslahatçylaryň bolsa makul delillere esaslanyp dogruçyl we aç-açan maslahat bermeklerini üpjün etmekden ybaratdyr, ýagny kazyýet işi seredilen wagty bu maglumatlary garşy tarap ulanyp bilmez ýaly. Bu “hünär ýuridiki aýratyn hukugyň” düýp esasynda ýatan, müşderiniň we hukuk maslahatçysynyň arasyndaky gizlinligi goramakdyr ... [23]

Bu kadadan çykma müşderä degişli bolany üçin, ol mundan ýüz öwürip biler, emma hukukçy özüne degişli bolmany üçin ondan ýüz öwürmäge haky ýokdur.

Kadadan çykmany ulanmaga ikinji esas bolsa, haçanda taraplaryň birinde kazyýet işinde seredilýän soraglar bilen bagly maglumat bolup, elbetde düzgüne laýyklykda onuň üstüni açmak gerekdir, ýöne bu tarap şol maglumatlar äşgär edilen ýagdaýynda jemgyýetiň bähbitlerine zyýan ýetjekdigini aýdanynda ýüze çykýar.[24] Bu esas Jenaýat işleri boýunça kazyýet işiniň nukdaýnazaryndan seredip geçen esasymyza örän ýakyndan meňzeşdir we iki

---

[22] This broadly, is the effect of Part 31.6 of the Civil Procedure Rules. (Bu, esasan Raýat arzalara seretmek kadalarynyň 31.6 bölüminiň täsiri).
[23] *Ventouris v Mountain* [1991] 3 All ER 472, 475.
[24] Häzirki kada Paul Matthews and Hodge Malek QC in *Disclosure* –da düşnükli jemlenen (3rd edn., Sweet & Maxwell, 2007), ss. 327–45.

nukdaýnazardan hem indi ol “jemgyýet bähbitleriniň dahylsyzlygy” diýip atlandyrylýar ýa-da “JBD” diýip bellenilýär.

Elinde maglumat bolan tarap, onuň üsti açylan ýagdaýynda jemgyýete ýetjek zyýanyň, onuň açylmadyk ýagdaýynda adalata ýetjek zyýandan has agyr boljakdygyna göz ýetiren ýagdaýynda, ony äşgär etmezlik üçin arza berýär. Adatça kazy bu maglumaty öwreneninden soň (elbetde garşy tarap ony öwrenip bilmez), karar kabul etmelidir. Ol jemgyýetiň bähbitleriniň geçýän araçägini ölçemeli bolýar. Arzany kanagatlandyryp, maglumatlary äşgär etmekligi gadagan etmäniň netijesi, kazyýet işiniň doly bes edilmegine sebäp bolup biler. Ýöne kazy maglumatlary gizlin saklan ýagdaýynda adalata ýetýän zyýan, jemgyýete ýetjek zyýandan agyr diýip hasap etse, onda bu maglumatlaryň äşgär edilmeginiň kararyny alyp biler. Kazyýet işiniň maglumatlary äşgär edilmeden dowam etmegi, ýene-de bir amatsyz ýagdaýyň döremegine sebäp bolýar, çünki indi kazy bir tarapyň bilmeýän zadyny bilýär.

1977-nji ýylda çözgüdi kabul edilen hakyky işleriň biri, bu meseläni aýdyňlaşdyrýar.[25] NSPCC (ÇZÖMJ - Çagalara garşy zalym hereket etmegiň öňüni almak boýunça milli jemgyýet) bir enäniň öz çagasyny agyr kemsidýändigi barada habar alyp, onuň öýüne gözegçini iberýär. Gözegçi ene bilen gürleşip, çagany gözden geçirýär we esasly hiç bir zat tapmaýar, şeýlelik bilen ÇZÖMJ bu meselä seretmeýär. Ýöne çaganyň ene-atasy, düşnükli sebäplerden, arz edilmeginden örän göwnüçökgün we erbet täsir astynda galýar. Olar ÇZÖMJ-niň sowuk–salalygy üçin garşysyna kazyýete arz edýärler. Ýöne olaryň asyl maksady, habar beren adamyň kimdigini anyklamak bolup durýar. Emma ÇZÖMJ jemgyýetiň bähbiteriniň dahylsyzlygy kadadan çykmasyna salgylanyp, bu maglumaty äşgär etmekden ýüz öwürýär: çünki Jemgyýetiň çagalary goramak boýunça alyp barýan işi möhüm derejede zyýan çekip biler, sebäbi jemgyýetiň agzalary (olaryň arasynda maşgala agzalary, goňşylar, mugallymlar ýa-da dostlar bolup biler) özleriniň şahsyýetiniň hiç haçan äşgär edilmejekdigine göz ýetirmän maglumat berip bilmezler. Eger-de kabul edilişi ýaly, bu arza bilkastlaýyn hem bolsa ol ýörelgä ters bolmaýar. Şu işe sereden kazyýetleriň hiç haýsysy, şol sanda men hem (ÇZÖMJ-niň aklawçysy hökmünde) adamyň adyny äşgär edýän resminamany okamadym. Bu işiň iň soňky baryp ýeten sepgidi bolan Lordlaryň Palatasy hem bu işi ÇZÖMJ-niň bähbidine çözdi. Şeýlelik bilen adamyň ady äşgär edilmedi. Netijede ene-atanyň beren arzasy kanagatlandyrylmady.

## Köptaraplaýyn işler

Adaty manysynda jenaýat işi bolmaýan käbir kazyýet işleri bar, sebäbi aýyplanýan jenaýat işinde aýyplanmaýar we onuň bähbidine çözülmedik işiň netijesinde oňa jeza berilmeýär (belkide onuň özüne jeza bolup görnüp biler), ýöne şol

[25] *D v National Society for the Prevention of Cruelty to Children* [1978] AC 171.

bir bada, raýat kazyýet işlerine hem degişli däl (zyýan çekme, kazyýet karary esasynda gadagan edilme ýa-da arza). Has dogrusy mesele,ol ýa-da bu adam jemgyýete howply bolup bilermi, we bu sebäpli ony goragly ýerde saklamak ýa-da başga bir usulda azatlygyny çäklendirmek gerekmi diýen sorag bolýar. Adatça şunuň ýaly meseleler hakykatda çylşyrymly, ýöne hukuk taýdan adaty bolan soraglaryň nukdaýanazarynda döreýär, mysal üçin, mejbury ýagdaýda saklanýan ruhy taýdan kesselliniň, özüniň sagdygyny aýdyp keselhanadan çykmak islegi ýa-da şertli-wagtyndan öň boşadylmaga hukugy bolan, ýöne göýberilmegini talap etmäge hukugy bolmadyk tussag, özüniň erkinlige göýberilen ýagdaýynda onuň jenaýat işini işleme howpunyň ýokdugyny görkezmäge synanyşanda. Şunuň ýaly kazyýet işlerine seredilende, ol işiň adalatly bolmagyny üpjün etmek üçin, anyk ýagdaýlarda degişli işlere uýgunlaşdyrylan ýokarda beýan edilen ýörelgeler ulanylýar.

Hatda şertli-wagtyndan öň boşatma boýunça iş toparynyň geçirýän, tussag edilen adamy azatlyga göýberip boljakdygy baradaky ýygnaklary hem, ýaňy üstünde durup geçen meselelerimiz ýaly mesele ýüze çykaryp bilýär, ýagny, häkimiýet diňe iş toparynyň agzalaryna aýan ediljek sebäplere görä tussagy şertli-wagtyndan öň boşatmakdan ýüz öwürse we bu sebäpler ne tussagyň özüne ne-de onuň wekillerine belli edilmedik ýagdaýynda bolýar. Bu ýakynda bolup geçen Garri Robertsiň işiniň mysalynda beýan edilip bilner.[26]

Garri Roberts 1966-njy ýylyň dekabrynda üç madda boýunça adam öldürmekden kazyýet jogapkärçiligine çekildi, iki madda boýunça günäsini boýun aldy we üçünjisi boýunça ýyl kesildi. Pida bolanlar, şol ýylyň awgustynda Londonyň Şeperd Buş diýen ýerinde sowukganlylyk bilen öldürilen polisiýanyň işgärleridi. Bu jenaýat işi jemgyýetiň gahar-gazabyny oýardy we adamlaryň köpüsi ol hiç haçan azatlyga göýberilmeli däl diýen pikirdedi. Ýöne ilkinji derejeli kazysy onuň şol döwür üçin örän uzak möhlet bolan otuz ýyldan az bolmadyk möhlet bilen tussag edilmeldigini maslahat berdi we Içeri işler ministri bellenen tertibe laýyklykda Robretsiň doldurmaly jeza möhleti bolan otuz ýyllyk möhlet bilen tussag etmek kararyny aldy. Bu möhlet 1966-njy ýylda, Robertsiň altmyş ýaşynda doldy. 2000-nji ýylda şertli-wagtyndan öň boşatmak boýunça Geňeşiň maslahaty esasynda, Roberts açyk tussaghana geçirildi, bu azatlyga göýbermek üçin adaty başlangyç (we oňa taýýarlyk) bolup durýandyr. Şertli-wagtyndan öň boşatmak meselesine seredilip başlandy we 2001-nji ýylda Robertse onuň ömürlik tussag edilmeginden azatlyga çykarylmagyna onuň maslahat berýän resminamalaryň jemi görkezildi. Ondan soň garaşylmaýan ýagdaýda açyk tussaghanadan çykarylyp, goralýan tussaghana geçirildi. Oňa özüniň işiniň togtadylmagyna sebäp bolan ýöňkelýän günäler barada umumy maglumat berildi, ýöne ol günäkärlemeler tussag edilenler üçin ulanylýan jenaýat günäkärlemesi ýa-da tertip-düzgün kodeksine degişli däldi, hiç bir bäsleşik häsiýetli kazyýet seljermesinden geçirilmedi we Roberts olaryň ählisinden ýüz

[26] *R (Roberts) v Parole Board* [2005] UKHL 45, [2005] 2 AC 738.

öwüripdi. Şertli-wagtyndan öň boşatmak boýunça Geňeşiň işine taýýarlyk görülýän wagty, Içeri işler ministri (Robertsiň göýberilmegine garşy) geňeşe we Robertse käbir goşmaça maglumatlary äşgär etdi. Bu maglumatlar aýdylyşyna görä, Robertsiň açyk tussaghanada bolan wagty edilen ynama hyýanatçylykly hereket etmegi bilen baglanyşyklydy. Şeýle hem, Robertse geňeşiň garamagyna onuň özüne berilmejek maglumatlaryň beriljekdigi habar edildi. Bu işiň şu ýagdaýda ýerine ýetirilmeginiň sebäbi milli howpsuzlyk bilen baglanyşykly däldi: bu eger-de maglumatlar äşgär ediljek bolsa, ol maglumatlaryň çeşmesiniň howpsuzlygy bilen baglydy. Geňeş bu maglumatlary kabul etmegi, ýöne Robertse wekilçilik etjek ýörite bir aklawçynyň bellenmegini karar etdi. Ýörite aklawçy özi adaty däl ýagdaýda işlemeli boldy: Roberts gizlin maglumatlarda näme bardygyny bilmese hem, aklawçy ondan görkezme almalydy; ondan soň aklawça Robertse hiç zat aýtmazlyk şerti bilen gizlin maglumatlar görkezilmelidi; ondan soňra bolsa, gizlin maglumatalara garalanda Roberts we onuň aklawçylary gatnaşmaly däl hem bolsa, Robertsden görkezme alman oňa wekilçilik etmelidi. Roberts bu işiň gidişi barada arz etdi. Ol şertli-wagtyndan öň boşatmak boýunça geňeşiň şu işi şeýle ýagdaýda geçirmäge hakynyň ýokdugyny we egerde ol iş şu ýagdaýda geçirlen halatynda onuň adalatsyz boljakdygyny aýtdy.

Iş Lordlaryň Palatasyna ýetdi we ol ýerde birinji madda boýunça pikirler ikä bölündi, köplük geňeşiň işi şu şertlerde geçirmäge haky bar diýýärdi. Azlyk bolsa garşy çykdy. Ýöne şu wagtky mesele boýunça ikinji madda has dahyllydyr: iş meýilleşdirilişi ýaly dowam eden ýagdaýynda, bu iş seljermesi adalatly bolarmydy. Bu meselä örän düýpli garaldy we öňki kabul edilen çözgütlere salgylandy. Lord Dewli "adalatyň esasy ýörelgesine laýyklykda, kazy özünden öň taraplaryň görmedik maglumatlaryny onuň özi hem garamaly däl" diýip häsiýetlendirdi.[27] Lord Mustill "adalatyň ilkinji ýörelgesine laýyklykda, kazyýet işinde her bir tarap, kazyýet öz garaýşyny düzende göz öňünde tutup biljek taraplaryň bähbitlerine ters gelýän islendik maglumat boýunça subutnamalar we deliller bilen jogap bermäge mümkinçiligi bolmaly" diýip aýtdy.[28] Satrasburgda seredilen şertli-wagtyndan öň boşatmak boýunça Geňeşe degişli işlerde we Ýewropanyň birnäçe işlerinde şunuň ýaly çemeleşme ulanyldy.[29] Şu nukdaýnazardan, men Roberts barada onuň bähbidine ters kabul edilen çözgüt barada şübhämiň bardygyny beýan etdim, çünki ulanylan deliller ne onuň özüne, ne-de onuň kanuny wekillerine görkezildi we olar bu deliller barada öň hem eşitmändi, mundan başgada olara bu delillere ne garşy çykyp, ne-de puja çykarmaga mümkinçilik berildi. Bu ýagdaý Konwensiýanyň talap edýän prosessual adalatynyň düýpli borçlaryny üpjün edýän diýip kabul edip bilnermidi.[30] Lord Wulf üçin, mesele "şu anyk işde adalatyň

---

[27] *In re K (Infants)* [1965] AC 201, 237.
[28] *In re D (Minors) (Adoption Reports: Confidentiality)* [1996] AC 593, 603.
[29] *Roberts*, ýokarda seret (n. 26), parag. 16–17.
[30] Ibid., para. 19.

eldegrilmesiz iň az standartynyň bozulmagyna ýol berildimi?” soragyndan ybaratdy.[31] Ol şeýle diýdi: “Egerde bu iş gizlin maglumaty tussagyň özüne görkezmän ulanmak we şol bir bada onuň adalatly iş geçirmek hukugyny goramak mümkinçiligi bolman açylýan bolsa, onda tussagyň hukuklary has ýokary tutulmalydyr...”.[32] Lord Steýn diýseň gönümel gürledi: “Umuman [teklip edilen] işiň gidişine adalatly iş geçirilmegiň esasy häsiýetlerinden doly mahrumdyr. Şunuň ýaly düýpli meselede sowuk-sala garamaklyga ýol berilmeli däldir: aklawçynyň ýörite işiň gidişine ýönekeý adalatyň düýp manysyny çeýneýändir. Bu iş seljermesi ýöne bir hyýaly iş seljermesidir.”[33] Ol bu işiň gidişine kanunyň hökmürowanlygyna ters bolar diýip hasaplady.[34] Demirgazyk Irlandiýanyň öňki Lord-Baş kazysy Lord Karswell, maglumat berijileriň janyna howp saljak ýagdaýlaryň köpüsini başdan geçiren, işiň gidişiniň adalatlylygy barada çözgüt kabul ederden ir diýen pikiri dile getirdi, başga kazylar hem munuň bilen ylalaşdy,[35] ýöne mundan başgada, ol teklip edilýän işiň gidişiniň aklanardan adalatsyz boljak ýagdaýlaryň bolup biljekdigi bilen hem ylalaşdy.[36]

Bu çözgüt kabul edilenden soň, şertli-wagtyndan öň boşatmak boýunça Geňeş iş seljermäni gizlin maglumatlary yzyna gaýtaryp geçirdi we Robertsiň aklawçysy ony elinden gelişine görä gorady. Geňeş Robertsiň garşysyna düýpli netijeler çykaryp, ony boşatmazlygy maslahat berdi. Ýöne soň, bu waka telewizion sahnasy ýaly dowam etdi, näbelli ýerden ähli gizlin maglumatlar Robertse poçtanyň üsti bilen iberilýärdi. Kazyýet işinden soň, şertli-wagtyndan öň boşatmak boýunça Geňeş ýene-bir iş seljermesini geçirýär, ýöne bu sapar gizlin maglumat bolmansoň ýörite aklawçy hem gerek bolmaýar. Robertsiň aklawçysyna ilkinji sapar Robertse garşy görkezme berýän şaýatlary garşylyklaýyn sorag etmäge mümkinçilik berilýär. Geňeş bu sapar hem Robertsiň bähbitlerine ters gelýän netijelere geldi, ýöne ilkinji seljermede subut edilen diýip alnan iň agyr tassyklamalar kabul edilmedi. Bu waka möhüm maglumat aýyplanýandan gizlenip saklanýan ýagdaýda, adalaty üpjün etmek üçin ýörite aklawça bil baglamagyň howpludygyny görkezýär diýip pikir etmek mümkin.

Bu sapar başga ýazgy içi bilen hem bolsa, şu mesele täzeden ýüze çykýança köp wagt geçdi. 2005-nji ýylda kabul edilen Kanuna[37] laýyklykda, Içeri işler ministirne eger-de haýsam bolsa bir şahs barada terrorçylykly hereketlere gatnaşygynyň bardygyna şübhelenmäge esas bar bolsa, onda jemgyýeti terrorizm howpundan goramak maksady bilen ol şahsy gözegçilige almak barada buýruk çykarmaga ygtyýar berilipdi. Buýrugyň gözegçilikde bolan adamy kanuny esasda azatlykdan mahrum edip bilenokdy, ýöne öý tussagy şertlerine ýakyn derejedäki borçnamalary öz içine alyp bilýärdi: şeýlelikde gözegçilikdäki adamy elektron

[31] Ibid., para. 70.
[32] Ibid., para. 78.
[33] Ibid., para. 88.
[34] Ibid., para. 97.
[35] Ibid., paras. 19, 76–8, 83, 112, 144.
[36] Ibid., para. 144.
[37] Prevention of Terrorism Act 2005.

žeton dakmaga; görkezilen salgyda ýaşamaga; şol salgyda her gün uzak sagatlaryň dowamynda bolmaga; daşky aragatnaşyk serişdeleriniň ählisinden mahrum edilmäge; bellenen sebitiň daşyna çykmazlyga; Içeri işler ministrliginiň rugsat bermedik şahslaryndan başga hiç kim bilen görüşmezlige; we ş.m. borçly edip bolýardy. Bu çäklendirmeler bilelikde islendik adaty durmuşy islenmejek ýagdaýa getirip bilýärdi.

Bu buýruk çykarylandan soň, kazyýetde iş seljerilmesi geçirilip, kazy Içeri işler ministriniň çykaran buýrugynyň dogrudygy ýa-da ýalňyşdygy barada çözgüt çykarmalydy. Eger-de ýeterlik derejede esasly delil ýok bolan ýagdaýynda elbetde ol buýruk ýalňyş diýip yglan edilmelidi. Ýöne, kabul edilen kanuna we onuň düzgünlerine laýyklykda, eger-de ulanylýan maglumat jemgyýetiň bähbitlerine zyýan ýetirjek bolsa, onda gözegçilige alynjak şahsa we onuň aklawçylaryna hiç hili maglumat äşgär edilmeli däldi. Edil jenap Robertsiň işinde bolşy ýaly (ýöne bu sapar statutyň göniden-göni ygtyýarlyklarynyň çäklerinde), maglumatlary kaza bermek mümkindi, ýöne gözegçilikde saklanjak adamdan we onuň aklawçylaryndan saklanmalydy we bu maglumatlary öwrenmeklige olar gatnaşyp bilenoklardy. Gözegçilikde saklanjak adama wekilçilik etmek üçin ýörite aklawçy bellenip bilýärdi, ýöne elbetde bellenip geçilen örän ýokary çäklendirmeler goýmak şerti bilen. Şeýle hem, geçiriljek iş seljerilmesiniň gözegçilikde saklanjak adam üçin adalatlylygy barada mesele ýüze çykdy.

Gözegçilikde saklanjak adamyň inisiallary MB[38] diýip bellenen işleriň birinde, Içeri işler ministri özüne äşgär edilen işiň beýleki esasly işlerden "ýeňilendigini" kabul etdi, ýöne Howpsuzlyk Gullugynyň MB-niň terrorçylyk niýetleriniň bardygynyň ynamyna bil baglaýardy. Kazy: "Howpsuzlyk Gullugynyň ynamy doly ýapyk (ýagny gizlin) maglumata esaslanýar. Bu maglumatlary görmezden, MB-niň muňa garşy nädip çykyp biljekdigini pikir etmek kyndyr, bu maglumatlar oňa görkezilmese bu diňe bir esassyz delil bolup durýandyr" diýip belläp geçdi. Ol MB üçin adalatly iş seljermesi geçirilmedi diýen karara geldi. Appelyasion kazyýet ýörite aklawçynyň bellenmeginiň adalaty üpjün etmek üçin ýeterlik çäredigini aýdyp närazylygyny bildirdi.

AF-a[39] garşy bolan ikinji işde, kazy Içeri işler ministriniň AF-a garşy açan işiniň gizlin maglumatlardan ybaratdygyny we AF-yň özüne garşy açylan iş barada bilmeýändigini anyklady. Kazy AF-a onuň terrorçylyk işine dahyllylygy barada hiç hili anyk ýa-da esasly günäleme bildirilmändigi, şunuň ýaly günälemeleriň umumylaşdyrylmandygy, Içeri işler ministrliginiň AF-garşy başladan işiniň esasynyň oňa doly aýdylmandygy we polisiýanyň ony saklap sorag edeninden soňra, onuň haýsy kanuny bozandygyna düşünip biler ýaly, kanun bozma barada hiç hili günäleme bildirmändigi baradaky aklawçynyň delilleri bilen gürrüňsiz ylalaşdy.

---

[38] *Secretary of State for the Home Department v MB* [2006] HRLR 878, [2007] QB 415, [2007] UKHL 46, [2008] 1 AC 440.
[39] *Secretary of State for the Home Department v AF* [2007] EWHC 651 (Admin), [2007] UKHL 46, [2008] 1 AC 440.

*MB* we *AF* degişli iki iş hem Lordlaryň Palatasyna ýetdi. Işleriň ikisinde hem, kazyýetleriň Parlamentiň Kanunyna we Gizlin maglumatlary almagyň we ulanmagyň düzgünlerine laýyklykda hereket edendigi mälim zatdy, ýöne mesele Ýewropa Konwensiýasyna laýyklykda statut işiň gidişinesynyň gözegçilikde saklanjak bolýan adamlaryň adalatly iş seljerme geçirilmek hukugyna tersmi ýa-da däldigini anyklamakdan ybaratdy. Meniň özüm MB-niň we AF-iň işleriniň adalatly seljerilendigi bilen ylalaşmakda kynçylyk çekdim we kazylaryň köpüsi hem statut beýanynyň ähli işlerde bolmasa hem, adalatsyz işläp biljekdigi bilen ylalaşdylar. Şonuň üçin hem, netijeli çözgüt, bu beýany, onuň diňe adalatlylyk ýörelgesine laýyk gelen ýagdaýynda işjeň diýip ykrar edip boljakdygyndan ybaratdy. Kazyýetlere şu nukdaýnazardan işlere täzeden garamaklary maslahat berildi.

Şunuň ýaly işlerde ýörite aklawçylaryň ulanylmagy MB-niň, AF-iň we Robertsiň ýagdaýyna düşen adamlar üçin, olara berilýän goragy ýokarlandyryp biljekdigi bilen ylalaşyldy. Ýörite aklawçy hökümetiň esaslanýan subutnamalarynyň şübhelidigini, ynamsyzdygyny we kanagatlandyryjy däldigini subut edip biler. Bu kabul edildi.[40] Şahsa garşy açylan işiň esaslanýan maglumatlarynyň äşgär edilmegi howply boljak çylşyrymly ýagdaý üçin, bu konstruktiw jogapdyr. Ýöne biz üç zady gözden göýbermeli däldiris. Birinjisi, ýörite aklawçy bilen onuň bähbitlerini gorajak şahsynyň arasyndaky geň gatnaşyklardyr. Adatça aklawçy öz müşderisinden hiç bir zady gizlemeli däldir we özüne belli bolan zatlaryň ählisine esaslanyp, oňa dogruçyl we aç-açan maslahatlar bermelidir. Ýörite aklawçy şunuň ýaly hereket edip bilmeýär, çünki ol bähbitlerini goramaly bolan şahsynyň öňünde hiç hili jogapkärçilik çekmeýär. Bu Lordlar Palatasynda bellenip geçilişi ýaly, kanuna heniz nämälim gatnaşyklaryň görnüşidir.[41] Şeýle hem, bu käbirleriň belleýşi ýaly, örän amatsyz ýagdaýdyr.

Ikinjiden, Lord Baş kazy Wulfyň belleýşi ýaly, "Ýörite aklawçynyň ulanylmagy, özi hakynda gozgalan iş barada maglumaty bolmaýan adam üçin ýüze çykjak düýpli amatsyzlyklaryň dermany däldir."[42] Bu çenden geçme däldir. Käbir ýagdaýlarda şunuň ýaly işiň gidişine kazyýet işleriniň we kazyýet seljermeleriniň çekişme ýörelgesine zyýan ýetirýändir.

Üçünjiden, çenden aşa baha berilmesi mümkin däl ýöne eýýäm ýerine ýetirlen iş şundan ybaratdyr: adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugy "düýplidir we üýtgewsizdir"; egerde bir tarapa äşgär edilmedik maglumaty ulanmak bilen bu tarapyň adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugynyň arasynda düşünişmezlik döreýän bolsa, onda ol tarapyň adalatly kazyýet işiniň geçirilmek hukugy agdyklyk edýän güýje eýe bolmalydyr. Her bir äşgär edilmedik maglumat kazyýet işini adalatsyz edýän däldir. Bu ýerde dereje bilen baglanyşykly meseleler ýüze çykýar. Bähbitli bolmaýan çözgüt äşgär edilen zatlara esaslanyp aklanylyp biliner. Tarapyň bilmeýän zady, bilýän zadyna garanyňda möhüm bolman hem biler. Emma maglumatlaryň äşgär edilmezligi kazyýet işiniň adalatsyz bolmagyna getirse, onda kanunyň

[40] *M v Secretary of State for the Home Department* [2004] EWCA Civ 324, [2004] 2 All ER 863; *MB* and *AF*, ýokarda (nn. 38, 39).
[41] *R v H*, above (n. 20), para. 22.
[42] *M v Secretary of State for the Home Department*, ýokarda (n. 40), para. 13; *Roberts*, above (n. 26), para. 60.

hökmürowanlygy bozulýar. Birnäçe kazyýet seljermesinden soň AF-iň işi (beýleki iki iş bilen bilelikde) 2009-njy ýylyň fewral-mart aýlarynda Lordlaryň Palatasyna gaýdyp geldi. Arzany seljermek üçin dokuz Hukuk Lordlaryndan ybarat bolan topar döredildi we iýun aýynda olar çözgüt kabul etdi. Olar, prosessual adalatyň AF-iň ýagdaýyndaky adamyň özüniň garşysyna açylan iş boýunça öz aklawçysyna täsirli görkezme bermegi we özünde bolup biljek islendik goragy ulanyp bilmegi üçin, iş barada ähli maglumatlaryň bolmagyny talap edýändigini biragyzdan karar etdiler.[43] Şeýlelik bilen kanunyň hökmürowanlygy üstün çykdy.[44]

[43] *Secretary of State for the Home Department (Respondent) v AF (Appellant) and another (Appellant) and one other action (No. 3)* [2009] UKHL 28.

[44] Men şu bölümi 4 noýabr, 2008-nji ýylda Konstitusiýa we administratiw aklawjylara beren ‘Kazyýet işine adalatly seredilmegi’ leksiýama esaslandyrdym.

# 10

# Halkara kanunçylygynda hukugyň hökmürowanlygy

## (8) Hukugyň hökmürowanlygy halkara hukugynda we milli kanunçylykda döwletiň öz borçlaryna eýermegini talap edýär

Öň men halkara hukugyna “Milletleriň hukugy” hökmünde garalmagynyň tarapdary bolupdym. Bu düşündirme Gentili bilen Grotius dagylaryň pikirlerini şöhlelendirýän ýalydy we biri-birine boýun bolmaga ret edýän özygtyýarlyklaryň arasynda deňlik hakyndaky pikirleri kemala getirip, wekilleriň üsti bilen ylalaşyga gelmäge ýardam berip, oňa beýik ahlak häsiýetlerini peşgeş beren ýalydy. Häzir bolsa men, ol ýa-da beýleki sebäplere görä, bu kesgitleme ýaramaz bolmasa-da, ondan gaça durmagyň has netijeli boljakdygyna ynanýaryn. Halkara hukugy öz düzgünleri we edaralary bolan aýratyn we ykrar edilen kanunlaryň jeminden ybarat bolsa-da, ol, ilki bilen, aýratyn döwletleriň milli kanunlarynyň üstüni ýetirýän we olara hiç bir ýagdaýda ters gelmeýän hukuk kadalarynyň jemini emele getirýär; ol döwletiň kanunlaryndan aýratyn durmaýar-da, olar bilen deň ýörelgelere we maksatlara esaslanýar; şeýlelikde, hukugyň hökmürowanlygyny üpjün etmek edil milli derejesindäki ýaly, halkara derejesinde-de örän möhüm. Oňa laýyklykda, Britaniýanyň ministrleri tarapyndan hökmany berjaý edilmeli Ministrleriň Bitewi kanunynda ministrlerden “kanuna, şol sanda halkara hukugyna we ylalaşyklardan gelip çykýan borçlara eýermek” talap edilýär.[1]

2004-nji ýylyň awgust aýynyň 23-ine Howpsuzlyk Geňeşine beren hasabatynda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary hukugyň hökmürowanlygy baradaky konsepsiýa guramanyň esasy maksady hökmünde garapdyr. Ol şeýle belläp geçdi:

> Bu düşünje dolandyryş ýörelgesine degişli bolup, oňa laýyklykda ähli şahslar, döwlete degişli we hususy edaralar hem-de guramalar, şol sanda döwletiň özi deň derejede ulanylýan we tassyklanan hem-de adam hukuklary boýunça halkara kadalara we ülňülere laýyk gelýän kanunlaryň öňünde borçludyr. Ondan başga-da, hukugyň hökmürowanlygy, kanunyň öňünde deňlik, kanunyň öňünde jogapkärçilik, kanun ulanylanda adalatlylyk, häkimiýetiň bölünmegi, çözgütleri kabul etmäge gatnaşmak, hukuk kesgitliligi, bikanunçylykdan gaça durmak hem-de prosesual-hukuk aç-açanlygy ýaly ýörelgeleriň berjaý edilmegini üpjün etmek boýunça çäreler hem zerur bolýar.[2]

---

[1] “Ministerial Code”, July 2007, para. 1.2.
[2] S/2004/16, 23 August 2004, para. 6.

Bu kesgitlemäniň hiç bir bölegi biziň ulgamymyzda ulanylýan konsepsiýadan tapawutlanmaýar. Professor Wilýam Bişopyň beren kesgitlemesi hem ýokardakylara garşy gelmeýär. Ol “Hukugyň hökmürowanlygy” düşünjesi nämäni aňladýar?” diýlen soraga şeýle jogap berdi:

Takyk kesgitleme bolmazdan, meniň pikirimçe, biz bu konsepsiýanyň halkara gatnaşyklarda eden-etdilige däl-de, kanuna esaslanmak; güýç bilen düzgüne salmagyň ýerine kanuna esaslanyp düzgüne salmak; şeýle-de adamlaryň erkinligini we mertebesini goramakda hukugyň jemgyýetçilik maksatlary üçin bilelikdäki halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmak boýunça gural hökmünde ulanylyp bilinjekdigine we hökman ulanylmalydygyna göz ýetirmek ýaly ýörelgelerden ybaratdygy baradaky pikire gelip bileris.[3]

Ol Amerikan hukukçylarynyň birleşmesiniň öňki Prezidentiniň sözlerini getirdi:

Milletiň içinde hukugyň hökmürowanlygy ... ýüzlerçe hukuk kadalaryň, hukuk prosesleriň, kazyýetleriň, şeýle-de düzgün-tertibi, durnuklylygy, deňligi, azatlygy we şahsyýetiň erkinligini üpjün edýän beýleki edaralaryň bolmagy bilen baglanyşykly ... Milletleriň arasynda hukugyň hökmürowanlygy milletleriň özara bähbitli gatnaşyklaryny, halkara gatnaşyklaryny we aýratyn şahslaryň arasyndaky gatnaşyklary hukuk konsepsiýalaryň, ülňüleriň, edaralaryň we proseduralaryň üsti bilen düzgünleşdirýär.[4]

Bu bolsa halkara kanunçylygynda hukugyň hökmürowanlygynyň, köp ýagdaýlarda, içki düzgün-tertip bilen manydaşdygyny aňladýar. Bu garaýyş aşakdaky iki sany pikire esaslanýar. Professor Çestermanyň pikirine görä, “halkara hukugynyň hökmürowanlygy” döwletleriň we halkara hukugynyň beýleki subýektleriniň arasyndaky gatnaşyklarda hukugyň hökmürowanlygy boýunça ýörelgeleriň ulanylmagyny aňladyp biler.[5] Müňýyllygyň Jarnamasynda Birleşen Milletler Guramasynyň agza ýurtlary “halkara we milli gatnaşyklarynda hukugyň hökmürowanlygy ýörelgesine hormat goýmak, şeýle-de, degişli ýagdaýlarda Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasyna laýyklykda, Halkara Kazyýetiň çözgütleriniň agza ýurtlary tarapyndan berjaý edilmegini üpjün etmek” kararyna geldiler.[6]

Döwletiň içki ýagdaýy bilen bu meňzeşlik takyk bolmasa-da, meniň pikirimçe, ol biziň kanuny berk ýagdaýda berjaý etmegimiziň sebäbini düşündirýär. Şeýle-de bolsa, köpimiz şahsyýet hökmünde ähli kanuny çäklendirmelerden, ýagny salgyt tölemekden, ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmekden, meýilleşdirme üçin rugsatnamalary almakdan, bergileri tölemekden ýa-da goňşymyza ýamanlyk edendigimiz üçin jogapkärçilikden azat durmuşda ýaşamagy islärdik. Biz beýlekileriň bu çäklendirmeleri berjaý edýändigi üçin özümiziň hem olary kabul etmelidigimize düşünýäris, çünki şeýle çäklendirmelerden azat jemgyýetde ýaşamak amatly bolmazdy. Şonda, jemgyýet diýlen düşünje asla-da bolmazdy.

---

[3] W. Bishop, ‘The International Rule of Law’, *Michigan Law Review*, 59 (1961), sah. 553.
[4] Charles Rhyner, Opening Statement before Boston Conference on World Peace through Law, 27 March 1959.
[5] Simon Chesterman, ‘An International Rule of Law?’, *American Journal of Comparative Law*, 56/2 (2008), sah. 331–61, sah. 355.
[6] Millennium Declaration, GA Res 55/2, UN Doc A/RES/55(2) (2000).

Halkara ulgamy barada-da şeýle aýdyp bolar. Beýleki ähli döwletleriň berjaý etmeli kanuny çäklendirmelerinden azat bolmak aýratyn alnan bir döwlet üçin nähili özüne çekiji görünse-de, şol döwletler bu ýagdaýa köp wagtyň dowamynda çydamazdy, netijede, bu aýratyn döwlet halkara ylalaşyklar esasynda üpjün edilýän artykmaçlyklardan we goragdan mahrum edilerdi. Gazaply jemgyýet gazaply kanunlara çydamaýar.

Köp ýagdaýlarda, halkara kanunçylygy diýlen düşünjäniň ýokdugy bellenýär (bu hem, bir tarapdan dogry), onuň netijesinde bolsa, halkara hukugyna demokratik kanunçylyk edarasynyň tassyklamagy bilen berilýän legitimligiň (kanunylygyň) ýetmezçilik edýändigi barada aýdylýar. Meniň pikirimçe, bu pikir esaslandyrylan däl. Halkara hukugynda haýsam bolsa bir borjuň döwlet üçin hökmany bolmagyny üpjün edýän serişdelere talabalaýyk ýagdaýda derňelmedik, megerem, milli kanunçlyk tarapyndan doly derejede bölünmedik saýlaw esasynda tassyklanan çärä ýaly garap bolar. Bu döwletiň resmi ýagdaýda gol çeken we tassyklan ylalaşyklaryna degişli. Bu “kanun hökmünde kabul edilen umumy tejribäniň subutnamasy hökmünde halkara adaty” babatda dogry, çünki hukuk borjy hökmünde kanunlara örän giň manyda eýermek şertini aňsat ýagdaýda kanagatlandyryp bolmaýar. Bu “ösen milletler tarapyndan ykrar edilen hukugyň umumy ýörelgeleri”[7] babatda dogry, çünki bu ýörelgeleriň höküm ediş ygtyýarlyklary güýçlidir. Milli kanunçylygyň ylalaşygy ýatyryp bilmezligi, adaty halkara hukugynyň kadasyny ýa-da ösen döwletler tarapyndan ykrar edilen hukugyň umumy ýörelgesini ret edip bilmezligi, azyndan, ümsüm razylygyň subutnamasy hökmünde talabalaýyk ýagdaýda ulanylyp bilner.

Ýaňy-ýakynda ýazylan “Halkara hukugy” atly kitabynda, Şa zenanyň maslahatçysy, professor Wogan Low şeýle soragy goýýar: “Näme üçin adamlar halkara hukugyny berjaý edýär?”[8] Men bu soragyň ýüze çykmagynyň sebäplerine, ýagny adamlaryň, şol sanda döwletleriň halkara hukugyny berjaý etmegine ünsi çekesim gelýär. Onuň sebäbine düşünmek örän möhüm, çünki, hukukçylar we beýlekiler aňsat ýagdaýda kanuny bozmalar zerarly göz baglap hem-de hemişe we kanuny ýagdaýda bolup geçýän köpsanly şertleşikleri gözden düşürip bilýär. Döwletiň içinde harytlar satyn alynýar we satylýar, ýer geçirilýär, wesýetnamalar ýerine ýetirilýär we adamlar köçelerde arkaýyn gezýär, sebäbi kanun düşnükli, ony bozmak bolsa kanunalaýyklyk däl-de, kadadan çykma bolýar. Halkara derejesinde-de ýagdaý şoňa meňzeş; halkara hukugy bolsa, käwagt aýdylyşy ýaly, bozulan wagty däl-de, berjaý edilen wagty has sylanýan kodeksdir. Hakykatdan hem, professor Low tarapyndan bellenilmegine görä, “bu mesele boýunça bilimi we tejribesi bolmadyk şahsyýetleriň arasynda has ýaýran bu pikir düýbünden nädogry”.[9] Öz soragyna özi jogap berip, professor hiç bir daşky kanunçylyk edarasynyň haýsam bolsa bir döwleti halkara hukugyny berjaý etmegi mejbur etmeýändigini belleýär[10] we döwletleriň halkara hukugynyň

---

[7] Men Halkara Adalat kazyýetiniň Düzgünler ýygyndysynyň (Statute of the International Court of Justice, 1945) 38-nji maddasyndaky düşündirmelerden ugur aldym.

[8] *International Law* (Oxford University Press, 2007), sah. 18.

[9] Ibid., sah. 20.

[10] Ibid., sah. 19.

kadalaryna eýerýändiginiň we hemişe eýerip gelendiginiň esasy sebäbini döwletleriň hut özlerine laýyk gelýän kadalary ykrar edýänliginde görýär.[11] Bu eýeleriň däl-de, agzalaryň kadalary. Ondan başga-da, ol beýleki sebäpleri hem teklip edýär, olaryň arasynda ätiýaçlyk we endik zerarly, şeýle-de milletleri dolandyrýanlaryň arasynda we dünýä kanslerlerine maslahat berýän ýokary derejeli halkara hukukçylaryň arasynda garaýyşlaryň meňzeşligi zerarly ýalňyşmak ýaly sebäpler görkezilýär.[12]

Ähli döwletleriň halkara hukugyň kadalaryny berjaý etmeginiň iň esasy sebäbi bu kadalary ýerine ýetirmegiň ýokary derejede möhümliginden ybarat. Duglas Hördyň bu barada belläp geçen pikirini professor Low özüniň 1997-nji ýylda ýazan kitabynyň başynda getirdi:

> Döwletler ygtyýarsyzdyrlar. Olaryň hiç biri, hatda häzirki wagtda ýeke-täk beýik döwlet bolan Amerikanyň Birleşen Ştatlary hem öz raýatlarynyň zerurlyklaryny doly derejede kanagatlandyryp bilmeýär. Şeýle ygtyýarsyzlygyň derejesi bu asyryň dowamynda has aýdyňlaşdy. Hökümetleriň howpsuzlygy, ösüşi ýa-da amatly şertleri üpjün edip bilmezligi halkara kadalaryň, maslahatlaryň we edaralaryň aglaba bölegini ýüze çykmagyna getirdi; güýçli, emma ygtyýarsyz döwlet bilen baglanyşykly soraga döwletleriň hiç biriniň aýratynlykda ýetip bilmejek ähli maksatlaryna ýetmek ugrunda olaryň arasynda netijeli hyzmatdaşlyk ýeke-täk jogap bolup hyzmat edýär.[13]

Meniň pikirimçe, halkara hukugynyň iň irki kadalaryny döwletleriň şahsy bähbitlerine, edilmeli zady etmek zerurlygyna (bu ýerde men ylalaşyk borçlaryny berjaý etmekligi, deňligi we özygtyýarlylygyň eldegrilmesizligini ýa-da diplomatik wekilleriň eldegrilmesizligini üpjün etmekligi düzgünleşdirýän kadalary göz öňünde tutýaryn), şeýle-de käbir meseleleri diňe birnäçe döwletiň gatnaşmagynda has netijeli ýagdaýda çözüp bolýandygyna (mysal üçin, deňiz galtamançylygy) göz ýetirmek bilen baglanyşdyryp bolar. Emma, wagtyň geçmegi bilen meseläni milli derejede netijeli çözüp bolmaýan birnaçe ýagdaýlar ýüze çykdy. 1865-nji ýyldan başlap telekommunikasiýalaryň, 1874-nji ýyldan başlap poçta hyzmatlarynyň halkara derejede düzgünleşdirilişi onuň iki sany mysalydyr. Ýükleriň halkara deňiz geçirilişi ýene bir mysal: gämileriň eýeleri, gämini kireýine alyjylar, ýüki ugradyjylar we ýüki alyjylar degişli portlardaky hukuklara we borçlara esaslanman, mümkin bolandan köp derejede ýükleme portunda, ýük düşürme portunda we islendik ortalyk portunda şol bir hukuklardan peýdalanmaly we şol bir borçlary öz üstüne almaly. 1924-nji ýylyň Gaaga düzgünleri, şeýle-de 1968-nji ýylyň Brýussel teswirnamasy tarapyndan oňa goşmaçalar hem şundan gelip çykýar. Howada ýük daşamalary boýunça 1929-njy ýylyň Warşawa konwensiýasy, onuň 1955-nji ýyldaky Gaaga goşmaçalary we 1999-njy ýylyň Monreal goşmaçalary hem şundan gelip çykýar. Ýükleriň awtomobil ulaglarynyň üsti bilen halkara derejede geçirilmegi boýunça şertnama hakynda 1956-njy ýylda Ženewa şäherinde kabul edilen, häzirki wagtda bolsa

[11] Ibid.
[12] Ibid., sah. 21–2.
[13] Douglas Hurd, *The Search for Peace* (Warner Books, 1997), sah. 6.

Günbatar Ýewropanyň awtomagistrallaryna öz täsirini ýetirýän Konwensiýa hem şundan gelip çykýar.

Bu mysallar wajypdyr. Olar Lord Mensfildiň söwdany ösdürmek üçin maýa goýujylaryň we telekeçileriň diňe bir Beýik Britaniýada däl, eýsem daşary ýurtlarda-da özleriniň ýagdaýyny gowy bilmelidigi hakyndaky garaýşyny (3-nji bölümde getirilen) beýan edýär. Emma, bu mysallar näçe möhüm hem bolsa, olar milli meseleleri çözmekde halkara hyzmatdaşlyga bolan häzirki wagtyň zerurlygyny kän bir şöhlelendirmeýär, ýagny bu meseleler bir döwlete-de, şol bir wagtda birnäçe döwlete-de öz täsirini ýetirip biler, bu ýagdaýda olary diňe bilelikde çözüp bolýar. Men olaryň diňe birnäçesini gysgaça belläp bilýärin.

Taryhdan belli bolşy ýaly, Ikinji Jahan urşy tamamlanyp barýarka, 1944-nji ýylda Bretton-Wuds şäherinde geçirilen maslahatda Beýik döwletler uruşdan soň halkara ykdysady durnuklylygyň esaslaryny esaslandyrmak kararyna geldi, bu hereket bolsa Halkara pul gaznasynyň we Bütindünýa bankynyň döremegine, şeýle-de bellibir ýagdaýda Tariflar we söwda barada Umumy ylalaşygyň baglaşylmagyna getirdi. Bu ýerde ösüşi üpjün etmegi, garyplygyň garşysyna göreşmegi we ýaşaýyş-durmuş şertlerini ösdürmegi maksat edinýän möhüm, netijeli we berk ýagdaýda gözegçilik edilýän halkara shemalar düzülip, olar Maýa goýumlar bilen baglanyşykly jedelleri çözmek boýunça halkara merkezi we Maýa goýumlary üpjün etmek boýunça köptaraply gulluk tarapyndan berkidildi. Ýewropa bileleşigi we Karib täjirçilik jemgyýeti ýaly sebitleýin halkara guramalaryň maksatlary bellibir derejede meňzeşdir. 2007-2009-njy ýyllarda amerikan ipoteka bazarynyň çökmegi zerarly bazaryň düşen agyr ýagdaýynyň halkara edaralary dolandyrmak we karz bermek tejribesi boýunça häzir bar bolan halkara gözegçiligi güýçlendirmegi maksat edinýänleriň hereketlerini güýçlendirip biljekdigini çak edip bolýar.

Bir kanunçylygyň çäginde jenaýatçylyk işini eden şahslaryň tutulmazlyk maksady bilen başga kanunçylygyň hereket edýän çägine gitmäge synanyşmagy täzelik däl. Şeýle jenaýatçylary olaryň jenaýat eden döwletine bermek boýunça ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň (adatça, ikitaraplaýyn esasda käbir kadadan çykmalar bilen) baglaşylmagy hem täzelik däl. Emma, iri jenaýatçylary tutmaga we kazyýete çekmäge bolan talap aşakdaky sebäpler zerarly has berkedi: işewürligiň häzirki zaman serişdeleriniň we habarlaşmak üçin serişdeleriň kömegi bilen bir döwletde edilen jenaýatyň zyýanlarynyň başga döwlete ýetilmeginiň aňsat bolandygy; genosid, gynama we harby jenaýatlary edýänlere bolan ýigrenç; we jenaýatlar milli serhetler bilen çäklenmeýän hem-de terrorçylar diýlip atlandyrylýan jenaýatçylaryň halkara derejedäki ýetirýän zyýanlary. Serhetara meseleleri çözmek üçin serhetara çözgütler kabul edilmeli, olar bolsa diňe hökmany halkara kadalaryň yzygiderli toplumy bilen üpjün edilip bilner. Şeýlelik bilen, mysal üçin, Ýewropa bileleşiginiň agza döwletleriniň biri-birine jenaýatçylary bermek boýunça amatly serişdeleri (Tussag astyna almak boýunça Ýewropa orderi), ýagny kazyýet çözgütlerini çykarmagyň azatlygyny üpjün edýän ulgamy işläp düzýär; bu serişdeler esasynda jenaýatçylary ugratmak işi, öňki

kadalara garanda, has tiz we aňsatlaşdyrylan ýagdaýda amala aşyrylýar.[14] Bolup geçen ýerine bagly bolmazdan, genosid, gynamalar, harby jenaýatlar ýaly agyr jenaýat işlerine garamak üçin milli kazyýetleriň ýurisdiksiýalaryny giňeltmek boýunça ylalaşyga gelnendigi hem geň galarlykly däl. Birleşen Milletler Guramasynyň başga hiç ýerde garalmajak juda agyr jenaýat işlerine garamak üçin Halkara jenaýatçylyk kazyýetini we öňki Ýugoslawiýada hem-de Ruandada edilen agyr jenaýat işlerine garamak üçin ýörite tribunallary döredýändigine hem geň galmaly däl. Birleşen Milletler Guramasynyň özüniň agza döwletlerini terroçylyk belasyna garşy göreşmek boýunça çäreleri görmäge çagyrýandygy hem geň däl.

Eger halkara hyzmatdaşlyk – bu serhetara jenaýatçylyk işlerine garşy alnyp barylýan üstünlikli hereketleriň esasy bolsa, onda daşky gurşawy goramagyň netijeliligini hem üpjün etmek iňňän wajyp bolýar. Bu ýerde daşky gurşawy goramak seýrek tebigy baýlyklarynyň goralmagyny (mysal üçin, balyklar), şeýle-de bir döwletiň işiniň beýleki döwletiň hapalanmagyna ýa-da, ilkinji nobatda, atmosfera uglerodyň zyňylmagyna getirýän ýagdaýlaryna garalmagyny aňladýar. Bu meselelerde dürli döwletleriň bähbitleriniň bellibir derejede biri-birine garşy gelýändigini belläp bolar. Çünki, ähli döwletler islän zadyny tutmaga hukukly bolan ösen balykçylyk flotuna eýe bolmagy isleýär. Ähli döwletler çäklendiriji ekologik gözegçiligi ýok bolan ýokary girdejili işi ýola goýmagy isleýär. Ähli döwletler özleriniň ösüş derejesini, şeýle-de, öz raýatlarynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini saklamagy we ýokarlandyrmagy isleýär. Emma, şol bir wagtda olar balyk gorlarynyň bellibir derejä çenli azalan ýagdaýda ähli döwletleriň ejir çekjekdigine; döwletiň daşky gurşawy hapalamaga bolan erkinliginiň onuň başga bir döwlet tarapyndan hapalanmagyna hem getirip biljekdigine düşünýär; şeýle-de her bir döwlet howanyň üýtgemegine gözegçilik etmek üçin zerur bolan talaplary, ilki bilen, özi ýerine ýetirmese, olary hiç bir döwletiň ýerine ýetirmejekdigini bilýär (ýa-da bilmeli). Ondan başga-da, meniň pikirimçe, howanyň üýtgemegine garşy netijeli çäreler halkara esasda durmuşa geçirilmese, Keýnsiň “biziň hemmämiziň ýok boljagymyz” baradaky aýdan pikiriniň täze mana eýe boljakdygyna ähli döwletler düşünýär.

Hatda bu gysgaça we tamamlanmadyk pikir adam hukuklarynyň halkara derejesinde goralmagy bilen baglanyşykly meselä uly ähmiýet berýär. Men bu halkara derejesindäki goragy, azyndan, bäş sany sebäp üçin örän möhüm hasaplaýaryn. Ilki bilen, ol ähli döwletlere degişli bolmadyk, emma dünýä döwletleriniň aglaba bölegi tarapyndan uly mana eýe bolýan gymmatlyklara esaslanýar. Her adamyň kesgitli esasy, käbir ýagdaýlarda bolsa hiç hili şertsiz hukuklara we azatlyklara hukugynyň bolmagy hakyndaky pikire, megerem, hukugyň hiç bir beýleki pudagy gönüden-göni ýagdaýda ahlak esasda daýanmaýar.

Ikinjiden, şeýle halkara gorag degişli derejede täze, Ikinji Jahan urşundan soň döräň hadysa bolup, ol Ýewropanyň we Amerikanyň konwensiýalary, şeýle-de Aziýa we Arap

---

[14] Ser. *King's Prosecutor, Brussels, Office of the v Cando Armas* [2005] UKHL 67, [2006] 2 AC 1; *Dabas v High Court of Justice in Madrid, Spain* [2007] UKHL 6, [2007] 2 AC 31; *Pilecki v Circuit Court of Legnica, Poland* [2008] UKHL 7, [2008] 1 WLR 325; *Caldarelli v Judge for Preliminary Investigations of the Court of Naples, Italy* [2008] UKHL 51, [2008] 1 WLR 1724.

düzgünnamalary ýaly sebitleýin edaralardan tapawutlylykda, 1948-nji ýylyň Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasy esasynda döredilip, 1966-njy ýylyň Raýat we syýasy hukuklary, şeýle-de Ykdysady, jemgyýetçilik we medeni hukuklar baradaky halkara paktlary, Jynsy boýunça hukuklary kemsitmegiň islendik görnüşini ýok etmek (1966-njy ýyl), Aýallaryň hukuklaryny kemsitmegiň islendik görnüşini ýok etmek (1979-njy ýyl) we Çagalaryň hukuklary (1989-njy ýyl) baradaky konwensiýalar tarapyndan amala aşyrylýar. 1945-nji ýyldan öň bolan şeýle gorag köp derejede milli esasda ýaýradylypdy.

Üçünjiden, adam hukuklarynyň halkara derejesinde goralmagy bilen hukugyň hökmürowanlygynyň arasynda baglanyşygyň bardygy has aýdyňlaşýar. Diňe 1996-njy ýylda Howpsuzlyk Geňeşi rezolýusiýanyň öňde goýlan böleginde hukugyň hökmürowanlygy meselesine gönüden-göni salgylandy;[15] ýöne şondan soň hem ol bu işini dowam edip gelýär. Şol bir wagtda, Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti hukugyň hökmürowanlygy meselesine bolsa 1975-nji ýylda salgylandy[16] we şondan bäri bu işi yzygiderli dowam edip gelýär. 2007-nji ýylda Kazyýetiň 28 sany çözgüdi hukugyň hökmürowanlygy bilen baglydy, 2008-nji ýylyň diňe ýanwar we fewral aýlarynda bu mesele boýunça çykarylan çözgütleriň sany 10-a ýetipdi.[17] 2007-nji ýylyň noýabr aýynyň 22-sine çykaran çözgüdinde Kazyýet "demokratik jemgyýetiň iň esasy ýörelgeleriň biri bolan hukugyň hökmürowanlygynyň Konwensiýanyň ähli maddalaryna mahsusdygyny" yglan etdi.[18] Haýal başlangyçdan soň, Ýewropanyň Adalat kazyýeti 1969-njy ýylda "jemgyýet hukugynyň umumy ýörelgelerinde berkidilen we Kazyýet tarapyndan goralýan esasy adam hukuklaryna" resmi däl ýagdaýda salgylandy.[19] Şondan soň Ýewropa Konwensiýasy esasy hukuklary kesgitlemekde esasy we merkezi orny eýeledi[20] we Ýewropanyň Adalat kazyýetiniň kazysy (Antonio Tissano) "esasy hukuklara, konstitusionalizme, demokratiýa we hukugyň hökmürowanlygyna esasy ýörelge we gymmatlyk hökmünde garaýan jemgyýetiň kesgitleýji häsiýetleri" barada ýazdy.[21]

Dördünjiden, adam hukuklarynyň halkara derejesinde goralmagy hukugyň hökmürowanlygy üçin möhümdir, çünki milli kazyýetler halkara hukugynyň meselelerini kesgitlemek işine uly derejede çekilýär. Galyberse-de, bu ulgamda aýratyn alnan arz edijiler örän möhüm orny eýeleýär, çünki olar halkara hukugynyň täsir ediş çäginiň döwletara gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek bilen çäklenýändigi hakyndaky köne pikiri ýalana çykarýar.

Milli we halkara hukuklaryň arasynda uly tapawudyň bardygy hakyndaky pikir adaty halkara hukugynyň milli hukuga çendenaşa çekilmegi (bu ýagdaý Partiýa Kongresiniň Lordlar palatasy tarapyndan goldanylan "Trendeks Treýding" ("Trendtex Trading") korporasiýasy

---

[15] Chesterman, 'An International Rule of Law?', sah. 348.
[16] *Golder v United Kingdom* (1975) 1 EHRR 524, para. 54.
[17] Kazy Mark Villigeryň 2008-nji ýylyň mart aýynyň 28-ne Gaagada ilkinji gezek geçirilen Ýerli kazyýetlerde halkara hukugy boýunça ýygnakda sözlän sözi, para. 2(a) we (b).
[18] *Ukraine-Tyumen v Ukraine*, 22 November 2007, para. 49.
[19] *Erich Stauder v City of Ulm-Sozialamt* [1969] ECR 419, para. 7.
[20] Antonio Tizzano, 'The Rule of the ECJ in the Protection of Fundamental Rights', in A. Arnull, P. Eeckhout and T. Tridimas (eds.), *Continuity and Change in EU Law: Essays in Honour of Sir Francis Jacobs* (Oxford University Press, 2008), 126–38, sah. 138.
[21] Ibid., sah. 138.

bilen Nigeriýanyň Merkezi banky boýunça Şikaýatnama beriş kazyýetiniň çözgüdi tarapyndan beýan edilýär)[22] (general Pinoçetiň iňlis kazyýet-lukmançylygy barlagynda ilkinji gezek görünmegi),[23] şeýle-de milli kazyýetleriň halkara derejesindäki meseleleri çözmäge häli-şindi gatnaşmagy babatda garşy gelýär. Halkara hukugy boýunça Maýkl Körbi barada 2008-nji ýylyň 24-nji iýunynda geçirilen[24] örän gyzykly umumy okuwda professor Jeýms Krowford Lordlar öýüniň we Awstraliýanyň Uly kazyýetiniň 1996-2008-nji ýyllar aralygynda, ýagny kazy Körbiniň Uly kazyýetde işlän ähli döwründe geçirilen işleri deňeşdirdi. Onuň barlagy Lordlar palatasynyň şol döwürde halkara hukugy bilen baglanyşykly meselelerde 49 sany ýagdaýda çözgüt çykarandygyny görkezdi. Onuň derňewine laýyklykda, bar bolan meseleler aşakdaky ýagdaýda bölündi:

| | |
|---|---|
| • ylalaşyk hukugy bilen milli hukugynyň arasyndaky gatnaşyk | 7 |
| • adaty halkara hukugy bilen milli hukugynyň arasyndaky gatnaşyk | 1 |
| • ylalaşyga düşündirme bermek | 5 |
| • döwlet eldegrilmesizligi | 4 |
| • Bosgunlaryň derejesi hakyndaky Konwensiýa boýunça borçlar | 8 |
| • adamyň beýleki halkara hukuklary | 1 |
| • jenaýat eden şahslary öz döwletine ugratmak | 6 |
| • çäkden daşary ýurisdiksiýa | 3 |
| • beýlekiler | 3 |

Onuň soňky bölümi (beýlekiler) ýaragly güýçlere daşary ýurtlarda alnan zeperler üçin öwezini dolmagy, arbitraž çözgüdine garşy çykmagy we Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýeti bilen milli kanunyň arasynda gapma-garşylyklaryň bolmagy ýaly ýagdaýlary öz içine alypdyr. Bu ýere Ýewropa jemgyýetiniň kanunçylygyna degişli bolan çözgütler degişli edilen bolsa, olaryň umumy sany has köp bolardy.

Deňeşdirme işini geçirmek maksady bilen, professor Krouford iki sany kazyýetde garalan dört sany meselä bolan her kazyýetiň jogabyny gözden geçirdi. Deňeşdirmäniň netijesi häzirki maksatlar üçin möhüm däl, emma, bu ýerde garalýan meseleler, meniň pikirimçe, wajyp, sebäbi olar milli kazyýetleriň çözgütlerinde ýüze çykýan halkara hukugy bilen baglanyşykly meseleleriň derejesini görkezýär. Olaryň biri 1951-nji ýylyň Bosgunlaryň derejesi hakyndaky Konwensiýasynyň 1(A) maddasyna laýyklykda, yzarlama üçin esas hökmünde “aýratyn jemgyýetçilik topary” düşünjesiniň manysyny öz içine aldy. Bu mesele

[22] [1977] QB 529.
[23] [1983] AC 244.
[24] ‘International Law in the House of Lords and the High Court of Australia 1996–2008: A Comparison’, Halkara hukugy boýunça Maýkl Kirbi bagyşlanan ilkinji leksiýa, Canberra, 27 June 2008.

boýunça palata, meniň pikirimçe (men bu meselä degişli däldim), *R. bilen Şah ad. Immigrasiýa boýunça şikaýat tribunaly,*[25] şondan soň bolsa *Fornah hem-de Içeri işler ministri*[26] bilen bagly işler boýunça örän mert we şol bir wagtda dogry çözgüdi kabul etdi. Bu işleriň birinjisi Päkistanda öz ärlerine biwepalyk etmekde şübhelenýän zenanlara bolan garaýyş bilen bagly bolsa, ikinjisi Sýerra-Leone döwletinde zenan jyns agzalaryna şikes ýetirmek bilen baglydy. Zeper ýetilenler "aýratyn jemgyýetçilik toparynyň" agzalary hasaplandy. Professor Krowford tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylan ikinji sorag hem Bosgunlaryň derejesi hakyndaky Konwensiýanyň esasynda ýüze çykyp, ol arz-şikaýat edilen meselä döwlet işgärleriniň täsir etmeýän ýagdaýynda Konwensiýanyň ulanylmaga ýaramlylygyndan ybaratdy. Konwensiýa düşündirme bermek barada bu mesele boýunça palata ýene-de karar çykardy.[27] Professor Kroufordyň belläp geçen üçünji meselesi möhletsiz tussag etme bolup, onuň esasynda britan kazyýetleri 15-nji madda laýyklykda Ýewropa konwensiýasyndan çykmak we 5-nji madda bilen ylalaşyjylyk ("Belmarşyň işi"),[28] şeýle-de Howpsuzlyk Geňeşiniň 1546 Rezolýusiýasyna we Yrakda Yragyň / Beýik Britaniýanyň raýatyny tussag etmek (Al-Jedda)[29] boýunça  Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynyň 103-nji maddasyna laýyklykda esaslandyrma bilen baglanyşykly çözgütleri kabul edýärdi. Professoryň getiren dördünji mysalynda Uly kazyýetde-de, Lordlar palatasynda-da beýan edilen meselä garaldy – korporatiw däl ylalaşyklaryň resmi hereketleri çäklendirip biljek kanuny tamalary döredip biljekdigi baradaky bu mesele boýunça iki sany ýurisdiksiýanyň garaýşyndaky ilkibaşdaky gapma-garşylyklar azalan ýaly bolupdy.[30] Professor Kroufordyň deňeşdirme maksady bilen saýlan mysallarynyň sany azdy. Bu ugruň meseleleri Şahid Fatimanyň täzelikde çykaran gyzykly kitaby bolan "Milli kazyýetlerde halkara hukugyny ulanmak"[31] atly kitabynda aýdyňlaşýar, bu kitapda awtor milli kazyýetlerde halkara hukugy bilen baglanyşykly meseleleriň ýüze çykyp biljek esasy ugurlaryny sanap geçýär: olara awiasiýa kanuny, söwda we aň (intellektual) eýeçiligi kanuny, jenaýatçylyk kanuny, zähmet we senagat gatnaşyklary kanuny, daşky gurşawy goramak kanuny, Ýewropa ylalaşyklary, maşgala we çaga hukuklary kanuny, adam hukuklary kanuny, immigrasiýa we bosgunlar kanuny, eldegrilmesizlik we aýratyn hukuklar, halkara guramalar, ýurisdiksiýa, deňiz kanuny, ylalaşyklar hem-de uruş we ýarag boýunça kanun degişlidir. Soňky ýyllarda britan kazyýetleri bu ugurlaryň aglaba bölegi babatda ýüze çykýan meseleler boýunça çözgütleri çykardy. Milli we halkara hukugynyň arabaglanyşygy, düýp manysy boýunça, şundan ybarat: hukugyň

[25] [1999] 2 AC 629.
[26] [2006] UKHL 46, [2007] 1 AC 412.
[27] *Adan v Secretary of State for the Home Department* [1999] 1 AC 293; *Horvath v Secretary of State for the Home Department* [2001] 1 AC 489.
[28] *A v Secretary of State for the Home Department* [2004] UKHL 56, [2005] 2 AC 68.
[29] *R (Al-Jedda) v Secretary of State for Defence (JUSTICE intervening)* [2007] UKHL 58, [2008] 1 AC 332.
[30] *Minister for Immigration and Ethnic Affairs v Teoh* (1995) 183 CLR 273; *R (European Roma Rights Centre) v Immigration Officer at Prague Airport (UNHCR intervening)* [2004] UKHL 55, [2005] 2 AC 1; *R v Asfaw (UNHCR intervening)* [2008] UKHL 31, [2008] AC 1061; *Re Minister for Immigration and Multicultural Affairs, ex p. Lam* (2003) 214 CLR 1.
[31] (Hart Publishing, 2005), böl. 1, sah. 3–26.

hökmürowanlygyny bu gurşawlaryň diňe birinde ulanyp bolýandygyny, beýlekisinde bolsa ulanyp bolmaýandygyny hasaplap bolmaýar.

Uruş

Şahid Fatimanyň iň soňky bölümi Gorosiý tarapyndan ylham alanlaryň köpüsiniň halkara hukugynyň esasy üns berýän meseleleri hökmünde baha berjek bölümleri belleýär, ýagny urşy başlamak, urşy alyp barmak we uruşdan soň basyp alyjy döwletiň hukuklary we borçlary (ýa-da, ýuridik dilde, degişlilikde "jus ad bellum", "jus in bello" we "jus post bellum"). Bu ulgamlarda, hukugyň hökmürowanlygynyň doly derejede berjaý edilmegi, ilki bilen, adamzadyň umumy bähbitlerine hyzmat edip biler.

Professor Ser Maýkl Howardyň belleýşi ýaly, "uruş, ýagny guramaçylykly syýasy toparlaryň arasyndaky ýaragly gapma-garşylyk adamzadyň taryhynda ýeke-täk düzgün bolup geldi".[32] Ol Ser Genri Meniň 1888-nji ýylda ýazan sözlerini getirýär: "Uruş adamzadyň taryhy ýaly gadymy, emma parahatçylyk – täzelikde oýlap tapylan zat." Ser Genri Men bu barada çendenaşa ir belledi. 1899-njy we 1907-nji ýylda Gaagada geçirilen maslahatlarda urşy alyp barmak hereketlerini gowşatmak maksady bilen, güýç ulanyp bolýandygy baradaky karara gelindi. Milletler Ligasynyň pakty güýç ulanmaga höweslendirmeýärdi, emma ony gadagan hem etmeýärdi. 1928-nji ýylyň Kellogg-Braýand paktyna çenli (Germaniýa, Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Belgiýa, Fransiýa, Britaniýa we onuň daşary ýurt eýeçilikleri, Italiýa, Ýaponiýa, Polşa, Çehoslowakiýa we Irlandiýa tarapyndan ykrar edilen) uruş milli syýasatyň guraly hökmünde döwletler üçin açyk bolan usul hökmünde ulanylýardy. Şeýle-de bolsa, paktyň baglaşylmagy soňky onýyllyklarda Ýaponiýany Manççuriýa çozmakdan, Italiýany Abinissiýa çozmakdan, Russiýany Finlýandiýa çozmakdan, Germaniýany Ýewropanyň aglaba bölegine çozmakdan ýa-da Ýaponiýany Günorta-Gündogar Aziýa çozmakdan saklamady. Dünýä döwletleri üçin ýaramaz netijeleri göze ilip duran şeýle tejribäni kanuny däl hökmünde yglan etmek zerurlygy ýüze çykdy.

1945-nji ýylda kabul edilen Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasy hut şu işi amala aşyrdy, oňa 192 sany garaşsyz döwlet goşuldy. Agza ýurtlaryna özleriniň halkara derejeli jedellerini parahatçylyk serişdeleri bilen çözmegi teklip edip, bu düzgünnamanyň 2(4)-nji maddasynda "halkara gatnaşyklarda haýsam bolsa bir döwletiň syýasy garaşsyzlygyna ýa-da araçägine garşy güýç ulanmakdan ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna garşy gelýän islendik başga hereketleri etmekden saklanmagyny" talap etdi.

Agza döwletleriň adyndan hereket etmäge ygtyýarlandyrylan Howpsuzlyk Geňeşi halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny saklamakda tiz we netijeli çäreleri kabul etmek boýunça esasy jogapkär edara hökmünde bellendi.[33] Düzgünnamanyň parahatçylyga

[32] *The Invention of Peace & the Reinvention of War* (Profile Books, 2002), sah. 1.
[33] Madda 24(1).

abanýan howplar barada maglumaty saklaýan 7-nji bölüminiň 39-njy maddasyna görä, “Howpsuzlyk Geňeşi parahatçylyga abanýan islendik howpy, asudalygyň bozulmagyny ýa-da islendik gazaply hereketleri ýüze çykarýar, şeýle-de halkara parahatçylygyň we howpsuzlygyň saklanmagy hem-de dikeldilmegi üçin 41-nji we 42-nji maddalara laýyklykda degişli maslahatlary berýär ýa-da kabul edilmeli çäreleri kesgitlýär.” 41-nji madda Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan kabul edilen we ýaragly güýçleri ulanmagy göz öňünde tutmaýan çärelere gönükdirilýär. 42-nji madda harby çärelere gönükdirilip, ol aşakdakylary göz öňünde tutýar: “Eger Howpsuzlyk Geňeşi 41-nji maddada göz öňünde tutulan çäreleriň talabalaýyk däldigini hasap etse, ol halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak üçin zerur bolan ýagdaýlarda howa, deňiz we pyýada goşunlaryň hereketlerini ulanyp biler...”. 51-nji maddada döwletiň özüni goramaga bolan hukugy ykrar edildi: “Birleşen Milletler Guramasynyň agzasyna gönükdirilen ýaragly hüjümler Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan halkara parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak boýunça zerur bolan çäreler kabul edilýänçä gaýtalanýan bolsa, bu Düzgünnamanyň hiç bir bölegi şahsy ýa-da toparlaýyn özüňi goramaklyga bolan aýrylmaýan hukugy çäklendirmeýär...”. Bu düzgün içki kanunçylykdaky özüňi goramaklyga bolan şahsy hukuga meňzeş ýagdaýda düşündirilýär: döwletiň üstüne ýaragly çozuş ýa-da öňüni alyp bolmajak çozuş howpy bolmaly; howpa garşy durmagyň ýa-da onuň öňüni almagyň beýleki serişdeleri bolsa elýeter bolman, güýç ulanmak zerurlygy ýüze çykmaly; gaýtaryjy hereketler diňe hüjüme ýa-da hüjüm howpuna garşy gorag häsiýetli bolmaly. Aýratyn ýagdaýlarda uly ynsanperwer heläkçiligiň öňüni almak üçin güýji ulanyp bolýandygy hakynda jedel bar, emma beýleki ýagdaýlarda Düzgünnamanyň kanuny düşnükli: özüňi goramak bilen baglanyşykly ýagdaýlardan başga, güýji diňe Howpsuzlyk Geňeşiniň tassyklan ýagdaýlarynda ulanyp bolýar. Urşa birtaraplaýyn ýagdaýda başlamagyň deregine Howpsuzlyk Geňeşinde ähli agza ýurtlaryň adyndan toparlaýyn çözgütler kabul edilýär.

Bu takyk we birmanyly düzgüne garamazdan, amerikan akademigi we awtory 2005-nji ýylda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň soňky 25 ýylyň dowamynda 40-a golaý harby hereketlere gatnaşandygyny belledi, olara Yrakdaky, Owganystandaky we Ýugoslawiýadaky uruşlar; Grenadada, Panamada we Gaitide döwlet düzgünleriniň çalyşmagy; Angolada, Salwadorda we Nikaraguada gozgalaň toparlaryna harby kömegiň berilmegi; Liwanda, Liwiýada, Ýemende we Sudanda raketalaryň atylmagy degişlidir.[34] Elbetde, olardan iň jedellisi 2003-nji ýylda ABŞ-nyň Yraga güýç bilen girmegi hasaplanýar.

ABŞ-nyň Hökümeti özüniň hereketlerinde haýsy kanuny ýurisdiksiýa esaslanandygy maňa düşnüksiz. Dolandyryş ulgamynda öňdebaryjy şahsyýetler Saddam Huseýni aýyrmak we onuň düzgünini çalyşmak hakyndaky maksatlaryny takyk ýagdaýda beýan etdi,[35] Beýik Britaniýanyň hökümet işgärleri bolsa düzgüni üýtgetmäge goldaw berjekdigini ynandyrdy.[36] Emma, Beýik Britaniýanyň Baş prokurory, Şa zenanyň maslahatçysy Lord Goldsmite

[34] R. Peerenboom, ‘Human Rights and the Rule of Law: What’s the Relationship?’, *Georgetown Journal of International Law*, 36 (2004–5), sah. 809–945, sah. 936–7.
[35] Philippe Sands, *Lawless World* (Allen Lane, 2005), sah. 182.
[36] Mark Danner, *The Secret Way to War* (New York Review of Books, 2006), sah. 129, 134.

laýyklykda, döwlet düzgüniniň çalyşmagy Saddam Huseýni ýaragsyzlandyrmagyň netijesi bolup bilse-de, ol harby hereketleriň kanuny maksady bolup bilmeýärdi.[37]

Beýik Britaniýanyň Daşary we içeri işler edarasynyň uly hukukçy-maslahatçysy bolan Ser Maýkl Wud Beýik Britaniýanyň Yraga güýç bilen girmeginiň uly mesele döreden däldigini belledi: "2003-nji ýylyň mart aýynda güýçleri ulanmagyň kanunylygy onuň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan ykrar edilendigine ýa-da edilmändigine bagly boldy. Geňeşiň güýç ulanmagy ykrar edip bilmegi jedelsizdir. Esasy sorag: Geňeş ony ykrar etdimi? Bu Howpsuzlyk Geňeşiniň rezolýusiýalarynyň birnäçesine düşündirme berilmegine getirdi."[38] Baş prokuror 2003-nji ýylyň 7-nji martynda premýer-ministre ýazan hatynda (şol wagt hat köpçülige görkezilmändi), şeýle-de 2003-nji ýylyň 17-nji martynda uruş hereketleriniň başlanmazyndan birnäçe gün öň ýazan gysga habarynda hut bu çemeleşmäni ulandy.

Şondan öň beýan edilen pikirlerde, Baş prokuror Howpsuzlyk Geňeşiniň üç sany rezolýusiýasynyň, ýagny №678, 687 we 1441 belgili rezolýusiýalarynyň arasyndaky arabaglanyşyga has giňişleýin seretdi. 678 belgili rezolýusiýa 1991-nji ýylda kabul edildi: ol Kuweýte giren Yrak goşunlaryny Kuweýtden çykarmaga, şeýle-de Yrak goşunlarynyň Kuweýtden çykarylmagy üçin güýji ulanmagy ykrar etmäge hem-de sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy dikeltmäge çagyrýan öňki rezolýusiýalara esaslanypdy. Bu hereketiň ady "Çöldäki tupan" ("*Desert Storm*") bolup, onuň netijesinde Yrak goşunlary Kuweýtden çykaryldy. 687 belgili rezolýusiýanyň (1991-nji ýyl) netijesinde harby hereketleriň soňy goýuldy we köpçülikleýin gyryş ýaraglary hem-de barlag babatda Yrak üçin şertler goýuldy. Ol 678 belgili rezolýusiýany saklady, emma ony güýçden gaçyrmady. 1441 belgili rezolýusiýa 2002-nji ýylyň noýabr aýynda biragyzdan kabul edildi. Onda Yragyň degişli rezolýusiýalar, şol sanda 687 belgili rezolýusiýa boýunça öz borçlaryny maddy taýdan bozandygy bellendi. Ol Yraga ýaragsyzlanmak boýunça borçlaryna eýermäge soňky mümkinçiligi üpjün etdi. Ol gaty berk barlag düzgünini ýola goýdy we "halkara parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen, ýüze çykan ýagdaýa seretmegiň hem-de Geňeşiň ähli degişli rezolýusiýalaryny doly derejede berjaý etmegiň zerurlygyna garamak üçin", geljekki düzgünden çykmalaryň Howpsuzlyk Geňeşine habar ediljekdigini üpjün etdi. Baş prokuroryň ilkibaşdaky pikirine laýyklykda, 1441 belgili rezolýusiýa diňe Howpsuzlyk Geňeşiniň urşy bes etmek şertleriniň zeper ýetirip biljek derejede bozulandygyny kesgitlän ýagdaýynda, güýji ulanmak boýunça ygtyýarlyklary dikeldip bilýär. Baş prokuror biri-birine garşy gelýän pikirlere garady: bir tarapdan, Geňeş meseläni ara alyp maslahatlaşmakda takyk bir pikire gelmese-de, güýç ulanmaga hukugy bardy; beýleki tarapdan bolsa güýji ulanmaga kanuny esasy diňe Geňeşiň geljekki çözgüdi üpjün edip biler. Ol pikirleriň ikisini-de esaslandyrylan diýip hasap etdi, emma 1441 belgili rezolýusiýanyň bu soraga takyk jogap bermeýändigini we güýç ulanmaga ygtyýar berýän täze rezolýusiýany kabul etmegiň iň howpsuz ýuridik ýolunyň boljakdygyny ýüze çykardy. 1441 belgili rezolýusiýanyň 678 belgili rezolýusiýada

[37] Ibid., sah. 91; Advice to the Prime Minister, 'Iraq: Resolution 1441', 7 March 2003.
[38] Sir Michael Wood KCMG, Hersch Lauterpacht Memorial Lecture 2006, Third Lecture, 'The Security Council and the Use of Force', 9 November 2006, para. 9.

ygtyýarlylygy dikeldip biler, emma bu pikiri diňe Yragyň iň soňky mümkinçilikden peýdalanyp bilmändigi “subut edilen” ýagdaýda tassyklap bolýar. Şeýlelik bilen, “esaslandyrylan subutnamalar” zerurdy.

Mart aýynyň 17-däki gysgaça habarynda Baş prokuror aşakdakylary belledi: 687 belgili rezolýusiýanyň uly derejede bozulmagy 678 belgili rezolýusiýa laýyklykda güýç ulanmaga bolan ygtyýary dikeltdi; 1441 belgili rezolýusiýada Howpsuzlyk Geňeşi Yragyň 687 belgili rezolýusiýany bozandygyny kesgitledi; 1441 belgili rezolýusiýada Yraga ýaragsyzlanmak boýunça talaplary ýerine ýetirmäge iň soňky mümkinçilik berildi we oňa bu talaplary berjaý etmedik halatynda agyr netijelere uçrajakdygy habar berildi; ondan başga-da, 1441 belgili rezolýusiýada Geňeş bu rezolýusiýanyň borçlaryny berjaý etmek boýunça hyzmatdaşlygy ret etmegiň bu borçlara eýermezlik bilen deň gelýändigini kesgitledi; Yragyň bu borçlara eýermezligi, şeýlelikde bolsa, 1441 belgili rezolýusiýanyň hereket eden wagtynda onuň talaplaryny berjaý etmändigi düşnükli; şeýlelik bilen, 678 belgili rezolýusiýanyň esasynda güýç ulanmak ygtyýary dikeldildi we şu güne çenli dowam etdi. Ol habaryny şeýle sözler bilen tamamlady: “1441 belgili rezolýusiýada Howpsuzlyk Geňeşiniň güýç ulanmaga rugsat bermek baradaky çözgüdiniň zerur ýagdaýlarda talap ediljekdigi göz öňünde tutuldy. Şeýlelik bilen, 1441 belgili rezolýusiýada güýç ulanmaga rugsat bermek boýunça birmanyly çözgüdi kabul etmek däl-de, Yragyň borçlary berjaý etmezligi barada Howpsuzlyk Geňeşine hasabat bermek we ony Geňeşde ara alyp maslahatlaşmak talap edilýär.”

Meniň pikirimçe, bu habar iki sany ugurda ýalňyş bolupdy. Birinjiden, Yragyň öz borçlaryny güýç ulanmaga esas berýän derejede berjaý etmezligi entek takyk däldi, şeýle-de onuň bu borçlaryny berjaý etmändigini görkezýän esaslandyrylan subutnamalar ýokdy: Hans Bliks we onuň ýarag boýunça barlagçylar topary köpçülikleýin gyryş ýaraglary tapmady, olar işinde öňegidişlikleri gazanyp, özlerine berlen ýumuşy birnäçe aýyň içinde ýerine ýetirmegi meýilleşdirdi. Ikinjiden, Yragyň soňky mümkinçilikden peýdalanyp bilmändigi hakyndaky çözgüdiň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan toparlaýyn kabul edilendigini belläp bolmaýar. Güýç ulanmak hukugyny dikeltmek hakyndaky pikiriň özi ýaramaz kabul edilipdi. Şa zenanyň maslahatçysy, Lord Aleksander Widon 2003-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda “JUSTICE” guramasy üçin Tom Sargantyň hatyrasyna her ýyl geçirilýän ajaýyp leksiýasynda (Baş prokuroryň öňki maslahatyny hasaba almazdan) bu pikiri “esassyz” diýip atlandyrdy.[39] Şa zenanyň maslahatçysy, professor Sands oňa “ýaramaz pikir” diýip at berdi.[40] Professor Lou bu pikiri bolsa “manysyz” hökmünde beýan etdi: “BMG ulgamynyň manysy Howpsuzlyk Geňeşi mesele bilen iş salşanda, aýratyn agza döwletleriň däl-de, hut Geňeşiň meseläni çözmek hukugyna eýe bolýandygyndan ybarat. Eger Howpsuzlyk Geňeşi öz rugsady we ygtyýary astynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Beýik Britaniýanyň we beýlekileriň 2003-nji ýylda Yragy basyp almagyny göz öňünde tutan bolsa, ol şeýle diýerdi. Emma, bu şeýle bolmady.[41]

---

[39] ‘The pax Americana and the Law’, ilkinji gezek “JUSTICE” žurnalynda 2004-nji ýylda neşir edilip, 2007-nji ýylda dolulygyna neşir edildi. Çykyş edende, ol “gülkünç” sözüni ulanypdy, ýöne soňabaka ony üýtgetdi.

[40] Sands, *Lawless World*, sah. 189.

[41] Lowe, *International Law*, sah. 273.

Yragyň ABŞ, Beýik Britaniýa we beýleki döwletleriň birnäçesi tarapyndan basylyp alynmagyna Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan ygtyýar berilmedigi hakyndaky pikirim dogry bolsa, bu halkara hukugynyň we hukugyň hökmürowanlygynyň uly derejede bozulandygyny aňladýar. Çünki, birtaraplaýyn tertipde edilen hereket 1945-nji ýyldan soň baglaşylan ylalaşygyň esasyny bozmalydy: BMG-niň Düzgünnamasynyň VII bölümine laýyklykda, Howpsuzlyk Geňeşinde toparlaýyn çözgütleri kabul etmäge ygtyýarlandyrylan dünýä döwletleri tarapyndan resmi derejede rugsat berilmedik ýagdaýda güýji ulanmagy gadagan etmek (özüňi goramakdan ýa-da abanýan ynsaperwer heläkçiligiň öňüni almakdan başga ýagdaýlarda) ýörelgesi. Döwlet halkara hukugyň düzgünlerini özi üçin däl-de, beýleki döwletler üçin hökmany hökmünde kabul eden ýagdaýda, hukugyň esasynda duran ylalaşyk bozulýar. Ýokarda bellenilişi ýaly, "dünýä polisiýa işgäri bilen dünýä ýaraşdyryjysynyň arasyndaky tapawut hut şundan ybarat."[42]

2003-nji ýylyň mart aýynda Daşary işler ministri jenap Jek Strowyň we şol döwrüň Baş prokurory Lord Goldsmitiň meniň beýan eden pikirime berk garşylyk görkezýändiklerini bellemeli,[43] bu babatda beýlekiler hem garşy çykyp biler.

Lord Goldsmit şol döwürlerde dogry maslahat berendigine ynanandygyny we häzirki wagtda-da bu pikirde galandygyny belledi, men onuň bu maslahatyna garşy çykmandym. Kanunylyk hakyndaky mesele babatda, ol üç sany bellik etdi. Birinjiden, şol döwürde hereket edýän ilkibaşdaky ygtyýarlyk sebäpli (onuň aýdyşyna görä), 2003-nji ýylda güýç ulanmaga Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan rugsat berildi. Onuň bellemegine görä, güýç ulanmagy dikeltmek hakyndaky pikir öň ulanylypdy, Britaniýanyň hukuk meseleleri boýunça işgärleri tarapyndan goldanylýardy we 1993-nji ýylda BMG-niň Baş sekretary hem-de BMG-niň şol döwürdäki hukuk meseleleri boýunça maslahatçysy tarapyndan ykrar edilipdi. 678 belgili rezolýusiýa Yragy Kuweýtden çykarmak bilen baglanyşykly däldi.

Onuň ikinji belligi, Howpsuzlyk Geňeşiniň güýç ulanmaga rugsat almak üçin şertleri kabul edendigi bilen baglanyşyklydy. 1441 belgili rezolýusiýa kanunyň bellibir derejede bozulandygyny ýüze çykardy we Yraga öz borçlaryny berjaý etmäge iň soňky mümkinçiligi berdi. Onuň esasynda ýene bir kanuny bozmanyň bolandygy hakyndaky çözgüdi kabul etmek Howpsuzlyk Geňeşinden talap edilmeýärdi. Bu gepleşikleriň netijesinde aýan edildi.

Onuň üçünji belligi, Beýik Britaniýanyň soňky mümkinçiligiň ulanylmandygy baradaky esaslandyrylan netijä gelmegi bilen baglanyşyklydy. Ol premýer-ministre bu barada takyk bir netijä gelmegini maslahat berdi. 1441 belgili rezolýusiýa köpçülikleýin gyryş ýaraglary bilen baglanyşykly däldi. 1441 belgili rezolýusiýa laýyklykda, Yrak doly derejede hyzmatdaşlyk etmeli, Britaniýanyň hökümeti bolsa onuň bu talaby ýerine ýetirmändigi barada karara geldi.

Jenap Strow Lord Goldsmitiň aýdanlary bilen ylalaşdy. Gepleşikleriň hem-de 1441 belgili rezolýusiýanyň görkezmegine görä, kanunyň uly derejede bozulandygy baradaky

[42] Vaughan Lowe, 'Is the Nature of the International Legal System Changing? – A Response', Austrian *Review of International and European Law*, 8 (2003), sah. 69–73, sah. 72.
[43] Awtor bilen gatnaşykda.

çözgüdiň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan kabul edilmelidigi baradaky karary çykarmak Howpsuzlyk Geňeşiniň maksady däldi. Onuň bellemegine görä, bu täsin bolsa-da, hakykydyr.

Şeýlelik bilen, mesele ygtyýar bermek bilen baglanyşyklydyr. Bu babatda üç sany soraga jogap berilmelidi. Ilki bilen, kime ygtyýar berildi? 678 belgili rezolýusiýa “Kuweýtiň hökümeti bilen hyzmatdaşlyk edýän agza ýurtlaryna” ygtyýar berdi. Bu pikir 1991-nji ýylda takyk mana eýe boldy. Emma, ony hyzmatdaşlarynyň aglaba böleginden mahrum edilen we olaryň käbirisiniň berk ýagdaýda garşylyk görkezmegi bilen koalisiýa boýunça iki sany öňki hyzmatdaşa salgylanma hökmünde düşündirip bolmazdy. 678 belgili rezolýusiýanyň köptaraplaýyn ýagdaýda ulanylmagy onuň möhüm aýratynlygy bolupdy.

Ikinji sorag: 678 belgili rezolýusiýa haýsy hereketleri ýerine ýetirmäge ygtyýar beripdi? Jogap düşnükli. Ol Yrak goşunlaryny Kuweýtden çykarmaga we “sebitde parahatçylygy hem-de howpsuzlygy dikeltmäge” ygtyýar beripdi. Oňa 2003-nji ýylda döwletiň hökümetini agdarmak we çägini eýelemek maksady bilen, Yragyň doly derejede basylyp alynmagyna ygtyýar hökmünde garamak kyn, çünki ol köpsanly pidalaryň we sebitiň durnuksyzlygynyň aýan netijesi bolýar.

Üçünji sorag: goşunlaryň girmegine ygtyýarlyk haçan berildi? Ygtyýarlygyň 1441 belgili rezolýusiýa tarapyndan berlendigini aýdyp bolmaýar, çünki bu rezolýusiýa Yrak hökümetine hyzmatdaşlygy ýola goýmaga soňky mümkinçiligi berdi. Hut şonuň üçin hem basyp alyşy ertesi gün başlap bolmazdy. Onda ol haçan başlandy? BMG-niň islendik agza döwleti Yragyň hökümetiniň hyzmatdaşlygy ýola goýmaga ýeterlik wagtynyň bolandygy we onuň bu mümkinçilikden peýdalanmandygy barada karara gelen wagtymy? Bu, meniň eýýäm belleýşim ýaly, Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan toparlaýyn ýagdaýda çözgüt kabul etmek işine zeper ýetirerdi; bu proses bolsa 7-nji bölümdäki düzgüniň esasynda ýerleşýär. Başga bir özygtyýarly döwlete girmek we ony basyp almak ýaly uly göwrümli çözgüt jedelli meselä däl-de, başga bir has esaslandyrylan meselä esaslanmaly. Hakykat şundan ybarat: Britan hökümeti güýç ulanmaga ygtyýar berýän indiki rezolýusiýany kabul etmegi isläpdi, emma halkara derejesindäki garşylyk zerarly, ol bu maksadyna ýetip bilmändi.

Harby hereketleriniň dowamynda we olardan soň uruşýan taraplaryň hukuk borçlary bellibir derejede 1907-nji ýylyň Gaaga konwensiýasyna goşulan kadalar, şeýle-de 1977-nji ýylda kabul edilen teswirnamalar tarapyndan giňeldilen 1949-njy ýylyň 4 sany Ženewa konwensiýasy tarapyndan düzgünleşdirilýär. Bu urşy alyp barmagyň käbir ýol berilmesiz usullarynyň bardygy (mysal üçin, ýaralanan ýa-da boýun bolan duşmany öldürmek ýa-da ýaralamak, şeýle-de harby zerurlygy bolmazdan eýeçiligi ýok etmek); harby ýesirleriň goralmalydygy we olar bilen ynsanperwer gatnaşyklarda bolmalydygy; şeýle-de raýatlaryň, harby däl şahsyýetleriň, kesellileriň we ýaralananlaryň harby hereketlerden mümkin bolan derejede goragly bolmalydygy hakyndaky giň halkara ylalaşygy herekete girizýär. Harby hereketler tamamlananda, basyp alyjy döwlet “basyp alan döwletiniň hereket edýän kanunlaryna hormat goýmak bilen, jemgyýetçilik tertip-düzgünini we howpsuzlygyny mümkin bolan derejede dikeltmek we üpjün etmek maksady bilen ähli zerur çäreleri ýerine

ýetirmeli.[44] Eýeçilige we ýaşaýşa sarpa goýmaly.[45] Basyp alan döwletiň ýeňlen döwletiň kanunlaryny we guramalaryny üýtgetmäge hukugy ýok; 1945-nji ýyldan Günbatar Germaniýanyň we Ýaponiýanyň basylyp alynmagy netijesinde şol döwletleriň kanunlarynyň we guramalarynyň doly derejede üýtgedilendigi sebäpli, bu düzgün nädogry görünýär.[46]

Biziň bilşimiz ýaly, Britaniýanyň Yragy basyp alyjy döwlet hökmünde meşhurlygy birnäçe ýagdaý zerarly bulaşdyryldy; bu ýagdaýlara Basra şäherinde jenap Baha Musanyň ölüme çenli urulmagyny mysal hökmünde görkezip bolar.[47] Emma, şeýle kanun bozmalar öňünden niýetlenen döwlet syýasatynyň netijesi däldi, şeýlelikde pidalaryň hukuklary ykrar edildi. Bu ABŞ-nyň hökümetiniň Ženewa konwensiýalarynyň Guantanamo aýlagynda, Kubada tussag edilmeginiň şertlerine ýa-da harby komissiýalaryň Al-Kaida işine ýa-da taliban tussaglaryna degişli däldigi;[48] Al-Kaida şübhelenýänleri harby ýesirler hökmünde-de, jenaýat işini etmekde şübhelenýänler hökmünde-de hukuklardan mahrum etmelidigi; şeýle-de Gynamalara garşy konwensiýa we Halkara pikiri baradaky ylalaşyga garamazdan, gynama düşünjesiniň aňladýan manysynyň üýtgedilip, onuň "agyr fiziki şikese, mysal üçin, ölüme ýa-da beden organlarynyň bozulmasyna meňzeş derejedäki fiziki agyryny"[49] aňlatmalydygy hakyndaky birtaraplaýyn çözgütlerine garşy gelýär. Bu dünýä aňynda Abu Garibiň ady bilen berk baglanyşykly bolan kanuny bozmanyň, şeýle-de Halkara Gyzyl Haç Komitetiniň (2004-nji ýylyň fewral aýy we 2007-nji ýylyň fewral aýy),[50] Taguba generalyň (2004-nji ýylyň mart aýy),[51] Feý we Jons generallarynyň (2004-nji ýylyň awgust aýy we 2007-nji ýylyň fewral aýy),[52] şeýle-de Amerikan sülçiler birleşiginiň (2004-nji ýylyň awgust aýy)[53] hasabatlarynda ähli elhençlikleri bilen jikme-jik beýan edilen beýleki ýerlerde-de bolup geçýän kanuny bozmalaryň esasynda ýerleşýär. Prezident Buşyň administrasiýasyndaky käbir ýokary derejeli işgärleriň arasynda halkara hukugy babatda aladanyň ýoklugy hukugyň hökmürowanlygynyň

---

[44] 1907-nji ýylyň Gaaga Düzgünleriniň (Hague Regulations) 43-nji maddasy.
[45] Ibid., mad. 46.
[46] Bu tema professor Ser Adam Robertsyň şu işinde ara alnyp maslahatlaşylýar: 'Transformative Military Occupation: Applying the Laws of War and Human Rights', *American Journal of International Law*, 100/3 (July 2006), sah. 580–622.
[47] Ser. *R (Al-Skeini and others) v Secretary of State for Defence (The Redress Trust and others intervening)* [2007] UKHL 26, [2008] 1 AC 153, para. 6, iş 6.
[48] Memorandum by John Yoo and Robert Delabunty to William Haynes of 9 January 2002; Memorandum by Jay Bybee to Alberto Gonzales and William Haynes of 22 January 2002; Memorandum by Alberto Gonzales to President George W. Bush of 25 January 2002; Memorandum by the President to the Vice-President and others of 7 February 2002: ser. Karen Greenberg and Joshua Dratel (eds.), *The Torture Papers: The Road to Abu Ghraib* (Cambridge University Press, 2005), sah. 38–79, 81–117, 118–21, 134–5. The development of the administration's policy on 'enhanced interrogation techniques' is traced by Professor Philippe Sands, *Torture Team: Deception, Cruelty and the Compromise of Law* (Allen Lane, 2008).
[49] Memorandum by Jay Bybee (largely drafted by John Yoo) to Alberto Gonzales of 1 August 2002; ser. Greenberg and Dratel (eds.), *Torture Papers*, sah. 172–217, sah. 213–14; ser. Jane Mayer, *The Dark Side* (Doubleday, 2008), sah. 151–2, 224, 231.
[50] Greenberg and Dratel (eds.), *Torture Papers*, sah. 383–404; *ICRC Report on the Treatment of Fourteen 'High Value Detainees' in CIA Custody*, www.nybooks.com.
[51] Greenberg and Dratel (eds.), *Torture Papers*, sah. 405–556.
[52] Ibid., sah. 987–1131.
[53] Ibid., sah. 1132–64.

tarapdarlaryny aýratyn tolgundyrýar. Şeýlelikde, memorandumlaryň birinde Baş prokuroryň kömekçisiniň orunbasary (Jon Yu) Prezidentiň Maslahatçysyna ýazan hatynda aşakdakylary maslahat berdi:

Şeýlelik bilen, Prezident Buşyň administrasiýasyna düşünmegiň netijesinde Gynamalara garşy konwensiýada hakyky we netijeli bellik ýüze çykdy. Bu şeýle bolmadyk bolsa-da, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň konwensiýa eýerilýändigine gözegçilik etjek halkara kazyýet ýok. Goşmaça bellikde ABŞ konwensiýa laýyklykda işlere garamak boýunça [Halkara kazyýetiň] ýurisdiksiýasyny kabul etmegi ret etdi (Halkara kazyýet bolsa islendik ýagdaýda, beýleki şahsyýet tarapyndan däl-de, diňe beýleki döwlet tarapyndan gozgalan işe seredip bilýärdi). Konwensiýa öz talaplaryna eýerilmegini barlamak üçin komitet döretse-de, ol diňe barlaglary geçirip bilýär we hukuk ulanyjy ygtyýarlyklary ulanyp bilmeýär.[54]

Britan hökümeti köpsanly öňdebaryjy britan ministri (şol sanda, Baş prokuror) tarapyndan tankydy ýagdaýda garalan tejribäni kabul etmedi.

Meniň ýokarda belleýşim ýaly, halkara hukugy tarapyndan düzgünleşdirilýän ylalaşyklaryň aglaba bölegi belli we ykrar edilen kadalara laýyklykda asuda ýagdaýda we wagtly-wagtynda geçýär. Megerem, men Yrakdaky we beýleki ýerlerdäki ýagdaýlary beýan edýän buzdagyň laýyk gelmeýän depesinde saklanandyryn. Emma bu wakalar, meniň pikirimçe, halkara düzgüninde hukugyň hökmürowanlygynyň iki sany iň ýaramaz kemçiligini ýüze çykarýar. Olaryň birinjisi käbir döwletleriň käbir ýagdaýlarda syýasy ýagdaýyň çak edilýän zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin kanunlary üýtgetmäge bolan taýýarlygy (mysal üçin, Beýik Britaniýanyň 1956-njy ýylyň Sues çökgünligi bilen baglylykda eden hereketleri). Olaryň ikinjisi bolsa Halkara kazyýetiniň ýurisdiksiýasynyň ylalaşdyrylan esasy. Diňe taraplar ylalaşan ýagdaýda, işler kazyýete geçirilýär. Birleşen Milletler Guramasynyň 192 sany agzasyndan 65-si Halkara kazyýetiň hökmany ýurisdiksiýasyny kabul etmegi saýlasalar, aglaba bölegi ony ret etdi, üstesine, gynansak-da, häzirki wagtda Howpsuzlyk Geňeşiniň bäş sany hemişelik agzasyndan diňe biri – Beýik Britaniýa bu ýurisdiksiýany kabul edýär, Russiýa we Hytaý ony hiç haçan kabul etmeýärdi, Fransiýa we ABŞ bolsa bu boýunça öň kabul edilen çözgütlerden boýun gaçyrdy. 2007-nji ýylyň oktýabr aýynda Britaniýanyň Halkara we degşirme hukugy institutynda geçirilen umumy okuwda Halkara kazyýetiň şol wagtky Prezidenti, onuň Alyhezreti kazy Rozalin Higginsiň belleýşi ýaly, “kazyýete hökmany ýagdaýda ýüz tutmak zerurlygynyň bolmazlygy “hukugyň hökmürowanlygy” hökmünde ykrar edilen nusga laýyk gelmeýär.[55] Onuň aýtmagyna göra, hukugyň hökmürowanlygynyň häzirki wagtda BMG-niň Düzgünnamasy bilen baglanyşykly meseleler, şeýle-de degişli meseleler boýunça hökmany ýagdaýda kazyýete ýüz tutulmagyny talap edýändigini bellemek entek irdir. Emma, hukugyň hökmürowanlygynyň bu pudakda netijeli bolmagyny gazanmak üçin bu ädimiň hökmany bolmalydygyny pikir edýärin.

---

[54] Memorandum by John Yoo to Alberto Gonzales of 1 August 2002, quoted ibid., sah. 220–21.
[55] ‘The Rule of Law: Some Sceptical Thoughts’, 16 October 2007, sah. 6–7.

Yrakdaky we beýleki ýerlerdäki wakalar halkara hukugynyň käbir kemçiliklerini ýüze çykarsa-da, olar geljekde jemgyýete peýda getirip hem bilýär. Öňki harby gatyşmaklyklar akademik derňewiň ýüze çykmagyna getiren hem bolsa (mysal üçin, Sues çökgünligi barada Jeffri Marstonyň derňewi[56]), meniň pikirimçe, jemgyýet köpçüligi bu gatyşmaklyklaryň kanuny ýa-da kanuny däl bolandygy barada kän gyzyklanmaýardy. Yrak barada bellänimde, megerem, urşa goşulmagyň zerurlygy barada bu ýurtda giňden ýaýran şübheler zerarly, kanunylyk baradaky mesele, beýlekiler bilen deňeşdirilende, has göze ilipdi. Bu waka halkara hukugynyň jemgyýetiň aňynda möhümdigini ýüze çykardy, BMG-niň Düzgünnamasynyň 7-nji bölümi bolsa diňe bir ygtyýarlandyrylmadyk harby hereketleri çäklendirýän güýç hökmünde däl-de, eýsem şeýle hereketleriň parahatçylygy saklamaga we dikeltmäge, şeýle-de adalatly uruş şertlerini üpjün etmäge zerur bolandygy baradaky kepil hökmünde-de ykrar edildi. Öňünden aýtmak howply zat bolsa-da, Yrakdaky tejribesi zerarly ejir çeken döwletler, megerem, bu tejribäni gaýtalamagy islemez. Olar öz hereketlerine jogap bermek üçin Halkara kazyýeti ýa-da başga islendik tribunal tarapyndan jogapkärçilige çekilmedi, emma olar dünýä derejesinde ýazgaryldy, bu bolsa olaryň ýagdaýyna we täsirliligine ýaramaz täsirini ýetirdi. Häzirki wagtda dünýädäki meseleleri ýeňip geçmek üçin, halkara derejede ylalaşylan, halkara derejesinde durmuşa geçirilýän we, zerur ýagdaýlarda, halkara derejesinde mejbur edilýän kanuny hereketler zerur bolýar. Hut bu hereketler halkara düzgüninde hukugyň hökmürowanlygy tarapyndan talap edilýär.[57]

[56] ‘Armed Intervention in the 1956 Suez Canal Crisis: The Legal Advice Tendered to the British Government’, (1988) 37 ICLQ 773.

[57] Bu bölüm Beýik Britaniýanyň halkara we degşirme hukugy institutynyň düýbüniň tutulmagynyň şanly 50 ýyllygyna bagyşlanan 2008-nji ýylyň noýabr aýynyň 17-däki Grotiusyň leksiýasyna (“Halkara hukugynda hukugyň hökmürowanlygy”) deň gelýär.

III-nji BÖLÜM

# 11

# Terrorçylyk we hukugyň hökmürowanlygy

Amerikanyň Birleşen Ştatlary neşe serişdelerine garşy göreşmäge niýetlenen islendik we ähli çäreleri, şeýle-de neşe serişdelerine we terrorçylyga garşy göreşmäge hem-de durnuklylygy dikeltmäge maksat edinýän islendik çäreleri goldamaz. Agyr howplara duçar bolan hökümet üçin iň howply zat – hiç hili günäsi bolmadyk raýatlaryň hukuklaryna zeper ýetirýän ýagdaýda rehimsiz hereketleri amala aşyrmakdyr. Terrorçylyk – bu jenaýatçylyk hereketi bolup, oňa jenaýatçylyk işine laýyk gelýän ýagdaýda garamaly, bu bolsa kanunyň adalatly we yzygiderli ulanylmagyny aňladýar. Tutuş dünýäde toplanan tejribä laýyklykda, biz terrorçylyk howplaryny ýeňip geçmegiň iň gowy usulynyň hukuk goraýjy edaralaryň mümkinçiliklerini giňeldip, şol bir wagtda demokratiýany we adam hukuklaryny öňe çykarmakdan ybaratdygy baradaky netijä geldik.

ABŞ-nyň Döwlet sekretary Madeleýn Olbraýt 2000-nji ýylyň 17-nji aprelinde Özbegistanyň Taşkent şäherinde Dünýä ykdysadyýeti we diplomatiýasy uniwersitetinde bu sözler bilen çykyş etdi.

Meniň bilşime görä, özbek raýatlarynyň Döwlet sekretarynyň sözlerini nähili derejede kabul edendikleri barada taryh hiç hili maglumat bermeýär, ýöne şol wagtlar olar amerikan raýatlaryny däplere eýerýän, hukugyň hökmürowanlygy ýörelgesi bilen sazlaşýan we özleriniň guwanýan gymmatlyklaryny şöhlelendirýän millet hökmünde görüpdi. Taryhy ýatlap, amerikanlaryň aglaba bölegi çak edilýän howpa ABŞ-nyň çendenaşa ýiti hereket eden ýagdaýlaryň (mysal üçin, Birinji Jahan urşundan soň anarhistler hökmünde çak edilýänleriň gabalmagy; “Pörl Harbor” hüjüminden soň 110 müň sany ýapon amerikanlarynyň tussag edilmegi; Merkezi Amerikadan 2264 sany ýapon raýatlarynyň ogurlanmagy (ýene-de “Pörl Harbor” hüjüminden soň); şeýle-de kommunist hökmünde çak edilýänleriň senator Makkarti tarapyndan öjükdirilen ýagdaýda yzarlanmagy) bolandygyna ökündiler. Amerikanlaryň köpüsi Ýokary kazyýetiň kazysy Wilýam Brennanyň 1987-nji ýylda aýdanlaryny hakykat hökmünde kabul ederdi:

Uruş döwründe ABŞ-da raýat azatlyklaryna ýaramaz derejede garalandygy we milli howpsuzlyga zeper ýetirilmegi barada ýatlanyňda, guwanmak däl-de, gynanmak ýerlikli bolar ... Howpsuzlyk bilen baglanyşykly her çökgünlik tamamlanandan soň, ABŞ raýat azatlyklaryny ýatyrmagyň zerur bolan däldigine gynanç bilen

düşünýärdi. Şeýle-de bolsa, şeýle çökgünlikleriň indikisi başlananda, döwlet öň gaýtalan ýalňyşlaryny täzeden gaýtalaýardy.[1]

Beýik Britaniýada Döwlet sekretarynyň bellikleri hiç kimi geň galdyrmazdy. Beýik Britaniýa Gaý Foksyň zamanlaryndan başlap wagtly-wagtynda terrorçylyk zorluklaryny (ýa-da terrorçylyk zorluklaryna synanyşyklary) başdan geçirýärdi, imperiýanyň dürli sebitlerindäki adatdan daşary ýagdaýlara güýç (käwagt bolsa, rehimsizlik) bilen jogap berýärdi we Jahan uruşlarynyň ikisinde-de duşmanlary tussag edipdi. Ondan başga-da, ýaňy-ýakynda döwlet 30 ýylyň dowamynda Demirgazyk Irlandiýada-da, Beýik Britaniýanyň kontinent çäginde-de rehimsiz terrorçylyk zorluklaryny başdan geçiripdi. Bu gynançly tejribe, esasan, iki sany jähtden möhüm bolupdy. Birinjiden, ähli döwürlerde britan hökümeti terrorçylyga uruş hökmünde däl-de, harby däl adatdan daşary ýagdaý hökmünde garapdyr we terrorçylary, respublikanlary ýa-da olaryň tarapdarlaryny urşujylar däl-de, jenaýatçylar hökmünde kabul edýärdi. Ikinjiden, britan häkimiýeti terrorçylyga gatnaşmakda şübhelenýän şahslary bendiwan edip hem-de Strasburgda rehimsiz we ynsan mertebesini peseldýän hereketler hökmünde[2] ýazgarylan bendiwan etme usullaryna ýüzlenip, soňabaka bu usullara netijesiz hökmünde garap, olary ret etdi we döwletiň durnuklylygyny üpjün etjek şahslaryň goldawyny kabul etmedi.

2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda, Waşingtonda we Pensilwaniýada bolup geçen wakalar barada täzeden ýatlatmak zerurlygy ýok. Men bu wakalary gysgaça “sentýabr aýynyň 11-däki wakalar” diýip aňlatmakçy. Olar tutuş amerikan halkyna urgy ýetirdi we bütin dünýä ýaramaz täsir etdi. ABŞ-da, şeýle-de Beýik Britaniýada (onda hem 2005-nji ýylyň 7-nji iýulyna ABŞ-a garanda, kiçiräk göwrümli hüjüm bolup geçdi) Madeleýn Olbraýt tarapyndan beýan edilen öňden gelýän çemeleşmä täzeden garaldy.

ABŞ-da Baş prokuror Jon Eşkraft aşakdakylary habar berdi: “Terrorçylyk bilen göreşmek we oňa garşy durmak üçin Adalat ministrligi günäleme paradigmasynda täze düşünjäni – öňüni alyş paradigmasyny ykrar etdi.”[3] Bir göräýmäge, bu paradigma netijeli. Çünki, bir ýagdaýyň öňüni almak onuň bilen iş salyşmakdan has peýdaly. Elbetde, indiki hüjüm bolup geçýänçä garaşyp, diňe şondan soň diri galan jenaýatçylary tutmaga synanyşmakdan bu hüjümiň öňüni almak has netijelidir. Akýürekli we kanuna eýerýän raýatlaryň gorkara zady ýok. Prezident Jorj W. Buş özüniň döwletiň ýagdaýy baradaky 2002-nji ýylyň ýanwar aýyndaky habarynda aşakdakylary belledi: “Amerika adam mertebesi; hukugyň hökmürowanlygy; döwlet häkimiýetiniň çäklendirilmegi; zenanlara sarpa goýmak; şahsy eýeçilik; söz azatlygy; adalatlylyk; we dini azatlyk boýunça gürrüňsiz ýagdaýda berjaý

[1] William J. Brennan, Jr., ‘The Quest to Develop a Jurisprudence in Times of Security Crises’, *Israel Yearbook of Human Rights*, 18 (1988), 11, at 11.
[2] *Ireland v United Kingdom* (1978) 2 EHRR 25.
[3] Daşary işler boýunça konsulyň öňünde edilen çykyş, 10 February 2003.

edilmeli talaplara hemişe eýerer.” ABŞ-nyň Ýokary kazyýetiniň kazysy Hýugo Blek 1964-nji ýylda ABŞ-ny hukugyň hökmürowanlygyna “wepaly” döwlet hökmünde beýan etdi.[4]

Emma, Günorta Afrikanyň aparteid (ýurduň syýasatyny zorluk bilen bölme) syýasatyndan soňky döwürde çuňňur hormatlanylýan Ýokary kazysy Artur Çaskalson Günorta Afrikanyň 1950-nji ýyllardaky hökümeti bilen Prezident Buşuň häkimiýetini deňeşdirdi:

1950-nji ýyllarda Günorta Afrikada bolup geçen ilkibaşdaky ädimler Afrikanyň Milli kongresiniň we Pan-afrikan kongresiniň, wagtyň geçmegi bilen bolsa aparteide garşy beýleki birnäçe guramalaryň (jemi 98 sany), şeýle-de 1960-njy ýyllaryň we şondan soňky howpsuzlyk boýunça gazaply kanunçylygyň gadagan edilmegi ýaly çäreler üçin esas bolup hyzmat etdi. Syýasy ritorika bu hem-de indiki kanunçylyk üçin esas taýýarlady. Ak saýlawçylara döwletiň hüjüme duçar bolandygy barada habar berildi. Olara kanunçylygyň kanuny berjaý edýän raýatlaryň garşysyna gönükdirilen däldigi we olara täsir etmejekdigi aýdyldy. Çünki kanunçylyk kommunistlere we terrorçylara gönükdirilipdi. Ak ilatyň aglaba bölegi ümsümdi we alnyp barylýan çäreleriň garşysyna kän hereket bolmandy. Kazyýet işi geçirilmezden tussag etmek tejribesi girizilipdir, polisiýa tussag edilenleri daşky dünýä bilen aragatnaşykdan mahrum edipdir we olary özleriniň sülçileri we lukmanlary bilen görüşmegine ýol bermändir. Ilkibaşda, tussag astynda saklamagyň möhleti 90 güne, soň 180 güne deň bolupdyr, soňabaka bolsa kesgitsiz möhlete çenli ýetirilipdir. Kazyýetleriň tussag edilenlere baglylykda “habeas corpus” (şahsy azatlygy kepillendirýän hukugy) barada buýrugy çykarmaga ýurisdiksiýasy bolmandy. Tussag edilenleriň daşky dünýä bilen aragatnaşykdan mahrum edilmegi we kazyýetleriň ýurisdiksiýalardan mahrum edilmegi gynamalara we beýleki kanun bozmalara getirdi; olar Hakykaty ýüze çykarmak we ylalaşyga gelmek baradaky komissiýanyň ýygnaklarynda resmileşdirildi.[5]

Halkara derejesinde Prezident Buşuň häkimiýeti hukugyň hökmürowanlygy ýörelgesine laýyk gelýän çemeleşmäni ret etdi. 2005-nji ýylda Pentagonyň Milli goranmak strategiýasynda aşakdakylar bellendi: “Biziň milli döwlet hökmünde güýjümiz mundan beýläk hem halkara forumlary, kazyýet proseslerini we terrorçylygy ulanyp, güýçsüzleriň strategiýasyndan peýdalanýanlar tarapyndan kynçylyklara sezewar ediler.”[6] Duýgudaşlyk bildirýän amerikan awtorynyň 2004-nji ýylda ýazmagyna görä, “ABŞ-nyň häzirki häkimiýetiniň BMG-niň Düzgünnamasynda berkidilen toparlaýyn howpsuzlyk çemeleşmesiniň tarapdarynyň däldigi barada netije çykaryp bolar.”[7]

Britaniýada hem ýagdaý üýtgedi. Çünki, şol döwrüň premier-ministri Toni Bler 2005-nji ýylyň iýul aýyndaky hüjümlerden soň awgust aýynyň 5-ne geçirilen metbugat wekilleri üçin ýygnakda şeýle belledi: “Hiç kim şübhelenmesin; oýnuň kadalary üýtgeýär ...”. Megerem, bu jümle ýerlikli däldi, çünki jogapkär adamlaryň hiç birisi bu ýagdaýa oýun hökmünde garamandy. Bu meseläni jikme-jik öwrenen awtor kazyýetleriň raýat azatlyklaryny goramaga we kanuny bozma üçin hökümeti jogakärçilige çekmäge bolan taýýarlygy boýunça kadalaryň

[4] *Bell v Maryland* 378 US 226, 346 (1964), (Black J, dissenting).
[5] Arthur Chaskalson, ‘The Widening Gyre: Counter-Terrorism, Human Rights and the Rule of Law’, *Cambridge Law Journal*, 67 (2008), sah. 69–91, sah. 74, çykgytlar galdyrylan.
[6] Ser. K. J. Greenberg, ‘Secrets and Lies’, *Nation*, 26 December 2005, sah. 39, sah. 40.
[7] John F. Murphy, *The United States and the Rule of Law in International Affairs* (Cambridge University Press, 2004), sah. 192.

üýtgändigi baradaky netijä geldi.[8] Şeýle-de bolsa, jenap Bleriň pikiri yzygiderli hasaplansa-da bolar. Wezipeden giden wagty, 2007-nji ýylyň 9-njy maýynda çap edilen makalada[9] ol raýat azatlyklaryny birinji ýerde goýmaga "howply we ýalňyş pikir" hökmünde baha berdi. Onuň aýdyşyna görä, şeýle etmek "nädogry we talabalaýyk däldi". Ol hem-de beýleki ministrler Siseronyň sözlerini gönüden-göni aýtmadyk hem bolsa, olaryň ugur alýan ýörelgesi Siseronyň "Salus populi suprema est lex" ("Halkyň abadanlygy iň ýokary kanun") jümlesine çalymdaşdy; 2009-njy ýylyň mart aýynda çap edilen "Halkara terrorçylygyna garşy göreşmekde Beýik Britaniýanyň strategiýalary" atly kitabynyň sözbaşynda premýer-ministr jenap Gordon Braun Siseronyň sözlerini üýtgedip, şeýle belledi: "Islendik hökümetiň baş maksady halkyň we jemgyýetiň ähli wekilleriniň howpsuzlygyny we goraglylygyny üpjün etmekden ybaratdyr." Bu garaýyş Beýik Britaniýada we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda giňden goldanylýar.[10] Emma, raýat uruşlary boýunça tejribesi bolan Jon Selden (1584–1654): "Dünýäde şundan beter pikir ýok" – diýip belledi.[11] Benjamin Frankliniň "howpsuzlygy azatlykdan öň goýan adam howpsuzlyga-da, azatlyga-da mynasyp däl" diýen pikiri Siseronyňka garanda has ileri tutulýar.[12] Biz jemgyýeti öwmäge hukuk berýän esasy ülňülerden daşlaşyp, jemgyýetimizi beýlekileriň öňünde öwüp bilmeýäris.

## Terrorçylyga garşy uruş

Käbir ýagdaýlarda, ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň hökümetleriniň Al-Kaida terrorçylygy bilen bagly mümkin bolan howpa bolan gaýtargysy biri-birinden köp derejede tapawutlanýar. Men bu babatda üç sany esasy tapawuda siziň ünsüňizi çekmek isleýärin (bu ýere beýleki tapawutlar hem goşulyp bilner). Birinjiden, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti aç-açan ýagdaýda "terrorçylyga garşy urşy" yglan etdi. Elbetde, bu, bir tarapdan, syýasatçynyň zerurlyga, garyplyga, neşe serişdelerine, HIV ýa-da AIDS ýaly kesellere urşuň yglan edilmegine deň gelýän ritorik pikiridi. Emma, bu pikir şonuň bilen çäklenmeýärdi; onuň möhüm netijeleri hem bolupdy. Çünki terrorçy ýa-da mümkin bolan terrorçy jenaýat etmekde şübhelenýän hökmünde däl-de, duşman hökmünde garalan ýagdaýda, onuň derejesi jenaýat kanuny tarapyndan däl-de, ýaragly gapma-garşylyk kanuny (şonuň ýaly kanun bar bolsa) tarapyndan düzgünleşdirilipdi, 1949-njy ýylyň Ženewa konwensiýasynyň talaplaryny ulanyp bolýandygy ýa-da bolmaýandygy bilen baglanyşykly çylşyrymly meseleler ýüze çykypdy we ABŞ bütin dünýäniň göreş meýdançasynda takyk kesgitlenilmedik duşman bilen näbelli möhletli urşa girişipdi. Professor Konor Gerti "adalatlylyga we talabalaýyk hukuk prosesine esaslanan jenaýatçylyk nusgasynyň gorka we şübhelere esaslanýan

---

[8] David Bonner, *Executive Measures, Terrorism and National Security: Have the Rules of the Game Changed?* (Ashgate, 2007), sah. 4, 352.
[9] 'Blair: Shackled in War on Terror', *Sunday Times*, 27 May 2007.
[10] Ser., mysal üçin, Phillip Bobbitt, *Terror and Consent: The Wars for the Twenty-First Century* (Allen Lane, 2008).
[11] John Selden, *Table Talk* (1892), sah. 131; ser. John Gray, *Lawyer's Latin* (Hale, 2002), sah. 125.
[12] Bu çeşmeden alnan: A. C. Grayling, *Towards the Light* (Bloomsbury, 2007), sah. 6.

howpsuzlyk nusgasyna çalşyrylmagyny” “adam hakuklary nukdaýnazaryndan terrorçylyk bilen urşuň iň iri weýran ediji mirasy” hökmünde beýan etdi.[13] Onuň tersine, britanlar bolsa terrorçylara urşujylar hökmünde däl-de, jenaýatçylar hökmünde garamak boýunça Demirgazyk Irlandiýada kabul edilen ýörelgä eýeripdi. Megerem, şonuň üçin, Jorjtaun uniwersitetiniň professory Dewid Kol tarapyndan “Britanlar bu işde öňe çykýar”[14] diýlen makalada aýdylyşyna görä, britan hökümeti terrorçylary kazyýet taýdan yzarlamakda amerikan hökümetinden üstün çykypdyr. Ol Britaniýanyň terrorçylyga bolan gaýtargysynyň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyňka garanda, “has agras we hukuga duýgur”, “has oýlanyşykly we jikme-jik ölçerilen” bolandygyny belledi we Prokuraturanyň başlygy, Şa zenanyň maslahatçysy, ser Ken Makdonald tarapyndan aýdylan habary getirdi: “Britaniýanyň köçelerinde terrorçylyga garşy göreş uruş däldir. Bu jenaýatçylyk işiniň öňüni almakdyr ... terrorçylyk jenaýatçylygy ugrunda kanunçylyk çäklendirmeleriň medeniýeti netijeli we adam hukuklary bilen sazlaşýan prosesiň esasynda ýerleşýär.” Professor Kolyň pikirine görä, şeýle çäklendirme terrorçylyk dildüwşükleriň bozulmagy we terrorçylaryň jogapkärçilige çekilmegi babatda Beýik Britaniýanyň gazanan üstünliklere goşant goşup biler.

### Ýerine ýetiriji häkimiýet

Ikinji tapawut birinjiden gelip çykýar. 2001-nji ýylyň 18-nji sentýabryndaky rezolýusiýa laýyklykda, ABŞ-nyň Kongresi geljekde ABŞ gönükdirilen halkara terrorçylyk hereketleriniň öňüni almak maksady bilen, 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabryndaky terrorçylyk hüjümlerini meýilleşdiren, olara rugsat beren, ýerine ýetiren, ýardam beren ýa-da gizlän milletlere, guramalara ýa-da şahsyýetlere garşy zerur we talabalaýyk bolan ähli güýji ulanmaga Prezidente rugsat berdi.

Ondan soň, 2001-nji ýylyň 13-nji noýabrynda Prezidentiň harby karary kabul edilip, onuň maksady “terrorçylary we olary goldaýanlary ýüze çykarmakdan, olaryň işlerine zeper ýetirmekden we (terrorçylyk) hüjümlerini amala aşyrmaga ýa-da goldamaga bolan mümkinçiliklerinden mahrum etmekden, şeýle-de (şübhelenýänler üçin) tussag astynda saklamakdan we ... olar harby tribunal tarapyndan kazyýete çekilmekden” ybaratdy.[15] Karar ABŞ-nyň raýatlary bolmadyk we Al-Kaida agzasy bolan ýa-da olary gizlän, ýa-da ABŞ-nyň bähbitlerine zeper ýetirýän halkara terrorçylyk hereketlerini amala aşyran, amala aşyrmaga ýardam beren ýa-da öjükdiren, şeýle-de terrorçylyk hereketini amala aşyrmaga ylalaşan şahsyýetlere degişli edilipdi. Karar kazyýet işini geçirmäge kepil bolmazdan, şübhelenýänleri bütin dünýäniň islendik ýerinde tussag etmäge rugsat beripdi. Oňa laýyklykda, kazyýet işi giden wagty şübhelenýänler adaty kazyýetler bilen deňeşdirilende, subut ediş talaplary pes

[13] Conor Gearty, ‘Human Rights in an Age of Counter-Terrorism’, Oxford Amnesty Lecture, 23 February 2006.
[14] *New York Review of Books*, 12 June 2008, sah. 68–71.
[15] ‘Detention, Treatment, and Trial of Certain Non-Citizens in the War Against Terrorism’ atly US PMO, White House Press Release, 13 November 2001.

bolan harby topar (komissiýa) tarapyndan jezalandyrylar, şeýle-de bu kazyýetlerde ölüm jezasyny ulanmak mümkinçiligi bolar.[16] Amerikanyň Birleşen Ştatlary iri urşa gatnaşan hem bolsa, ýerine ýetiriji häkimiýetine berlen bu ygtyýarlyk iňňän uly bolup, oňa laýyklykda Prezidentiň terrorçylyk işine jogapkär hökmünde kesgitlän islendik şahsyýetiň ýa-da edaranyň garşysyna güýç ulanmaga, şeýle-de günä bildirmäge ýa-da kazyýet işini geçirmäge hiç hili kepil bolmazdan dünýäniň islendik ýerinde terrorçylykda şübhelenýänleri möhletsiz ýagdaýda tussag etmäge ygtyýary bolupdyr. Westminster parlamenti Britaniýanyň ýerine ýetiriji häkimiýetine şuňa meňzeş ygtyýarlyklary bermändi.

Aýyplanýanlary adatdan daşary ýagdaýda bir döwletden beýlekä ugratmak

ABŞ bilen Beýik Britaniýanyň Al-Kaida terrorçylygyna garşy hereketleriniň arasyndaky üçünji tapawut şahsyýeti bir döwletden kanuny däl ýagdaýda çykaryp (başgaça, kowup), başga bir döwletde kazyýete çekmek tejribesi bilen baglanyşyklydyr. Britan kazyýetlerinde şeýle ýagdaý 1993-nji ýylda bolupdy, şonda Lordlar palatasy kazyýetleriň döwlete halkara hukugyny bozmagyň üsti bilen getirilen aýyplanýanlaryň işine garamaly däldigi hakyndaky karara geldi.[17] Bu çözgüt kanuny däl ýagdaýda Zimbabweden bu döwlete getirilen, aýyplanan we adalatly ýagdaýda ýyl kesilen IRA guramasynyň terrorçysynyň kazyýet işi boýunça Şikaýatnama beriş kazyýeti tarapyndan kabul edildi. Onuň şikaýatnamasy kabul edildi, çünki häkimiýetiň özüni alyp barşy aýyplanýanlary iňlis kazyýetlerine bermek babatda hukugyň hökmürowanlygyna örän uly derejede ters gelýärdi.[18]

Bu mesele boýunça amerikan çemeleşmesi köp derejede tapawutlanýar.[19] Eger şübhelenýänler amerikan kazyýetinde talabalaýyk ýagdaýda aýyplanýan bolsa, kazyýet onuň döwlete nähili ýagdaýda getirilendigi barada soramaz. Üç sany aýyplanýanyň 1995-nji ýyldan öňki onýyllykda ABŞ-da kazyýetde işi kesildi,[20] emma şol ýyl Prezident Klinton Prezidentiň çözgüt direktiwasyny kabul etdi, oňa laýyklykda, “bize gerek bolan terrorçyny saklaýan döwlet bilen talabalaýyk ylalaşyga gelip bilmesek, biz hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin degişli çäreleri ýerine ýetireris. Kabul eden döwletiň hökümeti bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmazdan, şübhelenýänleri güýç bilen yzyna getirmäge ýol berilýär”.[21] Onuň netijesinde aýyplanýanlary bir döwletden başga döwlete bermek bilen baglanyşykly wakalaryň sany artdy: Direktiwa kabul edilenden soň üç ýylyň dowamynda şeýle ýagdaýlaryň sany 40-a deň boldy.[22] Emma bu ýagdaýlaryň ählisinde şübhelenýänler ABŞ-da kazyýetiň öňünde jogap bermek şerti bilen tussag edildi. 2001-nji ýylyň sentýabr aýyndan soň bu tejribe üýtgedildi, oňa “aýyplanýanlary adatdan daşary ýagdaýda bir döwletden beýlekä ugratmak” diýlip at

[16] Ser. Intelligence and Security Committee Report on *Rendition* (Cm. 7171, July 2007), para. 53.
[17] *R v Horseferry Road Magistrates’ Court, ex p. Bennett* [1994] 1 AC 42.
[18] *R v Mullen* [2000] QB 520.
[19] Ser. *United States v Alvarez-Machain* 504 US 655 (1992)
[20] ISC Committee Report, ýokarda (n. 16), para. 35.
[21] Presidential Decision Directive 39, ‘Counterterrorism Policy’, 21 June 1995.
[22] ISC Committee Report, ýokarda (n. 16), para. 35.

berildi. Oňa laýyklykda, şübhelenýän bir döwletde tutulyp, üçünji bir döwlete ugradylýar we şol ýerde ony kazyýete bermän, ondan maglumat almak maksady bilen, rehimsiz gynamalara sezewar edýärler. Faktlaryň garşysyna çykylmadyk üç sany ýagdaý aýyplanýanlary adatdan daşary ýagdaýda ugratmagyň tejribesini beýan edýär.

Germaniýanyň raýaty jenap El-Masri zähmet rugsady wagtynda Makedoniýa gitdi. Bu ýere gelenden soň, ol makedon gullukçylary tarapyndan tussag edilip, Merkezi Gözleg edarasynyň (CIA) işgärlerine berildi. Şondan soň ony Kabul şäheriniň ýanyndaky Merkezi Gözleg edarasynyň derňew üçin izolýatoryna getirip, birnäçe aýyň dowamynda daşky dünýä bilen aragatnaşykdan mahrum edip, urgulara, neşe serişdelerine we gynamalaryň beýleki görnüşlerine sezewar etdiler. Takmynan, bäş aýdan soň ony Albaniýanyň daşlaşdyrylan sebitinde goýberdiler, şondan soň ol Germaniýa dolandy. Ol ABŞ-da Merkezi Gözleg edarasyna garşy ony bikanun ýagdaýda alyp gynandyklary üçin talap arzasyny berdi. Emma, Federal etrap kazyýeti (Şikaýatnama beriş kazyýeti tarapyndan ykrar edilen) ony talabalaýyk derejede diňlemän, talap arzasyny ret edipdir, sebäbi Merkezi Gözleg edarasynyň işi bilen baglanyşykly döwlet syryny aýan etmän, bu işe garamak mümkin daldi, şeýlelik bilen, Ýokary kazyýet şikaýaty kabul etmedi.[23] Megerem, jenap El-Masriniň adynyň 2001-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda bolup geçen wakalarda uçary ogurlanlaryň biriniň ýoldaşynyň adyna meňzeş bolandygy üçin, ol tussag edildi; haçanda, edaranyň işgärleri özüniň ýalňyşyny ýüze çykaranda, ol Döwlet sekretary tarapyndan azat edildi.[24]

Siriýada doglan, emma Kanadanyň raýaty bolan jenap Maher Arar Kanadada 17 ýylyň dowamynda ýaşady we işledi. 2002-nji ýylyň sentýabr aýynda ony işe çagyrandyklary üçin, ol Tunisde geçiren zähmet rugsadyndan Kanada dolanmaly boldy. Ol öýüne Nýu-Ýork şäheriniň Jon F. Kennedi howa menziliniň üsti bilen dolanmalydy. Bu ýerde ol Kanadanyň polisiýasy tarapyndan berlen maglumat esasynda ABŞ-nyň häkimiýeti tarapyndan tussag edildi. Oňa özüniň konsullyk hukuklary barada habar berilmedi, Kanadanyň häkimiýetine bolsa onuň ABŞ tarapyndan tussag edilendigi barada habar berilmedi. Ol 12 günüň dowamynda ABŞ-da saklandy, soň Iordaniýa, şondan soň bolsa Siriýa iberildi we bu ýerde ol tussag edilip, bir ýylyň dowamynda gynamalara sezewar edildi we adam mertebesini peseldýän rehimsiz şertlerde saklandy. Şondan soň siriýalylar ony goýberdi we ol Kanada dolandy (indi ol Jon F. Kennedi howa menziliniň üstünden barmady). Jenap El-Masri ýaly, ol hem amerikan häkimiýetine garşy talap arzasyny berdi, emma bu arza hem El-Masri bilen birmeňzeş sebäplere görä ret edildi. Şeýle-de bolsa, Kanadanyň hökümeti bu waka boýunça iş gozgamaly boldy. Iki ýarym ýyl dowam eden derňew işlerinden soň, kazy O'Konnor jenap Araryň günäsiniň ýokdugyny; onuň ABŞ-nyň, Siriýanyň we Kanadanyň häkimiýetiniň gurbany

---

[23] Ser. Chaskalson, 'The Widening Gyre', sah. 83–4; David Cole and Jules Lobel, *Less Safe, Less Free: Why America is Losing the War on Terror* (The New Press, New York, 2007), sah. 25; Craig Barlow, 'The Constitutional Tree: Rendering the Branches', *Amicus Curiae*, 70 (Summer 2007), sah. 17–21; David Cole, 'The Man Behind the Torture', *New York Review of Books*, 6 December 2007, sah. 38–43, sah. 38; Stephen Grey, *Ghost Plane* (Hurst & Co., 2006), böl. 4; *El Masri v Tenet* 437 F Supp 2d 530 (E. D. Va 2006), 2007 US App LEXIS 4796 (4th Cir. 2 March 2007).

[24] Cole and Lobel, *Less Safe, Less Free*, sah. 25.

bolandygyny; Kanadanyň häkimiýetiniň wekilleriniň amerikan işdeşlerine ýalan maglumat berendigini; şeýle-de ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň Siriýada tussag edilenleriň gynalýandygy barada habarly bolandygyny ýüze çykardy. Kazynyň maslahatlary Kanadanyň premýer-ministrniň köpçüligiň öňünde ötünç soramagyna, polisiýa komissarynyň işden gitmegine we 10 million Kanada dollaryna deň bolan öwezini dolma töleginiň tölenmegine getirdi.[25]

Jenap Bişer Al-Rawi bilen jenap Jamil El-Banna bilen baglanyşykly wakalar britan häkimiýetine Owganystandaky dawa bilen hiç hili ýagdaýda baglanyşykly bolmadyk şahsyýetleriň adatdan daşary ýagdaýda bir döwletden beýlekä ugradylyp bilinjekdigi, şeýle-de ABŞ-nyň häkimiýetine işi saklamak barada maglumat berlen halatda, Amerikanyň bu şerti berjaý etjekdigine bil baglamaly däldigi barada habar berdi. Bu waka barada 2007-nji ýylyň iýul aýynda Umumylar (obşinalar) palatasynyň Gözleg we howpsuzlyk komiteti tarapyndan taýýarlanylan "Aýyplanýanlary adatdan daşary ýagdaýda bir döwletden beýlekä ugratmak" baradaky hasabatda habar berildi.[26]

Jenap Al-Rawi Yragyň raýaty bolup, ol 1984-nji ýyldan bäri Britaniýada ýaşapdy. Oňa döwletde galmak üçin aýratyn hukuk berildi, emma ol Beýik Britaniýanyň raýatlygyny almak üçin ýüz tutmady. Jenap El-Banna iordaniýaly we palestinaly bolup, ol Britaniýada raýat däl-de, bosgun hasaplanypdy. Erkekleriň ikisi-de Howpsuzlyk gullugynyň ünsüni özüne çekipdir we radikal ruhany Abu Katada bilen gatnaşykda bolan diýlip hasaplanylypdy. 2002-nji ýylyň oktýabr aýynyň soňunda Howpsuzlyk gullugy jenap El-Banna bilen hyzmatdaşlyk goýmaga synanyşypdy, emma synanyşyk şowsuz çykan bolmaly. 2002-nji ýylyň 1-nji noýabrynda bu erkekler we ýene bir adam (Beýik Britaniýanyň raýaty), olaryň aýtmagyna görä, iş maksady bilen Gambiýa gitmek üçin Getwik howa menziline geldi. Olaryň goşy gizlin ýagdaýda barlandy we jenap Al-Rawiniň goşlarynda şübheli hasaplanan zat tapyldy. Erkekleriň üçüsi hem tussag edildi. Howpsuzlyk gullugy ABŞ-nyň häkimiýetine olaryň tussag edilendigini telegrammanyň üsti bilen habar etdi; telegrammada bu maglumatyň "derňew we seljeriş işini geçirmek maksady bilen iberilýändigi we onuň aç-açan, gizlin ýa-da ýerine ýetiriji hereketler üçin esas hökmünde ulanylmaly däldigi" barada habar berildi. Erkekleriň üçüsine noýabr aýynyň 1-4-i aralygynda soraglar berildi, olaryň jaýlary barlandy. Emma, şübheli zatlaryň hiçisi tapylmady, şeýlelik bilen erkekleri jogapkärçilige çekmek üçin ýeterlik subutnamalaryň tapylmandygy sebäpli, olary noýabr aýynyň 4-ne goýberdiler. ABŞ-nyň häkimiýetine erkekleriň ýaňy-ýakynda Gambiýa gitjekdigi barada habar berildi. Olardan bu maglumaty gambiýalylara bermek soraldy we gambiýalylardan "bu şahsyýetler Gambiýada wagty, olary saklamak mümkinçiligi barada soramak" tabşyryldy. Gambiýalylara beriljek bu telegrammada hem "aç-açan, gizlin ýa-da ýerine ýetiriji hereketleri ýerine ýetirmegi" gadagan edýän şert saklandy. Şeýlelik bilen, olary tussag etmek göz öňünde tutulmaýardy.

---

[25] Ser. Irwin Cotler, 'Lessons of History', 2007 Raoul Wallenberg International Human Rights Symposium: Conference Proceedings, sah. 9–14; Chaskalson, 'The Widening Gyre', sah. 84–5; Cole and Lobel, *Less Safe, Less Free*, sah. 23–4; Grey, *Ghost Plane*, böl. 3.
[26] Deňeş. 7171, para. 65–6, 111–47; Grey, *Ghost Plane*, sah. 210–71.

2002-nji ýylyň 8-nji noýabrynda erkekleriň ikisi Getwik howa menziline gelip, Gambiýa uçdy. Amerikanlara bu barada habar berildi. Erkekler Banjul şäherine gelenlerinde, olary Gambiýanyň raýaty we Al-Rawiniň dogany – Beýik Britaniýanyň raýaty garşy aldy. Gambiýanyň häkimiýeti syýahatçylaryň goşlaryny barlady, şübheli zatlary tapdy we ähli 5 sany adamy tussag etdi. Gambiýanyň raýaty ertesi goýberildi. Noýabr aýynyň 10-nda Howpsuzlyk gullugyna tussag barada habar berildi. Galan dört sany adam ilki Gambiýanyň häkimiýeti, şondan soň bolsa Amerikanyň häkimiýeti tarapyndan tussag astynda saklandy. Howpsuzlyk gullugyna derňew işiniň gidişi barada habar berildi, emma erkekleriň saklanýan ýeri barada hiç hili maglumat berilmedi.

Noýabr aýynyň soňunda ABŞ-nyň häkimiýeti 4 sany erkegiň Owganystandaky Bagram awiasion bazasyna ugradylmalydygy barada Howpsuzlyk gullugyna habar berdi. Howpsuzlyk gullugy bu meseläni dilden we ýazmaça ýagdaýda hasaba aldy. ABŞ-nyň Banjuldaky ilçisine, Döwlet departamentine we Waşington şäherindäki Milli howpsuzlyk geňeşine arz-şikaýatlar berildi, emma onuň hiç hili netijesi bolmandy. ABŞ-nyň häkimiýeti erkekleriň nirededigi barada maglumaty bermegi ret etdi we Beýik Britaniýanyň iki sany raýatyna konsullyk ygtyýarlaryny bermedi, bu bolsa Konsullyk gatnaşyklary boýunça Wena konwensiýasynyň bozulandygyny aňladýar. Beýik Britaniýanyň raýatlary 2002-nji ýylyň 4-5-nji dekabrynda azat edildi we Beýik Britaniýa getirildi, jenap Al-Rawi we jenap El-Banna bolsa amerikanlaryň elinde galdy. Howpsuzlyk gullugy britan hökümetiniň olara konsullyk goragyny bermäge synanyşmajakdygyny amerikanlary ynandyrdy.

Dekabr aýynyň 8-nde amerikan häkimiýeti jenap Al-Rawini we El-Bannany Bagram awiasion bazasyna getirdi. Ol ýerde birnäçe wagtyň dowamynda tussagdan soň, olar Kabul şäherinde tussag edildi, 2003-nji ýylyň fewral aýynda olar Guantanamo aýlagyna geçirilip, şol ýerde, britan kazyýetiniň habar bermegine görä, olar rehimsiz we adam mertebesini peseldýän şertlere sezewar edilipdir. Guantanamo aýlagynda tussag edilenleriň duşmanlaryň urşujylaryna degişlidigini ýüze çykarmagy maksat edinýän Urşujylaryň statusyna garamak boýunça tribunallar olaryň ikisiniň hem duşman urşujylarynyň bolandygyny we olaryň talabalaýyk ýagdaýda tussag edilendigini ýüze çykardy. Guantanamoda 4 ýylyň dowamynda tussag astynda saklanylandan soň, olar 2007-nji ýylyň mart aýynda azat edilip, Beýik Britaniýa yzyna getirildi. Olar, megerem, jenap Al-Rawiniň Howpsuzlyk gullugynda öň işländigi ýa-da azat edilen halatda işlejekdigi baradaky çaklama sebäpli Daşary işler we Birleşigiň işleri boýunça ministrligiň arzlary netijesinde, şeýle-de onuň Londonyň Ýokary kazyýetine beren talap arzasy sebäpli azat edildi.[27] Ol jenaýatçylyk işini etmekde aýyplanmady.

Bu ýagdaý barada Gözleg we howpsuzlyk komiteti aşakdaky netijä geldi:

Aýyplanýanlary bir döwletden başgasyna ugratmak maksatnamasy “terrorçylyk bilen uruşda” ABŞ-nyň milli howpsuzlygyna agyr howp ýetirip biljek diýip hasaplaýan şahslardan goranmak üçin, öz kanunynyň çäginde

[27] R (Al-Rawi and others) v Secretary of State for Foreign and Commonwealth Affairs and another (United Nations High Commissioner for Refugees intervening) [2006] EWCA Civ 1279, [2008] QB 289.

zerur hasaplaýan islendik hereketleri ýerine ýetirjekdigini görkezdi. ABŞ Beýik Britaniýanyň garşylyklaryny we ätiýaçlaryny hasaba alsa-da, bu ýagdaý olaryň ýokardaky strategiýasyna uly bir täsiri ýetirmeýär.[28]

Bu çykyşa berlen jogapda, hökümet beýleki döwletleriň özygtyýarlygyna sarpa goýýandygy, şeýle-de gynamalary ulanyp, tussag edilenlerden sorag etmek maksady bilen olary başga döwletlere ibermeýändikleri barada ABŞ-nyň Döwlet Sekretarynyň kepillerine salgylandy.[29] Emma, komitet "terrorçylyk bilen uruşda" ABŞ-nyň milli howpsuzlygyna agyr howp ýetirip biljek diýip hasaplaýan şahslardan goranmak üçin halkara hukugyny we halkara adam hukuklaryny äsgermän, öz kanunynyň çäginde zerur hasaplaýan islendik hereketleri ýerine ýetirjekdigi hakynda belläp bilerdi. Bar bolan maglumata görä, Beýik Britaniýanyň hökümeti aýyplanýanlary adatdan daşary ýagdaýda bir döwletden başgasyna geçirmek boýunça maksatnamasyna goşulmandy, çünki hökümet bu maksatnama barada doly bilmändi. Iki döwletiň arasynda terrorçylyk howpuna garşy hereketleriň arasyndaky iň esasy tapawut şundan gelip çykýar, şeýle-de bolsa, bu barada doly maglumatlar entek açylmaly.

## Kanunçylyk

2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda bolup geçen wakalara ABŞ-nyň we Beýik Britaniýanyň hereketleriniň arasyndaky tapawutlar şundan ybarat. Emma, bu hereketleriň arasynda meňzeşlikler barmy? Hawa, olaryň sany köp. Men diňe ýedi sanysynyň üstünde durup geçmekçi.

Birinjiden, döwletleriň ikisi hem abanýan howpa baglylykda kanunçylygyň esasynda hereket etdi. Bu boýunça Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda "Terrorçylary tutmak we terrorçylygyň öňüni almak üçin zerur bolan degişli gurallary üpjün etmegiň üsti bilen Amerikany birleşdirmek we güýçlendirmek" diýlip atlandyrylýan 2001-nji ýylyň Namasy (gysgaça: ABŞ-nyň "PATRIOT" Akty) görnüşinde ýüze çykdy. Bu resminama örän möhüm bolup, ol 134 sany düzgüni öz içine alypdy we 342 sahypadan ybaratdy. Ol Kongres palatalarynyň ikisinden hem jedelsiz ýagdaýda we maslahatyň ýa-da komitetiň çykyşlarynyň az sany bilen geçirildi. Bu babatda Beýik Britaniýanyň hem ýagdaýy meňzeş we şol bir wagtda geň galdyryjy bolupdy, çünki Demirgazyk Irlandiýada terrorçylygyň köpýyllyk tejribesinden we köpsanly maslahatlardan soň, Parlament diňe 2000-nji ýylda 131 sany bölümden we 16 sany sanawdan ybarat bolan uly göwrümli Terrorçylyk hakyndaky Namany kabul etdi. Emma, sentýabr aýynyň 11-däki hüjümlerden soň, 2001-nji ýylda örän gysga wagtyň içinde Terrorçylyga we jenaýatçylyga garşy göreş hem-de Howpsuzlyk boýunça Nama kabul edildi. Bu çärelerden soň hem Parlament öz işini dowam etdi. 2001-nji ýylyň Namasyndan soň, ol terrorçylyk hakyndaky kanuna düzedişleri ýa-da goşmaçalary girizýän azyndan bäş sany Namany kabul etdi.

---

[28] Deňeş. 7171, sah. 49, netije Y.

[29] Government Response to the Intelligence and Security Committee's Report on Rendition (Deňeş. 7172, July 2007), sah. 6–7.

## Beýleki döwletleriň raýatlary

Ikinjiden, iki döwletiň terrorçylyga garşy kanunçylygy, ilkinji nobatda, şol döwletleriň raýaty bolmadyk we, şeýlelikde, döwletde galmaga doly hukugy bolmadyk şahslara garşy iň berk düzgünleri gönükdirdi. “PATRIOT” Namasynda terrorçylyk düşünjesine içki maksatlar üçin bir görnüşde, immigrasiýa maksatlary üçin başga, has giň görnüşde kesgitleme berlipdir. Professor Kol bu barada aşakdakylary ýazypdyr:

Näme üçin şol bir hereket daşary ýurt raýaty tarapyndan ýerine ýetirilse “terrorçylyk” hereketi, emma ABŞ-nyň raýaty tarapyndan ýerine ýetirilse “terrorçylyk däl” hökmünde hasaplanypdy? Bu soraga Kongres hem, ýerine ýetiriji häkimiýet hem jogap bermändir. Şeýle tapawutly garaýyş “PATRIOT” Namasynyň ähli bölümlerinde duş gelip, onda döwletiň raýatlary bolmadyk şahslar üçin iň berk çäreler göz öňünde tutulýar. Bu çäreler zerarly, daşary ýurt raýatlary günäsiz hereketleri üçin, şol döwletiň dilinde arassa gürläp bilýändikleri üçin döwletden çykarylyp bilner, şeýle-de olaryň hakykatdan hem howp döredip biljekdigi baradaky netijä gelmezden, diňe Baş prokuroryň aýtmagy esasynda tussag edilip bilner. Esasan, daşary ýurt raýatlaryna baglylykda ulanylýan düzgün jenaýatçylyk işleri boýunça derňew geçirilende barlag-agtaryş işlerini geçirmäge konstitusion esas berýän jenaýatçylyk işiniň mümkin bolan sebäbi bolmazdan, gizlin barlag işlerini geçirmäge ygtyýar berýär. Başga sözler bilen, Prezident Buş bu Nama gol çekmek bilen, daşary ýurt raýatlaryny syýasy birleşiklere girmäge, syýasy garaýyşlaryny beýan etmäge, talabalaýyk prosesual düzgünlerden peýdalanmaga we şahsy durmuşyň eldegrilmesizligine bolan hukuklaryndan mahrum edipdir.[30]

“PATRIOT” Namasynyň immigrasiýa bilen baglanyşykly düzgünlerinde başga döwletleriň raýatlarynyň islenilmeýän guramalar bilen baglanyşykly bolandyklary üçin olaryň döwletden çykarylyp bilinjekdigi göz öňünde tutulýar.

Görnüşi ýaly, başga döwletleriň raýatlaryna baglylykda hukuklarynyň kemsidilmesi bellibir maksada gönükdirilen döwlet syýasatydy. Bu boýunça professor Kol we Lobel aşakdakylary ýazdy:

Baş prokuror Jon Eşkraft 2001-nji ýylyň oktýabrynda Nýu-Ýork şäherinde sözlän sözünde “öňüni alyş paradigmasy” barada ilkinji gezek bellände, ol şübhelenýän terrorçylary ýüze çykarmak we olaryň geljekde ýetirip biljek zyýanlarynyň öňüni almak maksady bilen, häkimiýetiň ähli kanunlary ulanjakdygyna söz berdi. Ol immigrasiýa baradaky kanuny aýratyn belläp, terrorçylara “[özleriniň] wizasynda bellenen senesinden bir gün hem gijä galyp, döwletden gitmedik ýagdaýda” olaryň tussag ediljekdigi barada habar berdi. Soňabaka, häkimiýet terrorçylary ýok etmek maksady bilen, arap we musulman ýurtlaryndan gelen immigrantlara we syýahatçylara gönükdirilen doly ýagdaýda çäklendiriji immigrasion syýasatyny kabul etdi. Emma, günäkärleri etnik (gelip çykyşy boýunça) hasiýetlerine görä ýüze çykarmak boýunça Ikinji Jahan urşy döwründen bäri iň iri döwlet kampaniýasy netijesiz bolup çykdy. Sentýabr aýynyň 11-den soň, esasan, arap we musulman ýurtlaryndan 80 müň sany erkegiň hasaba alynmagyny talap eden Ýörite hasaba alyş maksatnamasynyň netijesinde, terrorçylykda ýekeje şahsyýet hem aýyplanmady. Federal barlag býurosy (FBI) tarapyndan sorag bermek üçin gözlenilýän arap we musulman gelip çykyşly 8 müň sany ýaş erkekleriň, şeýle-de, sentýabr aýynyň 9-daky wakalardan soň iki ýylyň dowamynda öňüni alyş maksatly tussag edilen 5 müň sany daşary ýurt

---

[30] David Cole, *Enemy Aliens* (The New Press, New York, 2003), sah. 58.

raýatlaryň (hemmesi diýen ýaly arap ýa-da musulman) hiçisine terrorçylyk işi boýunça ýyl kesilmedi. Şeýlelik bilen, hökümetiň hasaba alyş sany 93 müňden 0-a deň boldy.[31]

Şeýle hukuklaryň kemsidilme çemeleşmesi 2001-nji ýylyň Terrorçylyga we jenaýatçylyga garşy göreş hem-de Howpsuzlyk boýunça Namasynyň 4-nji bölüminde beýan edildi; onda günäni ýa-da kazyýet işini yglan etmezden, terrorçylyga gatnaşmakda şübhelenýän Beýik Britaniýanyň raýatlarynyň däl-de, terrorçylyga gatnaşmakda şol bir derejede şübhelenýän daşary ýurt raýatlarynyň tussag astynda saklanmagy göz öňünde tutuldy. Ara alyp maslahatlaşmak üçin resminamada şol döwürdäki Içeri işler ministriniň (Dewid Blanket) düşündirmegine görä (5-nji bölümde getirilen) we ýokarda bellenilişi ýaly, bu hukuklaryň kemsidilmesi ýörite maksatly syýasy çözgüt bolupdy: “Halkara terrorçylyga gatnaşyp bilen Beýik Britaniýanyň raýatlaryny tussag etmek üçin beýleki ygtyýarlyklary gözlemek mümkin hem bolan bolsa, bu örän möhüm ädim bolardy. Hökümetiň pikirine görä, şeýle rehimsiz ygtyýarlyklary delillendirmek kyn bolardy ...”.[32]

Günäni ýa-da kazyýet işini yglan etmezden tussag etmek

Üçünji meňzeşlik iki döwletiň günäni ýa-da kazyýet işini yglan etmezden, şübhelenýänleri näbelli wagtyň dowamynda tussag etmek tejribesini (dürli derejede) ulanmagyndan ybarat; bu tejribe öňki döwürlerde jezaly awtoritar düzgünleriň häsiýetli aýratynlygy hasaplanýardy. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, esasan, (ýokarda bellenilişi ýaly) araplara we musulmanlara gönükdirilen hökümetiň öňüni alyş maksatly tussag ediş maksatnamasynyň netijesinde ilkinji ýedi hepdäniň içinde 1182 sany adam,[33] soňabaka bolsa jemi 5000-e golaý adam tussag edilip,[34] olaryň köpüsi diňe bulaşyk gizlin günäleriň esasynda tussag astyna alyndy. Olaryň örän az sany terrorçylykda aýyplanyldy. Ondan başga-da, ABŞ Al-Kaidanyň mümkin bolan agzalarynyň gizlin tussaghanalara getirilmekleri boýunça işi ýerine ýetirdi we döwletde hem-de daşary ýurtlarda köpçülikleýin gabawlary hem-de gizlin tussaglary amala aşyrdy. Döwlet Prezidentiň duşman urşujysy hökmünde kesgitlän islendik şahsyýeti günäni ýa-da kazyýet işini yglan etmezden, tussag astynda saklamak hukugyny ulandy.[35] Owganystanda, Yrakda we bütin dünýäniň beýleki kesgitlenilmedik “gara” ýerlerinde tussag edilen adamlaryň sany belli däl, emma Pentagon ABŞ-nyň 80 müňden gowrak adamy tussag edendigini belledi;[36] bu 80 müň adamdan 800-e golaýy birnäçe

---

[31] Cole and Lobel, *Less Safe, Less Free*, sah. 107.
[32] ‘Counter-Terrorism Powers: Reconciling Security and Liberty in an Open Society’ (February 2004), Deňeş. 6147, para. 36.
[33] Cole, *Enemy Aliens*, sah. 25.
[34] Cole and Lobel, *Less Safe, Less Free*, sah. 38.
[35] Cole, ‘The Brits Do It Better’, sah. 68.
[36] Conor Gearty, *Guardian*, 18 November 2005.

wagtyň dowamynda Guantanamo aýlagynda saklandy.[37] Olaryň käbiri bary-ýogy 13 ýaşynda bolupdy,[38] olaryň arasynda terrorçylaryň sany bolsa iňňän azdy.[39]

Prezident Buşyň administrasiýasynyň terrorçylykda şübhelenýän daşary ýurt raýatlaryny Guantanamo aýlagynda saklamak tejribesi ABŞ-nyň Ýokary kazyýetinde üç sany çözgüdiň kabul edilmegine getirdi; olaryň ählisi administrasiýa garşy gelýärdi. Bu meseleden ýüze çykýan soraglaryň birinjisi (*Rasul we Buş*)[40] şundan ybarat: tussag edilen daşary ýurtly şahs ABŞ-nyň kazyýetinde özüniň tussag edilmegine garşy çykyp bilýärmi? Köp adam onuň bu ýagdaýda garşy çykyp bilýändigini hasaplady. “Magna Karta” (“Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy”) resminamasyna salgylanyp, Stiwens J. (köpçülik üçin) aşakdakylary belledi: “Türme tussaglygy jezaly we bikanun hasaplanypdy, çünki Rannimid etrabynyň patyşasy Jon deň-duşlarynyň çözgüdinden, şeýle-de şol ýerleriň kanunlaryna esaslanan çözgütlerden başga ýagdaýlarda, hiç bir adamyň tussag edilmejekdigi, kowulmajakdygy, jenaýatçy diýlip hasap edilmejekdigi, şeýle-de onuň eýeçiliginiň alynmajakdygy barada söz berdi”. Şeýlelik bilen, jenap Rasul raýat kazyýetlerinde “habeas corpus” (şahsy azatlygy kepillendirýän hukugy) talap etmäge hukuklydy.

Tussag edilenleriň bu çözgüde bolan hukugyndan mahrum etmäge gönükdirilen kanuny üýtgeşmeler girizilenden soň, kazyýetiň öňünde ikinji mesele ýüze çykdy: *Hamdan we Ramsfeld*.[41] Bu mesele boýunça, köpçülik tussag edilenleriň Ženewa konwensiýalarynyň (rehimsiz gynamalary gadagan edýän) 3-nji maddasynyň esasynda goralmaga hukugynyň bolandygy we kazyýete çekilip tussag edilenleriň “ösen döwletler tarapyndan hökmany diýlip yglan edilen ähli kepillikleri üpjün edip, adaty esasda döredilen kazyýete” getirilmelidigi baradaky “habeas corpus” arzasyna garamakda federal kazyýetlerine päsgelçilik döretmeýändigini hasaplady.

Kanunçylykda nobatdaky üýtgeşmelerden hem-de Şa zenanyň maslahatçysy Tim Otti (beýan edilen ähli üç waka boýunça maglumat üpjün eden toparyň agzasy),[42] tarapyndan gowy beýan edilen adaty bolmadyk prosesual wakadan soň, üçünji iş Ýokary kazyýete ýetdi: *Bumedin we Buş*.[43] Bu ýagdaýda hem çözgüt köpçülik tarapyndan kabul edildi. Bu administrasiýa üçin aýgytlaýjy urgydy. Köpçülige görä, tussag edilenleriň “habeas corpus” babatda konstitusion hukugy bolup, bu hukugy ýok etmegi maksat edinýän kanunçylyk konstitusiýa ters gelýär, şeýle-de tussag edilenleriň derejesini kesgitlemek üçin döredilen möhüm prosesual kepillikleri bolmadyk kazyýetlerdäki işler “habeas corpus” hukugynyň ýerini tutup bilmeýär. Köpçüligiň pikirine baha berip, Kennedi J. “Magna Karta”

---

[37] Sarah Mendelson, *Closing Guantánamo*, Report of the CSIS Human Rights and Security Initiative and the Working Group on Guantánamo and Detention Policy, September 2008, sah. 4.
[38] Cole, *Enemy Aliens*, sah. 42.
[39] Cole and Lobel, *Less Safe, Less Free*, sah. 103–7.
[40] 542 US 466 (2004).
[41] 548 US 557 (2006).
[42] ‘Honour Bound to Defend Freedom? The Guantanamo Bay Litigation and the Fight for Fundamental Values in the War on Terror’, [2008] *EHRLR*, Issue 4, sah. 433–53.
[43] 553 US (2008).

("Azatlyklaryň Beýik Hartiýasy") resminamasyndaky "Bäş sany rysaryň" (hukuk boýunça şikaýatlara getiren) işini we Jeýms Somersetyň işine salgylandy. Ol ABŞ-nyň Konstitusiýasy baradaky jedelleriň dowamynda Aleksander Hemiltonyň "özbaşdak tussag etme tejribesiniň ähli döwürlerde tiraniýanyň iň halanýan hem-de iň elhenç guralynyň bolandygy" baradaky pikirine hem salgylandy. Ol pikirini şu sözler bilen jemledi: "Konstitusiýanyň kanunlary adatdan daşary döwürlerde hereketde galmaga niýetlenilip düzülen. Azatlygy we howpsuzlygy sazlaşdyryp bolýar; biziň ulgamymyzda bolsa olar kanun tarapyndan sazlaşdyrylýar". Şeýlelik bilen, iň soňunda hukugyň hökmürowanlygynyň ykrar edilendigi barada aýdyp bolýar. Emma, ol tussag edilenleriň köp ýyllaryň dowamynda bikanun tussaglara we rehimsiz gynamalara sezewar edilenden soň ykrar edildi.

Beýik Britaniýanyň hereketleri kiçi göwrümli bolup, ilkibaşda, olar kesgitli adam toparyna gönükdirilendi: terrorçylyga gatnaşmakda şübhelenýän, şeýle-de Beýik Britaniýada ýaşamaga hukugy bolmadyk, emma özleriniň döwletlerine ugradyp bolmaýan daşary ýurt raýatlary. Adaty tertipde, Içeri işler ministri daşary ýurt raýatynyň döwletde bolmagy köpçülige peýda getirmeýär diýip hasaplan ýagdaýda, ony döwletden çykaryp bilýär; terrorçylyga gatnaşmakda şübhelenýän şahslar bilen ýagdaý bu ýörelgä esaslanypdy. Döwletden çykarylmagyna garaşýan şahslar näbelli möhlet üçin däl-de, bellibir wagtyň dowamynda tussag edilip bilner.[44] Britaniýanyň hökümetiniň öňünde duran mesele iki taraplydy: Adam hukuklary boýunça Ýewropa konwensiýasynyň (7-nji bölümde agzalan) 5-nji maddasyna laýyklykda, döwletden çykarylmaly şahs diňe döwletden çykarylmagyna garaşan ýagdaýda tussag edilip bilner, ol döwletden çykarylmaýan bolsa, ony tussag astynda saklamak bolmaýar; emma Beýik Britaniýa tarapyndan hökman berjaý etmeli Ýewropa kazyýetiniň çözgüdine laýyklykda, daşary ýurt raýaty milli howpsuzlyga zeper ýetirip bilýän hökmünde kesgitlense-de, oňa öz döwletinde gynamalara sezewar bolmak howpy abanýan bolsa, ony öz döwletine ugratmak gadagan edilýär. Bu çözgüt *Çahal we Beýik Britaniýa* işinde kabul edildi:[45] jenap Çahal Beýik Britaniýada ýaşaýan sikh separatisti bolup, ol özüniň ata Watany bolan Hindistanda terrorçylykda şübhelenipdi hem-de oňa öz döwletine dolanan ýagdaýda, penjab häkimiýeti tarapyndan gynamalara sezewar bolmak howpy abanýardy. Bu ýagdaýda aşakdaky sorag ýüze çykdy: Ýakyn Gündogardaky we Demirgazyk Afrikadaky döwletlerine dolanan ýagdaýlarda, gynamalara sezewar bolup biljek terrorçylykda şübhelenýän daşary ýurt raýatlary bilen baglanyşykly meseläni Beýik Britaniýa nädip çözmeli, çünki olary öz döwletlerine ugradyp bolmasa, diýmek, tussag astynda hem saklap bolmaýar?

Parlamentiň kömegi bilen Britaniýanyň hökümeti tarapyndan kabul edilen çözgüt Konwensiýanyň 5-nji maddasyndan çykmakdan (başgaça, ony ret etmekden) ybaratdy. Bu ygtyýarlyk kesgitli şertler berjaý edilen halatda Konwensiýanyň birnäçe (ähli däl) maddasy babatda ulanylyp bilner. Bu şertler Konwensiýanyň 15-nji maddasynda beýan edilip, "uruş

[44] *R v Governor of Durham Prison, ex p. Hardial Singh* [1984] 1 WLR 704.
[45] (1996) 23 EHRR 413.

wagty ýa-da halkyň ýaşaýşyna howp döredýän beýleki adatdan daşary ýagdaýlarda" ulanylýar, emma olary diňe "ýüze çykan ýagdaýyň talaplaryna görä göz öňünde tutulan derejede", şeýle-de alnyp barylýan çäreleriň "halkara hukugyna laýyklykda [döwletiň] beýleki borçlaryna garşy gelmeýän" ýagdaýlarda ret edip bolýar. Hökümet ýokardaky şertleriň ýerine ýetirilendigini hasaplady we 5-nji maddany ret edip, *Çahalyň* işi boýunça çözgüde laýyklykda, terrorçylyga gatnaşmakda şübhelenýän, emma döwletden çykaryp bolmaýan daşary ýurt raýatlarynyň tussag edilmegine rugsat berdi.

Daşary ýurt raýatlaryny 4-nji bölüme laýyklykda tussag etmek hukugy 16 sany ýagdaýda ulanylypdy.[46] 5-nji we 7-nji bölümlerde gysgaça bellenilip geçilen "*Belmarş*"[47] ady bilen belli bolan iş boýunça berk düzgünli Belmarş tussaghanasynda saklanylýan şol tussag edilenleriň 9 sanysy özleriniň tussag astynda saklanylmagynyň kanunylygyna garşy çykdy. Olaryň aýtmagyna görä, 5-nji maddany ret etmäge ýol berýän şertler berjaý edilmedi; olar berjaý edilen hem bolsa, bu kanunçylyk Beýik Britaniýanyň Ýewropa konwensiýasyndan gelip çykýan borçlaryna garşy gelýärdi. Bu işe birnäçe kazyýetde garaldy, emma ol Şikaýatnama beriş kazyýetinde hem hiç hili netije getirmedi, 2004-nji ýylyň oktýabr aýynda bolsa olaryň şikaýatnamasyna Lordlar palatasynda hukuk boýunça 9 sany lorddan ybarat bolan giňeldilen kazyýetde garaldy. Olar 2004-nji ýylyň 15-nji dekabrynda çözgüt çykardy. Hukuk boýunça lordlaryň biri 5-nji maddany ret etmäge ýol berýän şertleriň berjaý edilmändigi barada karar çykardy, çünki sentýabr aýynyň 11-däki ýagdaýlar hem britan halkynyň ýaşaýşyna howp döretmedi; emma beýlekiler bolsa bu meseläniň syýasat bilen baglanyşygyny belläp, olaryň bu meselä goşulmaly däldigini bellediler. Esasy mesele babatda hukuk boýunça lordlar 7/1 gatnaşykda ses berip, olaryň aglaba bölegi 4-nji bölümiň Beýik Britaniýanyň Konwensiýadan gelip çykýan borçlaryna garşy gelýändigini belledi. Olaryň pikirine görä, bu çäreler howplary aradan aýyrmaga oýlanyşykly derejede gönükdirilmändi, talabalaýyk hereket däldi, talaplaryň berk ýagdaýda berjaý edilmegini talap etmändi we daşary ýurt şahslarynyň raýatlyk alamatlary esasynda hukuklaryny kemsidýärdi.

Hukuk boýunça lordlaryň çözgüdi Parlamentden ýa-da hökümetden 4-nji bölümi ýatyrmagy ýa-da üýtgetmegi talap etmeýärdi. Bu ýerde iki ýol bardy: 4-nji bölümi saklap, Strasburgdaky arz edijileriň öňünde ýeňilmek howpuna sezewar bolmak; ýa-da ony başga düzgün bilen çalyşmak. Bu ýollaryň ikinjisi saýlandy. 9-njy bölümde gysgaça bellenilişine görä, 2005-nji ýylyň Terrorçylygyň öňüni almak boýunça namasyna laýyklykda, Içeri işler ministri halky terrorçylykdan goramak üçin zerur diýip hasaplan ýagdaýlarda, terrorçylyk bilen baglanyşykly hereketlere gatnaşmakda şübhelenýän şahslara baglylykda (Ýokary kazyýet tarapyndan garalmaga degişli bolan) barlag buýruklaryny çykaryp bilýärdi. Şeýle buýruklardan gelip çykýan borçlar örän berk bolup, olar degişli şahslaryň her gün köp wagtyň dowamynda ýörite bölünip berlen öýlerde saklanmagyny, olaryň duşuşyp bilýän şahslarynyň sanyny çäklendirmegini, adaty aragatnaşyk serişdelerini ulanmaga rugsat

[46] Bonner, *Executive Measures*, sah. 220.
[47] *A v Secretary of State for the Home Department* [2004] UKHL 56, [2005] 2 AC 68.

bermezligi, elektron birkany dakmagy borçly etmegi, gije-gündiziň islendik wagty häkimiýetiň wekilleri tarapyndan özleriniň we öz öýleriniň barlanmagyny we buýrugyň islendik şerti bozulan ýagdaýda, olaryň bäş ýyla çenli möhlete tussag edilmegini göz öňünde tutupdyr. Emma, bu buýruklar "ýaýradylmaýan barlag buýruklary" diýlip atlandyrylypdy, çünki olar Içeri işler ministri tarapyndan kabul edilen ýagdaýda, 5-nji maddany bozýan derejede adamy azatlyklardan mahrum edip bilmeýärdi: şeýle etmek üçin Beýik Britaniýa ýene-de 5-nji maddany ret etmeli bolardy, bu bolsa *Belmarş* işi boýunça çözgütden soň ikinji gezek ulanylmandy. Şeýle buýruklaryň 18 sanysy kabul edildi,[48] bu ýagdaýlarda hem birnäçe esaslara görä kanunylyk bilen baglanyşykly meseleler ýüze çykypdy, olaryň arasynda şahslara bellenen şertleriň olary azatlyklardan mahrum edýändigi bilen baglanyşykly meseleler bolupdy. Bu iş 2007-nji ýylda Lordlar palatasyna ýetende, hukuk boýunça lordlaryň aglaba böleginiň pikirine görä, 18-sagatlyk komendant wagtyny öz içine alýan çäklendirmeler şahsy azatlyklaryndan mahrum edýärdi.[49] Emma, 5-nji madda laýyk gelmek üçin, gysga komendant wagtlary (günüň dowamynda 10-12 sagat) we berk bolmadyk çäklendirmeler ulanylypdy,[50] şeýlelikde hukuk boýunça lordlar barlag buýruklaryny ýazgarmaýardy. Bu netije Günorta Afrikanyň öňki baş kazysy Çaskalsony alada goýdy:

> Barlag buýruklary görnüşinden has beter bolup biler. Olara laýyklykda, buýrugyň pidasy 18 sagada çenli wagtyň dowamynda öz öýünde bolmaly bolýar, şeýle-de "azatlygyň" 6 sagady dowamynda bolsa onuň myhmanlary kabul etmäge, bir ýere gatnaşmaga, başga adamlar bilen duşuşmaga ýa-da kesgitli bir ýere gitmäge bolan hukugy çäklendirilip bilner. Şeýle çäreler Günorta Afrikada ulanylypdy. Biz bu hadysa öý tussagy diýip at berip, 12 sagatlyk öý tussagyny we 24 sagatlyk öz tussagyny tapawutlandyrypdyk. Şeýle buýruklara sezewar edilen şahslar üçin ähli şertleri berjaý etmek, köp ýagdaýlarda, mümkin bolmandy, netijede olar bu düzgünleri bozýardy, bu bolsa olaryň, köplenç halatda, yzarlanylmagyna getirýärdi.[51]

Şol bir wagtda, bu döwletde şahsy azatlygyň iň esasy kepillikleriň biri ýuwaş-ýuwaşdan dargaýar. Bu kepillik – terrorçylyk hereketini ýerine ýetirmekde şübhelenýän şahsy onuň günäsini yglan etmezden ýa-da ony boşatmazdan, tussag astynda saklap bolýan wagtyň çäklendirilmegi. 1997-nji ýylda bu wagt 4 güne deň bolupdy.[52] 2000-nji ýylda ol 7 güne çenli,[53] 2003-nji ýylda 14 güne çenli,[54] 2006-njy ýylda bolsa 28 güne çenli uzaldyldy.[55] Emma, bu hem ýeterlik däldi. 2005-nji ýylyň ahyrynda hökümet bu möhleti 90 güne çenli uzaltmagy isläpdi, emma şol döwrüň möhleti bolan 14 günüň dowamynda şübhelenýäniň tussag astynda saklanylyp, subutnamalaryň ýetmezçiligi zerarly günä yglan etmezden goýberilen

---

[48] Bonner, *Executive Measures*, sah. 239.
[49] *Secretary of State for the Home Department v JJ and others* [2007] UKHL 45, [2008] 1 AC 385.
[50] *Secretary of State for the Home Department v AF* [2007] UKHL 46, [2008] 1 AC 440; *Secretary of State for the Home Department v E and another* [2007] UKHL 47, [2008] 1 AC 499.
[51] Chaskalson, 'The Widening Gyre', sah. 86.
[52] Police and Criminal Evidence Act 1984, ss. 43–51.
[53] Shema 8, Terrorism Act 2000.
[54] Shema 8, Terrorism Act 2000, düzedilen s. 306 Criminal Justice Act 2003.
[55] Shema 8, Terrorism Act 2000, düzedilen s. 23 Terrorism Act 2006.

ýeke bir ýagdaýy görkezip bilmändi.[56] Bu teklip Umumylar palatasynda ret edildi. Emma, şonda-da hökümet bu möhleti 42 güne çenli uzaltmaga synanyşyk edipdir; bu teklip Umumylar palatasynda kabul edilen hem bolsa, 2008-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda ol Lordlar palatasynda düýbünden ret edildi.

Işe adalatly garamagyň kepillikleri

Terrorçylyga garşy hereketlerde ABŞ bilen Beýik Britaniýanyň arasyndaky dördünji meňzeşlik olaryň işe adalatly garamagyň 9-njy bölümde agzalan kepilliklerini bozýanlygyndadyr. Ýaňy-ýakynda bolan işde Kanadanyň Ýokary kazyýetiniň başlygy tarapyndan biragyzdan çykarylan çözgütde şeýle bellenýär: "Ýene bir möhüm düşünje – işe adalatly garamak düşünjesi aýyplanýan şahsyň özüne garşy işiň ýöredilýändigi barada bilmegini we oňa bu işe görä hereket etmek hukugynyň berilmegini aňladýar. Bu hukuk immigrasiýa baradaky kanunçylykda gowy beýan edilýär".[57] Bu ýörelge şeýle beýan edilipdi: "Azatlygy howp astynda bolan şahs özüniň garşysyna ýöredilýän iş barada bilmeli".[58] Kazyýet tarapyndan garalýan kanunçylyk shemasy barada aýdylanda, "bu ýörelge diňe bir çäklendirilmän, eýsem dolulygyna ýok edilen ýalydy. Özüňe garşy işiň ýöredilýändigi barada bilmeseň, onuň bilen nädip iş salşyp bolar?"[59] Ondan başga-da, kazyýet shema tarapyndan talap edilýän gizlinligiň agzalan şahsy özüne garşy ýöredilýän iş barada bilmek, onuň netijesinde bolsa bu işe garşy çykmak mümkinçiliginden mahrum edýändigini belledi.[60]

Bu döwletde howp astynda bolanlaryň özleriniň garşysyna ýöredilýän işi barada bilmek we bu işe garşy durmak hukugy dolulygyna "ýok edilmändi". Emma, 9-njy bölümde bellenilişine görä, ol köp derejede häkimiýetiň aýyplanýanlara we olaryň sülçilerine howpsuzlyk baradaky gizlin maglumaty açmagy islemeýän ýagdaýlarda çäklendirilipdi. Bu ýagdaýa hukugyň hökmürowanlygynyň tarapdarlary arkaýyn ýagdaýda seredip bilmeýärdi.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ýagdaý biraz tapawutlydy. Bu babatda birnäçe çäreleriň netijesinde, immigrasiýa gullugynyň işgärleri daşary ýurt raýatlarynyň tussag edilmegi ýa-da öz ýurduna iberilmegi bilen baglylykda açylmadyk subutnamalara bil baglamak hukugyny üpjün edýär, çünki daşary ýurt raýatlary ABŞ-nyň raýatlary üçin üpjün edilýän konstitusional goragdan peýdalanyp bilmeýär. Bu syýasat köp kazyýetlerde 2001-nji ýyla çenli ýatyrylypdy, emma sentýabr aýynyň 11-däki ýagdaýlar kazyýet işiniň hem üýtgemegine getirdi, şeýlelikde immigrasion işlerde daşary ýurt raýatlarynyň garşysyna gönükdirilen subutnamalary paş etmezlik baradaky hökümetiň talaplaryny tassyklaýan çözgütler kabul edildi. Şol bir wagtda, PATRIOT namasy terrorçylyk hasaplanylýan

---

[56] Eric Metcalfe, 'The Future of Counter-Terrorism and Human Rights', JUSTICE, 2007, sah. 22.
[57] *Charkaoui v Minister of Citizenship and Immigration and Minister of Public Safety and Emergency Preparedness* [2007] SCC 9, 276 DLR (4th) 594, para. 53.
[58] Ibid., para. 64.
[59] Ibid.
[60] Ibid., para. 65.

guramalaryň we musulman haýyr-sahawat guramalarynyň işini bozmak maksady bilen gizlin maglumaty ulanmagy hökümete ygtyýarlyk beripdir; ondan başga-da, ol gadagan edilen toparlara goldaw bermekde şübhelenýän ABŞ-nyň raýatlarynyň garşysyna hem güýç ulanypdyr. Professor Kolyň aýdyşyna görä, bu ýagdaý gaýtalanýan shemanyň bölegi bolupdy: raýatlara üpjün edilýän konstitusional gorag hukuklarynyň daşary ýurt raýatlaryna üpjün edilmeýändigi sebäpli, adatdan daşary ygtyýarlyklar ilki diňe daşary ýurt raýatlaryna garşy ulanylypdyr we şol sebäpden, bu güýçlere kän garşylyk bildirilmändir; soňabaka bolsa bu ygtyýarlyklar ABŞ-nyň raýatlaryna hem garşy ulanylypdyr.[61] Gizlin bolandygy sebäpli garşysyna çykyp bolmaýan subutnamalaryň ulanylmagy kynçylyk döredip bilýär: 2002-nji ýylda ABŞ-nyň Baş prokurorynyň sentýabr aýynyň 11-ne bolup geçen wakalar bilen baglanyşykly şahslara baglylykda ähli immigrasion işleri köpçülik üçin ýapmaga esaslanan umumy syýasatyna konstitusiýa garşy gelýän syýasat hökmünde baha beren kazy Deýmon Keit tarapyndan bellenmegine görä, “ýapyk otagyň içinde demokratiýa ýok bolýar”.[62]

## Gynamalar

Terrorçylyga garşy hereketlerde iki döwletiň arasyndaky bäşinji meňzeşlik gynamalara bolan täze çemeleşmeden (amerikan tarapda) hem-de olar bilen baglanyşykly ikitaraplylykdan (britan tarapda) ybarat. Bu geň galdyryjydyr. 2-nji bölümde bellenilişi ýaly, 1689-njy ýylyň Hukuklar baradaky kanunda “rehimsiz we adaty bolmadyk jezalaryň” ulanylmaly däldigi bellenýär; bu düzgün 1791-nji ýylda ABŞ-nyň Konstitusiýasynyň Sekizinji düzedilişine girizildi. Ýurtlaryň ikisi hem 1949-njy ýylyň Ženewa konwensiýasynyň agzasy, bu konwensiýanyň 3-nji maddasynda bolsa adamyň ýaşaýşyna we şahsyýetine zeper ýetirmek, dürli görnüşli öldürmeler, zeper ýetirmeler, rehimsiz hereketler, gynamalar, şahsy mertebä kast etmek we mertebäni peseldýän hereketler gadagan edilýär. Ýurtlaryň ikisi hem Raýat we syýasy hukuklar barada halkara paktynyň (1966-njy ýyl) hem agzasy, bu paktyň 7-nji maddasynda bellenilişi ýaly, hiç bir şahs gynamalara ýa-da adam mertebesini peseldýän rehimsiz hereketlere ýa-da jezalara sezewar edilmeli däl. Ýurtlaryň ikisi hem BMG-niň Gynamalara garşy konwensiýasynyň agzasy, bu konwensiýada bolsa islendik döwletiň özüniň ýurisdiksiýasynyň astynda ýerleşen islendik ýerde gynamalaryň öňüni almagyny talap edýär, bu talaplaryň ýerine ýetirilmezligi üçin hiç hili kadadan çykma şertleri üpjün etmeýär we şeýle gynamalaryň jenaýatçylyk işi hökmünde kabul edilmegini talap edýär.

XXI asyryň başynda ösen ýurtlaryň gynamalary, adam mertebesini peseldýän hereketleri ret etmegi, ösen kazyýetleriň bolsa şeýle hereketleriň netijesinde alnan subutnamalary awtomatik ýagdaýda ret etmegi maksadalaýyk diýip çaklap bolardy. Gynansak-da, ýokarda bellenilişi ýaly, ABŞ-nyň resmi wekilleri bilkastdan edilen syýasy hereket hökmünde “gynama” düşünjesine berilýän kesgitlemäni üýtgetdiler; dünýäniň

[61] Bu pikir Cole, *Enemy Aliens* işinde beýan edilýär; bu pikir sah. 169–79 esaslanan.
[62] *Detroit Free Press v Ashcroft* 303 F 30 681, 683 (6th Cir. 2002).

aglaba bölegi, häzirki wagtda bolsa ABŞ-nyň hökümeti tarapyndan gynama hökmünde hasaplanylýan hereketleri ýerine ýetirdiler; we daşary ýurtda saklanýan daşary ýurt raýatlaryny gynamalardan ýa-da rehimsiz we adam mertebesini peseldýän hereketlerden goramagy ret edip, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna öz ýurdunda amerikan raýatlary bilen edip bilmeýän zatlaryny daşary ýurt raýatlaryna daşary ýurtlarda etmäge ygtyýar berdiler.[63] Haçanda *Hamdan we Ramsfeld* işinde[64] Ýokary kazyýet Guantanamoda tussag edilenleriň Ženewa konwensiýalarynyň 3-nji maddasy tarapyndan goralandygy baradaky karara gelende we öň adalatsyz hökmünde yglan edilen harby ygtyýarlyklar ulgamyny ret edende, 2006-njy ýylyň Harby ygtyýarlyklar baradaky namada Kongres adam mertebesini peseldýän hereketler üçin jenaýatçylyk jogapkärçiligini ýatyrmak hem-de gynamalaryň we rehimsiz hereketleriň arasyndaky tapawutlary takyk ýagdaýda beýan etmek kararyna geldi.[65] Diňe senator Jon MakKeýn tarapyndan girizilen düzediş wezipeli şahslara olaryň ýerleşýän ýerine hem-de aýyplanýan şahsyň milletine garamazdan, rehimsiz we adam mertebesini peseldýän hereketleri ýerine ýetirmegi gadagan edipdi.[66] Prezident kanuna gol çekende, ol "ýerine ýetiriji häkimiýetiň [MakKeýn tarapyndan girizilen düzediş] Prezidentiň Belent serkerdebaşy hökmünde unitar ýerine ýetiriji häkimiýete gözegçilik etmäge bolan konstitusional häkimiýetine hem-de kazyýet häkimiýeti üçin konstitusional çäklendirmelere laýyklykda garamalydygyny" aňladýan belligi girizdi.[67] Öçli habarçy bu sözleri şeýle düşündirdi: "Eger Prezident gynamalaryň döwletiň howpsuzlygy üçin kepil boljakdygyna ynansa, ol kanundan çykyp, gynamalara ygtyýar berip biler. Eger kazyýet ony saklajak bolsa, ol kazyýete hem garşy çykar".[68] Harby ygtyýarlyklar baradaky nama laýyklykda, gynamalaryň netijesinde alnan subutnamalary ulanmaga ýol berilmeýän hem bolsa, mejbur etmäniň netijesinde alnan subutnamalaryň "mejbur etme derejesi jedelli bolsa", şeýle-de olar MakKeýn tarapyndan girizilen düzedişden öň alnan ýagdaýda, olary ulanmaga ýol berilýärdi; Guantanamoda tussag edilenleriň aglaba bölegi bolsa bu düzedişden öň subutnama beripdi.[69] Üstesine-de, nama "harby kazy ABŞ-nyň subutnamalary alan usullarynyň ... gizlin bolmalydygyny hasaplan ýagdaýda ..., bu usullary aýan etmezden ... subutnamalary ulanmaga ..." prokurorlara ygtyýar beripdi; şeýlelik bilen, tussag edilen şahs bu ýagdaýda öz subutnamalaryna garşy çykmagyň esaslaryny kesgitläp bilmeýär.[70] Emma, nama görä, bu düzgünler diňe daşary ýurt raýatlaryna baglylykda ulanylýar: olar proseduranyň düzgünlerine we kanunda beýan edilen subutnamalara laýyklykda, harby toparlar (komissiýalar) tarapyndan kazyýete çekilmeli, ABŞ-nyň raýatlary bolsa ABŞ-nyň jenaýat

[63] Cole and Lobel, *Less Safe, Less Free*, sah. 35–7.
[64] 548 US 557 (2006).
[65] David Luban, 'Tortured Evidence', 2007 Raoul Wallenberg International Human Rights Symposium: Conference Proceedings, sah. 99.
[66] Cole and Lobel, *Less Safe, Less Free*, sah. 36.
[67] Ibid.
[68] Ibid.; Andrew Sullivan, 'We Don't Need a New King George', *Time*, 16 January 2006.
[69] Luban, 'Tortured Evidence', sah. 100.
[70] Ibid.

kanunçylygyna laýyklykda, adaty kazyýetlerde kazyýete çekilmeli: bu çäreleriň ählisi “ABŞ-nyň hukugyň hökmürowanlygyna wepalylygyny” görkezmek maksady bilen, Kongres tarapyndan maslahat berildi.[71] Şeýle-de bolsa, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň bütin taryhynyň dowamynda goldan gymmatlyklary (mysal üçin, general Waşingtonyň günlerinde Garaşsyzlyk ugrunda urşuň dowamynda britanlaryň amerikan harby ýesirlerine garşy gynamalary ulanmagyna garamazdan, amerikanlaryň britan harby ýesirleriniň gynamalara sezewar edilmegini gadagan etmekleri) Prezident Obamanyň täze administrasiýasy tarapyndan aýgytly ýagdaýda tassyklanyldy.

Ýokarda bellenilen halkara gurallardan başga, Beýik Britaniýa Ýewropa konwensiýasynyň agzasy bolup, onuň 3-nji maddasy (7-nji bölümde bellenilişine görä) gynamalara ýa-da adam mertebesini peseldýän hereketlere sezewar edilmezlige bolan doly hukugy berýär. Bu maddany adatdan daşary ýagdaýlarda-da bozup bolmaýar. Irlandiýa Respublikasy tarapyndan Beýik Britaniýa garşy 1978-nji ýylda gozgalan işde[72] Ýewropa kazyýeti Beýik Britaniýa tarapyndan ulanylýan sorag etmegiň usullarynyň gynama (Adam hukuklary boýunça Ýewropa komissiýasynyň belleýşi ýaly) bolman, eýsem rehimsiz we adam mertebesini peseldýän hereketleriň bolandygyny ýüze çykardy. Emma, soňabaka, 7-nji bölümde bellenilişi ýaly, kazyýet ülňüleriň üýtgeýändigini hem-de häzirki wagtda sorag etmäniň görnüşlerine gynamalar hökmünde seredip bolýandygyny belledi.[73] Megerem, bu tejribe zerarly, şeýle-de konwensiýa esaslanyp arz-şikaýatyň berilmeginiň mümkinçiligini hasaba almak bilen, megerem, ahlak ýörelgeleriň esasynda, Beýik Britaniýa 2001-nji ýyldan bäri syýasatyň guraly hökmünde gynamalary we adam mertebesini peseldýän hereketleri ulanmagyň üsti bilen terrorçylyk howpuna täsir etmeýär. Britan häkimiýetiniň beýlekiler tarapyndan ulanylan gynamalara olary goldamagyň, olara ümsüm ýagdaýda razylaşmagyň ýa-da garşylyk görkezmezligiň üsti bilen gatnaşandygyny ýa-da gatnaşmandygyny entek barlamak we ýüze çykarmak zerur. Emma, Beýik Britaniýanyň gynamalary we onuň netijelerini ret eden beýleki döwletler ýaly, bu iki düşünjä örän berk derejede ýigrenç görkezendigini aýdyp bolmaýar. Ýokarda agzalan *Belmarş* işiniň dowamynda, hökümet Britaniýanyň häkimiýeti bilen maslahatlaşmazdan Immigrasiýa boýunça ýörite şikaýatnamalar toparyň daşary ýurtlarda gynamalaryň netijesinde alnan subutnamalara garap bilýändigini sorag astynda goýupdyr; bu pikiri Lordlar palatasy biragyzdan we berk derejede ret edipdir.[74] Ýokarda Ýewropa kazyýetiniň *Çahal* işi boýunça çözgüdine salgylanyldy, oňa laýyklykda, daşary ýurt raýaty bu döwletde howp döredýän hem bolsa, oňa öz döwletinde gynamalara sezewar bolmak howpy abanýan bolsa, ony şol döwlete ugratmak gadagan edildi. Bu çözgüdiň hökümetiň hereketleri üçin örän ýaramaz bolandygyny ynam bilen aýdyp bolar. Jon Reid (şol wagtky Içeri işler ministri) bu çözgüdi “örän adalatsyz”

---

[71] Chaskalson, ‘The Widening Gyre’, sah. 81.
[72] *Ireland v United Kingdom*, ýokarda (n. 2).
[73] *Selmouni v France* (1999) 29 EHRR 403, para. 101.
[74] *A and others v. Secretary of State for the Home Department (No. 2)* [2005] UKHL 71, [2006] 2 AC 221.

hökmünde häsiýetlendirdi,[75] we Umumylar palatasynyň bu çözgüdi makullaýan agzalarynyň "oňa düşünmeýändiklerini" belledi. Şonuň üçin, Beýik Britaniýa Ýewropa kazyýetini öz çözgüdini üýtgetmäge ynandyrmak üçin elinden gelenini etdi. Bu maksat bilen, ol bir kazyýet işine goşuldy, oňa laýyklykda arz ediji Niderlandlaryň häkimiýetiniň ony öz döwletine ugratmak baradaky çözgüdi barada arz etdi, çünki, onuň aýdyşyna görä, oňa öz döwletinde gynamalara sezewar bolmak howpy abanýardy.[76] Ondan başga-da, Beýik Britaniýa ýene bir kazyýet işine goşuldy, oňa laýyklykda, Italiýada Tunis döwletiniň raýatyny öz döwletine ugratmak bilen gorkuzdylar, çünki öz döwletinde oňa gynamalara sezewar bolmak howpy abanýardy.[77] Emma, kazyýet *Çahal* işi boýunça öz çemeleşmesini täzeden tassyklady: "Häzirki wagtda döwletler öz jemgyýetini terrorçylyk hereketlerinden goramak babatda uly kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Şeýlelik bilen, [kazyýet] şu gün terrorçylyga we onuň jemgyýete ýetirjek howpuna kembaha garap bilmeýär. Şeýle-de bolsa, bu şert 3-nji maddanyň doly häsiýetini sorag astynda goýmaly däl.[78]

*Çahal* işindäki gadagan etmelerden azat bolmagyň aýratyn bir usuly hökmünde, Beýik Britaniýanyň hökümeti Orta Gündogardaky we Demirgazyk Afrikadaky käbir döwletler, şol sanda Iordaniýa, Liwan we Liwiýa bilen ylalaşyklary ýola goýdy, olara laýyklykda, bu ýurtlara yzyna ugradylan şahsyýetler gynamalara sezewar edilmez.[79] Britan kazyýetleri Iordaniýa bilen ylalaşygy yzyna ugradylýan raýatlar üçin talabalaýyk goragy üpjün edýän hökmünde kabul etdi, Alžir döwleti bilen ylalaşygyň ýokdugyna garamazdan, bu döwlete yzyna ugratmalara resmi kepillikleriň esasynda rugsat berildi.[80] Emma, ylalaşygyň bardygyna garamazdan, Libiýa yzyna ugratmalar gadagan edildi. Bu çylşyrymly zolak. Tussag edilenleri adaty ýagdaýda gynamalara sezewar edýän döwletler bu hereketleri ýerine ýetirýändiklerini kän boýnuna almaýarlar, şeýlelikde BMG-niň Gynamalara garşy komiteti Şwesiýanyň bosgunyny "geljekki hereketleri barada Müsüriň häkimiýetiniň ynandyrmalarynyň" esasynda Müsüre yzyna ugradandygy üçin tankyt edipdi, çünki Şwesiýa "Müsüriň tussag edilenleri yzygiderli derejede gynamalara sezewar edýändigini we bu ýurtda syýasy hem-de howpsuzlyk sebäplere görä tussag edilenleri gynamalara sezewar etmek howpunyň has ýokarlanýandygyny" bilipdi ýa-da bilmelidi.[81]

## Gözegçilik

[75] Hansard, H.C., 24 May 2007, col. 1433.

[76] Beýik Britaniýanyň Hökümet işgäri tarapyndan Adam hukuklary boýunça Ýewropa kazyýetine hat, 24 January 2006 in *Ramzy v Netherlands*, Appn no. 25424/05.

[77] *Saadi v Italy* [2007] 44 EHRR 50.

[78] Ibid., para. 137.

[79] Metcalfe, 'Future of Counter-Terrorism', sah. 13–14; Bonner, *Executive Measures*, sah. 256, 316–18.

[80] *RB (Algeria) v Secretary of State for the Home Department, OO (Jordan) v Secretary of State for the Home Department* [2009] UKHL 10, 18 February 2009.

[81] *Agiza v Sweden*, Communication No. 233/2003, UN Doc CAT/C/34/D/233/2003 (2005), para. 4.12, 13.4.

Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen Beýik Britaniýanyň sentýabr aýynyň 11-ne bolup geçen wakalary sebäpli alyp baran hereketleriniň arasyndaky altynjy meňzeşlik döwlet edaralarynyň jemgyýet köpçüligi babatda alyp barýan güýçlendirilen gözegçiligidi. ABŞ-da bu babatda, ilkibada, bikanun hereketler alnyp baryldy, emma olar kazyýet tertibinde ýazgaryldy, güýçli jemgyýetçilik gapma-garşylygynyň ýüze çykmagyna getirdi, olaryň derejesi çäklendirildi we düýbünden ýok edildi. Beýik Britaniýada howp döwletiň gözegçilik jemgyýetine geçip bilýänliginde (2006-njy ýylyň 2-nji noýabryndaky “BBC News” gullugynyň habary esasynda, maglumat boýunça komissaryň aýtmagyna görä) jemlenipdi. Alnyp barlan çäreler bikanun däldi, şeýlelik bilen jemgyýetiň gapma-garşylygy ýatyrylypdy. Emma, örän gysga wagtyň içinde biz azat dünýäde iň köp derejede gözegçilik edilýän halka öwrüldik.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda Daşary ýurt gözleg edarasyna gözegçilik etmek boýunça 1978-nji ýylyň namasy hökümete esassyz ýagdaýda daşary ýurt güýçleri bilen gatnaşykda bolanlar hökmünde şübhelenýän şahslaryň telefon gepleşiklerini we elektron hatlaryny ele salmaga rugsat beripdir. Emma, şeýle hereketler kanuny esasda diňe telefon gepleşikleri diňlenilenden ýa-da hat ele salnandan öň ýa-da soň kazy tarapyndan dessine berlen ygtyýarlyklar esasynda amala aşyrylyp bilner. Şeýlelik bilen, edil Britaniýadaky ýaly bu ýerde hem (proseduralar tapawutlansa-da) hatlaryň ele salynmagyny düzgünleşdirýän kanun görnüşdäki kanunçylyk binýady bolupdyr. Emma, sentýabr aýynyň 11-däki wakalardan soň, Buşyň administrasiýasy öňüni alyş paradigmasyna eýerip, bu düzgünden çekildi. Gizlin kararyň üsti bilen, Prezident Milli howpsuzlyk gullugyna Kongresiň üstünden geçip we federal jenaýatçylyk kanunçylygyň bozmalaryny makullap, hatlary kazyýet ygtyýary bolmazdan ele salmaga ygtyýar berdi.[82] Kararyň köpçülige aýan bolmagy üçin birnäçe wagt zerur boldy, emma, şondan soň oňa garşylyk görkezilip başlandy we 2006-njy ýylyň awgust aýynda Miçigandaky federal kazy (Anna Diggs Teýlor) bu kararyň namanyň şertlerini bozandygy barada belledi. Ýokary kazyýet ýaly, ol hem hökümetiň Prezidentiň hereketleriniň onuň Baş serkerdebaşy hökmünde ygtyýarlyklarynyň çäginde bolandygy baradaky pikirini ret etdi we “Amerikada nesil yzarlaýjy şalygyň” ýokdugyny” ýazdy.[83] (Onuň çözgüdi bir ýyldan soň ABŞ-nyň Şikaýatnama beriş kazyýeti tarapyndan ret edildi we Ýokary kazyýet şikaýatnamany diňlemegi ret etdi.) Şuňa meňzeş waka salgylanyp, Dewid Frost bilen sorag-jogap geçirilen wagty, Prezident Nikson “Prezident bir işi ýerine ýetirende, onuň bikanun bolup bilmeýändigini” belledi,[84] emma bu çemeleşme hasaba alynmady. Kazyýet tarapyndan ret edilen we telefon gepleşikleriň diňlenilmegine ygtyýar berýän kazyýet tarapyndan garşy çykylan,[85] Prezident Buşyň gizlin karary ilatyň arasynda garşylyklaryň ýüze çykmagyna sebäp boldy, şeýlelik bilen, 2007-nji ýylyň ýanwar aýynda ol telefon gepleşiklerini ygtyýarsyz ýagdaýda diňlemek boýunça maksatnamasyny ret etdi.[86]

---

[82] Cole and Lobel, Less Safe, Less Free, sah. 3, 31–2, 41.
[83] Ibid., sah. 62; *ACLU v NSA/Central Sec. Ser* 438 F. Supp. 2d 754 (E D Mich 2006).
[84] Interwýu, 19 May 1977.
[85] Cole and Lobel, *Less Safe, Less Free*, sah. 135–6.
[86] Ibid., sah. 261.

1985-nji ýylda Beýik Britaniýada bellenilen esaslaryň biri görkezilen ýagdaýda hatlary ele salmak boýunça kanunçylyk düzgüni göz öňünde tutuldy.[87] Döwlet sekretary tarapyndan gol çekilen ygtyýar öňünden alynmalydy; ygtyýarlar baradaky meselä kazy (işleýändigine ýa-da pensiýa çykandygyna garamazdan) tarapyndan garaldy; ýalňyşlar azdy; hatlary ele salmalaryň sany bolsa kän däldi. Emma, Barlag ygtyýarlyklaryny düzgünleşdirmegiň 2000-nji ýylyň namasyndan soň ýagdaý üýtgedi. 650-den gowrak döwlet edarasynyň, şol sanda döwletiň ähli 474 sany ýerli häkimiýet edarasynyň aragatnaşyk bilen baglanyşykly maglumaty almaga ygtyýarlygy bar. Olar bu ygtyýarlyklary öňüni alyş maksatlary üçin, şeýle-de jenaýat işini etmekde şübhelenýänleri, şol sany ogrylary, ýalançylary we hilegär şahsyýetleri ýüze çykarmak üçin ulanyp bilýär. Ondan başga-da polisiýa güýçleriniň we 110 sany beýleki döwlet edarasynyň şeýle ygtyýarlyklary bolup, olar 2006-njy ýylyň 1-nji aprelden 31-nji dekabryna çenli aragatnaşyk maglumaty boýunça 253577 sany talaby ýerine ýetirdi.[88] Awtomagistrallardaky we şäher merkeziniň ýollaryndaky ähli ulaglar ulag belgilerini kesgitlemäge niýetlenen awtomatik kameralar tory tarapyndan hasaba alynýar.[89] Aýdyşlaryna görä, Beýik Britaniýada 4 milliondan gowrak wideogözegçilik kamerasy we dünýäde iň uly DNK binýady bar, bu binýatda 4,25 milliondan gowrak ýazgy bolup, ol her 14 sany ýaşaýjyň birini öz içine alýar[90] (emma, käbir ýazgylaryň biri-biri bilen deň gelmegi ähtimal). Ministr tarapyndan ýaňy-ýakynda düzülen resminamalara laýyklykda, wezipeli şahslara jaýlara, ulaglara we gulluk otaglaryna mejbury ýol bilen girmäge rugsat berýän kanunlaryň we düzgünleriň 1000-den gowragy bar.[91] Şeýle kanunçylyk düzgünleriniň 753-den we kanunylaşdyryjy namalaryň 290-dan ýarysyna golaýy (430 sany) 1997-nji ýyldan bäri ulanylýar. “Praýwasi Interneşnl” (*Privacy International*) guramasynyň geçiren barlagyna laýyklykda, häzirki wagtda Beýik Britaniýa Ýewropada iň ýokary derejede gözegçilik edilýän ýurt bolup, onuň netijesinde aşakdaky pikir ýüze çykýar: “Praýwasi Interneşnl” guramasyna laýyklykda, XX asyrda azatlyk meseleleri bilen baglanyşykly iki esse tejribesi (nasistler we ştaziler) bolan ýurt – Germaniýa häzirki wagtda iň az gözegçilik edilýän ýurda öwrüldi”.[92]

Elbetde, Britaniýada gözegçilik derejesiniň ösmegi soňky ýyllaryň tehniki ösüşleri sebäpli mümkin boldy. Emma, adamlar barada has köp bilmäge we has köp maglumaty hasaba almaga bolan isleg sentýabr aýynyň 11-däki wakalardan we 2005-nji ýylyň iýul aýyndaky partlamalardan soň has güýçlendi. Köpçülik döwlet tarapyndan raýatlaryň şahsy eýeçiligine örän berk derejede kast edilmegine biperwaý garaýardy (doly şahsy biometrik maglumaty saklaýan şahsyýeti tassyklaýjy karty girizmek baradaky teklipden başga

---

[87] Interception of Communications Act 1985.

[88] Report of the Interception of Communications Commissioner (The Rt. Hon. Sir Paul Kennedy) for 2006, HC 252 (January 2008), para. 12, 22, 58.

[89] Henry Porter, ‘Why I Told Parliament: You’ve Failed Us on Liberty’, *Observer*, 9 March 2008, sah. 33.

[90] Timothy Garton Ash, ‘The Threat from Terrorism Does Not Justify Slicing Away Our Freedoms’, *Guardian*, 15 November 2007, sah. 33.

[91] Jonathan Oliver, ‘The 1000 Ways the State Can Break into Your Home’, *Sunday Times*, 20 July 2008, sah. 13.

[92] Garton Ash, ‘Threat from Terrorism’, sah. 33.

ýagdaýlarda). Bu biperwaýlyk, megerem, öňde goýlan maksadyň (terrorçylyk hereketiniň öňüni almak, jenaýatçylary tutmak) oňa ýetmegiň serişdelerini aklaýanlygy sebäpli; ýa-da köp adamlaryň bolup geçýän zatlardan habarynyň ýokdugy sebäpli, ýa-da gözegçiligiň gizlin bolandygy sebäpli, hiç kimiň özlerine gözegçilik edilýändigini, olaryň hereketleriniň ýazylyp alynýandygyny, olaryň hatlarynyň ele salynýandygyny bilmeýändigi sebäpli ýüze çykýar.

Gözegçilik edilýän jemgyýet boýunça örän dilewar we maksadaokgunly tankytçylaryň biri (Genri Porter "*Observer*" žurnalyndaky makalasynda) ýokarda beýan edilen waka Adam hukuklary baradaky kanundan çykylmagynyň mysaly hökmünde baha berdi.[93] Bellibir derejede, bu tankyt adalatly. Emma, kazyýet tarapyndan garalmak üçin arz-şikaýatlar berlen ýagdaýda kanunyň bozulmagy hasaba alynýar. 7-nji bölümde gysgaça beýan edilişine görä, şeýle arz-şikaýatlar Ýewropa konwensiýasynyň 8-nji maddasyna laýyklykda berlip bilnipdi. Emma, şeýle arz-şikaýatlaryň sany azdy, olar berlen halatda nähili ýagdaýda çözüljekdigi barada diňe çaklap bolardy. Libertarian nukdaýnazardan, ABŞ-daky şeýle ýagdaýyň netijesi, Britaniýa garanyňda, has peýdaly: emma, häzirki ýagdaýda, Britaniýanyň hökümeti (ABŞ-dan tapawutlylykda) jemgyýetçilik gözegçiligi ugrunda hukugyň hökmürowanlygyny berjaý edendigi barada belläp bilýär.

## Yrakdaky uruş

ABŞ bilen Beýik Britaniýanyň sentýabr aýynyň 11-däki wakalar babatda alyp baran hereketleriniň arasyndaky ýedinji we iň soňky meňzeşlik, meniň pikirimçe, 10-njy bölümde beýan edilişine görä, olaryň bilelikde Yragy basyp almagyndan ybarat. Emma, bu ýerde gapma-garşy pikir ýüze çykýar. Sentýabr aýynyň 11-däki wakalar bolmadyk bolsa, bu basyp alyş hem bolmazdy. Bu düşnükli. Emma, Yragyň ýa-da Saddam Husseýniň sentýabr aýynyň 11-däki wakalar bilen nähili baglanyşygynyň bolandygy barada sorag berilse, onuň jogaby şeýle bolardy: "hiç hili baglanyşygy ýokdy". Hiç bir pähimli adamyň Saddam Husseýniň rehimsiz we tiranik düzgünini ýazgarmakdan başga edip biljek zady ýokdy, emma sentýabr aýynyň 11-däki wakalar üçin jogapkärçiligi onuň üstüne ýükläp bolmazdy. Yragy basyp almagyň hukugyň hökmürowanlygyny bozandygy baradaky netijä gelmegiň sebäplerini men 10-njy bölümde getirdim.

## Netije

Beýlekileri öldürmek üçin özleri ölmäge taýýar bolanlar tarapyndan amala aşyrylýan terrorçylyk howpunyň ýüze çykmagy hukugyň hökmürowanlygyna eýerilmegini synagdan geçirýär: çünki öz borçlaryna laýyklykda, döwletler öz halklaryny şeýle howpyň netijelerinden goramagy maksat edinýär, şeýlelik bilen, kanuny hereketleri bikanun hereketlerden tapawutlandyrýan çäkden geçmek islegi has ýokarlanýar.

---

[93] Porter, 'Why I Told Parliament', sah. 33.

Şeýle zerurlyklar ýüze çykan wagty, biziň bil baglap biljek ýörelgämiz barmy? Hawa. Şeýle ýörelge 2002-nji ýylda Ýewropa Geňeşi tarapyndan düzüldi:

Terrorçylyk hereketlerden ejir çekýän hökümetlerde demokratik döwletde bar bolan hukuk kepilliklerden çekilip, oda ot bilen jogap bermäge bolan islegi ýokary. Emma, bu ýagdaýa düşündirme bermeli: döwlet terrorçylyk hereketleriniň öňüni almak we olary ýok etmek üçin ähli kanunçylyk serişdelerini doly göwrümde ulanmaga ygtyýarly, döwlet özüniň goramagy maksat edinýän gymmatlyklaryny ýok edip biljek çäreleri ulanyp bilmeýär. Döwlet üçin şeýle hereketleri amala aşyrmak demokratiýa we hukugyň hökmürowanlygy üçin terrorçylar tarapyndan guralan duzaga düşmegi aňladardy.[94]

Şuňa meňzeş ýörelge Hukukçylaryň halkara komissiýasy tarapyndan 2004-nji ýylyň awgust aýynyň 28-ne Berlin Jarnamasynda ykrar edilipdi:

Terrorçylyk hereketleriniň öňüni almaga gönükdirilen çäreleri kabul etmek bilen, döwlet hukugyň hökmürowanlygy ýörelgesine, şol sanda jenaýatçylyk we halkara hukugynyň esasy ýörelgelerine, şeýle-de adam hukuklary boýunça halkara kanunyň, bosgunlar baradaky kanunyň, we, degişli ýagdaýlarda, ynsanperwer kanunyň takyk ülňülerine we borçlaryna berk eýermeli. Bu ýörelgeler, ülňüler we borçlar döwletiň terrorçylyga garşy rugsat berilýän we kanuny hereketleriniň çäklerini kesgitleýär. Terrorçylyk hereketleriniň ýigrenji tebigaty döwletler üçin özleriniň, esasan hem, adamyň esasy hukuklaryny goramak ugrunda halkara borçlaryny äsgermezlige esas bolup hyzmat edip bilmeýär.[95]

Megerem, ýokardakylary beýik katolik akyldary Kristofer Dousonyň sözleri bilen jemlemek maksadalaýyk bolar. 1943-nji ýylda Britaniýa we ABŞ nasizmiň ýetirýän zyýanyna garşy çykyş eden wagty, bu akyldar şeýle belledi: “Adamlar zyýanlaryň garşysyna göreşmekde ähli serişdeleri ulanyp bolýandygyny hasap eden wagty, olaryň “gowy niýetlerini” olaryň ýok etjek bolýan zyýanlaryndan tapawutlandyrmak kyn düşer.”[96] Elbetde, bu pikiri “düýbünden ýalňyş” hasap etjekler hem tapylar.

---

[94] Guidelines on Human Rights and the Fight Against Terrorism, Ministrler komiteti tarapyndan kabul edilen, 11 July 2002, Ministrleriň orunbasarlarynyň 80-nji ýygnagy, sah. 5.

[95] The Berlin Declaration: the ICJ Declaration on Upholding Human Rights and the Rule of Law in Combating Terrorism.

[96] C. Dawson, *The Judgement of the Nations* (Sheed and Ward, London, 1943), sah. 8.

12

# Hukugyň hökmürowanlygy we parlamentiň özygtyýarlygy

Eger menden şu gün Birleşen Patyşalykda biziň konstitusion ýola goýmalaryň esasy häsiýetlerini kesgitlemegi haýyş etseler, meniň pikirimçe, biziň köpümiz kanunyň hökmürowanlygyna hem-de Şa zenanynyň ykrar edilmegine wepalydygymyzy aýdardyk. Ýurduň ýokary kanun çykaryjy edarasy hökmünde biz, bütin dünýädäki liberal demokratiýalar bilen paýlaşýan belli bir derejede çeýeligi we köpdürlüligi göz öňünde tutmak bilen, kanunyň başda durmaklygyna wepalylygymyz bir bitewilik hökmünde bahalandyrýarys. Biziň parlamentiň özygtyýarlygyny ykrar etmegimiz, tersine, bizi Ýewropa Bileleşiginiň ähli agzalaryndan, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, biziň ýurdumyzyň özbaşdaklyk beren ähli ozalky dominionlaryndan we koloniýalaryndan tapawutlandyrýar. Bu ýurtlaryň ählisinde kazyýetler tarapyndan düşündirilýän konstitusiýa ýurduň ýokary kanuny bolup durýar. Munuň netijesinde konstitusiýa gabat gelmeýän kanunçylyk, hatda ol dogry herekete girizilen bolsa hem, konstitusion däl hem-de güýjüni ýitiren diýlip hasaplanyp biler. Biziň häzirki hökümetden, hem-de mümkin garşydaşlardan nägile bolmakda jemlenýän aýrylmaz hukugymyz saklap galmak bilen, biz 1859-njy ýylda syýasy sahna çykan Entoni Trollopyň özüne göwnüniň ýetijiligini paýlaşmaýan bolsak hem, meniň pikirimçe parlamentiň özygtyýarlygynyň kabul edilmegine nägilelik bildirmäge bizde hiç hili esas ýok:

> Angliýada, öýde, Patyşalyk, Lordlar we Umumylar özlerini gowy duýýarlar. Käbirleri ulgamyň bu ýola kimdir başga birini itermek isleýär diýip pikir edip biler. Özgertme azda-kände zerur bolup hem biler. Biz umuman dogruçyl, liberal we üstünlikli ýörelgelerden, iň bolmanda köp adamlaryň paýyna ýörelgelere garanyňdan has dogruçyl, liberal we üstünlikli ýörelgelerden ugur alýarys. Üç gatlagyň her biri umuman halkyň sylag-hormatyndan peýdalanýar we lordlaryň we obşinalaryň arasynda ýer tutmak ýokary maksatlaryň obýekti bolup durýar. Şonuň üçin hem bu ulgam üstünlikli diýip bolar.[1]

Emma sylanýan hem-de hormatlanýan sesler indi parlamentiň özygtyýarlygynyň kanunyň hökmürowanlygy bilen bile bolup biljekdigine şübhelenýär. Professor ser Frensis Jeýkobs öz ýakyndaky hem-de ajaýyp Hemlin leksiýalarynda (“Hukugyň özygtyýarlygy: Ýewropa ýoly”) şeýle diýip belläp geçýär:

[1] Anthony Trollope, *The West Indies and the Spanish Main*, jilt 1, böl. IX, 1859 (Trollope Society edn., sah. 120).

Kanunçylyk nukdaýnazaryndan özygtyýarly kanun çykaryjy edarasynyň öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirende hiç hili çäklendirmelere sezewar edilmeýän döwleti kesgitlemek mümkin bolsa-da kyn bolup durýar. Üstesine, özygtyýarlyk ne halkara ne-de içerki derejede edil şonuň ýaly uzak wagtlaýyn taryhy bolan, emma häzirki wagtda ilkinji gymmatlyk hökmünde seredilýän hukugyň hökmürowanlygynyň baş ýörelgesi bilen bile gelip bilmeýär.[2]

Onuň aýtmagyna görä, "Hukugyň hökmürowanlygy özygtyýarlyk hakyndaky dessury garaýyşlar bilen ylalaşmaýar".[3] Oksfordyň döwlet dolandyryş professory bolan professor Wernon Bogdanor hem muňa meňzeş pikirlerini öňe sürýär. Onuň aýtmagyna görä, "hukugyň hökmürowanlygy hem-de parlamentiň özygtyýarlygy bolan iki sany ýörelgäniň arasynda jedeliň barlygy düşnükli hem-de ol jedel çözülmese, bu konstitusion çökgünlige getirer".[4] Bu garaýyşlary şöhlelendirmek bilen, käbir akademiki awtorlar[5] we käbir kazylar[6] öz seljermelerinde[7] parlamentiň başda durmaýanlygy hem-de onuň ýokary esasy kanuna ýa-da hukugyň hökmürowanlygyna çapraz gelýänligi üçin käbir ýagdaýlarda kazylaryň parlamentiň ygtyýary bolmazdan bu derejäniň güýjüni ýitiren diýip hasap edip bilýänligi baradaky çaklamalaryny beýan etdiler. Eger bu garaýyş dogry bolsa, onda hukugyň hökmürowanlygy bilen parlamentiň özygtyýarlygy ylalaşýan jübüt däl-de, hakykat ýüzündäki ýa-da potensial antogonistler bolup durýarlar. Bu bolsa hukugyň hökmürowanlygy hakyndaky bu kitap barada garaýyşlaryň üstüni parlament özygtyýarlygyna has ünsli garamak bilen doldurylmagynyň zerurlygyny döredýär. Ony lektorlar we oratorlar tarapyndan ulanylýan meşhur hem-de wagtyň dowamynda barlanylan baş ýörelge hökmünde düşündirip bolmaz.

Professor Bogdanoryň bellemegine görä, parlamentiň özygtyýarlygynyň tebigatyny sekiz sözde beýan edip bolar: "Şa zenanynyň parlamentde ykrar edýän zatlary kanun bolup durýar".[8] Professor Deýsiniň 19-njy asyryň ýazyjysyndan[9] alan hem-de meşhur eden ýatlama aforizminde şeýle diýilýär: "Iňlis hukukçylary üçin bu binýatlaýyn ýörelge bolup durýar: parlament aýaly erkege hem-de erkegi aýala öwürmekden başga hemme zat edip bilýär".[10]

---

[2] *The Sovereignty of Law: The European Way*, Hamlyn Lectures 2006 (Cambridge University Press, 2007), sah. 5.

[3] Ibid., sah. 8.

[4] Vernon Bogdanor, 'The Sovereignty of Parliament or the Rule of Law?', Magna Carta Lecture, 15 June 2006, sah. 20.

[5] Esasan Professor T. R. S. Allan, *Law, Liberty and Justice: The Legal Foundations of British Constitutionalism* (Oxford University Press, 1993), we 'Parliamentary Sovereignty: Law, Politics, and Revolution', (1997) 113 LQR 443.

[6] Lord Woolf, 'Droit Public – English Style', (1995) PL 57, soňabaka bu pikir üýtgedildi ('Judicial Review – the Tensions Between the Executive and the Judiciary', (1998) 114 LQR 579); Sir John Laws, 'Law and Democracy', (1995) PL 72, we 'The Constitution, Morals and Rights', (1996) PL 622.

[7] *R (Jackson) v Attorney General* [2005] UKHL 56, [2006] 1 AC 262, per Lord Steyn para. 102, Lord Hope of Craighead para. 104–9, Baroness Hale of Richmond, para. 159.

[8] Vernon Bogdanor, *Politics and the Constitution: Essays on British Government* (Dartmouth, Aldershot, 1996), sah. 5; 'Our New Constitution', (2004) 120 LQR 242, 259.

[9] J. L. De Lolme, *The Constitution of England, or An Account of the English Government* (1796).

[10] A. V. Dicey, *An Introduction to the Study of the Law of the Constitution*, 10th edn. (1959), ed. E. C. S. Wade (Macmillan), sah. 43.

Şeýlelikde, parlamentiň adaty kanun çykaryş prosesiniň üsti bilen üýtgedip bilmejek hiç hili binýatlaýyn ýa-da konstitusion kanuny ýokdur, bolup hem bilmez. Elbetde bu parlamentiň hemme zady başarýandygyny aňlatmaýar. Hatda iň paranoik kanun çykaryjy hem Westminsterde kanunyň kabul edilmeginiň Nýu-Ýorkyň köçelerinde çilim çekmegi hem-de Russiýanyň köçelerinde arak içilmeginiň netijeli gadagan edip biljekdigini çaklap bilmedi. Bu ýörelge Birleşen Patyşalykda parlamentiň kanun çykaryjylyk ýolbaşçylygynyň ýoklugyny aňladýar. Kazyýetleriň parlamentde Şa zenany tarapyndan degişli tertipde kabul edilen bir manyly statutyň düzgünlerini ýatyrmaga ýa-da olara üns bermezlige ygtyýary ýok, hem-de hakykat ýüzünde olar kanunyň degişli tertipde girizilenligini soramakda hem berk çäklendirilen.[11] Ýörelgäni beýan etmek meniň eýýäm belläp geçen jedelimi ýüze çykarmakdan ybarat bolup durýar. Biziň konstitusiýamyza laýyklykda parlamentiň islendik kanuny çykaryp bilýänligi hem-de hiç bir kazyýetiň ony ýatyrmaga ygtyýarynyň ýoklugy sebäpli, parlament binýatlaýyndygyna garamazdan adamyň islendik hukugyny ýatyrmak ýa-da bozmak maksady bilen kanunlary çykaryp biler. Halkara hukukda islendik borçnama Birleşen Patyşalyk üçin hem hökmany hasaplanyp biler. Kazyýetler bu meselä duş geldiler. Konstitusion meseleler boýunça bir meşhur kazyýet edarasynyň bellemegine görä:

> Eger kanunyň düzgünleri anyk we birmanyly bolsa, onuň Şa zenanynyň ylalaşygy boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirýänligine ýa-da ýerine ýetirmeýänligine garamazdan, ol düzgünler ulanylmalydyr. Sebäbi parlamentde Şa zenanynyň özygtyýarly häkimýeti ylalaşyklaryň hem-de islendik hukuk goragynyň serişdeleriniň bozulmagyna hem degişli bolup durýar hem-de halkara borçnamanyň şeýle bozulmagy Şa zenanynyň öz şahsy kazyýetinden tapawutly forumda ýatyr.[12]

Bu düzgün adamyň esasy hukuklarynyň bozulmagyna degişlilikde hem ulanylmaly. Şeýle çemeleşme meniň 7-nji bapda hukugyň hökmürowanlygynyň "ýogyn" kesgitlemeden hem pes derejede "inçe" kesgitleme diýip atlandyrmagym bilen ylalaşýar.

Şeýlelikde, parlamentiň özygtyýarlygynyň tankytçylary käbir kanunlaryň adalatsyzlygyna we gerek dälligine aňsatlyk bilen düşünýärler: jöhitleri raýatlykdan mahrum etmek, hristianlara hristian dinine uýmaýanlar bilen nika gatnaşyklaryna girmegi gadagan etmek, gara tenliler bilen ak tenlileriň arasyndaky nikalary ýatyrmak, gyzyl saçly aýallary emläginden mahrum etmek, ähli gök gözli çagalaryň öldürilmegini talap etmek, ilatyň köp bölegini ses hukugyndan mahrum etmek, wezipeli adamlara öz isleglerine görä islendik sebäpler üçin temmileri bellemäge rugsat bermek. Parlamentiň şeýle kanunlary kabul edip biljekligi barada hiç kim pikir etmeýär. Eger jemgyýet kabul etse, hem-de parlament kabul etse, nähili derejede bolsa-da adamyň esasy hukuklaryny bozýan bulardan pesräk derejede ekstremal hem-de bolup biljek kanunçylyk namalaryny göz öňüne getirmek bolýar.[13]

---

[11] Ser. *Pickin v British Railways Board* [1974] AC 765; *R (Jackson) v Attorney General*, ýokarda (n. 7), para. 27.
[12] *Salomon v Commissioners of Customs and Excise* [1967] 2 QB 116, 143, per Diplock LJ.
[13] F. A. Mann, 'Britain's Bill of Rights', (1978) 94 LQR 512, 513, we Allan, *Law, Liberty and Justice*, sah. 130, 282, 285 dagylar tarapyndan berlen bu mysallar J. Goldsworthy, *The Sovereignty of Parliament* (Oxford University Press, 1999) tarapyndan getirilýär, sah. 260.

Parlamentiň şeýle hereket etmeginiň mümkinligi parlamentiň özygtyýarlygynyň berjaý edilmeli däldigi baradaky pikire iterýär.

Parlamentiň özygtyýarlyk ýörelgesini düşürmek isleýänler 1610-njy ýyldaky *doktor Bonhemiň* işine ser Edward Kokuň seljermesinde goldaw taparlar. Onda umumy hukuga we paýhaslylyga çapraz gelýän kanunyň güýçden gaçyrylmalydygy barada aýdylýar.[14] Emma Kokuň nämäni göz öňünde tutandygy hemme kişä düşnükli däl;[15] bu belligi kazyýet çözgüdiniň soňundan goşup boljak ýaly;[16] bu onuň has soňky garaýşyny şöhlelendirmeýär;[17] bu onuň patyşalygyň baş kazyýeti wezipesinden aýrylmagynyň esasy sebäbi bolupdy;[18] bu garaýyş hatda şol döwür hem umumy ykrar edilmegi talap edýärdi.[19] Öz "Parlamentiň özygtyýarlygy" atly magistrlik kitabynda professor Jeffri Goldswortiniň aýtmagyna görä, kazyýetleriň parlamentiň rugsady bolmazdan haýsydyr bir kanuny ýatyryp, güýjüni ýitiren diýip kabul edilen ýagdaýy bolmandy. Bu pursaty hem ünsden düşürmeli däl, bu meseläniň öz-özünden wajyp bolanlygy sebäpli, ony kabul etmek boýunça mesele ýüze çykmandy. Goldswortiniň görkezmegine görä, meniň pikirimçe, parlamentiň özygtyýarlygynyň ýörelgesini biziň konstitusion, hukuk we medeni taryhymyzyň iň beýik sylanýan adamlary hem goldapdyrlar. Bu ýerde diňe lord Berlini, ser Robert Sesili, ser Metýu Heýli, Frensis Bekony, Jon Seldeni, Jon Lokky, markiz Galifaksy, Blekstouny, Adam Smiti, Semýuel Jonson, lord Hardwiki, Monteskýeni, Tomas Peýni, Meýtlendi, Holdsworty, Daýsini ýatlamak ýeterlik.[20] 1972-nji ýylda patyşalygyň kazyýeti şeýle yglan etdi: "Ýurtda parlamentiň namasynyň hakykylygyna şübhesini beýan edip biljek kazyýet edarasy ýok. Kanun çykaryjy edarasynyň namasy islendik kazyýet edarasynyň ygtyýarlyklaryndan ýokarydyr. Hiç bir kazyýet hem parlamentiň namasynyň kanunylygyna degişlilikde çözgüt kabul edip bilmeýär".[21] Jon Jeýms Park, Londondaky Patyşalygyň kollejiniň ilkinji hukuk professorlarynyň biri, şeýle aýdyňlyk bilen 1832-nji ýylda Britan konstitusiýasynyň adaty kanunlar ýaly üýtgedilip bilmeýän esasy binýatlaýyn kanunlar ýok.[22] Ol amerikan awtorynyň sözlerini gaýtalady:

> Iňlis hukukçylaryň işleriniň gidişiniň şeýledigini boýun alýarlar". Olary öz konstitusiýalary islendik böleginde parlamentiň namasy esasynda üýtgedilip bilýär; diýmek, patyşa, lordlar we obşinalar, özleri dogry hasap etseler, islendik bar bolan kanunlary ýatyryp, adamlaryň öz gadymy konstitusiýasy hökmünde garaýan kanunlara gapma-garşy bolan islendik täze kanunlary çykaryp bilýärler. Şeýle kanunlaryň hiç biri hem kazyýetler tarapyndan güýjüni ýitiren diýlip yglan edilip bilmeýär.[23]

---

[14] (1610) 8 Co Rep 113b, 118a; 77 ER 646, 652.
[15] Goldsworthy, *Sovereignty of Parliament*, sah. 111.
[16] Ibid., sah. 123.
[17] Ibid., sah. 112.
[18] Ibid., sah. 126.
[19] Ibid., sah. 122–4.
[20] Ibid., sah. 61; 127; 121, 157; 126, 200; 128; 151; 156; 181; 183; 189; 199; 201; 216; 44; 233; 1, 7, 9.
[21] *Ex p. Canon Selwyn* (1872) 36 JP 54, per Cockburn CJ and Blackburn J.
[22] J. J. Park, *The Dogmas of the Constitution: Four Lectures on the Theory and Practice of the Constitution* (1832), sah. 14–15.
[23] William Rawle, *View of the Constitution of the United States* (1829).

Parlament özygtyýarlygynyň abraýyny düşürmek isleýänler tarapyndan öňe sürülýän has gowy delil parlamentiň özygtyýarlygynyň absolýut bolandygy, emma indi beýle däldigi baradadyr. Bu tassyklamany goldamak üçin adatça üç sany mysal getirilýär: 1972-nji ýyldaky Ýewropa jemgyýetleri hakyndaky kanun, 1998-nji ýyldaky Adam hukuklary hakyndaky kanun hem-de Şotlandiýada, Uelsde we Irlandiýada belli bir häkimýeti göz öňünde tutýan 1998-nji ýyldaky üç sany nama. Meniň pikirimçe, bu mysallaryň hiç biri öňe sürülýän tassyklamany goldamaýar: olaryň hemmesi kanunlaryň kabul edilmegi bilen Westminster parlamentiniň ygtyýarlyklaryny çäklendirmek bilen bagly bolup, ol çäklendirmeler hem Westminster parlamentiniň kabul etmegi esasynda güýje girýär.

1972-nji ýyldaky Ýewropa jemgyýetleri hakyndaky kanun Beýik Britaniýanyň agzalyga gireninden soňra bu ýurtda hem ol kanunyň hereket etmeklik şerti bilen kabul edildi. Bu seneden öň, Ýewropa kazyýeti eýýäm Rim ylalaşygynyň düzgünleriniň agza döwletlerinde gönüden-göni hereket edýänligi hem-de agza döwletleriň islendik biriniň kanuny düzgünlerine çapraz gelen halatynda Bileleşigiň düzgünleriniň ulanylýandygy hakynda karary kabul etdi. Mundan şeýle ýörelge gelip çykýar, eger agza döwletleriniň milli parlamenti Bileleşigiň düzgünlerine çapraz gelýän kanun çykarsalar, onda ol kanun dolulygyna ýa-da bölekleýin güýjüni ýitiren diýlip yglan edilip bilner.[24] Beýik Britaniýanyň 1988-nji ýylda Söwda gämi gatnawy hakyndaky kanuny hem-de 1978-nji ýyldaky Konsolidasiýa (işlilik) hakyndaky kanuny muňa mysal bolup biler.[25] Tankytçylaryň pikirleri boýunça bu iň gowy mysal bolup durýar, sebäbi bu proses kazyýetler tarapyndan kabul edilen kanunlaryň güýjüni ýitiren diýlip yglan edilmegini göz öňünde tutýar. Emma kazyýetleriň hereketleri hem-de Parlamentiň öz kanun çykaryjy häkimýetini ýöreden halatynda olara aýtmagy bilen amala aşyrylýar. Eger Parlament şeýle häkimýetden peýdalanyp, kazyýetlere beýle etmeli däldigini aýdan bolsa, kazyýetler hem bu çäklendirmä boýun bolardylar.

Adam hukuklary hakyndaky kanuna salgylanýan mümkin bolan kadadan çykma mysaly has hem gowşak. Bu kanunyň (bu kanuny öňe süren häkimýetiň premýer-ministri Toni Bler bolupdyr) içerki kanunçylyk kazyýetleriniň Ýewropa konwensiýasynyň maddalary bilen gabat gelmeýän düzgünlerini nama boýunça içki täsiri göz öňünde tutmak bilen aýyrmak üçin ol örän takyk işlenilip düzüldi. Munuň ornuna ol ýokary kazyýetleriň laýyk gelmeýänligi barada deklarasiýalary düzüp, ministrlere düzetmek üçin berilmegini, emma olaryň hem Kanuna laýyklykda düzetmäge borçly däldiklerini göz öňünde tutulýardy.[26] Ak kitapda jenap Bleriň sözbaşyny ýazan adam hukuklary hakyndaky kanunyň taslamasy berlen. Kanun çykaryjylyk shemasy örän ýönekeý ýerine ýetirilen:

[24] *Algemene Transport-en-Expeditie Onderneming van Gend en Loos NV v Nederlandse Belastingadministratie* [1963] ECR 1; *Costa v ENEL* [1964] ECR 585.
[25] *R v Secretary of State for Transport, ex p. Factortame Ltd. (No. 2)* [1991] 1 AC 603; *R v Secretary of State for Employment, ex p. Equal Opportunities Commission* [1995] 1 AC 1.
[26] Human Rights Act 1998, s. 10.

Hökümet kazyýetiň Konwensiýa laýyk gelmeýän öňki ýa-da soňky, ilkibaşdaky kanunlaryny ýatyrmaly däldigi baradaky karara geldi. Bu karar hem hökümetiň parlamentiň özygtyýarlygyna aýratyn many berýändigini aňladýar. Bu kontekstde Parlamentiň özygtyýarlygy Parlamentiň öz islegi boýunça islendik kanuny kabul edip bilýändigini hem-de hiç bir kazyýetiň ony ýatyryp bilmeýänligini aňladýar. Kanunyň taslamasynda kazyýetleriň parlamente öz çözgütleriniň üstünden umumy häkimýeti berýänligi hem-de onda biziň häzirki konstitusion ylalaşyklarymyza laýyklykda olaryň parlamentiň kararlaryny ýatyrmaga ygtyýarlyklaryny ýoklugy, käbir halatlarda bu meseläniň parlament bilen kazyýetiň arasynda jedele getirip biljekligi göz öňünde tutulan. Kazyýet ulgamynyň şeýle häkimýeti isleýändigi hem-de jemgyýetiň kazyýetlerde şeýle häkimýetiniň bolmaklygyny isleýändigi barada hiç hili tassyknama ýok.[27]

Şeýlelik bilen, Adam hukuklary hakyndaky kanun ulanylanda kazyýetleriň "anyk we doly demokratiki mandaty bar",[28] emma ol mandat parlamente degişli bolup, kazyýetlere parlamentde Şa zenanynyň özygtyýarly kanun çykaryjylyk häkimiýetini ýatyrmaýar.

Şotlandiýa, Uelse we Demirgazyk Irlandiýa degişli ygtyýarlyklaryň geçirilmegi baradaky kanunçylyga hem Birleşen Patyşalykdaky aýratyn milli obşinalaryň öz işlerini dolandyrmak boýunça jogapkärçiliklerini ýokarlandyrmak baradaky pikiri itergi berdi. Şeýlelikde, parlament özüniň hem-de käbir hökümet edaralarynyň ozalky ýerine ýetiren belli bir wezipeleriniň ýerli dolandyryşlara berilmelidigi hakyndaky karary kabul etdi. Emma bu parlamentiň özygtyýarlygynyň elden berilmegine getirmedi. Bu Şotlandiýa hakyndaky kanunyň 28 (7) bölüminden hem görünýär: "Bu bölüm Birleşen Patyşalygyň parlamentiniň Şotlandiýa üçin kanunlary kabul etmek ygtyýarlyklaryna täsir etmeýär". Demirgazyk Irlandiýa boýunça kanunyň hem häsiýeti şuňa meňzeş.[29]

Käbir kazyýet goldawynyň bolmagy bilen şeýle pikir öňe sürüldi:[30] parlamentiň özygtyýarlygynyň ýörelgesi 1707-nji ýyldaky Bileleşik hakyndaky kanun kabul edilmezinden öň Şotlandiýada ulanylmaýardy hem-de 1706-njy ýylyň Şotlandiýa bilen bileleşik hakyndaky kanunyň özi Ylalaşygyň esasynda güýje girenligi üçin üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilmeýär. Bu bileleşigiň käbir düzgünleri ylalaşylan we Kanunda "üýtgewsiz" diýlip beýan edilen. Bu deliliň artykmaçlyklary düşnükli däl.[31] 1707-nji ýyla çenli Şotlandiýanyň parlamentiniň öz-özüni ýatyrmakdan hem has binýatlaýyn näme edendigine düşünmek kyn hem-de Westminster parlamentiniň Bileleşigiň Kanynynyň köp bölegini goldamagyna üýtgedip bilmänligi bilen ylalaşmak kyn. Eger bu ýerde parlamentiň özygtyýarlygynyň kadadan çykmasy bar hem bolsa, bu Şotlandiýa bilen bagly ýagdaýlar bilen şertlendirilen örän çäklendirilen kadadan çykma bolup, bu ýörelgäniň umumy ulanylmagyna şübhe döretmeýär.

---

[27] 'Rights Brought Home', Deňeş. 3782, 1 October 1997, para. 2.13.
[28] *A v Secretary of State for the Home Department* [2004] UKHL 56, [2005] 2 AC 68, para. 42.
[29] S. 5(6), Northern Ireland Act 1998. Government of Wales Act 1998 düzgüni ýok, sebäbi Welsiň palatasynyň kanunçylyk kompetensiýasy ýok.
[30] Ser. *R (Jackson) v Attorney General*, ýokarda (n. 7), per Lord Hope of Craighead, para. 104–9 we bu ýerde getirilen salgylanmalar.
[31] Ser., mysal üçin, Goldsworthy, *Sovereignty of Parliament*, sah. 165–73; Tom Mullen, 'Reflections on *Jackson v Attorney General:* Questioning Sovereignty', *Legal Studies*, 27/1 (2007), sah. 8–9.

Meniň ozalky hormatly işdeşim lord Steýniň 2004-nji ýyldaky Awçylyk hakyndaky kanuna şübhe döredýän seljermeleri hem uly gyzyklanma döretdi.[32] Onuň bellikleriniň iş boýunça delilleri ýa-da çözülmeli meselä hiç hili gatnaşygy ýok, şonuň üçin hem presedent hökmünde ygtyýarlyklary ýok. Emma olaryň meniň seredýän meseläme gatnaşygy bar. Ol şeýle diýdi:

Daýsiniň parlamentiň özygtyýarlyk doktrinasy baradaky klassiki hasabaty nähili arassa we üýtgewsiz bolsa-da, indi häzirki zaman Birleşen Patyşalykda ýerliksiz görnüp biler. Şeýle hem bolsa, parlamentiň özygtyýarlygy edil ozalkysy ýaly biziň konstitusiýamyzyň esasy ýörelgesi bolup durýar. Bu umumy hukuk gurluşy. Kazylar bu ýörelgäni döretdiler. Eger bu şeýle bolsa, mümkin, kazyýetlere konstitusionalizmiň başga çaklamasyna esaslanýan ýörelgäni döretmek gerek bolup biler. Kazyýet gözegçiligini ýa-da kazyýetleriň adaty ornuny ýatyrmak ugrundaky synanyşyklar bilen bagly aýratyn ýagdaýlarda Lordlar palatasynyň şikaýatlara seredýän komiteti ýa-da Ýokary kazyýet, mümkin, munuň hatda parlamentiň özygtyýarlygynda-da hereket edýän esasy konstitusion ýörelge bolýanlygy baradaky meselä seretmeli bolarlar. Tabşyryklary Umumylar palatasy ýatyryp bilmeýär.[33]

Kreýghedli lord Houp hem parlament özygtyýarlygynyň ýörelgesini “umumy hukuk tarapyndan”,[34] ýagny kazylar tarapyndan döredilen ýörelge hökmünde beýan etdi. Riçmondly Baronessa Heýl şeýle diýip goşdy: “Kazyýetler hökümetiň adam hukuklaryna täsir edýän hereketleri ähli kazyýet barlaglaryndan aýryp, hukugyň hökmürowanlygyny düşürmek synanyşyklarynyň ählisine hüşgärlik bilen gararlar”.[35] Käbir jemgyýetlerde sylanýan bu garaýyşlar bir gönümel akademiki teswirçi tarapyndan “Jedelsiz we esaslandyrylmadyk”, “taryhy taýdan ýalan” we “ýuridiki taýdan gülkünç” diýip suratlandyrdy.[36] Olary tassyklaýan hiç bir ygtyýarlyk görkezilmedi we hiç hili sebäpler getirilmedi.

Men kärdeşlerimiň bellikleriniň dogrulygy bilen ylalaşyp bilemok. Elbetde, parlamentiň özygtyýarlygynyň ýörelgesiniň aýlawlylyksyz statuta berkidilip bilmeýänligi hem-de taryhy ýazgynyň hiç bir ýagdaýda şeýle statuty açmaýanlygy dogry. Emma mundan bu ýörelgäniň kazy tarapyndan döredilen umumy hukugyň önümi bolup durýanlygy hem-de ony kazylaryň üýtgedip bilýänligi gelip çykýar: eger bu şeýle bolsa, düzgün kanun tarapyndan üýtgedilip bilerdi, sebäbi umumy hukugyň islendik düzgüniniň esasy häsiýeti onuň kanunyň gapma-garşylygyny berýär. Meniň pikirimçe, bu ýurtda parlamentiň özygtyýarlygynyň ýörelgesi kazylaryň saýlanlygy üçin däl-de, biziň hökümetimiziň işine resmi taýdan gyzyklanma bildirýän kazylar we beýleki adamlar tarapyndan asyrlaryň dowamynda kabul

[32] *R (Jackson) v Attorney General*, ýokarda (n. 7).
[33] Ibid., para. 102.
[34] Ibid., para. 126.
[35] Ibid., para. 159. Lord Carswell, para. 168, parlament özygtyýarlygy ýörelgesinde “kanuny haryt” hökmünde-de beýan edilen.
[36] Richard Ekins, ‘Acts of Parliament and the Parliament Acts’, (2007) 123 LQR 91, sah. 103.

edilendigi sebäpli konstitusion ulgamyň binýady bolup durýar.[37] Kazylar bu ýörelgäni özleri goýmadylar hem-de özleri üýtgedip bilmeýärler.

Gynansakda bu professor Goldsworti tarapyndan beýan edip sebäbe görä gelnen netije däl:

Çözgütleri kabul edýän, hukuk ulgamynda "ahyrky sözi" bolan ýokary edaranyň ýerleşmeli ýeri orta atylan. Eger kazylar parlamente ýazylmadyk hukuklary bozmaga ýol bermekden hem-de parlamentiň özygtyýarlygynyň doktrinasynda ýüz öwren bolsalar, olar özleriň şol ýokary edara bolup durýanlygyny yglan ederdiler. Adamyň esasy hukuklaryna hem-de olaryň kanun çykaryjy kadalaryna laýyk gelmegine degişli gapma-garşylyklar çözülende parlamentiň däl-de, kazylaryň sözi ahyrky bolardy. Häzirki zaman günbatar jemgyýetlerinde ähli ähmiýetli ahlak we syýasy gapma-garşylyklary hemmesiniň diýen ýaly hukuga degişlilikde çaprazlyklar bilen baglylygy sebäpli, bu hereket syýasy häkimýetiň parlamentden kazylara köpçülikleýin geçirilýändigini aňladardy. Üstesine-de, bu hereket parlament tarapyndan ýa-da ählihalk sala-salşygy tarapyndan kabul edilen demokratiki däl-de, öz saýlan hukuklaryny goramak üçin kazylar tarapyndan başlanan häkimýetiň geçirilmegi bolardy. Häkimýetiň saýlanan şahalarynyň bu mümkinçilige çekinmeklik bilen garaýanlygy geň däl.[38]

Razylaşýaryn, britan halky saýlanylmadyk kazylaryň jedelsiz çözgütleri boýunça bolmak üçin ruhy meselelerde papalygyň daşky häkimýetini we belli döwürlerde patyşalygyň häkimýetine ymtylyşyny yza gaýtarmady. Konstitusiýa adamlaryň aýdyň köplüginiň erkini şöhlelendirmeli hem-de bu ýerde göz öňünde tutulan konstitusion üýtgeşmeler ol erke laýyklykda ýerine ýetirilmeli ýa-da ýerine ýetirilmeli däl. 1621-nji ýylda parlamentiň agzasynyň aýtmagyna görä: kazylar, parlamentiň däl-de kanunyň kazylary bolup durýarlar. Patyşalygyň döwleti hem haýsydyr bir gün kazynyň çözgüdiniň täsire düşmegini dileýärin.[39]

Şeýlelik bilen, şu ýerine çenli meni yzarlaýanlar üçin biz şeýle netijelere geldik.

Biz kanunyň başda durmagyna bagyşlanan jemgyýetde ýaşaýarys; munda parlament meýletin çäklendirmeleriň şerti bilen öz islegi boýunça kanunlary çykaryp bilýär; şonuň üçin hem parlament kanunyň başda durmagyny bozýan kanunlary hem çykaryp bilýär hem-de öz konstitusion borçlaryna laýyklykda kazylar, eger ol anyk we birmanyly ýerine ýetirilen bolsa, adalaty döwletiň kanunlaryna we dessurlaryna laýyklykda ugradyp bilmeýärler. Onda biziň konstitusion ulgamymyzyň esasynda kemçilik barmy? Käbirleri munuň beýle däldigini aýdarlar, sebäbi parlamentiň hukugyň hökmürowanlygyny hem-de esasy hukuklary bozýan kanunlary çykarmaga ygtyýary bolsa-da, hakykat ýüzünde onuň beýle etmejekdigine bil baglap bolar. Gök gözli çagalara ýa-da gyzyl saçly aýallara garşy kanunlaryň kabul edilmek mümkinçiliginiň ýatyrylmagyna şübhe ýok. Emma kanunçylygyň kanunyň başda durmagyny gaty bir aýdyň bolmadyk ýollar bilen bozup biljekdigini aýtmak kyn däl (mysal üçin, Gaçybatalga we imigrasiýa hakyndaky kanunyň 11-nji bölüminde teklip edilişi ýaly tertipnamalaýyn tribunalyň çözgütlerine islendik kanuny görnüşde şikaýat bildirmeklige

---

[37] Esasan H. L. A. Hart, *The Concept of Law* (Oxford University Press, 1961), böl. 5–6; Goldsworthy, *Sovereignty of Parliament*, böl. 10.
[38] Ibid., sah. 3.
[39] Ibid., sah. 103.

kanunçylyk çärelerini kabul etmek ýoly bilen; 2004-nji ýylyň soňlugy bilen goýbolsun edilen kanunçylyk taslamasy bolan şikaýatçylara çemeleşme we ş.m.[40]). Iň gowy ýagdaýda konstitusiýa ujypsyz aberrasiýalardan hem-de gödek aberrasiýalarda goramaly. Bize Şöhratly rewolýusiýanyň miras goýup giden konstitusion kadalaşdyrmasyna laýyklykda, gorag çäresiniň kanun bolmazdan ozal Patyşalyk, Lordlar we Umumylar tarapyndan kabul edilmeginiň talap edilmegi bilen üpjün edilýär. 1846-njy wiktorian döwrüniň kazysy lord şeýle diýipdir: "Özygtyýarly häkimýetiň mukaddes saklawhanasyny konstitusiýa üç sany hossaryň ellerindäki üç dürli açar bilen ýapylan sandykda ýerleşdirdi".[41] Ol üç hossara ýüzlenmek bilen awtor şeýle dowam etdi: "Olaryň biri, ahyrsoňy, ýüzýyllyklaryň dowamyndaky göreşden soň ýeke hereket etmek mümkinçiliginden mahrum edildi; emma olaryň beýlekisi islendik öz maksady üçin hazyna eýeçilik etmek islän wagtynda beýleki iki gulpy aýyrmak artykmaçlygyndan peýdalanýar".

Bu gün, biziň bilşimize görä, Patyşanyň kanun çykaryjylyk orny adaty resmiligine çenli getirildi, hem-de 1911-nji we 1949-njy ýyllaryň parlament namalaryna laýyklykda lordlaryň häkimýeti inkär etme däl-de, gysga saklanma bolup durýar. Ilkibaşda göz öňünde tutulmagyna görä, 1911-nji ýylyň kanuny ähmiýetli konstitusion üýtgeşmeleri girizmek üçin ulanylmalydy, hem-de ol 1914-nji ýylda Irlandiýanyň hökümeti hakyndaky kanuny, 1914-nji ýylda Walliý buthanasy hakyndaky kanuny hem-de 1949-njy ýylda Parlament hakyndaky kanuny kabul etmekde ulanyldy. Emma 1949-njy ýylyň kanuny soňky ýyllarda has ujypsyz ýa-da konstitusion ähmiýet bolmadyk maksatlar üçin ulanyldy (1991-nji ýyldaky Harby jenaýatlar hakyndaky kanun, 1999-njy ýyldaky Ýewropa parlament saýlawlary hakyndaky kanun, 2000-nji ýyldaky Jyns jenaýatlary hakyndaky kanun (üýtgetme) hem-de 2004-nji ýyldaky Awçylyk hakyndaky kanun). Bu 2-nji bapda beýan edilişi ýaly, lord Heýlşemiň salgylanan "saýlaw diktaturasy" bolup durýar. Şeýlelik bilen, biziň konstitusion kadalaşdyrmamyz deňagramsyz boldy, hem-de çäklendirýän kanunçylygyň häkimýeti obşinalaryň aýdyň köplügi tarapyndan goldandy. Bu kyn mesele hökmünde seredilmegi talap edýär. Bu biz üns bermesek ýitip gitjek mesele däl. Emma ol, professor Bogdanoryň bellemegine görä, mümkin, parlament bilen kazylaryň arasyndaky islenilmeýän jedele getirip biler. Bu şeýle hem islenilmeýän konstitusion kesgitsizlige getirip biler. Soňky on ýa-da on iki ýylyň dowamynda asyrlaryň dowamynda bolmajak konstitusion üýtgeşmeler bolup geçdi. Wajyp meseleler (lordlar palatasynyň düzümi we orny hem-de umumylar palatasynyň agzalaryny saýlamak üçin ulanylýan ulgam) çözgütsiz galýar. Eger hukuk çäklendirmeleri bolmadyk hiç bir hökümetiň bozup bilmejek käbir düzgünleri bolsa, parlamentiň özygtyýarlygy we onuň kanunyň başda durmagy bilen baglanyşygy seredilmäge mynasyp mesele hökmünde serediler diýip umyt etmek bolar. Kodifisirlenen hem-de kök tutan Konstitusiýanyň özygtyýarlygyny parlamentiň özygtyýarlygyna çalyşmak uly konstitusion

[40] Ser. Lord Woolf, 'The Rule of Law and a Change in the Constitution', Woolf, *The Pursuit of Justice* (Oxford University Press, 2008), sah. 128–9.
[41] 'Parliament and the Courts', *Edinburgh Review*, 83/1 (1846), sah. 40 (Lord Denmana degişli edilýär).

üýtgeşme bolup durýar. Bu diňe ýeterlik derejede maglumatlaşdyrylan britan halkynyň islegi boýunça edilmeli hereketdir.[42]

[42] Bu bölüm, esasan, 2007-nji ýylyň oktýabr aýynyň 31-ne King kolležinde berlen Ýatlama ýygnagyna esaslanýar: ser. *King's Law Journal*, 19 (2008), sah. 223–34.

*Epilog*

2005-nji ýylyň sentýabrynda Hukukçylaryň halkara assosiasiýasynyň Geňeşi rezolýusiýa kabul etdi. Onda şeýle diýilýär:

Hukugyň hökmürowanlygy ösen jemgyýetiň esasy bolup durýar. Ol hemmelere elýeterli we hemmeler üçin deň bolan aýdyň prosesine ýol goýýar. Bu bir wagtyň özünde hem azat edýän hem goraýan ýörelgeleriň berjaý edilmegini kepillendirýär. Hukukçylaryň halkara assosiasiýasy ähli ýurtlary ol binýatlaýyn ýörelgeleri sylamaga çagyrýar. Şeýle hem ol öz agzalaryny öz degişli obşinalarynda hukugyň hökmürowanlygynyň tarapynda pikirleri beýan etmäge çagyrýar.

Rezolýusiýada kesgitleme bermäge synanyşylan bolmasa-da, onda garaşsyz we adalatly kazyýet ulgamyny, günäsizlik prezumpsiýasyny hem-de esaslandyrylmadyk eglenmesiz köpçülikleýin kazyýet prosesine bolan hukuklary öz içine alýan hukugyň hökmürowanlygynyň käbir bölekleri sanalýar. Onda ýol berilmeýän tötänleýin tussaglyklar, gizlin kazyýet prosesleri, kazyýetsiz hem-de kesgitsiz möhlete tussaglykda saklamak, zalym hem-de mertebäňi peseldýän çemeleşmeler ýa-da temmiler, gorkuzmaklyk we saýlaw prosesinde korrupsiýa ýol berilmegi ýaly ugurlar beýan edilýär.

Bu rezolýusiýa laýyklykda Assosiasiýa 2006-2017-nji ýyllarda kanunyň başda durmagyna bagyşlanan dört simpozium geçirdi: Çikagoda, Moskwada, Singapurda we Buenos-Aýresde. 2005-nji we 2006-njy ýyllarda Assosiasiýanyň ýolbaşçysy bolup, bu başlangyjy ruhlandyran Frensis Neýton tarapyndan redaktirlenen “Hukugyň hökmürowanlygy: bütin dünýä mümkinçilikleri”[1] atly kitabyň çap edilmegi onuň hakyky netijesi boldy.

Dürli oratorlaryň çemeleşmelerinde meňzeşlikler köp. Şwesiýanyň aklawçylar assosiasiýasynyň ýerine ýetiriji direktory Anna Ramberg şeýle diýýär:

Hukugyň hökmürowanlygy köp zatlary talap edýär. Ol degişli tertipde kabul edilen kanunçylygy talap edýär. Ony emele getirmek boýunça talaplar hem-de ýokary hilli çäkler bar. Kanun adam hukuklaryny hem-de halkara ynsanperwer hukugy öz içine almak bilen jemgyýetçilik gymmatlyklaryny degişli derejede özünde jemlemelidir. Ýöne hatda bu hem ýeterlik däl. Hukugyň hökmürowanlygy şeýle hem adalatyň degişli tertipde berjaý edilmegini talap edýär. Bu hem öz gezeginde gowy bilimli kazylary, prokurorlary we aklawçylary bolan ygtybarly kazyýet ulgamyny talap edýär.[2]

---

[1] LexisNexis, 2009.
[2] *Rule of Law*, sah. 80.

Russiýa Federasiýasynyň Konstitusion Kazyýetiniň başlygy W.D.Zorkiniň ýüzlenmesiniň bir bölegi 7-nji bapda berilýär.

Moskwanyň şäher aklawçylar palatasynyň başlygy bolan Genri Reznigiň pikirine görä, "hukugyň hökmürowanlygy ösen we ösüp barýan bazarlarda ykdysady ösüşe täsir hökmünde hem aýratyn möhümdir". Awstraliýanyň ozalky ýokary kazysy ser Jerard Brennan "hukugyň hökmürowanlygynyň häsiýetli alamatlary" diýip atlandyran sanawyny agzap geçdi: demokratiki proses tarapyndan kabul edilen kanunlaryň köpçülige aýan edilmegi; kanunyň döwlet tarapyndan dolandyrylmagy; kanunyň adalatly ulanylmagy; tebigy adalatlylygyň berjaý edilmegi; kanuna laýyk adalatyň berjaý edilmegi; kanunyň uniwersal ulanylmagy.[3]

Singapuryň Adalat ministri, milli howpsuzlyk boýunça utgaşdyryjysy we premýer-ministriň orunbasary jenap S.Jaýakumar öz pikirini şeýle beýan etdi:

> Aslynda, hukugyň hökmürowanlyk konsepsiýasy özara baglanyşykly pikirleri durmuşa geçirýär. Birinjiden, döwletiň häkimýetiň anyk çäkleri bolmaly. Hökümet bellenen we kabul edilen proseduralara laýyklykda kabul edilen we ulanylýan, köpçülige aýan edilen kanunlaryň esasynda öz ygtyýarlyklaryny berjaý etmeli. Ikinjiden, hiç kim kanundan ýokary däl, kanunyň öňünde deňlik bolmaly. Üçünjiden, şahsyýetiň hukuklary goralmaly.
>
> Döwrebap jemgyýetde kanunyň başda durmagynyň gymmatlygy dogry dolandyrmak üçin zerurlygynda jemlenýär. Hökümet öz hereketlerinde degişli kanunlardan we konwensiýalardan ugur almaly. Kanun dolandyrylýanlaryň hem-de hökümetiň özüni alyp baryşlaryna degişlilikde kanuny esaslary anyk kesgitlemeli. Bu wajypdyr: kanun hökümete hem-de aýratyn raýatlara degişlilikde deň ulanylmalydyr.[4]

Halkara kazyýetiň kazysy, Kazy Hisasi Owada ser Jerard Brennan ýaly hukugyň hökmürowanlygynyň esasy böleklerini sanap geçdi: döwletara gatnaşyklarynda döwletiň awtonomiýasyny çäklendirmek; hukugyň hökmürowanlygy; kanunyň öňünde deňlik; häkimýetiň bölünmegi; kazyýet häkimýetiniň garaşsyzlygy; şahsyýete degişlilikde halkara hukuk.[5]

Zimbabweniň hukukçylar jemgyýetiniň ozalky başlygy Sternford Moýo 1955-nji ýylda Afinada Hukukçylaryň halkara komissiýasy tarapyndan kanunyň başda durmaklygy hakyndaky aýdylanlara üns berdi. Ol aýdylanlar şulary göz öňünde tutýardy:

1. döwlet kanuna boýun egmeli;
2. hukugyň hökmürowanlygynyň ýörelgelerine laýyklykda hökümetler aýratyn şahsyýetleriň hukuklaryny sylamaly we ol hukuklary goramak üçin netijeli serişdeler bilen üpjün etmeli;
3. kazylar hukugyň hökmürowanlygynyň ýörelgesinden ugur almaly, gorkusyz hem-de tarap çalmasyz onuň berjaý edilmegini üpjün etmeli we goramaly hem-de kazylar hökmünde öz garaşsyzlygyna hökümet tarapyndan ýa-da syýasy partiýalar tarapyndan hyýanat edilmegine garşy durmaly;

[3] Ibid., sah. 111–15.
[4] Ibid., sah. 143.
[5] Ibid., sah. 155–61.

4. bütin dünýäniň hukukçylary öz kärleriniň garaşsyzlygyny saklamaly, hukugyň hökmürowanlygyna laýyklykda adamyň hukuklaryny ykrar etmeli, her bir aýyplanýana adalatly kazyýet işiniň geçirilmeginiň tarapdary bolmaly.[6]

Bu ýerde ýene ýarym asyrdan soň arzuw edip boljak hiç zat ýok. Ol hem beýlekiler ýaly hukugyň hökmürowanlygy berjaý edilýän jemgyýetiň häsiýetlerini sanamak bilen dowam etdi: kanunyň umumy aýdyňlygy; kanunylyk klimatynyň bolmagy; akylly-başly we kazyýet düşünişmekliklerine degişli hukuklar hakyndaky billiň bolmagy; garaşsyz kazyýet ulgamynyň bolmagy; garaşsyz hukuk käriniň bolmagy.[7]

Bu örän ajaýyp ymtylyşlar. Emma ymtylyşlar hereketsiz hiç hili netijä getirmeýärler. Bu ähmiýetli işdir. Biz “diňe bir diňleýjiler däl, eýsem ýerine ýetirijiler” bolmaly.[8] Hut hukugyň hökmürowanlygyna döwlet dolandyryşynyň hili bagly bolup durýar.

Sienadaky Publiko köşgüniň dokuzynjy zalynda Amborjio Lorensetti Akýürekli hökümet allegoriýasyny şekillendirýär. Adalat hemişe adalat terezisine görkezýän aýalyň keşbinde suratlandyrylýar. Kazy merkezde, şekilleriň hem-de bütin dünýäniň ortasynda otyr. Gowy hökümetiň täsirlerini we ýaramaz hökümetiň netijelerini suratlandyrýan iki sany başga suratyň allegoriýasy. Birinjiden, baý söwdagärler öz işleri bilen gümra, köçelerdäki hem-de oba ýerleriniň meýdanlaryndaky halk tanslary baý hasyl getirýär. Ikinjiden, bu zorlugyň, keselleriň we dargamaklygyň sahnasy. Gowy hem-de ýaramaz hökümetiň arasynda nähili tapawut bar?

Men şübhesiz jogap bererdim: hukugyň hökmürowanlygy. Hukugyň hökmürowanlygynyň düşünjesi hemişelik berkidilen däldir. Käbir ýurtlar olary doly ykrar etmeýärler, käbirleri bolsa, zerurlyk ýüze çykan halatynda diýen şerti goşýarlar. Hatda ony doly ykrar edýänlere-de onuň ähli talaplaryny hemişe berjaý etmek kyn. Emma milleti, rasasy, teniniň reňki, dini we baýlygy boýunça köpdürli dünýäde bu iň beýik umumylaşdyryjy faktorlaryň biri. Bu gowy hökümetiň, öýde hem-de bütin dünýäde asudalygyň hatyrasyna ymtylmaly ýokary maksat bolup galýar.

---

[6] Ibid., sah. 165.
[7] Ibid., sah. 166–8.
[8] Epistle of James, 1: 22.